1993 ý

# DOSTY NENEŇSI GAZANMALY WE ADAMLARA NÄDIP TÄSIRIŇI ÝETIRMELI



Deýl Karnegi

Elektron görnüşe geçiren Atadurdyýew Atadurdy (HYYAL studio/hyyal2017@gmail.com)

# BAGTLY BOLMAGYŇ SYRYNY ÖWREDÝÄN ADAM

(giriş ýerine)

Eger-de siz işleriňiziň şowly, dostlaryňyzyň köp bolmagyny, il içinde meşhur bolmagyňyzy, maşgala agzybirligini bagt hasap edýän bolsaňyz, eliňizdäki kitap nädip bagtly bolmagyň usullaryny öwredýän kitapdyr. Juda biagyr adam bolaýmasa, muny bir gezek okan ikinji, üçünji... gezek — tä berilýän maslahatlaryň ýüzünde ulanmagy öwrenýänçä, okajakdygyna, soňra bolsa ony nesilleri üçin aýap goýjakdygyna güwä geçse bolar.

Deýl Karnegiň bahasyna ýetip bolmajak şeýle kitabynyň doly tekstiniň şu mahala çenli ozalky SSSR-iň çäklerinde çap edilmänliginiň sebäbi nämekä? (Biz bu ýerde üýtgedip gurmakdan öňki ýyllary göz öňünde tutýarys.) Elbetde onuň sebäbi belli biziň «sosialistik» sistemamyz kapitalizm dünýäsini ýek ýigrenýärdi, ondan ýagşy zatlary öwrenmekligi hem özüne kiçilik bilýärdi. Ýogsam, «Dosty neneňsi gazanmaly we adamlara nädip täsiriňi ýetirmeli» diýen bu kitap ilkinji gezek amerikan okyjysynyň elinde peýda bolaly bäri altmyş ýyla basalykly wagt geçdi. Munuň adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary, agzybirligi, maşgala abadançylygyny, işewürligi gowulandyrmaga ýardam etjek eserdigine garamazdan, ol sowet okyjysyna örän giç gowuşdy. Ynha, ol türkmen okyjysyna bolsa ilkinji gezek hödürlenýär.

Indi Deýl Karnegiň pikirlerini beýan ediş usuly hakda birki agyz aýdyp geçmek gerek. Adatça, owadan geplemäge çalyşýan köpsözli adamlary ýalan sözlemek üçin hile guryan hökmünde görýärler. Deýl Karnegi köpsözlülikden, söz owadanlamakdan

halasdyr. Ol adamzadyň asyrlarboýy toplan akyl-paýhasyny, tejribesini kem-käs taraşlap, gündelik gabat gelip duran meseleleri çözmek üçin ulanyp bolaýjak ýagdaýa getirip, ony ýene adamzadyň özüne hödürleýär. Bu kitap alyma-da, işçidir daýhana-da, ýolbaşçy,işgärlere-de deň derejede zerurdyr, üstesine-de durmuş ýoluna ýaňy gadam basan adama-da düşnüklidir. Deýl Karnegi adamlary güýmemek islemän, olara praktiki kömek bermek isleýär. Ol şu niýetini amala aşyrmak üçin üýtgeşik beýan ediş usulyny gözlemän, ýönekeý, maksada okgunly, gönümel beýan ediş usuly saýlap alypdyr. Şuňa garamazdan, kitap özüne bendi ediji, gyzykly okalýar, gaýtalap okaňda-da ýadatmaýar.

Kitabyň ikinji aýratynlygy Karnegiň kiçigöwünlilik bilen ýürekdeş gürrüň edýänliginden ybaratdyr. Ol mugallym hökmünde özüni okyjydan belentde goýanok. Özbaşdak, gündelik durmuşda ulanmak üçin amatly bir filosofiýany ýüze çykaran adam hökmünde men-menlik satanok. Filosoflar bilen jedele-de girenok. Aýdýan zatlaryny faktlara, tejribä akyl-payhas logikasyna daýanyp, esaslandyryp, ynandyryjy halda aýdýar.

Soňky döwürde «Gyzlary yrmagyň usullary», «Ýigidi imrindirmegiň tärleri». «Başlygyňy tabyn etmegiň ýollary», «Kartda utmagyň düzgünleri» diýen ýaly eserler amerikada köp peýda boldy. Şeýle-de bolsa, Deýl Karnegiň «Dosty neneňsi gazanmaly we adamlara nädip täsiriňi ýetirmeli» diýen kitaby we beýleki kitaplary agzalan kitaplaryň arasyndan okgunly saýlanyp çykdy hem özuni kämilleşdirmek isleýän adamlaryň gündelik ser salýan kitabyna öwrüldi. Kitabyň okyjylara ýaýran ýyly, entek bir ýylam geçmänkä, onuň bir million

ekzemplýarynyň satylandygynyň aýdyň şaýadydyr. Kitabyň tizara daşary ýurtlaryň on dördüsinde terjime edilip çykarylmagy,onuň näderejede meşhurdygyndan habar berýär. «Nýu-ýork taýms» gazetiniň ýöredýän spisogy boýunça ol on ýylyň dowamynda iň köp okalýan kitaplaryň hatarynda durýar. Bu möhlet haýsy kitaplygyna garamazdan, örän uzyn möhletdir, uçursyz meşhurlygyň şaýady bolup duran döwürdir. Eliňizdäki kitap boýunça amerikanyň we Kanadanyň 861 şäherinde, daşary ýurtlaryň 51 şäherinde ýörite kurslar okadylýar. Elbetde, bu maglumat 1966-njy ýyla degişli. Munuň daşyndaky şowhunyň häzirem kiparlamandygy, siziň muny okap, ondan köp zatlar öwrenip oturanlygyňyzdanam mälim bolýar. Şunlukda ilkibada Karnegini «bolgusyz akyldar» hasaplaýan kişi bilýan köpbilmişleriň gybat şekilli gürrüňleri bir çak ýalana çykdy.

Elbetde, adam gatnaşyklary baradaky ylmy edebiýat, sungat, taryh, pedagogika, psihologiýa, sosiologiýa, oratorçylyk sungaty diýen ýaly ylymlaram öwrenýär. Her hal bular öz ugurlary bilen gümra bolup, adamlaryň gündelik durmuş gatnaşyklaryna düýpli hem içgin aralaşyp bilmeýärler. Mysal üçin, takyk bir meseläni çözmegiň takyk bir usulyny salgy bermeýärler. Durmuş tejribesidir ynsanýetçilikli ylymlaryň ýönekeýleşdirilen sintezinden dörän Karnegiň filosofiýasy her bir ýüze çykýan durmuşy meseläni çözmek üçin neneňsi hereket etmelidiginiň takyk ýoluny salgy berip bilýänligi bilen awtory şeýle tanymallyga getirdi. Durmuşda bolup geçýän wakalary, ynsan hem jemgyetçilik gatnaşyklaryny öwrenýän ylymlaryň öseni bilen, adamlaryň ysnyşyp, kämilleşip gidibermeýändigi häzirki döwürde mälim boldy. Ylymlaryň,

olaryň gatnaşyklarynyň ösmegi gaýtam ynsan gatnaşyklaryny çylşyrymlaşdyrýar. Soňky döwürde dörän psihofizika, psihobiologiýa, psiholingiwistika, sosiobiologiýa... diýen ýaly ylymlar aýdylanlaryň aýdyň şaýadydyr. Şonuň üçin bolsa gerek: Karnegi syýasatçylardan, işewür adamlardan, wraçlardan, şahyrlardan köp mysallar alsa-da, alymlaryň işlerine örän seýrek ýüzlenýär. Durmuşy hem ylmy sapaklaryň iş ýüzünde ulanyp bolaýjaklaryny jemläp, Deýliň ortalyk bir ýoly döretmegi, onuňam şeýle ýönekeý, gündelik durmuşda ulanarlykly bolmagy, awtoryň hem onuň filosofiýasynyň tanymallygynyň esasy bolup durýan bolsa gerek.

Şunlukda, birwagtlarky näbelli padyman adamzada zerur bolan zatlaryň esasylarynyň bir iniň syryny açyp, bu ugurdan kämilleşmegiň ýoluny tapyp, dünýä ýüzünde uly şöhrata eýe boldy. Ol mugallymçylyk kollejiniň sonky kursunda okap ýörkä, 1900-nji ýylda şu zerurlygy duýdy hem adamlary siňin synlap başlady.

Student döwründe Karnegiň krujoklara, ýaryşlara gatnaşmaga, deň-duşlary bilen oýnamaga ne wagty, ne-de bir ýaramly eşigi bardy. Onuň ile çykar ýaly birje kostýumy bolardy. Bir gezek ol futbol komandasyna girmäge synandy. Karnegiň agramynyň ýeterlik däldigini bahanalap, trener ony komanda almady. Kynçylyk, mätäçlik, özüni ilden kem saýmaga mejbur edilmegi, ony durmuş barada ymykly oýlanmaga itekledi.

Deýle çekişme krujogyna girmekligi ejesi maslahat berýär. Ol maslahata eýerip. birnäçe synanyşyklardan soň, bu krujoga girmegi başarýar. Bu waka onuň durmuşynda düýpli özgerişlikler döretmäge sebäp bolan wakalaryň biridir.

Krujokda eden çykyşlary oňa öz güýjüne ynanmaklyga kömek berdi. Bir ýyl geçip-geçmänkä ol kollejdäki oratorçylyk sungaty boýunça geçirilýän ýaryşda üstün çykyp ugrady. Oňa sylaglar berip başladylar, hormat goýdular. Şunlukda, Karnegä öň göwni ýetmeýän ýoldaşlary hem ondan maslahat sorap, käbir zatlary öwretmegini haýyş edip başladylar.

Kemsinmek duýgusyny ýeňip geçmäge gönükdirilen tagallalar netijesinde, indi Deýl isle bir adamyň, isle-de ýüzlerçe adamyň öňüne çykyp, pikirini beýan etmegi, özüni ykrar etdirmegi ,başarýardy. Şu ýagdaý onuň öz ukybyna bolan ynamy güýçlendirip başlaýar. Ynam bolsa hemme isleg-arzuwlaryňa ýetmäge mümkinçilik döredýän jadyly açardyr. Ol myrat-maksadyňa ýetmäge goltgy berýär. Eger mende şeýle ynam döran bolsa, bu duýgyny özgelerde hem döredip bolar diýen pikir Karnegide şol wagtlar peýda boldy.

Deýl Karnegiň işläp düzen leksiýalar kursunyň esasy hut şu pikirden gelip çykdy. Soňra bu kursy Louell Tomas: «Uly adamlary okatmagyň iň gowy sistemasy» diýip atlandyrdy.

Kolleji tamamlandan soň, Karnegini işe çagyran söwda guramalary köp bolýar. Karnegi teklipleriň birini kabul edenem bolsa az mahal işlän döwründe işde üstünlik gazananam bolsa, bu ugurda uzak işlemeýär. Munuňam sebäbi: adamlaryň özüne bolan ynamyny güýçleýdirmek hem ony praktikada synap görmek niýeti boldy. Ol şu işi amala aşyrsa, jemgyýete uly peýda getirerin diýip hasap etdi. Karnegi şu maksat bilen Nýu-ýorka ugraýar.

Uorrennsbergden gidenden iki hepde geçenden soň, ol Karky Manhetteniň 125-nji jaýynda ýerleşýän Ýaş ýigitleriň hristian assosiasiýasynyň (ÝaÝHa) ýolbaşçylary bilen kurs

açmak barada gürrüňleşdi. Karnegi ýüregine düwen kursuny açmak üçin mundan amatly ýer ýok hasap edipdir. Emma bu guramanyň ýolbaşçylary ilkibaşda Karnegä kembaha garapdyrlar. ÝaÝHa-da leksiýa okaýan mugallymlaryň her leksiýasy üçin adatça iki dollar töleýän ekenler. Karnegiň heniz näbelli, hiç ýerde synalyp görülmedik kursy üçin onça pul bermek islemändirler. Karnegi raýyndan gaýtmandyr. Leksiýa diňlemäge isleg bildirenlerden ýygnanjak pula razydygyny aýdyp, kurs açmaga kömek etmeklerini haýyş edipdir. ÝaÝHa-nyň ýolbaşçylary şondan soň, oňa kurs açmaga mümkinçilik döredipdirler.1912-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda Deýl Karnegi öz açan kursunyň ilkinji toparynda leksiýa okap başlaýar. Birnäçe aý geçenden soň, onuň kursy şeýle bir meşhurlyk gazanýar, hälki iki dollar tölemäge razy bolmaýan ÝaÝHa-nyň ýolbaşçylary indi onuň her gün agşamky leksiýasy üçin otuz dollar tölemeli bolýarlar.Karnegiň Nýu-Ýorkdaky üstünliklerini eşidip, ÝaÝHa-nyň beýleki şäherlerdaki direktorlary hem onuň kursuny özleriniň okuw programmalaryna girizip, Deýliň leksiýa okap bermegini haýyş edip başladylar. Munuň yzy süre beýleki professnional klublar hem şeýle haýyşlar bilen ýüz tutdular. Şunluk bilen Karnegiň üsti haýyşdan ýaňa gömülgi boldy. Indi onuň dynç almaga-da wagty galmady. Şuňa garamazdan Karnegi işleýärdi hem gitdikçe leksiýalaryny kämilleşdirýärdi. Ynsan aragatnaşyklarynyň prinsipleri barada kiçijik kitapçalar neşir etdirýärdi. Okuwçylary ol kitaplary gyzyklanmak bilen okap, onda ýazylan zatlary gündelik durmuşlarynda synag edip görýärdiler.

1933-nji ýylda Nýu-ýork ştatynyň Larçmont şäherinde «Saýmon end Şuster» neşirýatynyň baş iş dolandyryjysy Leon

Şimkin Karnegiň kursunyň diňleýjisi bolýar. Leksiýalar oňa örän güýçli täsir edipdir. Şondan soň ol Karnegä leksiýalaryny bir sistema salyp, ony kitap görnüşinde okyjylara hödürlemekligi maslahat berýär we beýle kitabyň ýerde ýatmajakdygyny aýdýar. Şunlukda, 1936-njy ýylyň 12-nji noýabrynda eliňizdaki kitap dünýä inýär, Leon Şimkini duýgulary aldaman eken, görşüňiz ýaly, ol hazire çenli hem ýerde ýatanok.

**TERJIMEÇILER**

# MEŞHURLYGA TARAP IŇ GYSGA ÝOL

Geçen ýylyň ýanwarynyň sowuk agşamlarynyň birinde iki ýarym müň adam Nýu-ýork «Pensilwaniýa» myhmanhanasynyň uly tans zalyna ýygnandy sekiziň ýarynda hemme ýerler eýelendi. Zala girmek isleýänler sekizde-de topar-topar bolup gelip durdular. Birsalymdan uly eýwan hyryn-dykyn boldy. Indi zala alma atsaň ýere gaçjak däldi. Uzyn gün işden aryp gelen adamlar şol agşam bir ýarym sagat aýak ustünde dik durdular. Nämäniň hatyrasynadyr öýdýärsiňiz?

Täze egin-eşikleriň modalaryna ýa-da welosiped sürüjileriň alty günlük ýaryşynyň finalyna tomaşa etmek üçinmi, ýa bolmasa kinoaktýor Klark Geýbliň ýüzüne seretmek üçinmi?

Ýok! Gazetde çykan bir bildiriş adamlary bu ýere ýygnapdy. Gazetiň bir sahypasyny tutup duran şol bildiriş Nýu-ýorkuň «San» gazetinde mundan iki gün öň peýda bolupdy. Köpleriň gözüne ilen şol bildirişde şeýle sözlem bardy:

«Girdejileriňizi artdyryň;

Sözi başarnykly peýdalanmagy öwreniň;

Ýolbaşçy bolmaga taýynlanyň».

Könemi? Hawa, ýöne ynansanyz ynanyň, ynanmasaňyz ynanmaň welin, şeýle wakanyň bolany çyn. Dürli täsin habarlardan ýaňa eljirän, halkyň ýigrimi prosenti işsizligi üçin kömek alýan şäheriň iki ýarym müň adamy agşamlaryny maşgalalarynyň arasynda geçirmän, «Pensilwaniýa» myhmanhanasyna howlukdylar.

Onsoňam ol bildirişiň hälki bir köçe gazetinde çykman, Nýu-

Ýorkuň iň bir konserwatiw gazeti bolan «San» gazetinde çykandygyny bek belläň. Bildirişe imrinenler bolsa, jemgyetiň ykdysadyýet bilen iş salyşýan adamlarynyň ýokary gatlagyna degişliler boldy. Olaryň köpüsi ýyllyk girdejileri ondan elli müň dollara ýetýän ýolbaşçy, spesialist hem işewür adamlardy.

Bular oratorlyk sungaty hem adamlaryň aragatnaşyk meseleleri boýunça iň bir döwrebap, gündelik durmuşda ulanmak üçin ähmiýetli usuly öwrenýän Deýl Karnegiň Instituty tarapyndan hödürlenýän «Sözi başarnykly peýdalanmagyň sungaty we işewür dünýäde adamlara täsir etmegiň usullary» diýen kursuň açylyşyna gatnaşmaga ýygnanypdylar.

Ýurduň işewür toparlarynyň wekilleri bolan iki ýarym müň aýal-erkegiň bu kursa teşneliginiň sebäbi nämekä?

Belki, ýurtda dörän ykdysady durgunlyk zerarly, olarda bilimlerini artdyrmak islegi dörändir?

Ýok, bu çenimiz hakykata gabat gelenok. Sebäbi Nýu-ýorkuň hyryn-dykyn adamly auditoriýalarynda soňky ýigrimi dört ýylyň dowamynda hut şeýle kurslar her ýyl okadylyp gelinýärdi ahyryn. Şonça wagtyň dowamynda on bäş müňdenem gowrak spesialistler we işewür adamlar Deýl Karnegiden tälim alypdylar. Hatda: «Westigauz elektrik», «Mak-Grou-Hill pablişing kampani», «Bruklin ýunion ges kampani», Brukliniň söwda palatasy, amerikanyň injener-elektrik instituty, «Nýu-Ýork telefon kampaň» ýaly uly hem şeýle kurslara kinaýaly garaýan konserwatiw guramalar hem gullukçylaryny, ýolbaşçy işgärlerini şu programma bilen okadýardylar.

Başlangyç we orta mekdepleri, kollejleri gutaran adamlaryň on-on iki ýyldan soň ýokardaky ýaly kurslarda okamaly

bolýanlygy, biziň bilim beriş sistemamyzyň düýpli kemçiligidir.

Hakykatda uly adamlar nämäni öwrenmek isleýär? Bu örän möhüm sowala jogap bermek üçin Çikago uniweresteti uly adamlary okatmagyň amerikan assosiasiýasy we HaML birleşen mekdepleri ýigrimi bäş müň dollar harç edip, iki ýyllap ýörite barlaglar geçirdiler.

Geçirilen barlaglar: uly adamlary esasy gyzyklandyrýan zat — olaryň saglygydyny kesgitledi. Uly adamlary ikinji nobatda gyzyklandyrýan zadam: adamlar bilen aragatnaşygy gowy ýola goýmak, oňşup ýaşamak we olara täsir etmek bolup çykdy. Adamlaryň köpüsinde orator bolmak niýeti ýok, şonuň üçinem olara psihologiýa barada agyz dolduryp eden gürrüňleriň ýokanok. Şonuň üçinem uly adamlara işde, öýde, tanyş-bilişleri, dogan-gardaşlary bilen aragatnaşykda ulanar ýaly ýönekeý maslahatlar gerek.

Şunlukda, uly adamlar hakykatdanam şu zatlary öwrenmek isleýärler diýen netijä gelip bolarmy?

Barlagçylar muny«bolar» hasaplap, bu islegleri kanagatlandyryp biljekdiklerine heşelle kakdylar.

Emma, haçanda şu ugra degişli okuw kitaby gözlenip ugralanda, ynsanara gatnaşyklarda gündelik gabat gelýän kynçylyklary asan edip biljek gündelik maslahatçy bolmaly kitap heniz hiç kim tarapyndan ýazylmandygy mälim boldy.

Haýran galmaly ýagdaý! ýüzläp ýyllaryň dowamynda sada adama gerek bolmajak grek, latyn dilleri, ýokary matematika degişli bir näçe ylmy işler ýazylypdyr. Emma ýönekeý adama günüň-gününe gerek bolup duran, oňa maslahatçy, ýol görkeziji bolup biljek derse degişli hiç bir iş edilmändir.

«Pensilwaniýa» myhmanhanasynyň tans zalynda iki ýarym

müň adamyň sabyrsyzlyk bilen garaşýan zadynyň sebäbi ine, şundadyr. Olaryň köp wagtlap gözlän zadyny edil şu ýerde tapýan bolmaklary mümkin. Gazetdäki bildirişe munça aýal-erkegiň höwesek imrinmesiniň sebäbini hem şundan gözlemeli.

Bular orta mekdepde, kollejde jan edip, kitap baryny agtaryp okap ýörkäler, hunärleri boýunça şowly işlemek diňe aljak bilimlerine bagly bolar şolam maşgalany, kärhanany dolandyrmaga, baýlyk toplamaga kömek eder öýdýärdiler.

Emma hakykat bularyň garaşyşyndan gödegräk bolup çykdy iş ýüzünde gabat gelýän zatlar diňe bilime bagly däldi. Birnäçe ýyl geçenden soň bular näumyt bolup başlady. Şunlukda lapykeçlik döredi. Bilimli, hünäriňe ökde bolanyň bilen üstünlik gazanyp bolmaýardy. Işewür dünýäde has uly üstünlikler gazanmak üçin bilimden, hünäriňe ökdelikden daşgaryn, ýerlikli geplemäni, özgeleri öz garaýyşlaryna imrindirmäni hem öz matlaplaryňy wagyz etmäni, şu zatlaryň üsti bilenem özüňi ile tanatmany başarmalydy.

Senagat we maliýe işleriniň çäginde ýolbaşçy wezipeleri eýelemekde ugurtapyjylygyň, hususy häsiýetleriň we gepe çeperligiň latyn işliklerini bilmekden ýa-da Garward uniwersitetiniň diplomyndan has zerurdygyna olar göz ýetirdiler.

«San» gazetinde peýda bolan bildiriş «Pensilwaniýa» myhmanhanasyndaky ýygnagyň gyzykly boljakdygyna wada beripdi. Bu şeýle-de boldy.

Gürrüňi edilýän kursy gutaran adamlaryň on sekizi mikrofonyň öňünde hatara durdy. Şolaryň on bäşisine öz hekaýatlaryny aýtmak üçin bary-ýogy ýetmiş bäş sekuntdan

wagt berildi. Şondan soň serenjam beriji ýolbaşçy çekijini urup: «Siziň wagtyňyz gutardy! Indiki orator!» diýip, yglan edýärdi.

Düzlükden dabyrdaşyp eňip barýan ýabany öküzleriň sürüsiniň tizligi ýaly, hereket çalt dowam edýärdi. Tomaşaçylar bu spektakla dik durup bir ýarym sagat seretdiler.

Çykyş edenleriň arasynda ABŞ-yň işjeň toparlarynyň dürli wekilleri bardy. Olar: birmeňzeş ownuk söwda magazinlerine eýelik edýän firmanyň administratoryndan, çörek bişirijiden, haýsydyr bir söwda assosiasiýasynyň prawleniýesiniň başlygyndan, iki bankirden, ýük maşynlaryny satyjy agentden, himiki önümleri satyjy agentden, strahowaniýe agentinden, kerpiç örüjiler assosiasiýasynyň sekretaryndan, buhgalterden, diş doktaryndan, «Hristian ylmy» guramasynyň wekilinden, Indianapolisden Nýu-Ýorka kursda okamaga gelen dermanhana eýesinden, diňe üç minutlyk örän möhüm çykyşa taýýarlanmak üçin Gawanadan gelen aklawjydan ybaratdy.

Birinji çykyş eden oratoryň ady şotlantlardan bölünip çykan millet bolan gelleriň adyna meňzeşdi. Oňa Patrik J. O’Heýr diýýärdiler. Ol Irlandiýada doglupdyr, bary-ýogy dört ýyl mekdebe gatnapdyr amerika gelip, ilkibada mehanik, sonra şofýor bolup işläpdir.

Şunlukda, onuň kyrk ýaşy dolupdyr, çaga basypdyr, olary eklemek üçin köpräk harjy gerek bolupdyr. Şonuň üçinem ol ýük maşynlaryny satýan agent bolup işe geçmäge synanyşypdyr. Özüniň aýtmagyna görä, bu adam özüne kembaha garamakdan ejir çekýän eken. Şol sebäpli ýaňky täze işe girjek firmasynyň gapysyny açmaga utanyp, onun töwereginde zowzanaklap ýörüpdir ahyry işe girenden soňam söwda agenti bolmak onuň maňzyna batmandyr. Işden

çykarman bolup, öňki kärini dowam etdirjek bolup ýörkä-de Deýl Karnegiň ýerlikli geplemek sungatyny öwredýän kursunyň diňleýjileriniň guramaçylyk ýygnagyna çagyrylypdyr. «Barsam ýokary bilimli sowatly adamlaryň arasyna düşüp aljyraryn» diýen gorky bilen, onuň ýygnaga-da gidesi gelmändir.

Güzeran zerarly herki zatdan dalda gözläp, ýapyşalga tapsa, ýapyşmaga kaýyl aýalyna ony yrmak başardypdyr. Ol: «Munuň saňa delalaty degmegi mümkin. Pat, hudaýyň nireden berjegini bilip bolmaz, sen şoňa git» diýipdir. Ol ýygnak geçjek ýere gaýdypdyr. Gelip jaýa girmäge het edibilmän, bäş minut dagy gapyda durupdyr.

Ilkibaşda çykyş etmäge birnäçe gezek synanyşanda, onuň gorkudan ýaňa başy aýlanypdyr. Hepdeler geçipdir, onda özüne ynam güýçlenipdir. Kem-kem ýaňkyda çekinjeňlikden, gorky-ürküden nyşan galmandyr, gaýtam uly auditoriýanyň öňünde çykyş etmek oňa ýarap başlapdyr. Diňleýän adam näçe köp boldugyça, onuň gepläsi gelip ugrapdyr. Şunlukda ol käbir adamlardyr müşderilerinden çekinmesini düýpgöter taşlapdyr. Patyň girdejisi birden ýokary galypdyr. Häzir ol Nýu-Ýorkuň iň gowy söwda agentleriniň biridir. Şol gün agşam Patrik O’Heýr «Pensilwaniýa» myhmanhanasynda, iki ýarym müň diňleýjiniň öňünde öz üstünlikleriniň geň galdyryjy taryhyny gürrüň berdi. Zal gülküden ýaňa ýarylaýyn diýýärdi. Şeýle şowly çykyş, diňe käbir professional oratorlara başardar.

Indiki sözi on bir çaganyň atasy, ak saçly bankir alýar. Ol birinji gezek klasda geplejek bolanda onuň dili tutulan eken. Godfri Meýer diýilýän bu adamyň şonda beýnisi işlemändir. Meýeriň taryhy— ýolbaşçy poýetlary diňe ussat geplemegi

başarýan adamlaryň eýeleýändigini aýdyň mysalydyr.

Meýer häzir Uolli-stritde (Nýu-Ýorkdaky esasy banklaryň uly konsernleriň, birja fondlarynyň ýerleşýän köçesi) işleýär. Ol ozal ýigrimi bäş ýyllap Nýu-Jersi ştatynyň Klifton şäherinde ýaşapdyr. Şol wagtlar Meýer jemgyetçilik işlerine işeňňir gatnaşmandyr. Ony şäheriň bäş ýüz töweregi adamy tanaýar eken.

Karnegiň kursuna gatnap ugranynyň yz ýanlary oňa salgyt töleginiň hatyny gowşurýarlar. Salgydy adalatsyz hasap edýänligi üçin, ol gahar atyna atlanýar adatça şeýle halatlarda ol öýünden çykman hum ýaly çişip oturar eken. Haty goňşularyna görkezip, zeýrenip, jibirdäp içini sowadýarmyşyn. Emma şol agşam ol adaty häsiýetinden el çekip, şlýapasyny kellesine sokupdyr-da, şäher boýunça ýüze çykýan meseleleri çözmek üçin ýygnanýan saýlawçylaryň ýygnagyna düňk ýasapdyr. Şol ýerdede köpçüligiň öňüne çykyp, gepläp göwün solpudan çykypdyr.

Şeýle gahar-gazaply çykyşyň täsirine düşen Kliftonyň grajdanlary, geljekki saýlawda öz kanditaturasyny şäher munisipalitetine görkezmegini tutanýerli haýyş edip başlapdyrlar. Şunuň bilen baglylykda ol bir ýygnakdan çyksa, beýlekä baryp, şäheriň munisipal häkimýetleriniň serişdeleri bisarpa tutuşyny, harajatlary artykmaç sowuşlaryny ýazgaryp, birnäçe hepdäniň dowamynda yzygiderli çykyş edýär.

Şäheriň munisipalitetine togsan alty sany kandidat görkezilipdir. Haçanda sesler sanalanda Godfri Meýeriň ady birinji ýerde eken, Ol sähelçe wagtyň içinde kyrk müň ýaşaýjyly şäherde iň bir tanymal adama öwrülip ötägidipdir. Köpçüligiň öňünde çykyp geplemeler Meýere ozalky ýigrimi bäş ýyldaky

tutan dostlaryndan segsen esse köp dost gazanmaga mümkinçilik berdi. Bu hadysanyň bary-ýogy alty hepdäniň içinde bolup geçendigi has-da geň galdyryjydyr.

Onuň aýlyk gazanjy bolsa munisipalitetin çleni hökmünde ozalkysyndan müň prosent artdy.

Üçünji orator gaty iri azyk önümleri fabrikantlarynyň assosiasiýasynyň başlygydy. Ol ozal direktorlaryň sowetleriniň ýygnaklarynda ýerinden turmaga-da çekinýändigini gürrüň berdi. Ýaňky öz pikirini köpçülige ussatlyk bilen düşündirip ugrandan soň, iki sany geň hadysa bolupdyr. Ony basym öz assosiasiýalarynyň prawleniýesiniň başlyklygyna saýlapdyrlar. Bu wezipe ony ABŞ-yň dürli künjeklerinde çykyş etmäge borçly edipdir. Onuň eden çykyşlarynyň käbiri assoşeýted Press agentligi tarapyndan ýurduň gazet-jurnallarynda çap edilip giňden ýaýradylypdyr.

Ol çykyş etmäni öwrenenden soňky geçen iki ýylyň dowamynda kompaniýalarynyň we onuň goýberýän önümleriniň reklamasyny öň çärýek million harçlap ýaýradýan gönümel reklamalaryndanam giň propagandirlemegi başardy. Ol ozal aşaky Manhettendäki käbir ýolbaşçylara jaň etmäge-de, olary käte nahara çagyrmaga-da çekinip gezendigini boýun aldy. Emma indi welin şol adamlaryň özleri oňa jaň edýärler, ertirlik nahara çagyrýarlar, üstesine-de gymmatly wagtyny alandyklary üçin ötünç soraýarlar. Ýerlikli geplemegiň gudraty gör, nähili eken.

Çykyş etmegi başarmak tanymallyga sary barýan iň gysga ýoldur. Bu ukyp adamy adamlaryň üns merkezinde saklaýar adatça gowy, ýerlikli gürlemäni başarýan adamlara onuň asla ukyby bolmadyk zatlaryny hem başarýandyr öýdýärler.

Häzirki günlerde biziň ýurdumyzda uly adamlary okatmak hereketi diýseň okgunly ösýär. Bu hereketiň iň netijeli wekilleriniň biri Deýl Karnegidir. Ol uly adamlaryň çykyşlaryny iň köp diňlän we olar barada taňkydy belliklerini aýdan adamdyr. Riplişn ýaňy-ýakynda peýda bolan «Ynansaňyz ynanyň, ynanmasaňyz özüňiz biliň» diýen karikatura toparyna salgylansak, Deýl Karnegi bir ýüz elli müň sany çykyşa tankydy analiz beripdir. Eger sizi şeýle uly san haýran galdyrmadyk bolsa, onda siz başga bir zady göz öňüne getiriň. Bu, Kolumbyň amerikany açaly bäri, tas her gün bir çykyş edildi diýildigidir. Başgaça aýdanymyzda, her kim Karnegiň gatnaşmagynda bary-ýogy üç minut çykyş eden bolsa, onda oňa gije-gündiz ýatman, bir ýylyň dowamynda olary diňlemek gerek bolardy.

Deýl Karnegiň dürli gapma-garşylyklara baý ömri özboluşly ideýa maýyl hem ony uly ruhybelentlik bilen durmuşa geçirjek bolan adamyň ýetip biljek derejesini görkezýän aýdyň mysaldyr.

Ol Missuri ştatynda, demir ýoldan on alty kilometrlikde ýerleşýän fermada eneden doglupdyr. Karnegi on iki ýaşynda birinji gezek tramwaýy görüpdir. Şuňa garamazdan ol kyrk altyýýaşynyň içinde ýeriň iň uzak künjekleri bilen tanyş bolmaga ýetişdi. Gonkongdan Hammerfeste çenli, bir gezek bolsa Demirgazyk polýusyna-da ýakyn bardy: Onuň Demirgazyk polýusyndaky baran ýeri admiral Berdiň Litl-amerkadaky ştab-kwartirasynyň duran ýerinden Gunorta polýusa çenli bolan aralykdanam golaýdy.

Bir wagtlar sagadyna bary-ýogy bäş sent hak alyp, ýer tudanasyny ýygan, ot oran bu missurili oglanjyk indi her minudyna bir dollar alyp, uly korporasiýalaryň ýolbaşçylaryna

pikirlerini aýdyň beýan etmek sungatyny öwredýär.

Bir mahallar Günorta Dakotynyň gunbatar böleginde göle tagmalap, ýabyň üstünde selkildäp sygyr bakan padyman indi Ueleiň şazadasynyň hemaýaty bilen Londonda çykyş edýär,

Märeke öňündäki ilkinji bäş-alty çykyşynda düýpli şowsuzlyga uçran bu ýigit soňra meniň hususy iş dolandyryjym boldy Deýl Karnegiň ýolbaşçylygy astynda okamagym, meniň köp üstünliklerimiň hemrasy boldy.

Ýaş Karnegiň bilim almak üçin söken ýoly kyn boldy. Missury ştatynyň demirgazyk günbatar böleginde ýerleşen köne fermanyň üstüne köp betbagtçylyklar inip durardy. «102» atly derýa ýylyň-ýylyna joşýardy, ak ekinleri suw basýardy, bedäni sil alyp gidýärdi. Her ýyl diýen ýaly semiz doňuzlara mergi keseli degip, olaryň sany azalýardy. Iri şahly mallaryň we gatyrlaryň bahasy iň pes derejä düşeni sebäpli, bank ferma hojaýynlarynyň goýan girewini tölemejekdigi barada haýbat atýardy.

Halys ruhdan düşen Karnegiň maşgalasy ozalky fermalaryny satyp, Missuri ştatynyň Uorrensbergdäki mugallymçylyk kollejiniň golaýynda ýerleşýän täze bir fermany satyn aldylar. Şol mahallar günüňe bir dollara kireýine jaý alsaň, iýmitiňem berýärdiler. Emma ýaş Karnegiň şoňa-da mümkinçiligi ýokdy. Şu ýagdaý sebäpli ol fermada ýaşap, bäş kilometr töweregi daşlykdaky kolleje ýabyly gatnap okamaly boldy. Ol fermada sygyrlary sagýardy, odun aýyrýardy, doňuzlary naharlaýardy. Işden dynandan soňra bolsa, tä gözi ýumlup, maňlaýyny kitaplara urýança, ýag çyranyň yşygyna latyn işliklerini gaýtalap-gaýtalap okaýardy.

Ol ýarym gije ýerine girse-de sagadyny daňdan üçe gurup

ýatmaly bolýardy. Sebäbi kakasy dýurok-jersi atly tohum doňuzlaryny köpeltmegiň arzuwyndady. Gyşyň sowuk gijelerinde jojuklaryň sowuk alaýmak howpy bolansoň, olary ilkagşamdan sebede salyp aşhananyň pejiniň ýanynda getirip goýýardylar. Üstlerini çit halta bilen basyrýardylar. Jojuklar dilleşen ýaly, daňdan sagat üçde süýt talap edip jygyldaşyp başlaýardylar. Şol mahalam sagat jyňňyrdap, Deýlini oýarýardy. Gije jojuklary enesiniň ýanyna äkidip, emip bolansoňlaram ýene yzyna alyp gaýtmak onuň boýnunady. Deýl her gyş gijesi syňsyraklap bu işi edýärdi.

Mugallymçylyk kollejiň alty ýüz studenti bardy. Şolaryňam diňe alty sanysynyň şäherde ýaşamaga mümkinçiligi ýokdy. Şolaryň biri hem Deýl Karnegidi. Ol her gün okuwdan gelip, sygyrlary sagmaly bolýardy. Özüne dar bolýan paltosyny, kelte bolýan jalbaryny geýip kolleje baranda, garypdyklaryna utanýardy, kemsinýärdi.Şeýdip egnini gysyp ýörşüne, onda özüne kembaha garamak duýgusy gitdikçe ösýärdi. Şu zerarly Karnegi deň-duşlaryndan saýlanmagyň iň gysga ýoluny gözläp başlaýar. Kollejdäki futbol oýnaýan hem oratorçylyk çekişmelere gatnaşyp, ýeňiji bolýan studentleriň beýlekilere görä abraýlarynyň galadygyny ol tiz saýgardy.

Sportda tapawutlanyp bilmejegine gözi ýeten Karnegi dilewarçylyk boýunça geçirilýän ýaryşlarda üstün çykmagy niýet edinip. Ol birnäçe aýyň dowamynda çykyş etmäge taýynlandy. Sygyr sagyp otyrka-da, ýabyly kolleje barýarka-da onuň pişesi owadan geplemekligi öwrenmek boldy. Soňabaka ol saraýdaky küdäniň üstüne münüp, ellerini kelemenledip, ürküp pasyrdaşyp uçýan kepderileriň arasynda ýaponlaryň amerika göçüp gelmegini togtatmak barada uly joşgun bilen söz

sözlemäge türgenleşmäni çykardy.

Şeýle yhlas bilen ýapyşsa-da, oňa şowsuzlyk yzyna şowsuzlyk uçrady. Ol wagtlar Karnegiň bary-ýogy on sekiz ýaşy bardy. Özem öýkelekdi, tekepbirdi. Şowsuzlyklar ony aljyratdy, sussypesligini has-da artdyrdy, hatda janyna kast etmek pikirine hem ýolukdyrdy. Emma garaşylmadyk ýerden ol kollejde geçirilýän oratorlyk sungatynyň konkurs ýaryşlarynda üstün çykyp ugrady.

Şeýlelikde özlerini konkursa taýýarlamagy haýyş edip oňa beýleki studentler hem ýüz tutup başladylar. Onuň kömegi bilen dilewarlyk ýaryşynda üstün çykanlaram boldy.

Ol kolleji gutaransoň, Günbatar Nebraskiniň we Gundogar Waýomingiň çäge depeleriniň arasynda ýaşap ýören fermerler uçin gaýybana kurs açdy.

Karnegiň gujur-gaýratyna, tüýs ýürekden eden yhlasyna garamazdan, başlan bu işi üstünlik getirmedi. Şonda ol janyna jaý tapmandy. Halys ruhdan düşen günleriniň birinde ol Nebraska ştatynyň allaýan şäherindäki ýaşaýan myhmanhanasyna gelip, ýaşaýan otagyndaky krowadyna özüni taşlap, gündüziň günortany möňňürip aglapdam. Onuň ters täleýinden gaçyp sypasy gelen saparlary kän bolupdy. Bu gezegem Deýliniň durmuşyň keç hem ýowuz göreşinden gaçasy geldi. Onuň şol wagtky niýeti ýene kolleje gaýdyp barmakdy. Emma muňa bogny ysmady. Şonuň üçinem ol Omaha gidip, kärini başlamagy ýüregine düwdi. Karnegiň şol wagt otla münere bilet pulam ýokdy. Şonuň üçinem ol ýük wagonyna mündi. Bilet pulunyň deregine-de ýolda iki wagon ýabany ýabynyň ot-suwuna seretmegi boýun aldy.

Deýl Günorta Omaha gelip, «armor end kampaniýasynda»

işe durdy. Onuň indiki wezipesi Günorta Dakotdaky hindileriň ýaşaýan ýerlerinde we beýleki maldarçylyk raýonlarynda duzlanan, tüssä tutulan doňuz etini, doňuzyň ak ýagyny hem sabyn satmakdan ybaratdy. Ol şol ýerlerde ýük otlularynda, paýtunda ýa-da ýabyly ençeme ýollary sökdi. Amerika ilki göçüp gelenleriň döwründäki arasy mytgal mata bilen bölünen myhmanhanalarda ýatyp-turdy. Ol gezme söwda agentleriniň gollanmasyny öwrendi, doly baş öwredilmedik ýarym ýabany ýabylarda çapdy, hindi gyzlaryna öýlenen ýerli adamlar bilen kart oýnady, bergidarlardan algysyny almagyň tärlerini öwrendi. Gyrak-bujakda ýerleşýan dükanlaryň käbir hojaýynlaryň sargan zadynyň bahasyny nagt tölemäge gurby çatmasa, Karnegi öz harydynyň deregine onuň harydyndan alyp, ony hem başga ýerde satyp, «armor end kampaniýaň» girdejisnni köpeltmek üçin jan edýärdi.

Onuň ýük wagonynda günde ýüz mildenem köpräk geçmeli wagtlary seýrek bolmaýardy. Duralgalarda otlynyň ýüki düşürilýänçä, ol şäheriň kwartallaryna aýlanyp söwdagärlerden sargyt alardy. Haçanda otly zoguny çalanda bolsa, aýak aldygyna ylgap gaýdyp, bat alyp ugran otla böküp münerdi.

Karnegiň söwda edýän ýeri bolan Gunorta Dakota Günorta Ýumahadan ýigrimi dokuz sany awtomobil ýoly gelensoň, bu ýerlerde haryt çöl däldi. Şu oňaýsyzlyga garamazdan, Deýl hyzmatyny edýän firmasynyň söwdasyny ýigrimi bäşinji ýerden welaýatda birinji ýere çykardy. «armor end kampani» firmasy onuň juda müşgül işi asan edenligini belläp, oňa öňkä görä ýokarrak wezipe hödürledi. Emma Deýl ol wezipeden ýüz dönderip, işden çykdy. Şondan soň ol Nýu-Ýorka gidip, teatr

sungaty akademiýasynda okady, «Sirk artistkasy Polly» diýen pýesada Hartli diýen doktoryň rolunda oýnap ýurtda aýlandy.

Ol özüniň But ýa-da Barrimor ýaly şöhratly aktýor bolup bilmejekligine akly çatýardy. Şonuň üçinem ol ýene-de gezme söwda agenti kärine dolanyp bardy we «Pakkard motorkar kompani» firmasynyň ýük maşynlaryny satyp ugrady.

Deýliň maşyndan düýbünden başy çykmaýardy, ony öwrenmek höwesi hem ýokdy. Ol özüni iň betbagt adam hasaplaýardy, her gün halamaýan işine sary ugramak onuň üçin uly güzapdy. Kollejde okaýarka arzuw eden kitaplaryny ýazmak isleýärdi. Şol sebäpli Karnegi işden çykyp hekaýadyr roman ýazmagy, gazanç üçin bolsa agşamky mekdeplerde mugallym bolmagy ýüregine düwdi.

Ýöne haýsy sapagy okatmaly? Şu sowal ýüze çykanda, ol geçen ýoluna, kollejde eden işlerine ser saldy. Görüp otursa, oratorçylyk sungaty boýunça gören taýýarlygy oňa beýleki predmetlerden köp peýda getiren eken. Özüne bolan ynamy, batyrgaýlygy, sowukganlylygy, işewür adamlar bilen gurleşmäni öwreden hut şu sungatdy. Şonuň üçinem ol Nýu-ýorkdaky ÝaÝHa-nyň mekdebiniň administradiýasyna şeýle teklip bilen ýüz tutdy. Mekdepde oratorçylyk sungatyny okatmaga mümkinçilik döretmeklerini erjellik bilen haýyş etdi.

Näme? Biznesmenleri orator etmelimi? Samsyklyk! ÝaÝHa-nyň ýolbaşçylary ozal şu kybap kurslary açmaga synanyşyk edipdiler, olaryňam bary puç bolup çykypdy. Şonuň üçinem administrasiýa Karneginiň teklibine pitiwa etmedi. Direktor Deýliň özi gaçyp gider ýaly teklip girizdi. Her leksiýa üçin mugallymlara töleýän iki dollaryny oňa tölejek däldigini aýtdy. Karnegi açyljak kurslardan düşjek puluň belli bir prosentine

kaýyl bolup mugallymçylyk etmäge razy boldy. Emma iki dollara dözmedik administrator üç ýyl geçip-geçmänkä, onuň her agşamky leksiýasy üçin otuz dollar töläp başlamaga mejbury razylaşdy.

Kurs örän uly üstünlik getirdi. Ol hakda ÝaÝHa-nyň beýleki bölümleri, soňra başga şäherlerdäki mekdepleri eşidip başlady. Tiz wagtdan Deýl Karnegi meşhur gezme lektor adyny aldy. Ol Nýu-Ýorkda, Filadelfiýada, Baltimorda birneme gijiräk bolsa Londonda, Parijde leksiýalar bilen çykyş etdi. Onuň kursuna teşnelik bilen eňýän işewür adamlar üçin häzire çenli taýýarlanan okuw kitaplary durmuşdan üzňedi, has ylmydy we guraksydy. Deýl bu ugurdan kitap ýazmaklyga batyrgaý girişdi. Onuň ýazan «Ortorçylyk sungaty we işewür dünýäde adamlara täsir etmek ukyby» diýen kitaby häzir ÝaÝHa-nyň hemme bölümlerinde, bankirleriň amerikan assosiasiýasynda, kredit tölemek mümkinçiligini öwrenýän ekspertleriň milli assosiasiýalarynda resmi okuw kitabydyr.

Häzir her möwsümde Karnegiň ýanyna jemagat öňüňde çykyp, geplemäge türgenleşmegi öwrenmäge gelýänleriň sany, Nýu-Ýorkuň ýigrimi iki kollejidir uniwersitetleri tarapyndan oratorçylyk sungatyny öwretmek üçin guralýan kurslara gatnaşýanlaryň ählisinden kändir.

Karnegi sabyr käsesi dolup, özüni unudan adam çeper geplär diýip hasap edýär. Eger şäherdäki iň bir nadan adamyňam eňegine ýumruk bilen urup ýykaýsaň, ýerinden turup şeýle bir saýrar welin, Uilýam Jennings Braýnyň men diýen wagtyndakysyndanam zor çykar diýip, Deýl ynamly aýdýar. Özüne we ony,örän tolgundyrýan ideýa ynamy bolan her bir adamyň şowly çykyş etmäge mümkiňçiliginiň

bardygyna Karnegi güwä geçýär.

Karnegiň pikiriçe, öz-özüňe ynamy berkidip, başarmaýandyryn öýdýän işleriňede hyjuwly ýapyşyp, ol işe hötde gelmäniň ugruny tapsaň, il içinde işi şowly adam hökmünde şöhratlanyp bolar. Şonuň üçinem ol dinleýjilerini her sapakda çykyş etmäge mejbur edýär. Zalda oturanlar çykyş edýan bilen ýürekdeş, sebäbi diňleýjileriň hemmesiniň ýagdaýy birmeňzeş, olar yzygiderli türgenleşmegiň netijesinde, özlerinde batyrgaýlyk, ynam we ruhybelentlik duýýarlar. Soňra bu zatlar özara gürrüňlerde gowy peýda berýär.

Bu geçen ýyllaryň dowamynda adamlara köpçülikde çykyş etmegi öwretmeklik meniň baş wezipäm däldir diýip, Karnegi leksiýalarynda aýdar eken. Onuň esasy maksady adamlaryň gorkyny ýeňip, batyrgaý bolmagyny gazanmakdan, şunuň usulyny öwretmekden ybarat bolupdyr.

Ilkibaşda ol işewür dunýäniň wekillerine diňe oratorçylyk sungatyny öwredip başlapdyr. Klas partasynda oturanlary bäri otuz ýyl töweregi geçen bu adamlar ilki Karnegiň sapagyna şübheli garapdyrlar. Şonuň üçinem okuw üçin tölegi başbitin däl-de bölekleýin töläpdirler. Olar ertirki boljak işewür gürrüňde, giň auditoriýanyň öňündäki çykyşynda ulanaýar ýaly, şu günki okuwdan ertesi netije gözläpdirler alňasapdyrlar.

Şonun üçinem Deýl tiz, maksadaokgunly işlemeli bolupdyr, şeýdibem köpçülikde çykyş etmegi, ynandyrmak sungatyny, adam aragatnaşyklarynyň meselelerini işde ulanmaga amatly psihologiýany özünde jemleýän täsin hem ýeke-täk köptaraply kursy döredipdir.

Şeýlelikde, Deýl Karnegi adaty okuwlardaky berk düzgün-nyzamy talap etmeýän, iş ýüzünde ulanmasy aňsat örän

gyzykly kursy işläp düzýär.

Şeýle kursy gutaranlaryň özleri hem soňra klublary döredip, uzak ýyllaryň dowamynda ol ýerde iki hepdeden bir gezek duşuşyp durýarlar. Filadelfiýada on dokuz adamdan ybarat şeýle toparlaryň biri indi on ýedi ýyl bäri her gyş, aýda iki gezek duşuşýarlar. Duşuşyga gelýänler awtomobilli elli, ýüz mil geçmeli bolýarlar. Bir diňleýji bolsa Nýu-Ýorka Çikagodan hepdede bir gezek gatnapdyr.

Garward uniwersitetiniň professoryUilýam

Jeýmsiň aýtmagyna görä, ortaça adam özüniň akyl ýetiriş ukyplarynyň diňe on prosentini ulanýar. Deýl Karnegi işewür toparlaryň wekillerine özleriniň gizlin mümkinçiliklerini ösdürmäge kömek edip, uly adamlary okatmagyň ajaýyp sistemasyny dörediji boldy.

## ŞU KITAP NÄME ÜÇIN WE NÄHILI ÝAZYLDY

Soňky otuz bäş ýylyň içinde Amerikan neşirýatlary iki ýüz müňden gowrak dürli kitaplary çykardy. Olaryň köpüsi çendenaşa ýüregedüşgünç bolsa, birnäçesi hatda öz bahasyny hem ödemedi. Men «köpüsi» diýemde ýalňyşandyryn öýtmäň. Sebäbi ýaňy-ýakynda: «Biziň kampaniýamyzyň ýetmiş bäş ýyllyk iş tejribesi bolsa-da, häli-häzirem çykarylýan sekiz kitabyň ýedisinden zyýan çekýäris» diýip, dünýädäki iň uly neşirýatlaryň nebiriniň başlygy meniň ýanymda boýun aldy.

Ýagdaýyň şeýledigini görüp durkam, kemakyllyk edip ýene-de bir kitap ýazmam nämüçinkä? Bu kitaby näme üçin siz azara galyp okamalymyşyňyz!?

Sowallaryň ikisem ýerlikli. Başardygymça olara jogap bermäge synanyşaýyn.

Şu sowallara jogap bermek üçin gynansamam, Louel Tomasyň «Meşhurlyga tarap iň gysga ýol» diýen girişinden size mälim bolan käbir faktlary gaýtalamaly bolaryn.

1912-nji ýyldan başlap Nýu-ýorkda işewür toparlara, spesialistlere aýal-erkek diýmän şu kursy öwredip ugradym. Ilkibaşda meniň sapaklarym oratorçylyk sungatyny, iş hakda gürrüň edeňde pikiriňi çalt düşündirmegi, köpçüligiň öňünde ynamly, ynandyryjy, düşnükli, ýerlikli geplemegi öwrederdi.

Emma wagtyň geçmegi bilen uly adamlara diňe köpüň öňünde çykyş etmäni öwretmegiň ýeterlik däldigini, işde-durmuşda, öýde, garaz adam bilen galtaşykly ähli meselede olara kömek gerekdigini ýuwaş ýuwaşdan duýdum. Özara

gatnaşyklaryň inçe sungatyny bilmek, dogrudanam, adamlara kemlik edýärdi.

Şeýle taýýarlyga özümiňem hiç kimden pes bolmadyk derejede mätäçdigime düşündim. Geçen günlere ser salanymda, özüme-de sypaýçylyk, ýerinde geplemek, duş gelen ýagdaýdan baş alyp çykmak ýaly duýgularyň ýetmezçilik edendigini saýgarýaryn. Wah, mundan ýigrimi ýyl ozal şunuň ýaly kitap meniň elimde bolan bolsady. Ol maňa bahasyna ýetip bolmajak peşgeş bolardy.

Töweregindäki adamlar bilen aragatnaşyk adamyň öňünde durýan meseleleriň iň ulularynyň birimikä diýýärin. Bu aýratynam işewürler dünýäsinde şeýle. Gowy aragatnaşyk her bir adama — arhitektora-da, injenere-de öý hojalykçy aýala-da... gerekdir. Birnäçe ýyl mundan öň Karnegiň Fondy tarapyndan mugallymlary kämilleşdirmek maksady bilen bir ylmy-barlag geçirildi. Ol örän möhüm we köpmanyly faktyň üstüni açdy. Şu barlagyň netijesini Karnegiň Tehnologiki instituty tarapyndan geçirilen soňky barlaglaram tassyklady. Görüp otursak, ykdysadyýetiň maşyn-gurluşygy ýalak tehniki bölümleriniň spesialistleriniň hem maliýe meselesindäki üstünlikleriniň diňe on bäş prosenti olaryň tehniki bilimleri bilen bagly bolup, galan segsen bäş prosenti — işdeş ýoldaşlarynyň göwnüni görüp bilişlerine, adamlara ýolbaşçylyk etmekdäki başarjaňlygyna, hususy ukybyna bagly eken.

Men birnäçe ýylyň dowamynda her ýyl Filadelfiýanyň injener-klubunda, şeýle hem injenerelektrikleriň Amerikan institutynyň Nýu-Ýork bölüminde kurslar alyp bardym. Meniň kurslarymda takmynan bir ýarym müňden gowrak injener

tälim alandyr. Olar iş tejribeleriniň hem bir näçe ýylyň gözegçiliginden soň köp hak alýan spesialistleriň köpüsi ökde hünärli adamlar bolman, töweregindäkileriň dilini tapýan adamlardygyna göz ýetirenlerinden soň, maňa ýüz tutupdylar. Mysal üçin, hepdesine elli—ýetmiş bäş dollar töleseň ýönekeý injener, buhgalter, arhitektor ýa-da başga bir pudagyň wekilini tapmak mümkin. Beýle spesialistler gytçylyk edenok. Emma adamlara öz-pikirini düşündirip bilýän, olarda işe bolan söýgini, hyjuwy oýaryp, işgärleri ruhlandyrmaga ukyply spesialistiň gadyram, alan hakam başga bolýar.

Işleriniň gülläp ösýän döwründe Jon D. Rokfeller M. Braşa: «Adamlaryň dilini tapmaklygam — Harytdyr. Ony hem gant, kofe satyn alşymyz ýaly satyn alyp bolýar. Men şeýle ukyba dünýädäki ähli zatdan köp baha tölärin» diýipdir.

Ýagdaý şeýlekä, dünýäde iň ýokary baha berilýen ukypdary terbiýelemek kursunyň programmasyny ýurduň her bir kollejinde girizäýmelidir welin, entek men-ä ulular üçin şeýle praktiki kursuň bir kollejde girizilendigi barada eşidemok.

Çikago uniwersiteti we ÝAÝHA-nyň birleşen mekdepleri uly adamlaryň nämäni öwreneslериniň gelýänini bilmek üçin ýörite barlag geçiripdirler. Iki ýylyň dowamynda geçirilen barlag ýigrimi bäş müň dollara düşüpdir. Barlaglaryň soňky bölegi Amerikanyň beýleki şäherlerine mahsus meňzeşligi kän bolan Konnokitikut ştatynyň Meriden şäherinde geçirilipdir. Merideniň her uly ýaşaýjysyna berlen sowal şu aşakdakylar ýaly. 156 sowaldan ybarat eken. «Siz näme işleýärsiňiz, ýa-da Siziň käriňiz näme? Siziň bilimiňiz? Siz boş wagtlaryňyzy nähili geçirýärsiňiz? Siziň gazanjyňyz? Siziň güýmenjäňiz? Siz nämä ymtylýarsyňyz? Siziň problemalaryňyz? Siz haýsy sapaklary

öwrenmek isleýärsiňiz?.,.» Görüp otursalar, uly adamlary hemme zatdan beter özleriniň saglygy gyzyklandyrýan eken. Olary ikinji gyzyklandyrýan zat bolsa, adamlaryň köňlüne görä gopmak höwesi bolupdyr. Olar: «Nädip adamlaryň göwnünden turmaly?», «Adamlar bilen nädip düşünişip bolar?», «Nädip adamlary özüň bilen pikirdeş gopduryp bolarka?» diýip aladalanýan ekenler.

Netijede barlaglary geçiren komitet Meridende uly adamlary şu ugurdan okatmaly diýen karara gelýär. Komitetiň çlenleri şu predmet boýunça okuw kitabyny yhlas bilen gözläp başlapdyrlar. Ýöne gözlegler netije bermändir. Olar ahyrsoňy uly adamlary okatmak boýunça dünýä belli alymdan şeýle gollanmany tapyp bermegi haýyş edýärler. Alymam: «Men size gerek gollanmanyň nähilidigine düşünýän. Ýöne henize çenli beýle metodikany hiç kim işläp düzmändir. ÝOK!» diýip jogap berýär.

Men şu beýannamanyň hakykatdygyny öz tejribämde gördüm. Sebäbi özümem adamlaryň aragatnaşyk meseleleriniň hemme talaplaryna gabat gelýän okuw kitabyny birnäçe ýylyň dowamynda gözledim.

Şeýle kitap bolmansoň, men ony öz kurslarymda okatmak üçin ýazmaga synanyşdym. Ine, şol kitap! Ol size ýarar diýen umydym bar. Kitabyň üstünde işläp ýörkäm, şu tema degişli tapan zadymy—nika bozuş prosesleriniň protokollaryndan başlap, ene-atalar üçin çykarylýan jurnallary, Doroti Diksiň eserlerini, Owerstritiň professorlary: Alfred Adleriň, Uilýam Jeýmsiň işlerini okadym, Mundan başga-da örän tejribeli ylmy işgäri bu işe çekdim, Ol bir ýarym ýylyň dowamynda dürli kitaphanalara gatnap, meniň okap bilmedik zatlarymy okady,

alymlaryň psihologiýa degişli işlerini, ýüzlerçe jurnallaryň makalalaryny, beýik adamlaryň özgeler bilen aragatnaşyk edişini öwrenmek maksady bilen, olaryň terjimehallaryny yhlas bilen öwrendi. Biz ähli döwrüň beýik adamlarynyň terjimehallaryny okadyk. Ýuliý Sezardan başlap, Tomas Edisona çenli ýaşap geçen meşhur adamlaryň durmuşyna degişli zatlary çintgäp öwrendik. Diňe Teodor Ruzweltiň terjimehalyna degişli ýüzden gowrak işi okanymyz meniň ýadyma düşýär. Dost tutunmak we töweregindäki adamlara täsir etmek üçin asyrlarboýy ulanylyp gelinýän tejribäni öwrenjek bolup, hiç hili wagtymyzy gaýgyrmadyk, serişdämizi gysganmadyk.

Dünýä giňden belli adamlaryň ençemesi bilen hut meniň özümem gürleşdim. Olaryň arasynda zamanamyzyň meşhur adamlary bolan — Markoýay, Franklin Delano Ruzwelt, Ouen D. Ýang, Klark Geýbl, Meri Pikford, Martin Jonson ýaly adamlar boldy. Men olaryň adamlar bilen gürrüňdeş bolanlarynda, iş salyşanlarynda nähili usullary ulanýandyklaryny bilmäge synanyşdym..

Leksiýany diňe bir okamak bilenem oňman, aýdylan zatlary işleýän ýerlerinde, tanyş-bilişleri bilen duşuşanlarynda ulanyp görmegi, soň bolsa öz tejribeleridir gazanan üstünliklerini klasda gürrüň bermeklerini dinleýjilerden haýyş etdim. Nähili gyzykly sapak! Öz-özlerini kämilleşdirmeklige teşne aýal-erkegi düýbünden täze tipli — adam aragatnaşyklarynyň meselelerini äwrenýän, taryhda ilkinji hem ýeke-täk laboratoriýanyň gyzykly işiniň geljekki perspektiwalary gurşap aldy.

Bu kitap adaty kitap ýazylyş usulynda ýazylmady.Ol edil

çaganyň ösüşi ýaly ösdi. Ol şu özboluşly laboratoriýada müňlerçe adamyň tejribesi esasynda ösdi we kämilleşdi.

Biz öz döredijiligimizi birnäçe ýyl mundan öň poçta otkrytkasyndan uly bolmadyk kartoçkalarda çap etmekden başlapdyk. Soňra işläp düzülen şol kanunlaryň çap edilýän kartoçkalarynyň möçberini ulaldyp, listowka çykardyk ,onsoň gitdikçe göwrümi artýan kitapjyklaryň toparyny neşir etdik. On bäş ýyllap geçiren tejribämiziň netijesinde, ynha indi şu kitap peýda boldy.

Biziň şu kitapdaky beýan eden düzgünlerimiz arassa teoretiki pikirdir çaklamanyň miwesi däl-dir. Olar iş ýüzünde synagdan geçen, jadyly güýji bolan düzgünlerdir. Magtanýandyr hasap etmäň, şu düzgünleri ulanýan adamlaryň durmuşynyň gowulyga sary düýpgöter üýtgeýşini hut öz gözüm bilen gördüm.

Şu barada bir mysal getireýin. Geçen ýyl üç ýüz on dört gullukça ýolbaşçylyk edýän bir adam biziň kursumyza girdi. Köp ýyllardan bäri ol gullukçylaryny uçdantutma diýen ýaly gyssap, tankyt edip, käýýäp işledýär eken. Mylaýym söz, öwgi ýa-da makullama öňler onuň agzyndan çykmandyr. Şu kitapda analiz edilýän prinsipleri öwrenenden soň ýaňky kärhana eýesi öz prinsiplerini, durmuş filosofiýasyny düýbünden üýtgedipdir. Indi onuň edarasyndaky ýagdaý başgaça: öňki sussypesligiň ýerini ruhybelentlik, birek-birege duýgudaşlyk eýeläpdir. Garaz, üç-ýüz on dört sany duşman, üç ýüz on dört sany dosta öwrülipdir. Sapaklaryň birinde ol buýsanç bilen şeýle diýdi: «Ozal edaranyň gapdalyndan geçenimde maňa salam berýänem ýokdy. Işgärlerim gelýänimi görseler, maňa tarap seretmezlige çalşardylar. Häzir olaryň hemmesi meniň

dostlarym. Hatda şweýsar hem meniň adymy tutup salamlaşýar».

Häzir onuň kärhanasynyň girdejisi artypdyr. Indi ýaňkynyň boş wagty hem köpelipdir. Iň esasy zat bolsa, ol özüni işde-de, maşgalasynyň arasynda-da bagtly duýýar.

Şu prinsipleri ulanyp, köpsanly kommersantlar söwda operasiýalaryny has giňeltdiler, şu mahala çenli, banklarda açdyryp bilmedik sçýotlaryny ýeňillik bilen açdyrmagyň hötdesinden geldiler, Ýolbaşçy işgärleriň abraýy hem gazançlary artdy. Geçen ýyl bir ýolbaşçy işgär, kursda öwrenen düzgünlerini işde ulananlygy üçin iş hakynyň, ýagny ýyllyk girdejisiniň bäş müň dollar köpelendigini maňa gürrüň berdi. Filadelfiýanyň «Ges uorks kompani» firmasynyň bir jogapkär işgärine oňşuksyzlygy we adamlara ýolbaşçylyk etmäge ukypsyzlygy zerarly, wezipesiniň peselmek howpy abanypdyr. Biziň, kursumyzda okamaklyk altmyş bäş ýaşly bu adamy diňe bir wezipesiniň kiçelmeginden goraman, onuň ýokary aýlykly wezipä geçmegini üpjün etdi.

Kurslarymyzyň tamamlanmagyna bagyşlap geçirýn her ýylky banketlerimizde diňleýjilerimiziň aýallarynyň köpüsi ärleri kursa gatnap başlaly bäri maşgala durmuşlarynyň has oňatlaşandygy barada maňa gürrüň berýärler.

Biziň diňleýjilerimizi köplenç özleriniň täze gazanan üstünlikleri geň galdyrýar. Bolýan zatlar olar üçin edil erteki ýaly. Täze gazanan üstünliklerini maňa buşlamaga howlugyp, olaryň käbiriniň ýekşenbe güni meniň öýüme jaň eden halatlary hem seýrek bolmady.

Geçen ýyl biziň diňleýjilerimiziň biri şu prinsipler baradaky gürrüňe gyzygyp, gijäniň bir wagtyna çenli oturypdyr. Ol

dańdan sagat üçde ýoldaşlary gaýdandan soňam oturyp, geçmişde goýberen ýalňyşlyklaryna hapa bolup, geljekki öz öňünde açyljak mümkinçiliklere begenip, uzak gije çirim etmän geçiripdir. Şu oý-pikirler ony ertesi gije-de ýatyrmandyr.

Ol kim? Täze dörän her bir teoriýa hakynda ýaňrap ýören sada, çalasowat adam-a däldir-dä? Ýok! Tersine, durmuş tejribesi bilen akyllanan, sungat önümlerini satýan peýdakeş, üç dilde suw ýaly gürlän, daşary ýurtda iki uniwersiteti gutaran jemgyýetiň ýokary gatlagynyň wekili, köpi gören söwdagär. Kitabyň şu babynyň üstünde işläp ýörkäm, köne mekdepde terbiýelenen, ata-babalary Gogensollernlekadr ofiseri bolan bir nemes aristokratyndan aldym. Transatlantiki parahody bilen iberilen hatda, biziň maslahat berýän düzgünlerimizi ulanmagyň oňa eden kömegi barada täsin bir dini joşgun bilen gürrüň berilýärdi. Biziň ýene bir diňleýjimiz Nyu-Ýorkuň köne ýaşaýjysy, gurply, (ol uly haly fabrigiň eýesi) jemgyýetiň ýokary gatlagynyň hem görnükli adamy. Ol: «Şu sistemany ulanyp, on dört hepdäniň içinde adamlara täsir etmegiň inçe sungatyny kollejde dört ýyl okanymdakydan köp öwrendim» diýip aýtdy. Patarrakymy? Gülkünçmi? Ýapa degenokmy? Elbetde, bu tassyklama halan epitetiňizi goýup, şübhelenmäge hakyňyz bardyr. Men bu ýerde diňe, konserwatiw meýilli Garward uniwersitetini örän üstünlikli tamamlan adamyň, 1933-nji ýylyn 22-nji fewralynda Nýu-ýork şäheriniň Iýel klubunda, 600 adamyň öňünde aýdan zadyny gaýtalaýaryn.

«Nähili bolmalydygymyz bilen deňeşdireniňde, biz häzir oýaly-ukuly halda ýaşaýarys» diýip, Garward uniwersitetiniň belli professory Uilýam Jeýms aýdypdyr. Biz özümiziň fiziki we akyl taýdan mümkinçiliklerimiziň diňe ujypsyzja bölegini

ulanýarys. Umuman aýdanyňda, adam özünde bar bolan çäksiz ukyby görmän, bilmän, duýman, aňyna, aklyna getirmän, üstesine-de şeýtmegiň usulyny bilmän, kä halatda bolsa ony bilmegem islemän ýaşaýar.

Wah, şol «ulanylmaýan ukyplar»! Meniň kitabymyň ýeke-täk maksady, size kömek etmekden — özüňiziň ykrar etmäge ýetişmedik gymmatly mümkinçilikleriňiziň üstüni açyp, özüňiz hem töweregiňizdäkiler üçin peýdaly, haýyrly boljak şol duýgyny ösdürmekden ybarat.

Prinston uniwersitetiniň ozalky prezidenti Jon Hibben: «Bilim — her hili durmuş ýagdaýynda dogry hereket etmek ukybydyr» diýipdir.

Eger şu kitabyň ilkinji üç babyny okanyňyzdan soň, islendik durmuş ýagdaýyndan dogry baş çykarmagy öwrenmeseňiz, onda men muny düýbünden gerekmejek kitap hasap ederin. Sebäbi men muny sizin üçin yhlas edip ýazdym. Gerbert Spanseriň aýdyşy ýaly: «Bilimiň esasy maksady düşünje däldir-de, ýagdaýdan baş alyp çykmany öwretmekdir». Bu kitabam hut şu niýet bilen ýazyldy.

**B i r i n j i   b ö l ü m**

# ADAMLAR BILEN GATNAŞYGYŇ ESASY TÄRLERI

*Birinji bap*

## «EGER BAL IÝESIŇ GELÝÄN BOLSA, ARYNYŇ ÖÝÜNI ÝYKMA»

1931-nji ýylyň 7-nji maýynda köp şowhunlaryň şaýady bolan garry şäher — Nýu-Ýork şindize çenli görmedik, polisiýa tarapyndan gurlan gabawyň örän pajygaly tamamlanyşyny gördi. Birnäçe hepdäniň dowamynda yzarlap, ahyrsoňy Krouli «Iki Pistoletliniň» Uest-End-awende söýgülisiniň jaýyndadygyny bilip, daşyny gabanlaryndan soň, ol çykgynsyz ýagdaýda galdy.

Ýüz elli polisiýa işgäridir aňtaýjylary onuň ýokarky etajdaky gaçybatalgasynyň daşyny gurşap aldylar. Olar «polisiýa gyrgynçysynyň» gizlenen jaýynyň üçögini deşip, içerik gözýaşardyjy gaz goýbermekçi boldular. Soňra olar goňşyjaýlarda pulemýotlary gurdular. Bir sagatdanam gowrak wagtlap Nýu-Ýorkuň iň owadan kwartallarynyň birinde pistoletiň towhuldysydyr pulemýotyň tatyrdysy ýatmady. Mähnet kreslonyň aňyrsynda gizlenen Krouli yzyny üzmän poliseýleri oka tutýardy. On müň tomaşaçy bolsa bu söweşe howsala bilen syn edýärdi. Henize çenli Nýu-Ýorkuň köçelerinde beýle hadysa bolmandy. Kroulini tutanlarynda, polisiýanyň naçalnigi Malruni: «Bu kellekeser Nýu-Ýorkuň

taryhynda bolan iň howply jenaýatkärleriň biridir. Ol sebäpsiz ýere adam öldürmäni hiç zatça görenok» diýdi.

Krouli «Iki Pistoletliniň» özi özüne nähili baha berýärkä? Biz ony bilýäris, sebäbi polisiýa onuň gizlenen ýerini oka tutup durka, ol degişli adamlarynyň birine hat ýazan eken. Hat ýazyp otyrka onuň ýaralaryndan akan gan kagyzyň ýüzünde gyrmyzy tegmiller galdyryp gidipdir. Krouliniň hatynda şeýle jümleler bar: «Meniň gursagymda heniz hiç kime ýamanlyk etmedik, ýadaw, ýöne mähirli ýürek urýar».

Mundan birnäçe gün ozal, Long-Aýlende barýan ýoluň gyrasynda Krouly söýgülisi bilen maşynyň içinde gujaklaşyp oturan eken. Birden maşynyň ýanynda polisiýa peýda bolupdyr-da:«Sürüjilik hukuknamaňyzy görkeziň» diýipdir.

Krouli sesini-üýnüni çykarman, pistoletini alaga-da, polisiýa garşy ok ýagdyrypdyr. Jany çykyp barýan poliseý ýykylandan soň, Krouly maşyndan çykypdyr-da ýaňkynyň sapançasyny gabyndan alyp, ýazylyp ýatan göwräni öz ýaragy bilenem bir gezek atypdyr. Ynha, şu «Meniň gursagymda heniz hiç kime ýamanlyk etmedik, ýadaw, ýöne mähirli ýürek urýar» diýip ýazan ganhoryň edýän işi-dä..

Kroulä elektrik oturgyjyň üstünde jeza bermek höküm edildi. Haçanda ony Sing-Sing türmesindäki ölüm jezasy berlenleriň bölümine getirenlerinde: «Maňa adam öldürenim üçin jeza berlendir öýdýäňizmi? Ýok, maňa özümi goranym üçin jeza berdiler» diýipdir.

Bu ýerdäki esasy aýtmakçy bolýan zadym, Krouli «Iki Pistoletliniň» şu ýagdaýda-da özüni günäkärlemeýänligidir.

Eger şu nukdaý nazar jenaýatçylar üçin tötänlikdir öýdýän bolsaňyz, yzyna gulak asyň.

«Men ömrümiň iň röwşen ýyllaryny adamlara hezil güýmenje tapyp bermek we olaryň wagtlaryny şadyýan geçirmegi üçin sarp etdim. Şonuň üçin näme serpaý edendirler öýdýärsiňiz? Bir syhly äsgermezlikdir ömür yzarlanyp ýörmekden başga gören zadym bolmady».

Buda Al Kaponanyň aýdany. Hawa, bu sözler öz döwründe jemgyýetiň 1-nji nomerli duşmanynyň, Çikagonyň ilatynyň gözüniň oduny alyp ýören galtamanlaryň iň howply ýolbaşçysynyň sözi. Al Kaione hem özüni günäkär saýmandyr. Hakykatda ol özüni jemgyýetiň haýyr-sahawatçysy — dogry baha berilmedik, düşünilmedik haýyr sahawatçysy hasaplapdyr.

Nýu-Ýorkly galtamanlaryň okundan ölmänkä «Gollandiýaly» Şuls hem özi barada şeýle pikir edýär eken. Nýu-ýorkuň bellentgi haramzadalarynyň biri bolan «Gollandiýaly» Şuls gazete interwýu berende özüni jemgyete haýyr-sahawat edýän kişi hökmünde görkezipdir. Ol şuňa ynanýaram eken.

Men şu meseleler boýunça Sing-Sing türmesiniň naçalnigi Loues bilen örän gyzykly hatlar alyşdym. Ol: «Türmedäki jenaýatkärleriň diňe käbirleri özlerini erbet adam hasaplaýarlar» diýip ýazardy. «Öz nukdaýnazarlary boýunça, olaram siz hem men ýaly adammyşyn. Şonuň üçinem olar etmişlerini delillendirmäge, düşündirmäge, nämedir bir tutaryk bilen aklamaga çalyşýarlar. Olaryň size, näme üçin seýfi ýarmaly bolandyklary, ýa-da ok atmaga mejbury halda ýapyşandyklary hakda gürrüň bermeklerem mümkin. Beýle adamlaryň köpüsi ýalňyş pikir ýöretmeleriň, logikanyň üsti bilen, jemgyýete garşy eden nädogry hereketlerini öz-özleriniň öňünde aklajak bolýarlar, şunuň esasynda-da «bizi nähak

türmä basdylar» diýen netijä gelýärler hem ony ile subut etmek üçin yzygiderli çalyşýarlar».

Eger Al Kapone, Krouli «Iki Pistoletli», «Gollandiýaly» Şuls we türmedäki beýleki kellekeserler özlerini günäkär saýmaýan bolsalar, onda biziň günde-günaşa gabat gelişýän adamlarymyz barada heý, ýaramaz gürrüň aýdyp bolarmy?!

Merhum Jon Uenemeýker bir gezek şeýle diýdi «Iňreligiň samsyklykdygyna, otuz ýyl mundan öň düşündim. Düzedere kemçilik meniň özümde-de näçe diýseň bar. Onsoň men näme üçin hudaýyň akyly adamlara deň paýlamandygyna janymy ýakyp, görene iňirdäp ýörmelimişim?!»

Uenemeýker muňa örän ir düşünipdir. Men pahyr welin, adamlaryň edýän işleri nähak hem bolsa, ýüzden togsan dokuz gezeginde olaryň özlerine ýazgarmaýandygyny bilmek üçin, tas üçden bir asyrlap ýörejek ýolumy kör ýaly barlap sökmeli boldum.

Tankyt peýdasyzdyr, sebäbi ol adamy goranmaga, köplenç bolsa özüni aklamaga mejbur edýär. Tankyt howpludyr — sebäbi ol adam mertebesiniň köküne palta urýar, mertebesine zeper ýetirýär, tankytlanýanda öýke kine döredýär.

Haýsy-da bolsa, bolup geçen bir wakanyň edil yz ýanyndan nemes goşunlarynyň soldatynyň arz etmäge, ýa-da tankydy belliklerini aýtmaga hukugy ýokmuşyn. Ol dem-dynjyny alyp, az-kem sowaşmaly eken. Eger soldat şobada arz edäýse, oňa temmi berilýär. Eý hudaý, şu düzgün grajdanlaryň durmuşynda-da gerek. Mydama närazy ene-atalar, şermende aýallar, yrsaragyç kärhana eýeleri, barlyşyksyz tankytçylar üçinem şeýle düzgün bolan bolsa, tüýs jüpüne düşäýjek eken.

Siz tankydyň peýdasyzdygy barada taryh sahypalaryndan

műňlerçe mysal tapyp bilersiňiz. Mysal üçin, Teodor Ruzwelt bilen prezident Taftyň ile belli dawasyny alyp göreliň. Bu dawa respublikan partiýanyň bölünmegine sebäp boldy, Wudro Wilysony Ak tama getirdi, jahan urşuna täsin galarlyk täsirini ýetirip, taryhyň akymyny üýtgetdi. Bu zatlaryň nähili bolup geçenine ser salalyň. 1908-nji ýylda Teodor Ruzwelt Ak tamy terk edip, Tafty prezident etdi-de, Afrika ýolbars awlamaga gitdi. Dolanyp gelenden soň ol hyjuw bilen işläp başlady: Tafty konserwatorçylykda aýyplady, özüni üçünji gezek prezidentlige saýlatmaga synanyşdy, täze partiýa döredip, respublikan partiýany tas çagşadypdy. Soňky saýlawlarda Uil ýam Houard Tafty we respublikan partiýany diňe iki ştatda — Wermontda hem Ýutada goldadylar. Bu köne partiýa henize çenli beýle uly ýeňlişe sezewar bolmandy.

Teodor Ruzwelt hemme günäni Taftyň üstüne ýükledi, ýöne prezident Taft özüni günäkär hasap etdimi? Hasap edermi?! Ol gözüne ýaş aýlap: «Şu eden işlerimden başga näme iş etmelidigime, men-ä düşünemok» diýip, çyny bilen aýdýardy.

Kim günäkär? Ruzweltmi ýa-da Taft ? Çynymy aýtsam, menem bilemok, kimiň bimamladygy meni asla gyzyklandyranogam. Meniň esasy subut etjek bolýan zadym, Teodor Ruzweltiň tankydy bellikleriniň Tafty— onuň eden işleriniň nädogrudygyna birjik-de ynandyrmanlygydyr. Gaýtam ol jan edip özüni aklamaga çalyşdy, her gezek: «Şu eden işlerimden başga näme iş etmelidigime, men-ä düşünamok» diýip, gaýtalanda bolsa, hakyt gözlerine ýaş aýlady.

Ýa-da Tipot Doumdaky ätiýaçlyk üçin goýlan nebitiň üstünde turan haý-haýly dawany ýatlap görüň. Ýadyňyza düşdümi? Birnäçe ýylyň dowamynda ol barada gazetler gahar-

gazap bilen ýazypdylar. Ol bütin ýurtda ynjalyksyzlyk döredipdi Amerikada mundan öň şuňa meňzeş haý-haýly dawanyň bolandygyny bilýän ýok. Ol dawanyň jikme-jiklikleri gysgaça şundan ybaratdy:Gardingiň hökümetindäki içeri işler ministri Alfred Folla Elk-Hill we Tipot-Doum raýonlaryndaky döwlete degişli nebit ätiýaçlyklaryny kärendä bermeklik tabşyrylýar. Ol ätiýaçlyklar harby-deňiz flotunyň harajatlary üçin goýlan bolmaly. Ministr Foll şol ätiýaçlyklary satmak üçin auksion (kim ýokary nyrh berse, haryt şonuňky) söwdasyny guradymy? Ýok, ol beýle etmedi. Foll bu örän amatly şertnamany bada-bat dosty Edward L. Dogenä gowşuryp oturyberdi. Dogeni nädendir öýdýärsiňiz? Öz aýdyşyna görä, ol ministr Folla ýüz müň dollar «karz» beripdir. Soňra ministr Foll Birleşen Ştatlaryň deňiz pyýada goşunyny Elk-Hille iberýär agzalan raýonyň nebitini sormazlary ýaly, ol şol ýakalardaky dostunyň bäsdeşlerini kowduryar. Tüpeňdir ştigiň zarby bilen öz ýerlerinden kowlan adamlar suda maňlaýlaryny diräp, Tipot-Doumyň ýüz million dollar baradaky dawaly işiniň üstüni açdylar. Bu işden şeýle bir nejis ys ýaýrady, ol ys ilki bilen Gardingiň administrasiýasynyň başyna ýetdi, bütin ýurduň ilatynyň ýüregini bulady, Albert Folly demir gözenekden jyklatdy, respublikan partiýany çagşara getirdi.

Folla çendenaşa ýowuz daradylar, taryhyň bütin dowamynda döwlet işgärleriniň juda az bölegini şunuň ýaly ýazgaran bolsalar gerek. Ol puşmana geldimi? Gelme nire?! Bu wakadan birnäçe ýyl geçenden soň, Gerbert Guwer jemagat öňündäki çykyşlarynyň birinde, dostunyň biwepalygyna çydaman, prezident Gardingin gaýgy-gamdyr namysdan ölendigini, çalarak ýaňzydyp geçipdir. Zalda Folluň aýaly

oturan eken. Ol ýokarky sözleri eşiden badyna aglap, ýumrugyny bulap, gygyryp ýerinden galypdyr: «Näme? Foll Gardingi satdy diýýäňizmi? Töhmet! Meniň ärim hiç haçan hiç kime dönüklik eden däldir! Eger şu jaýyň içini gyzyldan dolduryp bereniňizde-de, ol erbet işe baş goşmaz! Gaýtam onuň özüni satdylar: gynaga, asyp öldürilmä sezewar etdiler».

Bu şeýlerägem bolmaly: özünden özge öňýeteni günäkärläp, özüni aklamak—ynsan häsiýetine mahsusdyr. Biziň hemmämiz şeýle. Şonuň üçinem ertir kimdir birini tankytlamakçy bolanymyzda, geliň, Al Kapony, Krouli «Iki Pistoletlini» we Albert Folly ýatlalyň. Tankydyň poçta kepderileri ýaly hemişe öýüne dolanyp gelýändigini, düwünçegiňize berk düwüp goýuň. Biziň ýazgaryp tankytlamakçy bolýan adamymyzyň hem özüni aklamaga çalyşjakdygyny, öz gezeginde onuňam bizi ýazgarjakdygyny, iň bolmanda, mylaýym häsiýetli Taftyň: «Şu eden işlerimden başga näme iş etmelidigime men-ä düşünemok» diýişi ýaly, bir sözi naýynjar gaýtalap, nebsimizi agyrtjakdygyny hiç mahal unutmalyň. 1865-nji ýylyň 15-nji aprelinde, şenbe güni ir bilen Awraam Linkoln horoşaja mebellenen jaýda ölüm halynda ýatyrdy. But ony şu jaýda — Forduň teatrynyň gabat garşysyndaky jaýda atypdy. Linkoln krowatda keseligine süýnüp ýatansoň, ol oňa örän gysgady. Krowada abanyp duran diwardan Roza Bonýorys «At ýarmarkasy» diýen kartinasynyň arzanja göçürmesi asylgy durdy, ugursyzja gaz şeminiň sarymtyk şöhlesi çalaja ýagty berýärdi.

Ölüm halynda ýatan Linkolnyň başujyny saklap oturan harby ministr Stenton: «Şu ýerde dünýäde iň kemçiliksiz ýolbaşçy ýatyr» diýdi.

Linkolnyň adamlar bilen aragatnaşygyndaky üstünliginiň syry nämeden ybarat? Men on ýylyň dowamynda Awraam Linkolnyň durmuş ýoluny öwrendim. Tegelek üç ýylymy bolsa «Näbelli Linkoln» diýen kitaby ýazmaga hem göçürmäge bagyşladym. Linkolnyň şahsyýetini, maşgala durmuşyny mümkin boldugyça çintgäp, gutarnykly öwrendim hasap edýärin. Men Linkolnyň adamlar bilen aragatnaşykda nähili metody ulanandygyny ýörite öwrendim. Ol tankyt bilen meşgul boldumyka? Hawa-la. Ýaş wagtlary, Indiana ştatynyň Pijon-Krik jülgesinde ýaşaýan döwründe, töweregindäkilere tankydy belliklerini aýdany bilenem oňman, illeriň hatlarydyr goşgularynyň üstünden gülüp hat ýazar eken. Hatynam adamlar tapyp okar ýaly, ýol ugruna, adamlaryň köpräk geçýän ýerlerine taşlar eken. Şolar ýaly hatlaryň birinde köteklenen adam, ömri ötýänçä ondai kine saklapdyr.

Hatda ol Springfilde (Illinoýs ştaty) aklawjylyk hünäri boýunça praktika geçip ýörkä-de gazetlere makala ýazyp, garşydaşlarynyň üstüne aç-açan hüjüm edipdir. Bir gezek welin ol juda öte geçipdir.

1842-nji ýylyň güýzünde, «Spingfild jornel» gazetinde çap edilen anonim hatynda ol şöhratparaz hem gazaply Jeýms Şilds diýen irlandiýaly syýasatçynyň üstünden gülüp, ony wejera edipdir. Şähere mergi bolan tekepbir hem öýkelek Şilds gahardan ýaňa ýarylara gelipdir. Ol makalany kimiň ýazandygyny anyklap, ata münüp Linkolnyň ýanyna eňipdir-de ony duele çagyrypdyr. Linkoln duele garşy bolany sebäpli, onuň urşasy gelmändir. Herhal çagyryşdan boýun towlasaňam abraýyňa şek ýetjek bolup duransoň, oňa ylalaşmakdan başga çäre galmandyr. Ýarag saýlamak mümkinçiligini Linkolna

beripdirler. Elleri uzyn bolansoň ol gamany saýlap alypdyr. Uest-Poýnty tamamlanlaryň birinden ol gamany ulanmak boýunça birnäçe sapak hem alypdyr. Bellenilen gün ol Missisipi derýasynyň çägesöw kenarynda Şilds bilen duşuşypdyr. Dueliň şerti boýunça olar tä biri-beýlekisini öldürýänçä, uruşmaly ekenler. Emma iň soňky minutlarda sekundantlar ara düşüp, dueli goýbolsun etdiripdirler.

Linkolnyň durmuşyndaky bu gamgyn hadysa onuň üçin adamlar bilen aragatnaşyk saklamak sungaty boýunça bahasyna ýetip bolmajak sapak bolupdyr, Şondan soň Linkoln hiç haçan göwne degiji hat ýazmandyr. Hergiz adamyň üstünden gülmändir. Şol günden soň ol hiç haçan hiç kimi bir zat üçinem tankytlamandyr diýseňem boljak.

Grajdanlyk urşy döwründe Linkoln Potomagyň goşun komanduşisi edip, birnäçe gezek täze generallary belläpdir. Emma olaryň hemmesi — Mak Klellan, Poup, Bernsaýd, Huker, Mid — wezipelerini örän ýaramaz ýerine ýetiripdirler, bu ýagdaý Linkolny gaty lapykeç edipdir. Ýurduň ýarsy bu paýhassyz generallary rehimsiz ýazgarypdyr, Ýöne Linkoln özüni parahat saklapdyr. Ol: «Kişä gaharyňy getirme, hemmelere rehimdar bol» diýen akyla gulluk edipdir. Onuň iň söýgüli nakyllarynyň biri: «Ýazgarmasaňyz, ýazgarylmarsyňyz» bolupdyr.

Haçanda, hanym Linkoln ýa-da başga biri günortalylar hakynda gödek söz aýdaýsa, Linkoln: «Olary tankytlamaň, şolaryň gününe düşsek, bizem günortalylardan elhal bolmazdyk» diýer eken.

Eger kimdir biriniň haçandyr bir wagt tankyt etmäge bahanasy bolan bolsa, şeýle bahana Linkolnda-da gaty köp

bolupdyr. Diňe bir mysal getireýin.

Gettisbergiň ýanyndaky söweş 1863-nji ýylyň iýulynyň birinji üç gününde dowam edipdir. 4-nji iýul gijesi heniz görülmedik çabga ýagyp, dünýäni suw-sil edende, general Li günorta çekilip ugrapdyr. Özüniň ýeňilen goşuny bilen Potomak derýasynyň kenaryna ýetende, Li derýanyň joşanyny we ondan geçip bilmejegini aňypdyr. Onuň arka tarapyny bolsa ýeňiji federal goşuny gabapdyr. Ol gutulgysyz duzaga düşüpdir. Linkoln muňa düşünipdir. Olaryň öňünde Liýiň goşunyny ýesir almak, urşy ur-tut ýeňişli tamamlamak mümkinçiligi, onda-da ajaýyp hudaý tarapyn mümkinçilik döräpdir. Şonuň üçin uly umyt bilen ganatlanan Linkoln, Mide harby maslahat çagyrman, bada-bat Liýiň goşunyna hüjüm etmegi buýrupdyr. Ol buýrugyny telegraf bilen iberipdir, yzyndanam örän tiz hereket etmekligini talap edip, Mide ýörite çapar goýberipdir.

General Mid nädendir öýdýärsiňiz? Ol tabşyrygyň gös-göni tersine hereket edipdir. Linkolnyň buýrugyny diňlemän, harby maslahat çagyrypdyr, ýaýdanjyrap, hüjümi birsyhly yza çekipdir. Telegraf bilen iberen habarynda bolsa, dürli bahanalara duwlanyp, Liýiň goşunynyň üstüne çozmakdan çürt-kesik boýun towlaýandygyny aýdypdyr.

«Bu näme boldugy?» diýip, gazaba münen Lnnkoln ogly Roberti çagyryp, şoňa içini döküpdir. «Eý hudaý, bu näme boldugy? Olary boýun egdirmek üçin diňe eliňi uzatmak ýeterlikdi. Meniň eden tagallalarymyň birem biziň goşunlarymyzy ýerinden gozgap bilmedi. Häzirki ýagdaýda megerem islendik general Liýi ýeňlişe sezewar edip bilerdi. Özüm şol ýere giden bolsamam, ony derbi-dagyn ederdim!». Şu gürrüňden soň, örän jany ýanan Linkoln Mide aşakda getiriljek

haty ýazypdyr. Ömrüniň şol pursatlarynda onuň soňky çäge çenli mylaýym, kanagatly hem aýtjak gepini örän saldarlap aýdýan kämil dereje ýeten adam bolanlygyny unutmaň. Şonuň üçinem Linkolnyň 1863-nji ýylda ýazan şu haty juda berk käýinje barabar bolmaly. Ine, ol hat

«Gadyrly general!

Liýiň yza çekilmegi bilen baglanyşykly ähli betbagtçylygyň möçberini Siz göz öňüne getirýänsiňiz hasap edýärin. Biz ony aňsat ele salyp bilýärdik. Şeýden bolsak, öňki üstünliklerimizem onuň üstüne goşulyp, urşuň ýatmagyna ýardam etjekdi. Indi bolsa urşuň näçe wagt dowam etjekdigi näbelli. Geçen duşenbede Liýiň üstüne ynamly hüjüm edip bilmedik ýagdaýyňyzda, indi, haçan-da ol derýanyň günortasyna geçenden soň, özüňizem ozalky eliňizdäki goşunyň diňe üçden ikisinden köp bolmadyk bölegini ýanyňyz bilen äkidip biljek wagtyňyzda, nädip hüjüme geçerkäňiz? Indi Siziň üstünlik gazanyp biljekdigiňize ynamym ýok. Oňa ynanmagam akylsyzlyk bolsa gerek, Siz örän gowy mümkinçiligi elden giderdiňiz, men muňa çendenaşa gynanýaryn».

Siziň pikiriňizçe, Mid şu haty okap näderdi?

Her hal, bu haty Mid görmedi, sebäbi Linkoln ony ibermedi. Ol prezident aradan çykandan soň, kagyzlaryň içinden tapylypdyr.

Men hatyň eýesine gowuşmazlygynyň sebäbi şeýleräk bolandyr diýip çaklaýaryn: Linkoln haty ýazyp bolandan soň, penjirä garap öz-özüne şeýle diýendir: «Bir minut sabyr et. Belki, maňa beýle howlukmak gerek däldir. Hüjüme başlamaly diýip, Mide buýruk berip oturmak, Ak tamyň asudalygynda

maňa aňsatdyr. Eger menem Getisbergde bolup, Midin soňky hepdede gören ganlaryny synlap, onuň bagyr awusyny başdan geçiren bolsam, eger meniň gulagymada ýaralylaryň we öljek bolup ýatanlaryň iňňildileri, ahy-nalalary gelip duran bolsa, belki, hüjüme başlamaga menem ymtylmazdym. Eger meniňem häsiýetim Midiňki ýaly çekinjeň bolan bolsa, özümem onuňkydan üýtgeşik iş bitirip bilmezdim. Näme-de bolsa, boljak iş bolupdyr. Eger men şu haty ugradaýsam, janymyň aram tapmagy mümkin, ýöne Mid welin özüni aklamaga mejbur bolar. Ol meni günäkärläp başlar. Bu bolsa ýakymsyz duýgy döreder, Midiň geljekde goşunyň komanduýuşisi wezipesinde işlemegine ýaramaz täsirini ýetirer, belki, ony goşundan gitmäge-de mejbur edäýmegi ahmal». Şeýlelikde, ýaňky aýdyşym ýaly içini gürledip, Linkoln haty bir gapdala süýşürendir. Sebäbi ol ýiti tankydyň we igenişiň peýdasyzdygyny tas betbagtçylyk getiren tejribesinden bilýärdi.

Teodor Ruzwelt prezident hökmünde haýsy hem bolsa bir kyn meseläni çözjek bolanda, adatça arkan gaýyşybrak oturyp, Ak tamdaky iş stolunyň ýokarsyndan asylgy duran Linkolnyň portretine seredip: «Meniň ýagdaýymda Linkoln näderdi? Ol şu meseläni nähiliräk çözerdi?» diýip, öz-özünden soraýan eken.

Şu gürrüňden soň bizde kime-de bolsa birine temmi bermek meýli dörese, geliň jübümizden bäş dollarlyk puly çykaryp, onuň ýüzündäki Linkolnyň şekiline seredeliň hem-de: «Eger şu mesele Linkolnyň öňünde duran bolsa, onda şol näderdi?» diýen sowaly özümize bereliň.

Sizde kimem bolsa birini özgertmek, düzetmek, kämilleşdirmek islegi döräpmidi? Gaty gowy! Örän ajaýyp!

Menem tutuşlygyma şonuň tarapdary.Ýöne näme üçin şony özüňden başlamaly däl? Egoistik nukdaý nazardan seredeniňde-de şeýle etmek, başga adamlary kämilleşdirenden has amatlydyr. Üstesine-de howpsuzdyr.

«Haçanda göreş adamyň öz içinde başlanan çagy, onuň ynsanýetçilik gymmatlygy artyp başlaýar» diýip, Brauning aýdypdyr. Öz-özüňizi kämilleşdirmegiň uzagrak wagtyňyzy alaýmagam mumkindir. Belki, Isa pygamberiň doglan gününiň baýramçylygyna çenli çeker. Çekende näme? Baýramçylyk günleri dynç alarlar-da özgeleri kämilleşdirmäge hem tankyt etmäge şondan soň başlabererler.

Öňürti özüňiz kämilleşiň.

«Öz bosagaňyzyň üstündäki gary arassalaman, goňşyňyzyň üçeginde gar barlygy hakda arz etmäň» diýip, Konfusiý aýdypdyr.

Ýaş wagtlarym menem adamlarda täsir galdyrmak üçin jan edipdim. Bir gezek ýazyjylar hakynda jurnala makala taýýarlamaly boldum. Şonda öz döwründe Amerikada mese-mälim saýlanýan ýazyjy bolan Raçard Harding Dewisden iş metody hakda gürrüň bermegini sorap, bir samsyklaç hat ýazdym. Şu haty ýazmazymdan birnäçe hepde öň kimdir birinden hat alypdym. Şol hatyň ahyrynda: «Aýdyp ýazdyrylan, ýöne okalmadyk diýen ýazgy bardy. Maňa bu ýazgy örän güýçli täsir etdi. Men bu hatyň awtoryny örän işli, ketde adamdyr hasap edipdim. Dewise hat ýazamda ullakan bir işim bolmasada, onda täsir galdyrmak niýeti bilen hatymyň soňuny: «Aýdyp ýazdyrylan, ýöne okalmadyk» diýen sözler bilen tamamladym.

Ol meniň hatyma jogap berjek bolup gaty emgenmändir.

Dewis ýazan hatym-a yzyna iberipdir, ýüzünede harsal hat bilen: «Siziň samsyk hesiýetiňiz çak edilişindenem artyk eken diýip, keseligine ýazyp goýberipdir. Dogry, men gödek ýalňyşlyk goýberipdirin. Belki, ol maňa igenmäge-de haklydyr. Şeýle-de bolsa bu ýazgy mende adama mahsus bolan gahar döretdi Özem gaty gaharym gelen eken. Ýatlamak utanjam bolsa, dile geldi, bile geldi diýlenini edip, aýdaýyn: on ýyl geçenden soň onuň ölenini eşidemde, ol barada ýekeje ýatlan zadym Dewisiň menin göwnüme degenligi boldy.

Eger biz onlarça ýyllap, belki-de iň soňky demimize çenli janymyza jebir berýän öýke-kineden halas bolmak islesek, onda geliň tankydyň näderejede delillidigine seretmezden, ertiriň özünde öz-özüňizi tankytlamak bilen meşgul bolalyň.

**Adamlar bilen aragatnaşykda bolan mahalyňyz, logiki pikir ýöretmäni başarmaýan, duýgularyň dowluna düşüp, ýalan düşünjelerden ýüki ýetik, gopbamlyk we şöhratparazlyk bilen iş gören jemendeler bilen iş salyşýandygyňyzy birjik-de unutmaň.**

Tankyt bolsa ulumsylygyň därili gorhanasyna ot berjek howply uçgundyr. Käbir ýagdaýlarda ol partlaýyş ölümi tizleşdirip biler. Mysal üçin, general Leonard Wud taňkyt edileni sebäpli, goşun bilen Fransiýa gitmäge rugsat almady. Bu ýagdaý onuň mertebesine degdi. Belki-de onuň ömrüni gysgaldanam şoldur.

Iňlis edebiýatyny bezän, romançy-ýazyjylaryň iň görnüklileriniň biri, hetdenaşa duýguçyl Tomas Hardiniň adresine aýdylan ýiti tankyt, ony gaýdyp belletristika ýazmakdan ýüz öwürmäge mejbur edýär tankyt —iňlis şahyry Tomas Çattertonyň özüne kast edip ölmegine sebäp boldy.

Ýaşlygynda biedeplik eden Benjamin Franklin (Rus edebiýatynda ol köplenç Weniamin Franklin hökmünde tanalýar) wagtyň geçmegi bilen adamlar bilen aragatnaşyk etmekde pähimlilik we ökdelik görkezeni üçin, ony Fransiýada Amerikan ilçisi edip bellediler. Onuň bu üstünliginiň sebäbi näme? «Men hiç kim barada erbet zat aýdyp biljek däl, ýöne her kim barada bilýän gowy zatlarymy welin gürrüň bermäge taýyn» diýip, ol ýygy-ýygydan gaýtalar eken.

Taňkytlamany, ýazgarmany, öz närazylygyny bildirmäni her akmak başarar. Adatça, akmaklaryň köpüsi şeýle-de edýärler.

Düşünjelilik we geçirimlilik etmek üçin, güýçli häsiýet we özüne erk etmekligi başarmak gerek.

«Beýik adamlaryň beýikligi, olaryň pes adamlar bilen gatnaşygynda ýüze çykýar» diýip, Karleýl aýdypdyr.

Adamlary ýazgarjak bolmaň, geliň, olara düşünjek bolalyň. Olaryň näme üçin başga hili etmän, diňe şeýle edendiklerini ýazgarmaga alňasaman, ýagdaýy paýhas eleginden geçirmäge çalyşalyň. Bu tankyt bilen meşgul bolmakdan has peýdalydyr hem gyzyklydyr. Ol adamda töweregindäkilere bolan duýgudaşlygy, dözümsizligi we hoşniýetliligi ösdürýär. «Hemme zada düşünmek — hemme zady bagyşlamak diýmekdir».

***Doktor Jonson* «hudaýyň özi hem adamyny onuň soňky günlerine çenli ýazgarjak bolup durmaýar» diýer eken.**

Eýsem, näme uçin ony biz şeýtmeli däl ?!

*Ikinji bap*

# ADAMLAR BILEN ARAGATNAŞYK SUNGATYNYŇ ULY SYRY

Kim-de bolsa birini nämedir bir zat etmäge gönükdirmekligiň dünýäde ýeke-täk ýoly bar. Heý, şu barada siz haçandyr bir wagt pikir edipmidiňiz? Hawa, munuň dünýäde ýeke-täk täri bar. Olam başga adamy şol işi etmäge höweslenmäge mejbur etmekden ybaratdyr.Ýadyňyzdan çykarmaň, başga ýol ýokdur.Elbetde, siz sapançanyň nilini diräp, bir adamyny size sagadyny bermäge mejbur edip bilersiňiz. Siz gullukçyny işden kowmak howpy bilen gorkuzyp,buýrulan işi ýerine ýetirmäge mejbur edip bilersiňiz. Çagaňyzam gamçy bilen gorkuzsaňyz, ol siziň diýeniňize tabyn bolar. Emma gödek tärleriň soňunyň erbetlik bilen gutarmagy mümkindir.Size haýsy hem bolsa bir işi etdirmek üçin, mende ýeke-täk ýol bar.Olam: siziň hemişe küýseýän zadyňyzy berip, kalbyňyzy gopdurmakdan ybaratdyr.Ýogsa-da siz näme isleýärsiňiz?Ýigriminji asyryň belli psihologlarynyň biri bolan, belli wenaly alym doktor Zigmund Freýd «Biziň bolşumyzyň, hereketlerimiziň esasynda iki sany mazmun — sekse bolan höwes we beýik bolmak islegi ýatandyr» diýipdir.Iň synçy amerikan filosofy Jan Dýun muny başgaçarak aýdypdyr. Ol adamyň tebygatyna mahsus bolan çuň arzuwlarynyň biriniň abraýly bolmakdygyny tassyklaýar. Abraýly bolmak islegi ! Şu jümläni ýadyňyzda berk saklaň. Bu örän möhümdir. Eliňizdäki kitapda muňa örän köp gabat gelersiňiz.Şeýlelikde siz näme isleýärsiňiz? Gaty köpem däl! Azam bolsa, şol islegiňizi bütin

ömrüňiziň durkuna tutanýerlilik bilen gazanjak bolup, ser-sepil bolýarsyňyz. Her bir akly ýerindäki uly adam şu zatlary isleýär:

1. saglyk we ömür
2. iýmit,
3. uky,
4. pul we pula satyn alyp bolýan zatlary,
5. ol dünýädäki ýaşaýşy,
6. jyns gatnaşyklary boýunça kanagatlanmany,
7. maşgala abadançylygyny,
8. şahsy abraýy.

Şu arzuwlaryň birinden başgasyny esasan kanagatlandyryp bolýar. Edil uky we iýmit ýaly, güýçli we hökmürowan bir arzuwa etýän adamlar seýregräkdir. Ol Freýdiň at beren «beýik bolmak arzuwydyr» Dyoniň dili bilen aýtsak bolsa, «abraýly bolmak arzuwydyr».Bir gezek Linkoln: «Hemmeler hoşamaý sözleri gowy görýärler» diýen jümleler bilen hat ýazmaga başlapdyr. Uilýam Jeýms: «Adam tebigatyna juda çuňňur mahsus bolan häsiýetleriň biri, olaryň özlerine mynasyp baha bermäge tüýs ýürekden ymtylýandygydyr» diýipdýr. Ol ýöne «isleg», «arzuw», «ymtylma» diýmän, «tüýs ýürekden ymtylýa» diýipdir. Şuny belläp geçeýin.Ine, şunuň özi adamy hemişe horlaýan çydamsyz teşnelikdir. Şol teşneligi gandyryp bilýän tapylgysyz adam — ýüreklere emir eder. Ol aradan çykanda hatda: «tabyt ýasaýan ussa-da gynanar». Öz abraýyňy artdyrmaklyga ymtylmak, adamyny haýwanlardan tapawutlandyrýan sypatdyr. Şu barada bir mysal getireýin: oglanjykkam Missuridäki fermada ýaşaýardýk. Kakam dyorik-jersi diýen ajaýyp tohum doňuzlary hem ak tumşukly tohum sygyrlary köpeldýärdi. Orta Günbatarda geçirilýän

ýarmarkalaryň we sergileriň hemmesinde diýen ýaly biz tohum mallarymyzy görkezerdik. Şeýdip onlarça gezek birinji baýragy aldyk. Kakam alan sylaglarymyzy uzyn zolak mütgel matanyň bir ýüzüne dakyp, ýygnap goýardy. Öýe myhman gelen çaglary ýaňky matanyň herimiz bir gapdalyndan tutup, sylaglarymyzy gelenlere görkezerdik. Haýwanlar alan sylaglary bilen birjik-de gyzyklanmaýardylar. Kakam welin olary gowy görerdi. Sebäbi şol sylaglar oňa özüniň ähmiýetli adamdygyny ýatladardy. Eger biziň ata-babalarymyz özleriniň ähmiýetli adamdyklaryny subut etmek üçin hyjuwly göreşmedik bolsalar, onda siwilizasiýa bolmazdy. Biz haýwanlardan kän bir tapawutlanmazdyk. Bir bakaleýa dükanjygynyň garyp bakgaly bolupdyr. Ol elli sente alan içi akyr-ukurly çeleginiň düýbünden hukuk barada birnäçe kitap tapypdyr. Sowatsyz bakgal öz ähmiýetini artdyrmak üçin, sowat öwrenip şol kitaplary okamaga girişipdir. Siz ol bakgal hakynda eşidensiňiz. Oňa Linkoln diýýärler. Şahsy abraýydyr ähmiýetini artdyrmaga bolan hyjuw Dikkensi ölmez-ýitmez romanlaryny ýazmaga ruhlandyrdy. Şuňa jan etmeklik ser Kristofer Renä daşdan simfoniýa düzmäge joşgun berdi. At-abraýa bolan höwes Rokfelleri ömrüniň ahyryna çenli sowup ýetişmedik millionlaryny toplamaga mejbur etdi. Siziň şäheriňizdäki iň baý adamyň özüne geregindenem artykmaç uly hem kaşaň jaý gurnanlygynyň sebäbi hem hut ýokarky ýagdaý sebäplidir. Ähmiýetli adam bolmaklyga ymtylmak: sizi iň soňky modada tikilen eşik geýmäge, iň täze modelli awtomaşyny sürmäge we özüňiziň çagalarynyzyň meşhurdygy barada gürrüň etmäge mejbur edýär. Ýaş ýetginjeklerde galtaman we kellekeser bolmak höwesini döredýänem ähmiýetli kişi bolmaga

höwesdir. Häzirki döwrüň ýaş jenaýatkärleri başbitin öz şahsyýetleri bilen gümra — diýip, Nýu-Ýorkuň ozalky polisiýa komissary I. P. Malruni gürrüň berýär. — Tutulanlaryndan soň, olaryň birinji talap edýän zatlary — olardan «gahryman ýasaýan köçe gazetlerini görmekdir. Ol gazetlerdäki Beýb Rut, La-Gardia, Eýnşteýn, Lindberg, Toskanini ýa-da Ruzwelt ýaly meşhur adamlar bilen bir hatarda ýerleşdirilen suratyna keýp edip seredip otyrka, tiz wagtdan elektrik stulyň üstündäki gyzgynjak ýeri eýelemeli boljakdygy, onuň ýadyna-da düşenok diýen ýaly. Eger siz maňa şahsy abraýyňyzyň ähmiýetli bolmagyny nähili ýol bilen gazanýandygyňyzy aýtsaňyz, men siziň kimdigiňizi aýdaryn. Ol siziň häsiýetiňizi kesgitleýär. Ol siz baradaky iň wajyp zatdyr, mysal üçin Jon D. Rokfeller şahsy abraýynyň ähmiýetini artdyrmak maksady bilen Hytaýyň paýtagty Pekinde häzirki zaman keselhanasyny gurdurdy. Millionlarça garyplara niýetläp, pul döküp gurduran bu keselhanasyny Rokfelleriň özi görmedem, hiç haçan görmezem. Dillinjer welin şahsy abraýynyň ähmiýetini artdyrmak üçin ýaramaz işlere baş goşdy. Talaňçylyk etdi, bank ýardy, adam öldürdi. Haçanda Federal derňew býurosynyň agentleri ony ele salmak üçin kowalap barýarkalar ol Minnesotadaky fermalaryň birine kürsäp girip; «Men — Dillinjer» diýipdir. Ol özüniň jemgyýetiň birinji nomerli duşmanydygyna buýsanýan eken. Ol: «Men size ýamanlyk etjek däl, ýöne men — Dillinjer» diýip gaýtalapdyr. Hawa, Dillinjer bilen Rokfelleriň arasyndaky ýeke-täk düýpli tapawut: olaryň şahsy abraýyny artdyrmak üçin saýlan ýollaryndan ybaratdyr. Taryhda adamlaryň şahsy abraýynyň ähmiýetini artdyrjak boluşlarynyň örän köp gülkünç mysallary bar. Mysal üçin, Jorj Waşington özüne: «Siziň

alyhezretleriňiz — Birleşen Ştatlaryň prezidenti diýlip ýüzlenilmegini isläpdir, Kolumb bolsa, «Okeanyň admiraly we Hindistanyň wise koroly» diýen tituly bermeklerini haýyş edipdir. Ýekaterina II gelen hatyň ýüzüne: «Beýik mertbeli imperatora» diýlip ýazylmadyk bolsa, ol haty açyp okamagada meýil etmändir, Linkoln hanymyň ak tamda Grant hanymyň üstüne gaplaň ýaly topulyp, oňa näme üçin gygyranyny bilýäňizmi? Ol: «Siz meniň bar ýerimde, menden rugsat soraman, neneň oturmaga het edip bildiňiz?!» diýipdir. Biziň millionerlerimiz admiral Berdiň antarktika ekspedisiýasyny maliýeleşdirenlerinde, şol ýerdäki buz örtükli dag gerişlerine öz atlaryny dakmak şertini goýupdyrlar. Wiktor Gýugo Parijiň adynyň öz şanyna üýtgedilmegi üçin erjellik bilen jan çekipdir. Hatda beýikleriň beýigi Şekspir hem şan-şöhratyny has galdyrjak bolup, öz nesli üçin ýörite gerb ýasatmaň kül-külüne düşüpdir. Özgeleriň duýgudaşlygyny gazanmak hem özüne üns berilmegini isläp, kähalatda adamlaryň keselleýäni hem bolýar. Şeýle adamlar keseliniň üsti bilen şahsy ähmiýetiniň artandygyny duýmak isleýärler. Mysal hökmünde hanym Mak-Kinlini alyp gereliň. Ähmiýetiniň artykmaçdygyna buýsanasy gelýän bu aýal tä uklaýança, ärine görgi ýamanyny görkezipdir. Äri aýalynyň krowadyna ýaplanyp, gujaklap oturyşyna hoşamaý sözler aýdyp, ony uklatmaly eken. Wajyp döwlet işlerini goýup, şeýdip oturmaga mejbur bolýan är kimdir öýdýärsiňiz? Amerikanyn Birleşen Ştatlarynyň prezidenti! Hanym Mak-Kinli özüni horlaýan üns teşneligini gandyrmak üçin, hatda diş doktoryna dişini bejerdýärkä-de äriniň ýanynda bolmagyny talap edipdir. Bir gezek Mak-Kinli wajyp iş bilen Jon Heý (amerikan döwlet işgäri, «ýazyjy, Mak-Kinliň

administraniýasynda döwlet sekretary bolan) bilen duşuşyga gitmeli bolanda, aýalyny diş doktorynyň ýanynda goýup gitjek bolýar. Aýaly şonda bir topgyn turuzypdyr welin, diýip-aýdar ýaly dälmişin. Bir gezek maňa Meri Roberts Raýnhart şahsy abraýynyň kemligine kemsinip kesellän, başarnykly, dogumly ýaş aýal hakynda gürrüň berdi. Hanym Raýn hartyň aýtmagyna görä, ýaňky aýal bir ýakymsyz zat barada, belki-de öz ýaşy we indi oňa durmuşa çykmagyň kyn boljakdygy barada pikir etmäge mejbur bolupdyr. Öňde özüne ýalňyzlygyň garaşýanlygy hakdaky tukat pikirler ony basmarlapdyr. Geljekki umytsyzlyga tap beren zenan, günleriň bir güni süýnüp ýatan düşeginden turmandyr. Onuň garry ejesi on ýyllap näsag ýatan gyzyna esewan bolupdyr. Ýatan jaýyna iýjek-içjegini getirip beripdir. Her gün jaýyň üçünji gatyna — gyzynyň ýatan otagyna gatnamakdan ýana sütüni süýnen garry hem bir gün dünýäden ötüpdir. Keselli şondan soňam birnäçe hepdäniň dowamynda hesret çekip ýatypdyr. Soňra bolsa düşeginden turup, eşiklerini geýip, ýenede öňküsi ýaly ýaşap başlapdyr. Ýowuz hakykatly bu durmuşdan öz şahsy abraýyny tapyp bilmedik adamlaryň käbirleriniň, dälilігiň hyýaly dünýäsinden şol abraýy tapyp bilerin umydy bilen aklyndan azaşmaklarynyň mümkindigini, abraýly spesialistleriň birnäçesi aýdýarlar. Amerikanyň Birleşek Ştatlarynyň keselhanalarynda psihiki taýdan horluk çekýän syrkawlaryň sany, başga keseller bilen kesellänleriň hemmesini birlikde alanyndakydan hem kändir. Eger siziň ýaşyňyz on bäşden geçen bolsa, özüňizem Nýu-Ýork ştatynda ýaşaýan bolsaňyz, onda siziň ömrüňiziň ýedi ýylyny psihatrik keselhanada geçirmäge ýigrimiden bir mümkinçiligiňiz bardyr.Telbelige näme sebäp bolýar? Şeýle

kyn sowala hiç kim jogap berip bilenok, ýöne biz käbir kesellerin, mysal üçin, merezel keseliniň beýni öýjüklerini weýran edýändigini, öldürýändigini hem adamy däliredýändigini bilýäris. Umuman, psihiki kesellileriň ýaryna golaýy beýnä fiziki taýdan zeper ýetenligi üçin keselleýärler. Mysal üçin onuň sebäbi arakhorluk, beýniniň weýran bolmagy, zäherli maddalar arkaly zäherlenmek, fiziki şikes netijesinde bolup biler. Emma iň howply ýeri ruhy näsaglaryň ikinji böleginde beýnide hiç hili organiki ýetmezçilik ýokdur. Şeýle syrkawlar aradan çykandan soň, olaryň beýnilerini iň güýçli mikroskoplar arkaly barlap göreniňde-de beýni dokumalaryndan hiç hili kemçilik tapyp bolanok. Olaryň kelleleriniňem edil biziňki ýaly sagdyndygyny barlaglar görkezdi.Onda näme üçin olar akylyndan azaşýarkalar? Men ýaňy-ýakynda biziň belli psihatrik keselhanalarymyzyň biriniň baş wrajyna şu sowaly berdim. Kärine ökdeligi bilen şu ugurdan iň ýokary sylaglara mynasyp bolan doktor, beýle hadysanyň sebäplerini bilmeýändigini açyk boýun aldy. Muny takyk delillendirip bilýänem ýok.. Şeýle-de bolsa, ol doktor aklyndan azaşan adamlaryň köpüsiniň, şu durmuşda tapyp bilmedik orunlaryny dälilik dünýäsinde arkaýyn eýeläp bilýändiklerini aýtdy. Onsoň ol maňa şu zatlary gürrüň berdi. «Häzir keselhanamda durmuşa çykandan soň, tamasy puç bolan bir zenan ýatyr. Ol özüniň söýülmegini, jynsy kanagatlanmany, çaga dogurmagy we durmuşda abraýynyň bolmagyny isläpdir. Emma durmuşy onuň hemme umytlaryny puja çykarypdyr. Adamsy ony söýmändir. Onuň hatda aýaly bilen bir stoluň başynda nahar iýesi hem gelmändir. Äri ýokarky otaglaryň birinde özbaşdak naharlanar eken. Şunlukda

ýaňky aýalyň çagasam bolmandyr, garaşan şahsy abraýy hem depelenipdir. Ahyram görgüli akylyndan azaşypdyr. Häzir ol hyýalynda özüni ärinden aýrylyşyp; gyzlykdaky familiýasyny alan hasaplaýar. Indi ol bir iňlis aristokratyna durmuşa çykandyryn öýdýär. Smit hanym diýip adynyň tutulmagyny hemmeden talap edýär.Çaga dogurmak henizem kalbyndan çykmandyr. Pahyryň hyýalynda her gije çagasy bolýan bolarly. Her gezek seretmäge baranymda ol: «Doktor, öten agşam meniň çagam boldy» diýip, buşlaýar. Durmuş onuň hyýaly gaýyklaryny bir wagtlar ajy hakykatyň uçut gaýalaryna urup, çym-pytrak edipdir. Emma onuň häzirki güneşli fantastiki dünýäsinde hemme brigantinalar aman-sag kenara dolanyp gelýärler, olaryň bogaldaklary bolsa ýel çişiren ýelkenleriň derdinden jygyldaşýarlar».Tragediýamy? Men-ä näme diýjegimi bilmedim. Onuň wraçy: «Eger mende ony bejermäge mümkinçilik bar bolan bolsa-da, syrkawy sagaltmakdan saklanardym. Sebäbi ol şu wagtky ýagdaýynda has bagtly» diýýär.Umuman däli adamlar bizden-sizden bagtlydyr. Olaryň köpüsine telbelik ýaraýar. Näme üçin ýaramasyn?! Olar ähli meselelerini çözüpdirler. Size islän çaglary million dollarlyk çek ýa-da ana hana maslahat hatyny ýazyp berip bilýärler. Olar öz döreden hyýaly dünýälerinde, hakyky durmuşlarynda juda ym-tylan at-abraýlaryny gazanypdyrlar.

Eger käbir adamlar şeýle derejä ýetmek üçin, hakykatdanam aklyndan azaşýan bolsa, onda biz adamlara şeýle mümkinçiligi sözüň doly manysynda döredip biläýsek, gör nähili belentliklere ýetip bilerdik.Meniň bilşim boýunça, diňe iki adam her ýylyna bir million dollardan hak alypdyr. Uolter Kraýsler we Çarlz Şwab ikisiniň bütin taryhda taýy

bolmadymyka? Endro Karnegi Şwaba näme üçin her ýylda million dollar, ýa-da her gününe üç müň dollar töländir? Näme üçin? Şwabyň geniligi üçinmi? Ýok. Onuň polat önümçiligini başgalardan gowy bilýänligi üçinmi? Bolmajak zat. Sebäbi maňa Çarlz Şwabyň özi garamagynda polat öndürmekde özünden köp bilýän adamlaryň ençemesiniň işleýändigini gürrüň berdi. Oňa şeýle köp haky esasan adamlar bilen işleşmegiň ugruny tapýandygy üçin töländiklerini, Şwab gürrüň berýär. Men ondan: «Nädip adamlaryň ugruny tapýaň?» diýip soradym. Ol maňa ugurtapyjylygynyň gizlin syrlaryny aýtdy. Onuň şol sözlerini bürünç harplar bilen guýup, her öýde, her mekdepde, her dükanda, her edarada görnükli ýerden asyp goýmaly. Çagalar latyn işliklerini öwrenmek, ýa-da Braziliýadaky ýagýan ygalyň mukdaryny ýatda saklamak üçin sarp edýän wagtlaryny şu sözleri hergiz unutmazlyk üçin sarp etseler, bu sözleri ynsanyýetiň dewizi hökmünde kabul etsek, biziň durmuşymyz tanalmaz derejede üýtgär. Ine, şol sözler: «Adam mertebesini ykrar etmek we höweslendirmek arkaly, ynsanda bar bolan iň gowy duýgulary oýarmak hem-de onda ruhubelentlik döretmek, meniň iň gymmatly häsiýetim hasap edýärin»— diýip, Şwab aýdýar. «Başga hiç bir zat ýolbaşçynyň käýinji ýaly adamyň mertebesine gaty zarba urmaýar. Men hiç haçan hiç kimi tankyt etmeýärin, işde adamy häweslendirmegiň güýjüne ynanýaryn. Şonuň üçinem men adamlary öwmekligi gaty gowy görýän, olara käýemekligi bolsa biçak ýigrenýärin. Eger maňa bir zat ýarasa, oňa ak ýürekden baha berýärin hem-de öwgimi gysganamok», Ine, Şwab şeýle edýär. Adaty adamlar nädýär? Edil tersine. Eger oňa bir zat ýaramasa, şol bada jyny atlanýar, ýarasa-da sesinem çykaranok. «Maňa dünýäniň dürli

künjeklerindäki köp ajaýyp adamlar bilen duşuşmak miýesser edýär. Gatnaşyklaryň şu giňliginde-de men şu çaka çenli adamyň, onuň belentligine we eýeleýän wezipesiniň ululygyna garamazdan, tankyt astynda göwünjeň, keýpihon işleýänine duşmadym. Adam hoşniýetli ýagdaýda has erjel, has yhlasly hem gowy işleýär. Men muny hemme ýerde gördüm» diýip, Şwab gürrüň berýär. Şwabyň aýtmagyna görä, Endrýu Karnegiň adatdan daşary üstünlikleriniň özeni hem şundan ybarat eken: Karnegi öýe egindeşlerini köpçülikde-de,ýekelikde-de öwüpdir. Ol hatda mazar daşyndaky ýazgyda hem kömekçilerine laýyk baha bermek isläpdir. Ýadygärligine şeýle epitafiýa ýazmaklygy wesýet edipdir: «Bu ýerde öz daşyna özünden akylly adamlary nädip ýygnamalydygyny bilen ýatyr».

Rokfelleriň üstünlikleriniň syrlarynyň biri hem onuň adamlar bilen aragatnaşykda olaryň ýürekden gadryny bilmek ukyby bolupdyr. Mysal üçin, onuň hyzmatdaşlyk eden adamlarynyň biri bolan Edward T.Bedford Günorta Amerikada bir şowsuz söwda edip, firma bir million dollar zyýan saljak gödek ýalňyşlyk goýberipdir. Rokfeller ony tankyt edip biljekdi, emma ol Bedfordyň gowusyny etjek bolanlygyna-da düşünýärdi. Şonuň üçinem ol Bedforda kelam agyzam teýeneli söz diýmän, gaýtam ony öwmäge sebäp tapypdyr. Rokfeller ony goýan maýalarynyň altmyş prosentini halas edenligi bilen gutlapdyr. Hem-de: «Bu örän ajaýypdyr, özümiz ýokarky gatda oturanlygymyz üçin, hemişe munuň ýaly gowy işläp bilemzok» diýipdir. Öňde-soňda Brodweýi haýran galdyran antreprenýorlaryň iň ajaýyplarynyň biri bolan Zigfeld, özüniň at-abraýynyň artmagynda «amerikaly gyzy wasp etmegiň» inçe

tärlerini bilýänligine borçlydyr. Ol telim gezek, ýüzüne bir baksaň, ikinji gezek seredesiň gelmeýän yşnaksyz gyzjagazlary işe alyp, ony ssenada şeýle bir owadan, özüne çekiji, syrly gözele öwürdi. Tarypyň we ynamyň ähmiýetine gowy düşünýän Zigfeld, aýallar bilen aragatnaşyk edende, özüniň sypaýylygydyr hoşamaýlygy bilen olaryň özüni peri ýaly owadan duýmaklaryny gazanypdyr. Örän işeňňir hem tejribeli bolan bu adam, horda aýdym aýdýan aýallaryň iş hakyny otuz dollardan bir ýüz ýetmiş bäş dollara ýetiripdir. Ol rysarlyk etmegi hem başarypdyr. Mysal üçin, teatr rewýuy açyljak güni ol meşhur aktrisalara we horda aýdym aýdýan aýallara hem gyzlara gutlag telegrammalaryny iberipdir, olara «amerika perisi» diýen bägül çemenlerini gowşurypdyr. Berhiz tutmagyň ýörgünli döwürlerinde, menem bir gezek berhiz tutdum. Alty gije-gündizläp hiç zat iýmedim. Aç gezmek gaty kynam bolmady. Altynjy günüň ahyrynda nahara bolan islegim ikinji günüň ahyryndakydan has azdy. Çagalaryny, işgärlerini alty günläp aç saklaýsalar, ullakan jenaýat etdik hasap etjek adamlaryň bardygyny menem, sizem bilýärsiňiz. Emma olar alty günläp, alty hepdeläp, kä halatda bolsa altmyş ýyllap, ýakyn adamlarynyň iýmitçe teşne zatlary bolan şahsy mertebelerini, tüýs ýürekden ykrar etmeýändiklerini, näme üçindir jenaýat hasaplamaýarlar. Haçanda Alfred Lunt «Wenadaky täzeden birigiş»» diýen pesada baş rolda oýnanda! «Meň hemme zatdan beter sarpamyň saklanmagyna mätäç» diýipdi. Biz çagalarymyzyň, dostlarymyzyň we işgärlerimiziň saglyk ýagdaýyny mümkin boldugyça, oňat saklajak bolýarys, emma olaryň sarpasyny gör, nähili seýrek saklaýarys. Biz olaryň fiziki güýçlerini saklamaklary üçin jan edýäris. Kartoşkadyr

gowrulan et berýäris. Emma dań säherdäki ýyldyzlaryň mukamy ýaly, olaryň aňynda uzak ýyllar ýaňlanjak hoşamaý sözleri aýtmak barada az alada edýäris. Şu setirleri okap, birnäçe okyjylary «Köneçe!! Hoşamaýsyramak! Diliňi aýnatmaklyk! Ýaranjaňlyk!» diýmekleri mümkin. «Men bujagaş hileleriň hemmesini synap gördüm. Olaryň hiç hili täsiri ýok, akylly adamlar-a munuň ýaly sözlere asla gulak asanok» diýjeklerem tapylar. Elbetde, ýaranjaňlyk bilen düşbi adamlara örän seýrek täsir edip bolar. Sebäbi ol diňe özüňi bilip, boş sözlemekdir, ýasamadyr. Ýaraňjaňlyk bilen üstünlik gazanyp bolmaz, käbir utançsyzlar bolaýmasa, ony ulanýanam ýok. Her hal, käbir adamlaryň ykrar edilmä şeýle bir teşnedigini unutmalyň, olar aç adamlaryň ot we gurçuk iýşi ýaly, ýaranjaňlygy hem seljermän ýuwdup goýberýärler. Köp gezek öýlenen doganlar Mdiwanileriň nika bazaryndaky şeýle uly üstünlikleriniň sebäbiniň nämededigini bilýänizmi? Bu galp knýazlar iki sany owadan hem meşhur kinoaktrisa, dünýä belli aýdymçy aýala, ençeme millionlaryň eýesi Barbara Hattona nädip öýlenip bilipdirler? Nädip? Olar beýle üstünligi neneňsi gazanypdyrlar? Adelz Rojers Sent-Jon «Liberti» diýen jurnalda, «Mdiwanileriň, näme bilen aýallary ýesir edendikleri köp adamlar üçin açylmadyk syrdyr» diýip ýazýar. Soňra ol şol syry şeýleräk paş edýär: «Durmuş tejribesi ýeterlik, erkek adamlara belet bolan Pola Negri maňa Mdiwanylaryň syryny şeýle düşündirdi. Bu belent aktrisanyň aýtmagyna görä, «Olar maňa duş gelen erkek adamdaryň hiç birinde gabat gelmedik ýaranjaňlyk sungatyny ele alypdyrlar. Biziň ýumordan mahrum bolan real dünýämizde beýle sungat, tas ýitip gitdi diýen ýalak. Mdiwanileriň aýallara mährem görünýändikleriniň esasy syry

şunda. Ynanyň, men muny bilýän» diýip, ol maňa aýtdy». Hatda korol aýal Wiktoriýa hem öwülenini kem görenok eken. Onuň bilen aragatnaşykda örän tiz-tizden ýaranjaňlyga ýüz urandygyny Dizraeli boýun alypdyr. Onuň öz aýtmagyna gärä, ol korol aýala «gödek ýaranjaňlyk edipdir». ýöne Dizraeli giň Britaň imperiýasyny dolandyrýan ýokary gatlagyň adamlarynyň arasynda iň bir ussat, başarjaň hem ýeser adamlaryň biri bolupdyr. Ol öz hünäriniň genisi eken. Onuň aňsatlyk bilen eden işlerini ikimiziň başarmazlygymyzam mümkindir. Ahyrky netijede, size ýaranjaňlygyň peýdasyndan zyýany köp bolar. Ýaranjaňlyk ýasamadyr: Edil , ýasama puly ýerlejek bolmagyň bir günden-bir gün betbagtçylygyň üstünden eltişi ýaly, ýaranjaňlygam ahyr bela-betere duçar eder. Mertebäňi ykrar etmek bilen ýaranjaňlygyň tapawudy näme? Bu sowala jogap bermek aňsat. Ykrar etmeklik akýüreklilik, ýaranjaňlyk bolsa ikiýüzlülikdir. Birinji halys ýürekden edilýän işdir, ikinji kiçi dilden bärki önümdir. Birinji hoşniýetlilikdir, ikinji diňe öz bähbidiňi aramakdyr. Birinjä hemme kişiniň gözi gidýär, ikinjini hemmeler ýazgarýar.

Men ýaňy-ýakynda Mehikonyň Çapultepek köşgünde general Obregonyň heýkelini gördüm. Heýkeliň aşagyna general Obregonyň aýdan şu dana sözleri oýulyp ýazylypdyr:«Üstüňize hüjüm edýän duşmandan gorkmaň. Ýaranjanlyk edýän dostlaryňyzdan gorkuň» ýok! Ýok! ýok! Men size asyl-ha ýaranjaňlyk etmegi maslahat bermeýärin. Ýekeje gezegem. Men täze durmuş obrazy hakda gürrüň edýärin. Ýene bir gezek gaýtalamaga rugsat ediň.. Men täze durmuş obrazy hakda gürrüň edýärin. Korol Georg V Bukingem köşgündäki kabinetiniň diwaryna owadanlap ýazylan alty dana sözi gowy

görýän eken. Olaryň biri şudur: «Maňa arzan öwgini paýlamanam, almanam öwretmäň». Ýaranjaňlyk — şol arzan öwgüdir. Men bir gezek ýaranjaňlyk diýen sözüň kesgitlemesini okadym, ony şu ýerde getiräýsem artykmaçlyk etmese gerek. Ine, ol: «Ýaranjaňlyk etmek — adamyň özi baradaky pikirini onuň özüne aýdyp bermekdir». «Nähili söz düzümleri ulansaňyzam, özüňizi häsiýetlendirýän sözleri aýtman bilmersiňiz» diýip, Ralf Uoldo Emerson aýdypdyr. Eger biz başga işlerimizi taşlap, diňe biri-birimize ýaranjaňlyk etsek, biz oňa derrew düşünerdik we adamlaryň aragatnaşygyny öwrenýän spesialistler bolup bilmezdik. Eger biz haýsy hem bolsa bir meseläni çözmek bilen meşgul däl mahallarymyz, adatça wagtymyzyň togsan bäş prosentini özümiz hakyndaky pikirler üçin sarp edýäris. Eger biz az mahallygam bolsa özümizi ýatdan çykaryp gürrüňdeşimiziň gowy taraplary hakynda pikir etsek, onda biz entek dodagymyz gymyldamanka bildirjek bolup duran arzan, ýasama, ýoknasyz ýaranjaňlyga ýüz urmaly bolmarys. «Meniň her bir duşan adamym, haýsam bolsa bir meselede menden artykmaç. Men şol zady ondan öwrenmelidirin» diýip, Emerson aýdypdyr. Eger şu aýdylan zatlar Emerson üçin makul bolsa, onda ol ikimiz üçin müň esse makul bolmalydyr. Geliň, öz üstünliklerimiz we isleglerimiz barada azyrak pikir edeliň. Özgeleriň oňat taraplaryna baha bermäge synanyşalyň. Ýaranjaňlygy ýatdan çykaralyň. Dogry zatlary makullap, aýdan sözüňizi ak ýürekden aýdyň. Adamlara ak ýürekden baha beriň, öwgini gysganmaň. Şeýtseňiz, adamlar siziň sözleriňizi ýadynda saklar, bütin ömrüniň dowamynda gadryny bilip gaýtalar, hatda ol sözler öz ýadyňyzdan çyksa-da uzak ýyllap iliň ýadyndan çykmaz.

*Üçinji bap*

## «KIMDE-KIM ŞUNY BAŞARSA, DÜNÝÄ EMRINI ÝÖREDER, BAŞARMADYKLAR BOLSA, ÝALŇYZ GALAR»

Men her tomus Mene balyk tutmaga gidýärin. Dogrusy, özüm-ä ýer tudanasyny gaýmak bilen iýmäni gowy görýärin, ýöne täsin sebäplere görä, balyklaryň gurçuk iýenini kem görmeýändiklerini duýdum. Şonuň üçinem balyk tutmaga gidemde, özümiň isleýän zadym hakynda pikir etmän, balyklaryň näme isleýändikleri barada oýlanýaryn. Çeňňegi suwa atmakçy bolamda, oňa gaýmaga batyrylan ýer tudanasyny ötürmän, gurçuk ýa-da çekirtgejik dakýaryn we balyklardan: «Dadyp görmek isleýärsiňizmi?» diýip soraýaryn.Adamlary özümize çekmek üçin biz näme şeýle akylly hereket etmeli däl?! Loýd Jorj diňe şeýle edipdir. Uruş döwrüniň ýolbaşçylary—Wilson, Orlando, Klemanso dagynyň öz wezipelerinden gitmäge mejbur bolanlaryndan soň hem, hatda olar unudylanlaryndan soňam, oňa nähili edip hökümet işinde galmak başardandygyny Loýd Jorjdan kimdir biri soraýsa, ol! «Eger meniň ýolbaşçy işde galmagymy haýsam bolsa bir sebäp bilen düşündirmeli bolsa, onda ol sebäp, megerem, çeňňege balygyň isleýän aldawajyny dakmany bilenligimden bolsa gerek» diýip, jogap berýär. Öz isleýän zadymyz hakda gürrüň etmek nämä gerek? Bu oglanlyk etmek ahyryn. Bolgusyzlyk! Elbetde, siz üçin isleýän zadyňyzy almak wajypdyr. Siz munuň bilen mydama gyzyklanýansyňyz. ýene bu başga hiç kimi gyzyklandyrmaýar. Biziň hemmämiz şeýle: barymyz öz isleýän zadymyza ýetmegiň höwesinde.Şonuň

üçinem «özgelere täsir etmegiň ýer ýüzündäki ýeke-täk usuly şundan ybarat: olam, özgäniň isleýän zady hakynda gürrüň edip, onuň höwes edýän zadyna ýetmekligiň ýollaryny öwretmek.Ertir kimdir birinde nämedir bir zada höwes döretmekçi bolanyňyzda, şuny ýatlaň, mysal üçin, siz ogluňyzyň çilim çekmezligini isleýän bolsaňyz onuň gulagyna ýasyn okaman, ondan edýän tamalaryňyz hakda gürrüň eden bolup durmaň-da, çilimiň beýsbol komandasyna girmäge, ýa-da ýüz ýarda ylgamak boýunça geçirilýän ýaryşlarda ýeňmäge mümkinçilik bermejekdigini düşündiriň.Kim bilen iş salyşýanlygyňyza seretmezden — çagalar bilenmi, göleler bilen, ýa-da maýmynlar bilenmi — tapawudy ýok, şu düzgüni saklamak peýdalydyr. Ine, mysal üçin, bir gezek Ralf Uoldo Emerson ogly bilen gölejigi sygyr ýatagyna saljak bolupdyr. Olar diňe öz islegleri hakynda pikir edip, adaty ýalňyşlyk goýberipdirler ogly göläniň nogtasyndan çekipdir, Emerson bolsa onuň yzyndan itipdir. Göläniňem öz islegleriniň tersine gidesi gelmändir, şonuň üçinem ol sonar meýdandan gitmejek bolup, dört aýagyny ýere diräp, netikazalyk bilen sanjylyp durşuna garşylyk görkezipdir. Bularyň itinişip duruşlaryny asly irlandiýaly belan hyzmatçy aýal görüpdir. Onuň sowady bolmasa-da, şu ýagdaýdan Emersondan akylly çykalga tapypdyr. Ol göläniň näme isleýändigini bada-bat duýupdyr-da, onuň agzyna barmagyny sormaga beripdir we hiç hili güýç sarp etmezden göläni yzyna düşürip ýataga salypdyr. Siz eneden doglan günüňizden başlap, her bir eden işiňizi haýsam bolsa bir islegiňizi kanagatlandyrmak üçin edensiňiz. Siziň Gyzyl Haç jemgyýetine bagyşlan ýüz dollaryňyz hakynda näme aýtmak bolar? Olam düzgünden çykmaklyk däldir. Siziň bir ajaýyp iş

edesiňiz gelip, hudaýyň halaýan işi bolan haýyr-yhsan edensiňiz, mätäje goltgy beresiňiz gelendir. «...Meniň kiçi doganlaryma kömek etdigiňiz, maňa kömek etdigiňizdir». Eger şu eden işiňiz üçin ýüregiňiz ýüz dollaryňyzyň barlygyndan köp kanagat tapmadyk bolsa, siz beýle haýyr-yhsan etmezdiňiz. Elbetde siziň muny boýun gaçyrmaga utanyp, ýa-da müşderiňiziň haýyşy boýunça eden bolmagyňyzam mümkindir. Emma bir zat welin şübhesizdir: siz näme-de bolsa bir zat islänligiňiz üçin, şonça puly bagyşlansyňyz.Professor Garri A. Owestrit «Adamyň özüni alyp barşyna täsir etmek» diýen tälim beriji kitabynda şeýle ýazypdyr: «Özümizi alyp barşymyzyň esasynda biziň pynhan arzuwlarymyz ýatyr... Şonuň üçinem, kimdir biri kime-de bolsa birine bir iş etdirmegi ýüregine düwen bolsa — işdemi, öýdemi, mekdepdemi, ýa-da syýasatdamy — tapawudy ýok, onuň üçin iň gowy maslahat şeýledir: öňürti gürrüňdeşiňizde bir zada ölemen isleg drediň. Kimde-kim şuny başarsa, dünýä emrini ýöreder, başarmadyklar bolsa, ýalňyz galar». Garyp şotland oglanjygy Endro Karnegi ilki başda her sagadyna iki sent hak alyp işläpdir, soňra onuň haýyr-yhsaň üçin üç ýüz altmyş bäş million harç etmäge gurby çatypdyr. Ony şeýle derejä ýetireýa zat: töweregindäki adamlara täsir etmegiň, ýeke-täk ýoluna — olaryň isleýän zady hakda gürrüň etmeklige, onuň örän ir düşinenligidir. Ol bary-ýogy dört ýyl mekdebe gatnanam bolsa, adamlar bilen aragatnaşyk sungatyny ele almagy başarypdyr. Muny mysal bilen düşündireliň. Onuň gelni iki oglundan hat-habar gelmeýändigi üçin gaty ynjalykdan gaçypdyr. Olar ýel unewersitetinde okaýan ekenler we öz okuwlary, işleri bilen gümra bolup gaýgy-aladadan ýaňa dälilik kaddyna ýeten

ejeleriniň ýazýan hatlaryna-da jogap bermändirler. Şonda Karnegi oglanlardan hat ýazmagy haýyşam etmän, indiki poçta bilen jogap aljagy barada jedel etmegi teklip edipdir. Ýüz dollardan jedel edipdirler. Onsoň ol agtyklarna ullakan many anlatmaýan hat ýazypdyr we sözüniň arasynda olaryň her haýsyna bäş,dollar iberýändigini ýaňzydypdyr emma puly welin bukja salmandyr.

Hakykatdanam indiki poçta bilen hatyň gaýtargysy gelipdir. Oglanlar: «Endro atalarynyň mähirli haty üçin minnetdarlyk bildiripdirler. ýöne...» Hatyň yzynyň näme bilen gutarjakdygyny özuňizem bilýänsiňiz-le.. Ertir siz birini nämedir bir iş etmeklige yrjak bolarsyňyz. Ýumuş buýurmazdan öňürti azajyk sabyr ediň-de, özüňize şu sowaly beriň: «Men nähili edip ony ýumşumy bitirmäge mejbur edip bilerin?» Şu sowal sizi adamlar bilen oýlanyşyksyz duşuşyk meýlinden we boş ýaňramalardan dyndarar hem duşuşygyňyzyň netijeli bolmagyna, islegiňiziň amala aşmagyna elter. Men her möwsüm ýigrimi agşam Nýu-Ýorkuň myhmanhanalarynyň biriniň uly tans zalyny leksiýalar siklini okamak üçin kireýine alýaryn. Möwsümleriň biriniň başynda, kireýine alan jaýym üçin ozalkylardan üç esse gymmat nyrh tölemelidigimi, garaşylmadyk ýerden maňa habar berdiler. Biletler ýaýradylyp, zerur bildirişler edilenden soň, maňa bu habar gelip gowuşdy. Meniň artyk pul töläsimiň gelmejekdigi tebigydyr, ýöne meniň ol islegim barada myhmanhananyň administrasiýasy bilen etjek gürrüňimiň netijesiz boljakdygy görnüp dur. Sebäbi olaram öz islegleri gyzyklandyrýar. Ine, onsoň men iki günden soň myhmanhananyň iş dolandyryjysynyň ýanyna bardym. «Siziň hatyňyzy alyp, ýaman

geň galdym, — diýip, men söze başladym — Ýöne men sizi düýbünden günäkär hasaplamok. Siziň ýeriňize bolan bolsam, megerem, özümem edil şunuň ýaly haty ýazardym. Myhmanhananyň iş dolandyryjysy hökmünde, siz mümkin boldugyça, köp girdeji almaga çalyşmalysyňyz. Eger siz şuny etmeseňiz, sizi işden boşadarlar. Muňada ýalňyş diýip bolmaz. Geliň, indi bir tagta kagyz alyp, kärende hakyny köpeldäýeňizde siziň aljak peýdaňyzy we zyýanyňyzy onuň ýüzüne ýazalyň. Onsoň men firmanyň blankyny alyp, onuň ortasyndan çyzyk çekdim. Ol çyzygyň bir tarapyna «peýdalar», beýleki tarapynda «zyýanlar» diýip ýazdym. Soňra «peýdalar» diýen ýazgynyň aşagyndan: «Tans zaly boş» diýip ýazdym-da, düşündirişe geçdim. «Eger tans zaly boş bolsa, siziň ony tans etmäge we ýygnak geçirmäge kireýine bermek mümkinçiligiňiz bar. Bu siziň üçin bähbitlidir. Sebäbi şeýle çäreler üçin zaly berseňiz, leksiýalar topary üçin alýan hakyňyzdan köp girdeji alarsyňyz. Eger men her möwsümde ýigrimi agşam siziň zalyňyzy eýelesem, onda siz hakykatdanam zyýana çapýan ýaly bolýarsyňyz. Geliň, indi bolsa «zyýanlara» seredeliň. Birinjiden, siz menden aljak girdejiňizi köpeltjek bolup, gaýtam ony azaldýarsyňyz. Siziň ondan kesiläýmegiňiz hem mümkin, sebäbi onça puly men size töläp bilmen. Leksiýalary nirededir başga ýerde geçirmäge mejbur bolaryn. Şu ýerde siz üçin ýenede bir amatsyz ýagdaý bar Şu leksiýalar siziň myhmanhanaňyza sowatly hem medeniýetli adamlaryň köp gelmegine sebäp bolýar. Bu siz üçin gowy reklamadyr, şeýle dälmi? Gazetlere reklama bermek üçin bäş müň dollar töläbem, siz meniň leksiýalaryma gelýänçe adam getirip bilmersiňiz. Bu bolsa her bir myhmanhana üçin örän ähmiýetli ýagdaýdyr». Şu sözleri

aýdyp, bellenen «zyýanlary» degişli ýere ýazyp, kagyzy iş dolandyryjynyň eline tutdurdym-da, hoşlaşmazdan öňürti: «Aljak peýdaňyzy we çekjek zyýanyňyzy hertaraplaýyn üns berip hasaplamagyňyzy, soňra gelen netijäňizi maňa habar bermegiňizi haýyş edýärin» diýip, çykyp gaýtdym; Ertesi kärende hakynyň üç ýüz däl-de, diňe elli prosent ýokarlandyrylýandygyny habar berýän hat aldym. Şu ýeňilligi öz islegim hakynda dil ýarman gazanandygymy unutmaň. Men hemişe gürrüňdeşimiň isleýän zady we onuň ol islegini nähili edip kanagatlandyryp biljegi hakynda gürrüň etdim. Bardygeldi men şeýle ýagdaýda adatça ediläýýän zatlary eden bolaýsam, mysal üçin, uprawlýaýuşiň kabinetine kürsäp girägeden: «Bu näme etdigiňiz boldy? Biletleriň çap edilip satylanyny, zerur bildirişleriň edilenini bilip durkaňyz, näme üçin jaýyň kärende hakyny üç esse kepeldýärsiňiz? Üç esse beýle-de bir bolgusyzlyk bolarmy? Munyňyz talaň! Men munça tölejek däl!» diýip gygyran bolsam, şonda näme bolardy? Uly; bir jedel turardy. Jedeliň näme bilen gutarýanyny siz gowy bilýänsiňiz. Eger men onuň etjek bolýan işiniň ýalňyşdygyny düşüpdirip biläýen bolanlygymda-da, mertebesine deglen uprawlýaýuşiň yza çekilmäni kyn görerdi. Ine, adamlaryň aragatnaşygynyň inçe sungaty boýunça şu mahala çenli berlen Maslahatlaryň iň gowularynyň biri. «Şu meselede nähilidir bir syr bar bolsa, onda ol başga adamyň nukdaý nazaryna duşünmekdir we zatlara onuň nukdaý nazary hem-de öz garaýyşlaryň bilen garamakdyr» diýip, Genri Ford aýdypdyr. Şu şeýle bir sada hem aýdyň welin bu kanunyň juda adalatlydygyna hemme kişi duşünäýmeli ýalakdyr. Emma şeýle-de bolsa, adamlaryň togsan prosenti wagtyň togsan

prosentinde şuny äsgermezlik edýärler. Size mysal gerekmi? Ertir irden hat işleýän stoluňyzyň üstündäki hatlara göz aýlaň, şonda hatlaryň awtorlarynyň köpüsiniň ýaňky ajaýyp kanuny bozýandyklaryna göz ýetirersiňiz. Mysal üçin, dünýäniň ähli künjeklerinde filialy bolan reklama agentliginiň radio bölüminiň başlygynyň hatyny alyp göreliň. Bu hat ýurduň ýerli radiostansiýalarynyň ýolbaşçylaryna iberlipdir. (Men her abzasa bolan garaýşymy ýaý içinde beýan edýärin.)

Mister Jon Blanka,

Blankwill, Indiana.

Hormatly jenap Blank!

Biziň kompaniýamyz radiogepleşikler boýunça reklama agentliginde öňdebaryjy ornuny saklamak isleýär.

(Siziň kompaniýaňyzyň näme isleýäni bilen kim gyzyklanýar? Meni öz hususy meselelerim ynjalyksyzlandyrýar. Bank meniň girew goýan jaýymy yzyna almak hukugyndan kesjek bolýar. Güllerimi sary garynja iýip gutaryp barýar. Düýn puluň hümmetiniň aşaklany duýuldy. Şu gün irden 8 sagat 15 minutda ugraýan otludan gijä galdym. Öten agşam Jonsonlarda bolan tansa çagyrmadylar. Doktor gan basyşymyň ýokarydygyny, beýnimiň sowuklandygyny, saçymyň goňaklandygyny aýtdy. Ine, şu aljyraňly ýagdaýymda-da ir bilen işe gelýärin welin, maňa garaşýan hata seretsenizläň Nýu-Ýorkly bir bolgusyzyň biri kampaniýasynyň näme isleýändigi barada, mana samahyllap hat ýazan bolupdyr. Päheý! Eger ol hatynyň nähili täsir edýänini bilen bolsady, onda ol reklama biznez işi taşlap, goýunlara düşýän mütrükleri gyrýan derman öndürmek bilen meşgul bolardy. Biziň agentligimiziň reklama bildirişleri bütin ýurtdaky

radiostansiýalaryň birinji setinde berilýän bildirişleriň esasyny düzýär. Biziň bildirişlerimiziň radiogepleşikler programmasynda eýeleýen wagty, özge reklama agentlikleriniň arasynda geljekde-de birinji ýeri her ýyl eýelemegimizi üpjün edýär. Siz birinji orunda barýan uly we baý edara, şeýle dälmi!? Bolsaňyz bolupsyňyzda! Siz «Jeneral motors», «Jeneral elektrik» we ABŞ-yň goşunlarynyň baş ştabyny bilelikde alanyňdakydan-da zor bolanyňyzda hem meniň üçin tapawudy ýok. Eger siziň iň bolmanda jüýjäniňki ýaly aklyňyz bolan bolsa, meni siziň abraýyňyzdan beter öz mertebäm, abraý-adym gyzyklandyrýandygyna düşünerdiňiz. Uly üstünlikleriňiz baradaky gopbamsy ýaňramalaryňyz bolsa, meni kemsinmeklige, kiçelmeklige mejbur etdi. Biz reklama bildirişlerimiziň radioinformasiýa boýunça iň soňky gazanylan üstünliklere esaslandyrylyp berilmegini isleýäris. (Ony isleýän! Muny isleýän! Siz baryp ýatan eşek! Meni siziň näme isleýänligiňiz, hatda Mussolininiň, ýa-da Bing Krosbiň ,näme isleýändigi hem birjik-de gyzyklandyrmaýar. Şonuň üçinem, siziň ömürlik gulagyňyzda galar ýaly, bir zat aýtmaga, rugsat ediň! Meni diňe öz isleglerim gyzyklandyrýar, siz bolsa bolgusyz hatyňyzda ol barada henize çenli dilem ýaraňyzok.) Şonuň üçin, stansiýanyň hepdelik işini habar berýän spisogyň ilkinjileriniň hataryna. Siz biziň kompaniýamyzy goşup bilmezmisiňiz? Bildirişler üçin alan wagtymyzy akylly başly ulanar ýaly, agentligimize peýdasy degäýjek her bir üýtgeşikligi bize habar berip duruň. (Ilkinjileriň spisogyna! Bäý, bularyň utançsyzdygyny! Ilki bilen-ä kompaniýalary baradaky ýaňramalarynda meni kemsitjek boldular, indem haýyş beýleki etmän, özlerini «ilkinjileriň» spisogyna goşdurjak bolýarlar.)

Şu haty alandygyňyz hakyndaky habary we öz işiňiz hakyndaky iň soňky maglumatlary gyssagly ibermekligiňiziň iki tarap üçinem bähbitli boljagyny unutmaň. (Siz akmak! Köpeldiji maşyndan geçirilip, güýz ýapraklary ýaly bütin dünýäniň sagyna-soluna seçilen birmeňzeş mazmunly, biderek hatyňyzy, neneň maňa ýollap bildiňiz?! Girew goýan jaýymyň, güllerimiň, gan basyşymyň aladasy başymdan agdykka, maňa buýruk hatyny alanlygymy tassyklap, ýörite hat iber diýmäge, neneňsi diliňiz aýlanýar?! Onsoňam siz bu zatlary«gyssagly» etmelidigini haýyş eden bolýarsyňyz. «Gyssagly» diýmek, nämäni aňladýar? Näme, meniň işim siziňkiden azdyr öýdýäňizmi? Bardy-geldi az bolaýanlygynda-da, meniňem özümi gol gowşuryp oturan adam hökmünde görkezesim gelip durmaýandygyny bileňizokmy?! Şu zatlardan soň, men sizden bir zat soramakçy bolýaryn: Meniň üstümden hojaýynçylyk etmäge, size kim ygtyýar berdi? Siz «iki tarap üçin hem bähbitli» diýýärsiňiz. Hatyň soňunda siz näme-de bolsa, meniň nukdaý nazarymy hem hasaba aljak bolupsyňyz. Emma meniň gazanjak peýdam hakda kesgitli bir zat aýtmansyňyz).

Size wepaly

Jon Blank,

radio bolümiň müdiri.

R. 5. Şu hatyň ýanyna goşup iberilýän «Blank- will jornel» gazetinden göçürmeler Sizi gyzyklandyrmagy mümkin, belki, Siz olary radiostansiýalaryňyz boýunça berersiňiz. (Näme-de bolsa, sözüňiziň ahyrynda meniň meselelerimiň birini çözüp biläýjek gürrüňe-de geçen bolupsyňyz. Näme üçin, hatyňyzy şundan başlamadyňyz? aý, bolýa-la. bu zatlar barada siziň bilen gürrüň edeniň peýdasy ýok. Reklama boýunça işleýän halyna,

bize ýazan hatyndaky ýaly boş ýaňraýan adamyň beýni öýjükleriniň hökman bir kemi bolaýmaly. Size biziň işimiz baradaky iň soňky maglumatlar gerek däl. Däliräp düze çykmazyňyz ýaly, galkan görnüşli mäziňizdäki iodyň mukdaryny artdyrmagyňyz gerek.) Reklama bilen meşgul bolýan, haýsy hem bolsa, bir zady satyn aldyrmak üçin adamlarda höwes döretmeli, kişä täsir etmekde özüni ekspert hasaplaýan adam şeýle hat ýazýan bolsa, onda biz et çapýançydan, çörekçiden, ýa-da demirçiden nämä garaşmaly?! Ynha ýene-de bir hat. Muny ullakan merkezi ýük stansiýasynyň naçalnigi meniň leksiýa okaýan kursumyň diňleýjisi Edward Wermilene ýazypdyr. Şu haty alan adamda nähili täsir galandyr öýdýärsiňiz? Siz ilki ol haty okaň, onsoň men öz pikirimi size aýdaryn.

«Zeraga’s sans» komýaniýalary 28, Front-strit,

Bruklin, Nýu-Ýork.

Jenap Edward Wermilinin dykgatyna.

Jenaplar!

Ýük düşüriji we ugradyjy demirýol stansiýamyza günüň ikinji ýarymynyň ahyrynda juda köp ýüküň gelýänligi sebäpli, biz ýükleri düşürmek we ýerleşdirmek boýunça kynçylyk çekýäris. Bu ýagdaý ýükleriň üýşmegine işgärleriň iş wagtyndan daşgaryň işlemegine, ýük maşynlarynyň, kä halatda bolsa, ugradylmaly ýüküň gijä galmagyna sebäp bolýar. 10-nji noýabr güni 16 sagat 20 minutda bize Siziň kompaniýaňyzdan gaty köp, ýagny 570 ýerlik ýük geldi. Biz ýüküň giç gelmegi bilen baglanyşykly ýüze çykjak gerekmejek päsgelçilikleriň öňüni almak üçin, Siziň kömek bermegiňizi haýyş edýäris. Bize agzalan gündäki ýaly köp ýük ibermeli bolan wagtyňyz, ýükli

maşynlaryňyzy irräk, ýa-da ýüküň bir bölegini günüň birinji ýarymynda ibermegiňizi, Sizden haýyş etmek mümkinmi? Işi şeýle tertibe salyp bilsek, Siziň ýük maşynlaryňyzyň ýüki çalt düşüriler, özüňizde-de ýüküňiziň alnan güni ugradyljakdygyna ynam dörär. Bu bolsa Siz üçin gürrüňsiz amatlydyr.

Stansiýanyň naçalnigi, Size wepalyJ. B.

Zergýa’s sans» firmasynyň söwda bölüminiň müdiri Wermilen şu haty okap, ony maňa şu aşakdaky düşündiriş bilen iberipdir: «Şu haty okan adam edilýän haýyşy bitirmez. Hat bizi gyzyklandyrmaýan zatdan — merkezi stansiýanyň kynçylyklaryny beýan etmekden başlanýar. Soňra bolsa bu işiň biz üçin amaty nazara alynmazdan, bu mesele boýunça kömek soraýarlar. Diňe hatyň iň soňunda, şeýle arkalaşygyň maşynlarymyzyň ýükleriniň çalt düşürilmegine we ýükleriň alnan güni ugradylmagyna ýardam etjekdigi barada ýatlanylypdyr. Başgaça aýdanymyzda, bizi gyzyklandyrýan zat hakynda hatyň iň soňunda aýdylypdyr. Bu ýagdaý soralýan kömegi etmek isleginden, etmezlik islegini köp döredýär». Hany göreliň, biz şu hatyň sadarak görnüşini ýazyp bilmezmikäk. Öz meselelerimiz barada gürrüň edip, wagt ýitirmäliň. Genri Forduň aýdyşy ýaly, «başga adamyň nukdaý nazaryna düşünjek bolalyň we zatlara onuň nukdaý nazary hem-de öz garaýyşlarymyz bilen garamaga» çalşalyň. Muny başarmak gerek! Ine, haty düzetmegiň bir ýoly. Ony mundanam kämilleşdirip bolmagy mümkin, ýöne şeýle düzedişden soňam, hat etmeli işini bitirse gerek.

Jenap Zdward Wermiline.

«a. Zeraga’s sans»

28. Front-strit,

Bruklin. Nýu-Ýork.

Hormatly jenap Wermilin!

On dört ýyl bäri Siziň kompanyýaňyz biziň durnukly müşderilerimiziň biri bolup durýar. Elbetde, biz munuň üçin Size gaty minnetdar we kompanyýaňyza tiz we netijeli hyzmat etjek bolup jan edýäris. Emma gynansak-da, maşynlaryňyz 10-njy noýabrdaky ýaly, günüň ahyrynda birden köp ýük getirseler, şeýle etmek bize başartjak däl. Näme üçin? Sebäbi biziň beýleki müşderilerimiziňem köpüsi ýüklerini günüň ahyrynda getirýärler. Şeýle ýagdaýyň ýükleriň köp üýşmegine, Siziň ýükli maşynlaryňyzyň mejbury eglenmegine, kähalatlarda bolsa ýüküňiziň giç ugradylmagyna hem getirip biljegi tebigy ýagdaýdyr.

Bu gowy däl. Gaty erbet. Nädip, munyň bir alajyny tapyp bolar? Mümkin bolan wagtynda, Siziň ýükleriňiz günüň birinji ýarymynda getirilse gowy boljak. Şeýtseňiz ýük maşynlaryňyz eglenmän ýüküni duşürmäge we tiz yzyna ugramaga mümkinçilik alar, Biz bolsa şol bada ýükleriňizi degişli ýerlerine ugratmak bilen bolarys. Işçilerimizem irgözinden öýlerine gaýdyp, Siziň firmaňyzyň öndürýän makaronlarydyr aşlaryndan garynlaryny gezärler.

Meniň şu aýdanlaryma şikaýat, ýa-da işi nähili alyp barmagy öwretjek bolmak diýip düşünäýmäweriň. Şu hat Size has netijeli we peýdaly hyzmat etmek maksady bilen ýazyldy. Ýükleriňiziň haçan getirilenine garamazdan, Size göwnejaý hyzmat etmek üçin elimizden geleni aýamarys.

Siz işlisiňiz. Hatyma jogap ýazjak bolup, azara galmaň,

Stansiýanyň naçalnigi, Size wepalyJ. B.

Şu günler müňlerçe ýadaw, aljyraňly hem az hak alýan

söwda agentleri köçeleri torç edýärler. Näme üçin? Sebäbi olar diňe öz islegleri hakynda pikir edýärler. Olar siziňem, meniňem hiç zat satyn alasymyzyň gelmeýändigine düşünmeýärler. Eger biziň bir zat satyn almak meýlimiz bar bolsa, onda gidip satyn alardyk. Ýöne biz öz meselelerimiziň çözgüdi bilen örän gyzyklanýarys. Eger bir söwda agenti biziň şol meselelerimizi çözmäge, özüniň, ýa-da harydynyň nä derejede kömek berip biljekdigini aýdaýsa, onda oňa harytlaryny bize hödürlemek gerek bolmazdy. Harytlary biziň özümiz satyn alardyk. Sebäbi alyjy hödürlenip berlen harydy almagy halamaýar, ol öz meýline zat almany gowy görýär.

Şeýle-de bolsa, bütin ömrüni söwda bilen geçiren adamlaryň köpüsi, zatlara alyjynyň gözi bilen seretmek endigini öwrenmeýärler. Mysal üçin, men Forest-Hillsde — Uly Nýu-Ýorkuň merkezindäki hususy jaýlardan ybarat bolan kiçijik kwartalda ýaşaýaryn. Bir gezek stansiýa howlukmaç barýarkam, Long-aýlende gozganmaýan mülkleri satmak bilen köp ýyllardan bäri meşgullanýan söwda agentine tötänleýin gabat geldim. Ol Forest-Hillse belet bolany üçin, şol gyssag aralykda täzeräk alan jaýym barada soradym: «Meniň alan jaýym ýeňil kerpiçden salynanmy, ýa-da daşyna setka çekip suwalanmy?» Ol özüniň bilmeýändigini, ýöne, «Forest-Hills gardens» assosiasiýasyna ýüz tutsam bilip biljekdigimi (men ony onsuzam bilýärdim) aýtdy. Ertesi irden ýaňkydan hat aldym. Ol maňa gerek maglumaty habar berendir öýdýärsiňizmi? Habar nire?! Ýogsam ol şol! Maglumatlary telefon üsti bilen bir minudyň dowamynda alyp biljek. Emma şeýdäýmändir. Ol hatynda-da gerek maglumatlarymy telefon arkaly bilip biljekdigim barada düýnki aýdan zatlaryny

gaýtalaýardy hem meniň strahowaniýe işlerim bilen meşgul bolmaga rugsat soraýardy.

Görşüňiz ýaly, ol maňa kömek etmek bilen däl-de, diňe özüniň gara nebsi bilen gyzyklanýardy.

Weş Ýangyň «Sadaka berýän adam» we «Baýlygyň paýlanyşy» diýen ajaýyp kitapçajyklary bar. Meniň ýaňky söwda agentine şol kitaplaryň hersinden birini bermegim gerek eken. Eger ol agzalan kitaplary okap, ondaky düzgünleri durmuşda ulanan bolsa, onda olar oňa meni strahowaniýe edenden, müň esse köp girdeji getirerdi.

Hünärli adamlaram ýokardaky ýaly ýalňyşlyklar goýberýärler. Birnäçe ýyl mundan öň, Filadelfiýada belli wraçyň kabul edýän jaýyna bardym. Ol meniň badam şekilli mäzlerime seretmänkä, meniň näme işleýändigimi sorady. Ony meniň mäzlerimiň möçberi däl-de, girdejimiň möçberi gyzyklandyrýardy. Onuň esasy aladasy meni bejermek bolman, menden näçe ýonjagydy. Netijede ol menden hiç zadam alyp bilmedi. Men onuň açgözligine ýigrenç duýgusy bilen, kabinetinden çykyp gitdim.

Dünýäde ýaňka meňzeş ütüji we açgöz adamlar köp. Şonuň üçinem adamlara ak ýürek bilen hyzmat etmäge çalyşýan seýrek adamyň nebsewürlerden we ýolujylardan ägirt uly artykmaçlyklary bardyr. Onuň bäsdeşleri azdyr. «Özüni özgeleriň ýerinde goýmagy we olaryň pikirlerine düşünmegi başarýan adam, öz geljegi hakynda ynjalyksyzlanmasa-da bolar» diýip, Ouen D. Ýang aýdypdyr.

Eger şu kitaby okamagyňyzyň netijesinde, sizde gürrüňdeşiňiziň nukdaý nazaryndan ugur almak we zatlara onuň nazary boýunça seretmek häsiýeti güýçlenip ugrasa, onda

şol pursatyň, siziň işdäki mertebäňiziň ýokary galyş pursatynyň başlangyjy bolaýmagy gaty ahmaldyr. Adamlaryň köpüsi kollejleri tamamlaýarlar. Olar Wergilä düşünjek bolýarlar, ýokary matematikanyň syrlaryny ele alýarlar, emma öz akyl-paýhaslarynyň işleýşi hakynda welin hiç zat bilmeýärler. Ine size bir mysal: bir gezek men kolleji tamamlap, indem Nýu-Jersi ştatynyň Nyu-ýorkdaky«Kerrier korporeýşn» firmasyna (bu korporasiýa teatral we edara jaýlary üçin kondisionerleri satmak bilen meşgul bolýar) işe girjek bolýan ýaşlar üçin sözleýiş sungatyny başarnykly ulanmak boýunça leksiýalar kursuny okadym. Menin diňleýjilerimiň biri ýoldaşlaryny basketbol oýnamaklyga yrmakçy bolup, olara şu aşakdaky ýalyrak sözler bilen ýüz tutupdyr: «Oglanlar, men siziň basketbol öýnamagyňyzy isleýärin. Bu oýny özüm-ä gaty gowy görýän. Ýöne gimnastika zalyna birnäçe gezek bardym welin, ol ýerde basketbol oýnamak üçin ýeterlik oýunçy bolmady. Öňräk agşam iki-üç sany bolup top oýnap ugradyk, şonda top bilen gözüme urdular. Oglanlar, erte agşam zala baryň, meniň basketbol oýnasym gelýär».

Heý şu sözleriň arasyndan özgäniň islegi boýunça aýdylan bir söz tapdyňyzmy? Hiç kimiň barmaýan gimnastika zalyna siziňem barasyňyz gelmez, şeýle dälmi? Onuň näme isleýänligine siz biparh gararsyňyz. Siziň gözüňize urdurasyňyz gelýän däldir.

Ol gimnastika zalyna baraňyzda görjek hezillikleriňiz barada gürrüň edip, sizi imrindirip bilermidi? Elbetde. Ol gyzykly oýun bolan basketbol hakynda, onuň beýnä dynç berýändigi, işdäni açýandygy, gyzgalaňly ýaryş mahalyndaky şadyýan pursatlar hakynda gürrüň berenliginde, belki-de sizi zala barmakdan

saklabam bolmazdy.

Professor Owerstritiň dana maslahatyny gaýtalalyň: «Öňürti öz gürrüňdeşiňizde näme-de bolsa bir zada güýçli höwes dörediň. Kimde-kim şuny başarsa, dünýä emrini ýöreder, başarmadyklar bolsa, ýalňyz galar».

Diňleýjilerimiň biri çagasy hakynda ynjalyksyzlanýardy. Çaga kemişdä bolansoň gaty hormuşyn. Çaganyň ýagdaýyny gowulandyrmak üçin, ene-ata adaty usuly ulanypdyr. Ejes-ä: «Seniň şu zatlary, şu zatlary iýmegiňi isleýän» diýip, kakasam: «Seniň daýaw hem güýçli bolmagyňy isleýän» diýip, neressäň halys gulagyny kamata getiripdirler.

Näme, çaga şu haýyşlara gulak asar öýdýäňizmi? Onuň ene-ataň sözlerine berýän ünsi, siziň çägeli plýajda birje çäge zerresine berjek ünsüňiz ýalyrak bolsa gerek.

Azajygam bolsa üşügi bolan adam, üç ýaşlyja çaganyň nukdaý nazarynyň otuz ýaşly atanyňka kybap gelmejekdigine akyl ýetirmelidir. Herhal atasy oglanjykdan hakyt şuňa garaşypdyr. Bu bidereklikdir. Paltasy daşa degen ata ahyr soňy öz ýalňyşlygyna düşünip: «Çaga näme isleýärkä? Nädip, munuň islegini özümiňkä bap getirip bolarka?» diýen sowallary öz-özüne berip başlapdyr. Haçanda ol şeýle pikir edip ugrandan soň, ata-enäniň işi şow alyp başlapdyr. Oglanjygyň üç tigirli welosipedi bar eken. Ol Bruklindäki öýleriniň öňündäki ýanýolda eýläk-beýläk tigir sürmegi örän gowy görýärmiş. Şu köçänin ugrunda, oglanjyklaryň öýleriniň birnäçe jaý aňyrragynda ýaňky kemişdä çagadan ekabyrrak, bir garagol oglan ýaşaýarmyş. Golliwutlylar bular ýaly çaga «arwah» diýýärler. Horja oglan tigrini münüp çykdygy, ýaňky«arwah» gelýärmişde, çagajygyň welosipedini elinden alyp, özi sürüp

oýnaýarmyşyn. Oglanjygam näme, iziläp öýlerine gaýdar-da. «arwahyň» elinden oglunyň tigirini alyp bermek, ejesine-de iş bolýarmyş. Bu waka günüň gününe gaýtalanyp, halys ýürege düşýän eken.

Şu ýagdaýda oglan näme isläp biler? Şu sowala jogap bermek üçin, Şerlok Holms bolmak gerek däl. Onuň häsiýetiniň iň güýçli duýgulary— namysy, gahar-gazaby ar almaga, garşydaşynyň burnuny kül-uşak edip, şahsy mertebesini goramaga gönükdirilen bolmaly. Haçanda kakasy ogluna, eger ol ejesiniň berýän zatlaryny iýse, «arwahy» ýençmäge güýç toplap biljekdigini aýdan gününden başlap, oglanjygyň işdäsi açylyp gidiberipdir. Ol özüni örän köp kemsiden dawaçyl oglany urmak üçin, güýçlenmek üçin, ysmanak, turşykelem, duzlybalyk ýaly zatlary iýmekdenem, asyl äberen zadyny sümürmekden gaýtmandyr.

Bir meseläni çözen ata ikinjiniň ugruna çykýar. Ýaňky oglanjygyň ýatan ýerine buşukmak häsiýeti bar eken. Çagany enesi bilen ýatyrýan ekenler. Her gün irden turanlarynda, enesi öl prostyny elläp görüp «Öten agşamky eden işiňe bir seret, Jonny!Ýene düşegi hapalapsyň» diýer eken. agtygam: «Ýok, muny men edemok, bu seniň işiň» diýer eken.

Oňa käýýäpdirler, utandyrypdyrlar, kämahal birki şarpyk hem beripdirler, ýalbarybam görüpdiler, emma olaryň birem peýda bermändir. Soňra ane-ata oglanjykda ýerine buşumazlyk islegini öwrenmegiň ugruna çykypdyr. Munuň uçin onuň bu meselede näme isleýänini bilmeli.

Oglanjyk näme isledikä? Birinjiden-ä ol gije ýatanda enesiniňki ýaly uzyn köýnek däl-de kakasynyňky ýaly pijama geýip ýatmagy küýseýän eken agtygynyň gijeki hokgalaryndan

bizar bolan enesi, eger agtygy düzelse, ona bir jübüt pijama alyp bermäge, höwes bilen razy boldy. Ikinjidenem onuň özbaşdak krowatly bolasy gelýän eken. Enesi muňa-da garşylyk görkezmedi. Ejesi oglanjygy Bruklindäki Lýozaryň uniwermagyna äkidip, satyjy gyza gözüni gypypdyr-da: «Şu kiçijik jenabyň käbir zatlary satyn alasy gelýär» diýipdir.Düşbi satyjy gyz oglanjygyň sarpasyny saklap: «Ýagşy ýigit, siziň näme satyn alasyňyz gelýär? Islän zadyňyzy görkezäýiň» diýipdir.

Hut şol ýeriň özünde özüni bir näçe santimetr ösen ýaly duýan oglanjyk: «Men özüme krowat satyn almak isleýän» diýipdir.

Haçanda ejesi göwnüne ýaraýan krowady görkezip, ýene gözüni gypanda, satyjy gyz şol krowady almage oglanjygy yrypdyr.

Krowat ertesi öýe getirilipdir agşam kakasy işden gelende, oglanjyk gapa tarap ylgap: «Kaka, Ka- ka! Ýör, ýokaryk gidip, meniň satyn alan krowadymy göreli» diýip, gygyrypdyr. Kakasy krowady görüp, Çarlz Şwabyň: «ak ýürekden baha ber we öwgüňi gysganma» diýen nesihatyna eýerip krowady hem ogluny öwüpdir.

Soňra ol: «Bu gije-hä sen düşegiňi öljertmeseň gerek?» diýip, oglundan sorapdyr.«Ýok, ýok! Indi beýle zat etmen, krowadymy hapalaman» diýip, oglanjyk söz beren. Oglanjyk beren sözünde tapylypdyr, sebäbi täze krowatdyr pijamaly ýatanda buşukmak onuň mertebesine degip, kemsitjek eken. Bu onuň öz krowady. Ony hut özi satyn aldy. Indi onuň kakasynyňky ýaly pijamasy bar. Ol edil uly adamlaryň bolşy ýaly boljak bolýar. Ol şeýtmänem başardy.

Ýene-de bir kaka, K. Datçman diýen adam — telefon tehnikasy boýunça injener hem biziň kursumyzyň diňleýjisi — üç ýaşly gyzyna ertirlik naharyny iýdirmäni başaryp bilmändir. Adaty usullar — käýinç, ýalbar-ýakar, haýyş netije bermändir. Onsoň ene-ata: «Nädip munda ertirlik iýmäge isleg döredip bolarka?» diýip oýlanyp başlapdyrlar.

Gyzjagaz ejesiniň hereketlerini gaýtalamagy özüni uly we wajyp duýmagy halaýar eken. Şonuň üçinem bir gün ony stula mündürip, özüne ertirlik taýýarlamaga rugsat edipdirler. Edil gerek ýerinde, gyzjagaz bişip barýan şüläni bulap durka, kakasy aşhana girýär. «Kaka, görýäňmi, bu gün şüläni meniň özüm bişirýärin» diýip, gyzjagaz begençli seslenipdir.Şüläniň bişirilişi bilen örän gyzyklanan gyzjagaz şol gün irden hiç hili ýalbar-ýakarsyz iki paý şüläni iýipdir. Onda özüne buýsanmak duýgusy döräpdir. Ertirlik naharyny bişirmek bilen ol özüni görkezmäge, töweregindäkilere özüniň ähmiýetlidigini duýdurmaga ýol tapypdyr.Uilýam Unte bir gezek: «Özüňi görkezmeklik ynsan häsiýetine agalyk edýän talapdyr» diýipdir. Eýsem, näme üçin, biz şu talaby işdäki aragatnaşyklarda hasaba almaly däl? Haçan-da bizde bir ajaýyp ideýa dörände, gürrüňdeşimize şonuň bize degişlidigini duýdurmazdan öň, oňa şol ideýany pikir edip tapmaklyga mümkinçilik döredemzok? Şonda ol ideýany özüniňki hasap eder, oňa guwanar, ony eý görer we hezil edip ulanar. **«Öňürti öz gürrüňdeşiňizde näme-de bolsa bir zada güýçli höwes örediň. Kim-de-kim şuny başarsa, dünýä emrini ýöreder, başarmadyklar bolsa, ýalňyz galar» diýen sözleri ýadyňyzdan çykarmaň!**

# ŞU KITAPDAN HAS KÖP PEÝDA ALMAK ÜÇIN DOKUZ MASLAHAT

**1.** Eger şu kitapdan has köp peýda alasyňyz gelýän bolsa, onda onuň her dürli düzgünlerden hem usullardan has möhüm, has wajyp şertiniň bardygyny ýadyňyzdan çykarmaň. Eger siz şol esasy şert berjaý etmeseňiz, kitaby okamagyň müň dürli düzgüni hem size kömek etmez. Eger sizde häzirki ündeljek bolunýan şert boýunça bahasyna ýetip bolmajak zehin bar bolsa, onda siz şu kitapdan has köp peýda almak üçin berilýän maslahatlary okamasaňyz hem gudrat görkezip bilersiňiz.

Ol nähili jadyly şert? Ine, ol: adamlar bilen sypaýçylykly aragatnaşygy öwrenmeklige bolan çuňňur islegiň we ony ösdürmeklige bolan berk hyjuwyň sizde bolmagy hökmanydyr.

**2.** Kitabyň her baby barada umumy täsir galary ýaly, ony ilki bir gezek ýüzleý okap çykyň. Bir baby okaňyzdan soň, belki, sizde indiki baba geçmek meýli dörär. Kitaby güýmenje hökmünde okaýan bolsaňyz, şeýtseňizem bolar. Ýöne ýürekden öwrenmek isleýan bolsaňyz, beýdiji bolmaň. Ýüzleý okap çykanyňdan soň, şol baby gaýtadan üns bilen okaň. Şeýle etseňiz, bu siziň wagtyňyzy tygşytlar we sapagy bilip, bişirip, özleşdirip geçmegiňize kömek eder.

**3.** Okaýan pursadyňyzda, okaýan zadyňyz barada pikir etmek üçin, ýygy-ýygydan saklanyň. Her maslahaty haçan we nähili edip ulanyp biljekdigiňiz barada içiňizi gürlediň. Şeýdip okasaňyz, ol size tazynyň towşany kowalaýşy ýaly edip okandan has köp peýda berer.

**4.** Eliňiz gyzyl galamly, gara galamly, ýa-da ruçkaly okaň.

Haçanda göwnüňize ýakýan hem geljekde ulanyp bilerin öýden maslahatyňyz gabat gelse, onuň gapdalyndan çyzyjak çekip belläň. Eger has degerli maslahata gabat gelseňiz, onda her jümläniň aşagyny çyzyň, ýa-da gapdalynda dört sany ýyldyzjyk goýuň. Şunuň ýaly bellikler kitaby has gyzykly edýär we ony gaýtadan gözden geçirmekligi aňsatlaşdyrýar,

**5.** Men 15 ýylyň dowamynda uly bir strahowaniýe konserniniň kanselýariýa müdiri bolup işlän adamyny tanaýaryn. Ol kompaniýalarynyň baglaşýan strahowaniýe şertnamalaryny her aýda gaýtalap okaýar. Hawa, ol baglaşylýan şertnamalary aýdan-aýa, ýyldan-ýyla okaýar. Näme üçin? Sebäbi şeýle etmekligiň, şertnamanyň maddalaryny ýatda saklamaklygyň ýeke täk usulydygyny, ol öz tejribesinden bilýär.

Men oratorçylyk sungaty hakynda kitap ýazmak üçin iki ýyl töweregi wagtymy sarp etdim. Şoňa garamazdan, kitabymda näme ýazandygymy ýatlamak üçin, ony wagtal-wagtal gaýtalap okaýaryn. Biziň köp zatlary tiz ýatdan çykarýanlygymyz, geň göräýmeli ýagdaýdyr.

Şonuň üçinem, şu kitapdan wagtlaýyn däl-de, hemişelik peýda aljak bolsaňyz, ony bir gezek okanyň ýeterlik däldigini ýatdan çykarmaň. Siz ony bir gezek ünsli okap çykanyňyzdan soň, aýda bir näçe sagadyňyzy oňa göz gezdirmeklige bagyşlaň. Ony hemişe gözüňiziň alnynda, iş stoluňyzyň üstünde saklaň. Ýygy-ýygydan oňa göz aýlaň. Kämilligiň uly mümkinçiliklere ýol açýandygy, ýakyn geljekde siziňem ondan peýdalanyp biljekdigiňizi hemişe ýatlaň. Onuň bilen tutanýerli we yzygiderli iş salşan halatyňyzda, diňe şonda, kitapda ündelýen düzgünleriň häsiýetiňize, adaty endigiňize geçip, erkana bitirip biljek işiňize öwrüljekdigini ýadyňyzdan çykarmaň. Başga ýol

ýokdur.

**6.** «Eger adama zerurlygy bolmadyk bir zady ýöne öwredip goýberseň, ol hiç haçan hiç zady öwrenmez» diýip, Bernard Şou aýdypdyr. Ol mamla. Öwrenmek aktiw ýagdaýda amala aşar. Biz işläp öwrenýäris. Şonuň üçün, eger siz şu kitapdaky hödürlenýän düzgünleri öwrenjek bolsaňyz, onda olar bilen baglanyşykly işleri etmäge çalşyň. Olary her bir amatly pursatda ulanyň. Eger şeýtmeseňiz, siz olary örän tiz ýatdan çykararsyňyz. Diňe durmuşda ulanylýan bilimler kellede galýar.

Berilýän maslahatlary hemişe ulanmak, size kyn düşmegi mümkindir. Bu zatlary bilýänligimiň sebäbi, kitaby özüm ýazan-da bolsam, berýän maslahatlarymyň hemmesini ulanmakda hut menem kynçylyk çekýärin. Mysal üçin, gürrüňdeşiňizden nämedenem bolsa bir zatdan nägile bolsaňyz, siz onuň nukdaý nazaryna düşünjek bolmakdan, ony tankytlaryňyzy we ýazgaranyňyzy aňsat görersiňiz. Köplenç halatda ýetmezçilikleri tapmak, öwmek üçin sebäp gözländen aňsatdyr. Öz isleýän zadyň hakynda gürlemek, başga adamyň islegi hakynda gürlemekden has ýeňildir. Galanam edil şular ýaly-da. Şonuň üçinem, şu kitaby okaýan mahalyňyz diňe bir maglumat almak üçin okamaýandygyňyzy unutman. Siz özüňizde täze endikleri terbiýelemäge synanyşýarsyňyz. Hawa, hawa, siz täze bir ýola düşüp gitmekçi bolýarsyňyz. Ol bolsa wagt, tutanýerlilik we yzygiderli turgenleşigi talap eder.

Garaz, eliňizdäki kitabyň gatlaryny köpräk açyň. Oňa adamlaryň aragatnaşyk meseleleri boýunça ýörite gollanma hökmünde garaň we her gezek haýsam bolsa bir özboluşly mesele ýüze çykanda, mysal üçün, çaganyň nähili ugruny

tapmaly, ylalaşar ýaly etmeli, ýa-da nähili edip jany ýanyp duran müşderini köşeşdirmeli diýen ýaly ýagdaýlar ýüze çykanda, adaty endiklere ýol berip, hyjuwlanmaň, gahara ýol bermäň, göçgünli hereket etmäň. Şeýle hereketler köplenç nädogrudyr. Oňa derek, şu sahypalary ýene bir gezek agtaryň, eliňiz bilen bellik eden ýerleriňizi ýene-de bir gezek gözden geçiriň. Onsoň şu täze usullary iş ýüzünde synap görüň, olaryň jadylaýjy güýjüni öz gözleriňiz bilen görersiňiz.

**7.** Her gezek biziň şu düzgünlerimizi bozan mahalyňyz, aýalyňyz, ogluňyz, ýa-da işdeş ýoldaşyňyz siziň kadadan çykandygyňyzy duýan halatlarynda, olara on sent, ýa bolmasa bir dollar tölemäge taýýardygyňyzy aýdyň. Şeýdip, bu düzgünleri öwrenmekligi bir gyzykly oýuna-da öwürseňiz bolar.

**8**. Uoll-Stritiň uly banklarynyň biriniň prawleniýesiniň başlygy meniň diňleýjilerimiň öňünde çykyş edip, öz özüni kämileşdirmek üçin ulanan örän netijeli sistemasyny gürrüň berdi. Resmi taýdan ol adamyň uly bir sowady ýok, ýöne, şuňa garamazdan , ol häzir Amerikanyň iň görnükli maliýe işgärleriniň biri hasaplanýar. Ol ýeten derejesine öz düzen sistemasyny yzygiderli ulanmak bilen gazanandygyny aýtdy. Men ol sistemany onuň öz sözleri bilen we hakydamyň mümkinçiligine görä, takyk beýan etmäge çalşaýyn. «Köp ýyllardan bäri günüň dowamynda bolup geçen hemme duşuşyklarymy ýörite depdere ýazýaryn. Her şenbe güni agşam wagtymyň bir bölegini öz eden hereketlerime baha bermeklige, olara täzeden seredip, özüm üçin tälim almaklyga bagyşlaýaryn. Meniň şu endigimi bileni üçin, maşgalam şol gün agşam maňa ganalga bermeýär. Günorta nahardan soň, ýeke

özüm duşuşyklar depderimi açýaryn-da, bütin hepdäniň dowamynda bolup geçen gürrüňler, ýygnaklar, mejlisler hakynda oýlanýaryn. Öz-özüme: «Bu gezek men nähili ýalňyşlyklar goýberdim?» diýen sowaly berýärin. Haýsy meselelerde dogry hereket edendigim, näme babatda ýalňyşlyk goýberendigim, geljekde ony nähili düzedip biljekdigim barada pikirlenýärin.

Şu tejribe maňa nähili sapak berdi?

Eden hereketlerimiň hepdelik syny, meniň ýygy-ýygydan lapymy keç edýärdi. Köp halatda goýberýän gödek ýalňyşlyklaryma geň galýardym. Elbetde, ýyllaryň geçmegi bilen ýalňyşlyklar seýrek gaýtalanyp başlady. Indi bolsa, öz hereketlerime berýän hepdelik synymdan soň, ýuwaşjadan döşüme kakasym gelýän halatlarym seýrek bolanok. Ýyllaryň dowamynda eden bu işim — öz hereketlerimi analizlemek we öz-özümi terbiýelemek sistemam, meniň öňki-sonky ýetjek bolup synanyşan hemme zatlarymdan köp peýda berdi.

Ol meniň degerli kararlary kabul etmek ukybymyň gowulanmagyna ýardam etdi we adamlar bilen aragatnaşykda çendenaşa kömek berdi. Özüni kämilleşdirmek isleýän adamlara, şu sistemany ulanmaklygy gaty çynym bilen maslahat berýärin. Näme uçin, şu kitapda beýan edilýän düzgünleri ulanyşyňyzy barlamak üçin, ýaňky ýaly sistemany peýdalanmaly däl? Eger şuny berjaý etseňiz, durmuşyňyzda şu zatlar bolup geçer:

Birinjiden, siz örän gyzykly, şeýle hem ähmiýeti boýunça bahasyna ýetip bolmajak öz-özüni terbiýelemek prosesine girişersiňiz.

Ikinjiden, adamlar bilen aragatnaşygy ýola goýmak we şol

aragatnaşykda özüňizi ýagşy alyp barmak ukybyňyzyň has ösýändigini, giňeýändigini duýarsyňyz.

**9.** Şu düzgünleri berjaý etmegiň netijesinde gazanan üstünlikleriňizi bellemek üçin gündelik ýörediň. Ýazgylaryňyz takyk bolsun atlary, wagty, netijeleri belläp goýuň. Şeýle ýazgylary alyp barmak, sizi has uly üstünliklere ruhlandyrar. Birnäçe ýyldan soň, bir ajaýyp agşam saý-sebäp bile şol ýazgylaryňyza gabat geleniňizde, ony okamak size aýdyp bolmajak lezzet berer!

## ŞU KITAPDAN HAS KÖP PEÝDA ALMAK ÜÇIN

1. Adamlar bilen aragatnaşyk düzgünlerini öwrenmek üçin, özüňizde çynlakaý, hyjuwly islegi dörediň we ösdüriň.
2. Indiki baba geçmezden öň, onuň öňündäki baby iki gezek okaň.
3. Kitaby okaýan pursatyňyzda, berilýän her maslahaty nähili edip ulanyp biljegiňiz barada oýlanmak üçin, ýygy-ýygydan saklanyň.
4. Her bir möhüm pikiriň aşagyny çyzyň.
5. Kitaby her aýda täzeden gözden geçiriň.
6. Kitapda beýan edilen düzgünleri her bir amatly pursatda ulanyň. Kitaby gündelik meseleleriňizi çözmek üçin praktiki gollanma hökmünde peýdalanyň.
7. Şu düzgünleri berjaý etmegi başarmadyk halatyňyzy bilen ýoldaşlaryňyzyň haýsam bolsa birine on sent, ýa-da bir dollar bermegi wada berip, düzgünleri öwrenmekligi gyzykly oýna öwrüň.

8. Ösüşüňize her hepdede baha beriň. Nähili ýalňyşlyklar goýberendigiňizi, nähili üstünlikler gazanandygyňyzy bilip, olardan geljek üçin nähili netije çykarandygyňyz barada öz-özüňize hasabat beriň.
9. Öwredilen düzgünleri haçan we nähili ulanandygyňyz barada, şu kigabyň ahyryna bellik ediň.

## I k i n ji b ö l ü m

# BERJAÝ EDEN HALATYŇDA, ADAMLARA ÝAGŞY GÖRÜNMÄGE MÜMKINÇILIK BERÝÄN ALTY DÜZGÜN

*Birinji bap*

## ŞEÝTSEŇIZ, SIZI HEMME ÝERDE GÜLER ÝÜZ BILEN GARŞYLARLAR

Nädip dost gazanmalydygyny bilmek üçin, şu kitaby okamak gerekmi? Munuň üçin dünýäde iň beýik dost gazanyjynyň usullaryny öwrensek, ýagşy bolmazmy? Kim ol ? Siz oňa ertir köçede duşup bilersiňiz. Haçanda siz onuň on ädim çemesi golaýyna baranyňyzdan, ol guýrugyny bulap başlar. Bardy-geldi biraz saklanagadan, ýaňkynyň başyny sypaýsaňyz-a onuň begenji hetden aşar we her hili hereketler bilen öz begenjini size bildirjek bolup jan eder. Onuň size bagry badaşanlygyny görkezjek bolup jan etmeleriniň aňyrsynda söýgüdir ynamdan

başga hiç zadyň ýoklugyny gowy bilýänsiňiz. Ol size haýsy hem bolsa bir geçmän ýatan zadyny satmak islemeýär we onuň siziň bilen nikalaşmak niýeti hem ýok.

Itiň ýaşamak üçin işlemeli däl ýeke-täk jandardygy hakynda, siz, heý, bir wagt pikir edipmidiňiz? Towuk ýumurtga guzlamaly, sygyr süýt bermeli, sary bilbil saýramaly. Itiň ýaşamak üçin edýän gazanjy eýesini söýýänliginden we oňa wepalylygyndan ybaratdyr.

Bäş ýaşly oglankam, kakam mana elli sente kiçijik saryja güjüjek satyn alyp meniň çagalygyma begenç nuruny çaýdy. Ol her gün sagat bäşiň ýary töwereginde, howlynyň içinde, jaýymyzyň öňünde häzir bolup, owadanja gözlerini öýmüze gelýän ýodajykdan aýyrman, meniň gelerime garaşyp oturardy. Meniň sesimi eşitdigi, ýa-da gyrymsy agaçlaryň arasyndan gelýänimi gördügi, syçyrap ýerinden turardy-da, käte jöw-jöwläp üýrüp, käte begenjinden ýokaryk-ýokaryk towsup, meni garşylamak üçin ýüwrüp gaýdardy, Baýra sary ylgany üçin, ýanyma gelende demi-demine ýetmese-de daşymda hozanak ýaly pyrlanardy, injiklerime süýkenerdi, gulaklaryny selkilledip bökjeklärdi.

Bäş ýylyň dowamynda, Tippi meniň hemişelik hemram boldy. Soň bir eýmenç gije— men ony hiç haçan ýadymdan çykarmaryn — Tippini on ädim beýle ýanymda ýyldyrym urup öldürdi. Onuň ölümi ýetginjeklik döwrümiň tragediýasy boldy.

Tippi, sen psihologiýa boýunça ýekeje kitap hem okamandyň. Sen oňa mätäç däldiň. Özgeleriň şahsyýeti bilen ýürekden gyzyklanyp, iki aýda gazanjak dostuň, öz şahsyýetiň bilen özgeleri gyzyklandyrjak bolup, iki ýylda gazanjak dostuňdan köp boljakdygyny, haýsydyr bir doga endigiň

kömegi bilen bilýärdiň. Şu sözleri ýene bir gezek gaýtalamaga rugsat ediň. Öz şahsyýetiňiz bilen illeri gyzyklandyryp, iki ýylda gazanjak dostuňyzdan, özgeleriň şahsyýeti bilen gyzyklanan iki aýyňyzda, öňki iki ýyldakydan köp dost gazanyp bilersiňiz.

Her hal şonda-da bütin ömrüniň dowamynda her hili edip töweregindäki adamlary özüňe üns bermäge mejbur etjek bolup ýalňyşyp ýören adamlaryň barlygyny görýäris.

Elbetde, beýle adamlaryň yhlasy myrat bolmaýar. Olar siz bilen gyzyklanmaýar, meniň bilenem gyzyklanmaýar. Olar taňrynyň beren güni diňe özleri bilen gyzyklanýarlar.

Telefon arkaly gepleşenlerinde adamlaryň haýsy sözleri ýygy ulanýandygyny bilmek üçin, Nyu-Ýork telefon kampaniýasy jikme-jik barlag geçiripdir. Siz aňdynyz: ol at çalyşmasy«men». 500 telefon gepleşiginde şu at çalyşmasyny 3990 gezek ulanypdyrlar. «Men», «men», men», «men», men»...

Köpçülik bolup aldyran suratyňyza sereden mahalyňyz öňi bilen kimi gözleýärsiňiz.

Eger adamlar siz bilen gyzyklanýandyr öýtseňiz, onda şeýle sowala jogap beriň: birden-birä siz şu gije jan beräýseňiz, ertir sizi jaýlamaga näçe adam geler öýdýärsiňiz?

Eger öňürti siz adamlar bilen gyzyklanmasaňyz, näme üçin adamlar siz bilen gyzyklanmalymyşyn? Galam tapyň-da şu sowallara jogap ýazyň.

Adamlarda täsir galdyrmak we özümiz bilen olary gyzykdyrmak arkaly dost gazanmaga çalyşsak, onda biziň hakyky, ýürekdeş dostumyz köpelmez, dostlar, onda-da hakyky dostlar satyn alynmaýar.

Napoleon hut şeýle etmäge synanyşypdyr. Ol Jozefina bilen soňky duşuşygynda:«Jozefina,maňa dünýäde hiç bir adama

miýesser etmedik şowlulyk hemra boldy. Şeýle-de bolsa, häzirki pursatda dünýäniň ýüzünde meniň bil baglap biläýjek adamym ýeke-täk siz» diýipdir. Emma taryhçylar onuň hatda oňa-da bil baglap biljegine şübhelenýärler.

Wenaly belli psiholog Alfred Adler pahyr «Siz üçin durmuş nämäni aňladýar?» diýen kitabynda: «Öz ýoldaşlary bilen gyzyklanmaýan adam, durmuşda örän uly kynçylyklary başyndan geçirýär we töweregindaki adamlara iň köp zyýan ýetirýär. Edeni ugruna bolmaýanlar, diňe şuňa menzeş adamlaryň toparyndan çykýar» diýipdir.

Psihologiýa boýunça onlarça kitap okabam, biz üçin şeýle möhüm pikire gabat gelmezligimiz mümkindir. Gaýtalamagy halamaýaryn, ýöne Adleriň bu aýdan sözleri şeýle köpmanyly bolansoň, ony ýene bir gezek gaýtalaýaryn:

«Öz ýoldaşlary bilen gyzyklanmaýan adam, durmuşda örän uly kynçylyklary başyndan geçirýär we töweregindäki adamlara iň köp zyýan ýetirýär. Edeni ugruna bolmaýanlar, diňe şuňa meňzeş adamlaryň toparyndan çykýar».

Bir wagtlar Nýu-Ýork uniwersitetiniň ýanyndaky hekaýa ýazmagyň tärini öwredýän kursda okapdym. Biziň toparymyzyň lektorlarynyň biri «Kolýers» jurnalynyň redaktorydy. Ol: «Redaksiýa gelýän onlarça hekaýanyň içinden çem gelenini alyp, onuň diňe bir näçe abzasyny okap, awtoryň adamlary söýýänini ýa-da söýmeýänini aýdyp bilerin» diýýärdi. «Eger awtor adamlary söýmeýän bolsa, onda onuň hekaýasy olara ýaramaz diýip, ol netije çykarýardy.

Belletristiki eseri nähili ýazmalydygy baradaky gurrüňiniň dowamynda, ol tejribeli redaktor akyl berýändigi üçin bizden iki gezek ötünç sorady. Men size edil ruhanyň diýäýjek

zatlaryny aýdýaryn. Şeýle-de bolsa hekaýalaryňyzyň üstünlige eýe bolmagyny isleseňiz, adamlar bilen çyn ýürekden gyzyklanyň» diýip, ol düşündirýärdi.

Eger şu aýdylanlar çeper eser ýazmak babatda dogry bolsa, onda ol adamlaryň biri-biri bilen aragatnaşygy meselesinde üç esse adalatlydyr diýip, ynamly aýtsa bolar.

Goward Týorston iň soňky gezek Brodweýde çykyş edende, men bütin agşamy onuň geýim çalşyrýan jaýynda geçirdim. Týorston diýmek, gözbagçylaryň meşhur aksakaly hem jadygöýleriň patyşasy diýmekdir. Ol kyrk ýylyň dowamynda jahany aýlanyp, köpçüligi öz oýunlary bilen aňk eden adam. Onuň görkezen oýunlaryna altmyş million töweregi adam tomaşa edipdir, sap girdejisi bolsa birnäçe milliona golaýlapdyr.

Üstünliginiň sebäbini gürrüň bermegini, Týorstondan haýyş etdim. Elbetde, onuň üstünliklerinin mekdep bilen bagly ýeri ýok, sebäbi ol okamandy, kiçijik oglanjykka öýlerinden gaçyp, ykmandalyk edipdi, gitjek ýerine ýük wagonlaryna münüp giderdi, bede küdeleriniň üstünde ýatyp turardy, gapy kakyp, iýjek çöregini dilegçilik edip tapardy, hat okamany hem ýük wagonlarynyň üstünden görünýän demirýoluň ugrundaky ýazgylary okap öwrenipdi.

Onda jadygöýlik babatda üýtgeşik bilim barmydy? ÝOK. Gözbagçylyk barada ýüzlerçe kitaby bardygyny, şol kitaplary özi ýaly bilýänleriň onlarçadygyny ol maňa gürrüň berdi. Emma onda başga adamlarda bolmadyk iki sany häsiýet bardy. Birinjiden, onda öz aýratynlygyny, özboluşly şahslygyny duýmaga märekäni mejbur etmek ukyby bardy. Ol oýun goýmakda deňi-taýy bolmadyk ussatdy. Ol ynsan gylygyna örän

beletdi. Onuň hemme edýän zady— her bir herekedi, sesiniň her bir äheňi, hatda gaşyny galdyryşy-da yhlas bilen repetisiýa edilýärdi, çykyşlarynyň her sekundy hasaplydy. Onsoňam Týorston adamlar bilen ýürekden gyzyklanýardy. Ol köp gözbagçylaryň märekä seredip ýanlaryndan: «Bu ýere

ýöntem adamlaryň sürüsi ýygnanypdyr, kileň obala türkana mähelle. Men bulary ýagşyja aldaryn» diýýändigini gürrüň berdi. Týorstonyň tomaşaça çemeleşişi düýbünden başgaçady. Onuň öz aýdyşy boýunça, ol her gezek sahna çykanda «Şu adamlaryň meniň görkezýän oýnuma gelmeklerine minnetdar. Olar maňa özüme ýaran usul bilen gazanç edip, günümi dolamaga mümkinçilik berýärler. Bular üçin güýjümi gaýgyrmaryn» diýip, içinden gaýtalar eken. Ol hiç wagt: «Maňa şu, ýygnanan märeke ýaraýar» diýen sözleri telim, gezek gaýtalaman, sahna çykmaýandygyny gürrüň berdi. Gülkünçmi, bidereklikmi? Siz näme barada pikir etseňiz ediberiň. Men diňe ähli zamanlaryň iň şöhratly jadygöýiniň sözlerini hiç hili ýonup-ýylmaman size ýetirýärin.

Hanym Şuman-Heýnik hem maňa edil şuňa meňzeş zatlary gürrüň berdi. Bu aýalyň açlyk we gamgyn hadysalara gurşalan gaýgy-hasratly ömri bar. Hatda ol bir gezek özüni hem iki çagasyny heläklejegem boluplyr. Şu ýagdaýlara seretmezden, ol aýdym aýdyp ussatlyga ýetipdir. Wagneriň eserlerini ýerine ýetirmekde jemagaty öňde-soňda haýran galdyran iň meşhur aýdymçy bolupdyr . Ol hem özüniň üstünlikleriniň sebäpleriniň biriniň adamlar bilen çyn ýürekden gyzyklanmagy bolandygyny gürrüň berýärdi.

Teodor Ruzweltiň hem çendenaşa meşhurlygynyň syry şundadyr. Ony hatda hyzmatkärleri hem söýüpdirler. Onuň

hususy hyzmatkäri, negr Jeýms Amos ol hakda: «Teodor Ruzwelt öz hususy hyzmatkäriniň gahrymany» diýen kitap ýazypdyr. Amos şol kitabynda öwrenäýmeli bir epizod hakynda şeýle gürrüň berýär;

«Bir gezek meniň aýalym prezidentden wirgin käkiliginiň nähili guşdugyny sorady. Ol henize çenli onuň ýaly käkiligi görmän eken. Prezident örän düşnükli edip käkiligi suratlandyrdy we ol barada bilýän zatlaryny gürrüň berdi. Birnäçe wagt geçenden soň, biziň kottejimizde telefon jyňňyrdady, (Amos we onuň aýaly Ruzweltiň Oster-Bedäki mülkünde kiçiräk kottejde ýaşaýar eken) aýalym trubkany aldy. Jaň edýän Rüzweltiň özi bolup çykdy. Ol: «Eger häzir penjiräňizden daşaryk seretseňiz, wirgin käkiligini görüp bilersiňiz diýip aýtmak üçin jaň edipdir.

Daşaryk seretsek, ol guş penjirämiziň öňünde gezip ýördi.

Onuň şunuň ýaly ýönekeýje zatlary hem gözden salmaýan häsiýeti bardy. Heran-haçan ol biziň kottejimiziň gapdalyndan geçip barýarka: «a-aý, Ania!» ýa-da, a-aý, Jeýmis!» diýip, gygyrardy. Ol biz daşarda bolmasagam, bizi görmese-de şeýdip gygyryp geçerdi. Bu onuň özboluşly dostluk salamydy».

Neneň onsoň hyzmatkärler şeýle adamyny söýmesin?! Neneňsi ony söýmän, sylaman biljek?

Prezident Taft hem onuň aýaly nirädir bir ýere giden mahaly, bir gezek Ruzwelt ak tama barypdyr. Ol ak tamyň köne hyzmatkärleriniň ählisi bilen, hatda gap-gaç ýuwýan aýallar bilenem salamlaşypdyr, hemmeleriň atlaryny tutup, hal-ýagdaýyny sorapdyr. «Haçanda ol gap-gaç ýuwujy Alisany görende: «Henizem öňküleriň ýaly mekgejöwen çöregini bişirýäňmi?» diýip sorady, diýip, Batt ýazýar. Alisa käte

hyzmatkärler üçin bişirýändigini, ýöne ýokarky gatdakylaryň ony iýmeýändigini gürrüň berdi».

Ruzwelt: «Olar mekgejöwen çöreginiň tagamyny bilmeýärler. Prezidenti görsem, onuň gaty tagamlydygyny aýdaryn» diýdi.

Soňra Alisa oňa tarelkada bir bölek mekgejöwen çöregini getirip berdi, Ruzwelt ol çöregi iýip barşyna, duş gelen işçilerdir bagbanlar bilen salamlaşyp, kanselýariýa tarap gitdi...

Ol hyzmatkärleriň her haýsy bilen edil ozalky gürleşiş endigi boýunça gürleşýärdi. Olar şol gezekki duşuşyk hakynda heniz-henizlerem pyşyrdaşyp gürrüň edişýärler. Aýk Guwer bolsa gözüne ýaş aýlap: «Ol gün biz üçin soňky iki ýylyň içindäki iň bagtly gün boldy, şol duşuşygy biziň hiç birimizem ýüz dollara çalyşmarys» diýdi

Bu Teodor Ruzweltiň ýönekeý adamlara bolan akýürekli garaýşynyň bir mysalydyr

Edil şunuň ýaly, başga adamlaryň hal-ýagdaýlary bilen gyzyklanmak, doktor Çarlz U. Eliotyň uniwersitetiň rowaç prezidentleriniň biri bolmagyna mümkinçilik berdi. Eger siziň ýadyňyzda bolsa, Çarlz U, Eliot uzak wagtlap Garwardyň ykbalyna emir etdi. Ol bu wezipä grajdanlyk urşunyň gutarmagyna dört ýyl galanda girişipdi, soňra ony diňe birinji jahan urşunyň başlanmagyna bäş ýyl galanda taşlapdy. Doktor Eliotyň özüni alyp barşy barada mysal getireýin: bir gezek birinji kursuň studenti L. R. J. Krendon studentleriň karz pul berilýän fondundan elli dollar karz almak üçin, prezidentiň kanselýariýasyna barypdyr. Oňa karz beripdirler. «Men pul üçin minnetdarlyk bildirip, gitjek bolamda (Krendonyň öz sözlerini getirýärin) prezident Eliot: «Oturmagyňyzy haýyş

edýärin» diýdi. Onuň soňky aýdan sözlerini diňledigimçe, geň galýardym. «Siziň nahary öz jaýyňyzda taýýarlaýandygyňyzy we şol ýerde naharlanýandygyňyzy maňa aýtdylar. Eger wagtly-wagtynda we ýeterlik mukdarda naharlanýan bolsaňyz, men muny siz üçin erbet hasap etmeýärin. Menem kollejde okamda şeýdýärdim. «Siz heý bir wagt göle «çöregini» bişirip görüpmidiňiz? Eger oty gaty ýaş bolmadyk göläniň etini gowy gaýnadyp taýýarlasaň, ondan oňat nahar küýsemersiňiz. Sebäbi onda hiç hili galyndy bolmaýar. Men ony nähili taýýarlaýardym diýsene». Onsoň ol maňa göle etini saýlamagyň ýollaryny öwretdi. Çorbasynyň goýalyp titrewige örülmegi üçin, ony ýuwaşja ýanýan oduň üstünde gaýnatmalydygyny, bişen eti nähili dogramalydygyny, bir pitini beýlekiň içine sokup, taýyn garyndyny neneňsi basdyrmalydygyny düşündirdi. Hatda ol ýaňky nahary sowuklygyna iýmelidigini aýtmagy hem ýadyndan çykarmady.

Çyn ýürekden gyzyklanan halatyňda, Amerikadaky iň meşhur we iş bilen başagaý adamlaryň hem üns bermegini, özüň bilen hyzmatdaşlyk etmegini gazanyp bolýandygyny, öz iş tejribämde gördüm.

Birnäçe ýyl mundan ozal, Brukliniň sungat we ylym institutynda çeper eserleri nähili ýazmalydygy barada leksiýalar kursuny okaýardym. Şonda Ketlin Norris, Fanni Herst, Ida Tarbell, al bert Peýson Terhyon, Rupert H ýüz we beýleki öz işleri özüne ýetik belli ýazyjylaryň Brukline gelip, iş tejribeleri barada pikir alyşmaklaryny isledik. Munuň üçin biz olara hat üsti bilen ýüz tutduk. Hatymyzda bolsa, bizi olaryň eserleriniň haýran galdyrýandygyny, maslahatlaryna mätäçdigimizi, üstünlikleriniň syrlary bilen çyn ýürekden

gyzyklanýandygymyzy ýazdyk.

Her hatyň soňunda ýüz elli töweregi studentiň goly bardy. Olaryň wagtlarynyň çendenaşa gymmatlydygyna, işleriniň kändigine düşünýändigimizi hatymyzda görkezip, biz üçin ýörite leksiýa taýýarlandan aňsat bolar ýaly, özlerine şolara jogap bermeklerini haýyş edýändigimizi ýazyp, sowallarymyzy hem iberdik. Bu hat olaryň göwnünden turupdyr. Şeýtseň, kime ýaramaz? Şol sebäpli hem olar bize kömek etmek üçin Brukline geldiler.

Ine, men şu usuly ulanyp, Teodor Ruzweltiň kabinetiniň maliýe ministri Lesli M. Şouy, Taftyň kabinetiniň ýustisiýa ministri Jorş U. Uiker- Şemi, Uilýam Jennigs Braýany, Franklin D. Ruzwelti we başga-da birnäçe meşhur işgärleri kursuma çagyrmagy, olaryň oratorçylyk sungaty barada studentler bilen gürrüň geçirmeklerini gazandym.Kimligimiziň tapawudy ýok — gassapmy, çörekçimi, ýa-da tagtda oturan patyşamy— biziň hemmämize bize haýran galmak bilen seredýän adamlar ýaraýar. Mysal üçin, geliň, german kaýserini alyp göreliň. Birinji jahan urşunyň soňunda, onuň ýer ýüzünde iň erbet ýigrenilýän adam bolan bolmagy mümkin. Janyny halas etjek bolup Gollandiýa gaçanda-da, onuň öz halky oňa garşy baş göterdi. Ony şeýle bir ýigrenýärdiler — millionlarça adamlar ýaňkyny keýp edip dogram-dogram etmäge, ýa-da oda ýakmaga taýyndy. Bütin halkyň ýigrenjiniň şeýle güýçli wagtynda, bir oglanjyk kaýzere haýran galmak duýgusy bilen hoşniýetli, sadaja hat ýazypdyr. Başgalaryň pikirine garamazdan, Wilgelmi öz imperatory hökmünde söýjegini, oglanjyk hatynda aýdypdyr. Kaýzer bu hata ýürekden tolgunyp, oglanjygy görme-görşe çagyrypdyr. Ony ejesi kaýzeriň ýanyna alyp gelipdir

welin, kaýzer oglanjygyň ejesine öýlenipdir. Ol oglanjyk üçin «Dosty neneňsi gazanmaly we nädip adamlara täsiriňi ýetirmeli» diýen ýaly kitaby okamak zerurlygy ýüze çykmandyr. Ol munuň üçin näme etmelidigini endigidir duýgusy bilen bilipdir.

Eger biziň dost gazanasymyz gelýän bolsa, geliň, ähli güýjümizi başgalar üçin näme-de bolsa bir zat etmek üçin sarp edeliň, goý, ol zat bizden wagt, ak göwunlilik, alada talap etsin. Gersog Windzorskiý Uelsiň şazadasyka Günorta amerika ýurtlaryna gitmekçi bolanda, şol döwletlerde ýaşaýan halklaryň dilinde geplemek üçin, birnäçe aýyň dowamynda ispan dilini öwrenipdir. Şonuň üçinem ony günorta amerikalylar gaty gowy görüpdir. Men birnäçe ýyl bäri dostlarymyň doglan gününi bilmäge çalyşýaryn. Munuň üçin şeýle usuly ulanýaryn astrologiýa ynanmasamam, gürrüňi şondan başlaýaryn: adamyň isleg-arzuwydyr hüý-häsietiniň, ukybynyň onuň doglan wagty bilen baglanyşygy barada onuň pikirini bilmek isleýändigimi aýdýaryn. Soňra bolsa ýaňkynyň haýsy aýda, haýsy günde doglandygyny soraýaryn. Mysal uçin, ol: «24-nji noýabrda» diýip jogap berdi diýeliň. Şonda men ýaňky sany ýadymdan çykarmajak bolup, içimden gaýtalaýaryn. Ol menden ünsüni sowan mahaly, ýa-da aňyrsyna dönende, ýaňkynyň adyny, doglan wagtyny näme-de bolsa, bir zada belleýärin, soňra ol ýazgyny ýörüte kitapçajygyma geçirýärin. Her ýylyň başynda täze alan kalendaryma dostlarymyň doglan günlerini bellik edýärin welin, stolumda oturamda-turamda olar gözüme kaklyşyp durlar. Kimem bolsa biriniň doglan güni ýetip gelende, men ony hat, ýa-da telegramma bilen gutlaýaryn. Ol aýdyp-diýip bolmajak täsir

galdyrýar. Şunuň ýaly günleri bilýän köplenç meniň ýeke özüm bolup galýaryn.

Eger biz dost gazanmak isleýän bolsak, geliň adamlary begenç we joşgun bilen gutlalyň. Şu usuly size kimdir biri jaň edende hem ulanyň. «alýo» sözüni size jaň edýäne hoşallyk duýgusy bilen aýdyň. Telefon kompaniýalary özleriniň telefonistkalaryna: «Baş üstüne, size haýsy nomer gerek?» diýen sözleri «Ertiriňiz haýyrly bosun, size hyzmat etmegi özüme bagt hasap edýärin» diýen sözleriň äheňinde aýtmagy öwredýärler.Haçanda gürrüň iş aragatnaşyklary hakynda barýarka-da, şu düzgün ýaramlymy? Siz muny nähili hasap edýärsiňiz? Men onuň ýaramlydygyny subut etmek üçin onlarça mysallar getirip bilerdim, her hal bizde olaryň diňe ikisini mysal getirmäge ýer bar.

Nýu-Ýorkuň uly banklarynyň biriniň işgäri Çarl R. Uolterse bir korporasiýa hakynda ýaşyryn doklad ýazmaklyk tabşyrylypdyr. Munuň üçin wajyp gerek bolan maglumatlary bilýän adamlaryň diňe biri Uolterse mälim eken. Ol şol adam bilen duşuşmaga gidýär. Onuň duşuşmaly adamy uly bir senagat kompaniýasynyň prawleniesiniň başlygydy. Haçanda Uolters kabinete girende, bir ýaş aýal gapydan boýnuny uzadypdyr-da, başlyga: «Bu gün mende siziň üçin hiç hili marka ýok» diýip, gidipdir.«Men on iki ýaşly oglum üçin poçta markalaryny ýygnaýaryn» diýip, başlyk ýaňky aýalyň sözlerini Uolterse düşündiripdir.Uolters näme iş bilen gelendigini aýdyp, gürrüňdeşine sowal berip başlapdyr. Ol takyk jogap bermändir, umumy, bulaşyk jogaplar beripdir. Başlygyň kän bir gepläp höwesi bolmandyr, ony asla bu mesele boýunça gepledip bolmajak ýaly görnüpdir, Gürrüň gysga hem netijesiz

tamamlanypdyr.Meniň kursumyň diňleýjilerine şu zatlary gürrüň bereň Uolters, ozalky aýdan zatlarynyň üstüne şu zatlary goşdy: «Dogrymy aýtsam, men näme etjegimi bilmedim. Soňra sekretarynyň sözleri, marka, on iki ýaşly ogly... ýadyma düşdi. Onsoň men biziň bankymyzyň daşary ýurt bölüminde hem dünýäniň ähli künjeklerinden gelen hatlaryň markalarynyň ýygnalýandygyny ýatladym.Ertesi gün başlygyň kabul edýän jaýyna baryp, onuň ogly üçin mende birnäçe markanyň bardygyny oňa aýtmagy haýyş etdim. Meni dabara bilen onuň ýanyna alyp bardylar. Ol şeýle bir begenip elimi gysdy, kongresiň çlenligine saýlamak üçin sese goýlan halatynda-da, ol şundan beter begenip elimi gysar öýdemok. Ol duranja bir ala-ýazdy, ýüzünden ýagşylyk nury damaýyn diýýärdi. Ol markalary gözden geçirip oturşyna: «Ine, bü meniň Jorjumyň göwnünden turar» diýip gaýtalaýardy. «Muňa bir seretsene! Duranja hazyna-la!» diýip garşy-garşy begenjini daşyna çykarýardy.Biz ýarym sagat töweregi markalar hakynda gürrüň etdik soňra oglunyň suratyny synladyk, onsoň ol haýyş etdirmesizden, bir sagatdan gowrak wagtyny sarp edip, meni gyzyklandyrýan maglumatlar barada gürrüň etdi. Ol bilýän zatlaryny jikme-jik aýdýardy, işgärlerini çagyryp, olardanam soraşdyryp, käbir zatlary takyklaýardy, käbir ýoldaşlaryna jaň edip, maglumatlary anyklaýardy. Şunlukda ol meni gerekli hatlar, sanlar, dokladlar bilen üpjün etdi. Gazetçileriň dili bilen aýtsak, men haýran galdyryjy üstünliklere eýe boldum».Ine, başga bir mysal.Filadel fiýaly kiçi K. M. Knafl birmeňzeş bölek satuw magazinlerine eýelik edýän uly kompaniýa birnäçe ýylyň dowamynda kömür satmaklyga synanyşypdyr. Emma ol kompaniýa kömri başga bir şäherden

satyn almagyny dowam etdiripdir, satyn alan kömürlerini hem edil Knaflyn kontorynyň agzyndan diýen ýaly daşaýar ekenler. Bir agşam Knafl meniň sapak berýän kursumda çykyş edip, birmeňzeş bölek satuw magazinleriniň üstünden düşdi-de, olary ýurt üçin uly betbagtlyk hökmünde suratlandyrdy.Herhal ol, öz harydyny olara satyp bilmeýänliginiň sebäbini düşündirip bilmedi.Men ona başgarak usuly ulanmaklygy maslahat berdim. Gepiň külesi, waka şeýle dowam etdi. Biz diňleýjilerimiziň arasynda: «Birmeňzeş bölek satuw magazinleri ýurda peýdadan zyýany köp getirýär» diýen temadan jedel guradyk.Meniň maslahatym boýunça, Knafl öňküsine garşy pozisiýany eýeledi: ol magazinleri gorap çykyş etmäge razy boldy, soňra bolsa, ýigrenýän kompaniýasynyň ýolbaşçysynyň gös-göni ýanyna baryp: «Men bu ýere kömrümi hödürlemege gelemok, sizden bir haýyş etmäge geldim» diýip aýdypdyr. Onsoň ol boljak jedelde öz etjek çykyşy hakynda gürrüň beripdir. «Sizden kömek soraýanlygymyň sebäbi, sizden başga hiç kim şu meselede meni gerek maglumatlar bilen üpjün edip biljek däl. Şony bilenim üçin şu ýere geldim» diýipdir. Soňra ol jedelde özüniň örän ýeňesiniň gelýändigini, berlen kömek üçin örän minnetdar boljakdygyny, gepiň gerdişi gelende ýaňzydypdyr.Men şu wakanyň soňuny Knaflyň edil öz aýdyşy ýaly gürrüň bereýin:- «Ol adamdan meniň üçin diňe bir minut wagtyny sarp etmegi haýyş etdim. Ol meni edil şu şert bilenem kabul edipdi. Oňa haýyşymy beýan edenimden soň, ol maňa üm bilen oturmagy teklip etdi we meniň bilen dogry bir sagat kyrk ýedi minut gepleşdi. Gepleşip otyrkak, ýanyna birmeňzeş bölek satuw magazinleriň ýolbaşçy işgärleriniň birini, şeýle magazinler baradaky kitabyň awtoryny çagyrdy.

Öz eli bilen birmeňzeş bölek satuw magazinleriň eýeleriniň Milli assosiasiýasyna hat ýazdy we şu mesele babatdaky çekişmelere degişli ýazgylaryň bir ekzemplýaryny maňa tapyp berdi. Onuň pikiri boýunça, birmeňzeş bölek satuw magazinleri adamzada öräp uly peýda getirýär. Ol şu magazinleriň üsti bilen ýüzlerçe ilatly punktlara edilýän hyzmat üçin buýsanýar. Şu zatlar hakynda gürrüň edende onuň gözleri uçganaklaýardy. Dogrymy aýtsam, ol ýadyma-oýuma gelmeýän meseleleri düşündirmek bilen, meniň gözümi açdy, pikirlerimi düýpgöter üýtgetdi.Gaýtjak bolanymda, ol meni gapa çenli ugratdy, hoşlaşjak bolanda bolsa, meni gujaklap çekişmede boljak jedelde üstün çykmagymy arzuw etdi we onuň geçişi barada soňra gürrüň bermegimi sorady. Ol sözüniň soňuny şeýle tamamlady: «Ýazyň ahyrlaryna ýene-de meniň ýanyma gelmegiňizi haýyş edýärin. Sizden kömür almak niýetim bar.Bolup geçen waka meniň üçin gudrata barabardy. Ol haýyş etmesemem, menden kömür satyn aljakdygyny aýtdy. Men onuň özi we öňünde durýan meseleler bilen çyn ýürekden gyzyklanan iki sagadymda, özüm we kömrüm bilen olary gyzyklandyrjak bolup eden on ýylky synanyşyklarymdan has köp iş bitirdim.Jenap Knafl, siz hiç hili täzelik açmadyňyz, sebäbi sizden has öň, Isa pygamberiň eneden dogulanyndanam bir näçe ýüz ýyl ozal, meşhur rim şahyry Publiý Sir şeýle diýipdir: «Başgalar biz bilen gyzyklananda, bizem olar bilen gyzyklanýarys».Eger siz orän özüne çekiji şahs bolup ýetişesiňiz gelýän bolsa, adamlar bilen oňşup ýaşamaklygy ýürekden küýsän bolsaňyz, size doktor Genri Linkiň «Dine gaýdyp gelmek» diýen kitabyny okamagy çynym bilen maslahat berýärin. Kitabyň adyndan gorkmaň. Bu ikiýüzlilik bilen

ýazylan dini kitap däl. Ol belli psiholog tarapyndan ýazylan kitap. Doktor Link kitaby ýazmaga girişmezden ozal, şahsy meseleleri boýunça özüne ýüz tutan üç müňdenem köpräk adamynyň psihikasyny barlapdyr, maslahatlar beripdir. Ol bu kitabyny«Şahsy özboluşlylygyňy neneňsi kämilleşdirmeli» diýibem atlandyryp boljakdygyny maňa gürrüň berdi. Kitapda hut şu mesele hakynda gürrüň edilýär. Siz kitaby gyzygyp okarsyňyz we on- dan köp zat öwrenersiňiz. Eger siz şu kitaby okasaňyz we ondaky maslahatlara eýerseňiz, adamlar bilen aragatnaşyk ussatlygyňyzy, megerem, gümansyz ösdirip bilersiňiz.Şeýlelikde, eger siz adamlara gowy görünmek isleseňiz, birinji düzgüni berjaý ediň:

**Başga adamlar bilen çyn ýürekden gyzyklanyň.**

*I k i n j i   b a p*

## GOWY TÄSIR GALDYRMAGYŇ ÝÖNEKEÝ USULY

Ýaňy-ýakynda meni Nýu-Ýorkda bir ýere nahara çagyrdylar. Gelen myhmanlaryň arsynda ep-esli mirasa eýe bolan aýalam bardy, özem hemmelerde özi barada gowy täsir galdyrjak bolup jan edýärdi. Ol boýuny bezemek üçin, samyr, göwher, dür ýaly gymmat zatlara harajat gaýgyrmandyr. Ýüz keşbini üýtgetmek üçin bolsa asla alada etmändir. Ol aýalyň hemişe hemme zatdan närazydygy, özüni artykmaç gowy görýändigi ýüzünde ýazylgy ýalakdy. Bu zenan hemme kişä belli zada — aýalyň ýüz keşbiniň onuň egin-eşiginden has möhümdigine düşünjek bolanokdy. (Gepiň gerdişine görä aýtsak, aýalyň yzda gymmat bahaly

deriden possun satyn almak höwesi dörände, oňa-da şuny ýatlatsaňyz kem bolmazdy.)

Çarlz Şwab öz ýylgyryşynyň million dollara durýandygyny maňa gürrüň beripdi. Meniň çakyma görä, ol hakykatdan daş düşenokdy, sebäbi onuň haýran galarlyk üstünlikleriniň tas hemmesiniň diýen ýaly esasynda, bu adamynyň özboluşlylygy, mylaýymlygy, maýyl edijiligi hem adamlara ýagşy görünmek ukyby ýatyrdy. Onuň haýran ediji aýratynlyklarynyň biri bolsa, Çarlz Şwabyň ýesir ediji ýylgyryşydy.

Men bir gezek günüň ikinji ýarymyny Moris Şewalýe bilen geçirdim. Dogrymy aýtsam, ondan tamam çykmady. Hyrsyz hem tutuk görünýänligi üçin, ol meniň diýjek adamyma meňzemeýärdi. Haçanda ol çalaja ýylgyranda öňki täsir derrew zym-zyýat boldy, Bulutlaryň arasyndan gün görnen ýaly täsir galdyrdy. Eger onuň şu ýylgyryşy bolmadyk bolsa, belki, Moris Şewale hem kakasy we doganlary ýaly, Parijde gyzylagaç ussasy bolup galardy.

Iş her neneňsi boş sözden netijelidir. Şundan mysal tutanyňda, ýylgyryş hem ses-sedasyz! «Siz maňa ýaraýarsyňyz», «Siz meni bagtyýar etdiňiz». «Sizi göremde göwnüm açyldy» diýip durandyr.

Itleriň gowy görülýänligi hem hut şu sebäplidir. Bizi gören çaglary olar begenjini özlerine mümkin bolan hemme usul bilen görkezýärler. Olary görenimizde biziň şatlanýanymyzyň tebigylygy şundan ybaratdyr.

Ýasama ýylgyryş barada şulary aýdyp biljek: ol hiç kimi aldap bilmez. Biz onuň ýasamadygyny bilýäris we oňa gaharymyz gelýär. Men diňe hakyky, ýürekden çykýan we ýüreklere etýän ýylgyryşy, şonuň üçinem şeýle ýokary baha

berilýän ýylgyryşy göz öňünde tutýaryn.

Nýu-Ýorkuň uly uniwersal magazininiň işe kabul edýän bölüminiň müdiriniň aýtmagyna görä, ol satyjylyk kärine, ýüzünden gar ýagyp duran doktor filosofy işe alandan, entek başlangyç klasy hem gutarmadyk, ýüzi gülüp duran ýaşajyk gyzy işe alanyň gowy diýýär.

Birleşen Ştatlaryň iň iri kauçuk kompaniýalarynyň direktorlar sowetiniň başlygy işgärlere syn edip şeýle netijä gelipdir: haýsy kär bolsa bolsun, eger adam öz işleýän hünärini söýmese, ol oňa şatlyk getirmese, ol adam işde üstünlik gazanyp bilmeýär diýip, maňa gürrüň berdi. Bu görnükli senagatçy «Biziň isleglerimizi amala aşyryp biljek jadygöý açar — tutanýerli zähmetdir» diýen gadymy nakyla gaty bir ynanyp baranok. «Öz işlerini uly höwes bilen edip, üstünlik gazanan adamlary tanaýaryn,— diýip, ol gürrüňini dowam edýär. — Soňra men edil şol adamlaryň hakyna tutma işe geçenlerini gördüm. Iş olar üçin ýürege düşgünç bir zada öwrülýär. Olarda işe bolan höwes gaçýar we tiz şowsuzlyga uçraýarlar».

Eger siz bilen aragatnaşyk edende, adamlaryň şatlanmagyny isleýän bolsaňyz, olar bilen aragatnaşyk edeniňizde öňürti şatlygy özüňizde duýmalysyňyz.

Bütin hepdäniň dowamynda kime-de bolsa birine ýylgyryp bakmaklygy, soňra bolsa tejribäniň netijesini sapakda gürrüň bermekligi, men münlerçe işewür adamdan haýyş etdim. Bu näme netije bererkä? Görüberýäs... Ine, Nýu-Ýorkuň resmi däl birja fondunyň çleni Uilýam B. Şteýnhardyň haty. Beýle waka ýeke-täk däldir. Bu ýene-de ýüzlerçe adama mahsus bolan ýagdaýdyr.

«Meniň öýlenelime on sekiz ýyl bolupdyr, — diýip,

Şteýnhard ýazýar, — emma şonça wagtyň içinde aýalymyň ýüzüne gülüp bakan gezegim gaty seýrekdi, kämahallar bolsa düşegimden turup, tä işe gidýänçäm, onuň bilen gürleşemok diýsemem boljak. Garaz, meniň ýaly erbet iňräni Brodweý öňde-soňda gören däldir.

Siz ýylgyrmak arkaly geçiren tejräbäm hakynda sapakda gürrüň geçirmegi haýyş edeniňiz üçin,bütin hepdäni şoňa bagyşlamagy öz ýanymdan karar etdim. Şunlukda, şol günüň ertesi aýnanyň öňünde saçymy darap durkam, tutuk ýüzüme seretdim-de: «Bill, sen şu, gün öz tutuk keşbiňden halas bolarsyň. Sen ýylgyryp ugrarsyň. Bu işe tizden-tiz başla diýdim. Soňra ertirlik edinmek üçin stoluň başyna geçemde, «Ertiriň haýyrly bolsun, gadyrdanym!» diýip, aýalyma ýüzlendim.

Siz maňa onuň geň galmagynyň mümkindigini aýdypdyňyz. Ýöne sizem bärden gaýdan ekeniňiz. Ol pahyr aljyrady. Goýanyny-göterenini bilmän tolgundy. Men oňa indiden beýläk şu ýadaýyň adata öwrüljekdigini aýtdym. Ine, indi iki aýdan bäri, her gün ertir şu kada dowam edýär.

Özümi alyp barşymdaky şeýle üýtgeşiklik, iki aýyň dowamynda biziň öýmüze tutuş geçen ýyldakydanam köp bagt getirdi.

Indi işe gidemde, biziň köp kwartiraly jaýymyzyň liftçi oglanjygyna gülüp bakýaryn we: «Ertiriň haýyrly bolsun!» diýip lak atýaryn. Şweýsara ýylgyryp salam berýärin. Metrodaky pul bölýän kassire pul böldüremde ýüzümden nur dökülýär. Birja zalyna baramda-da ozal hiç haçan meniň ýylgyranymy görmedik adamlara-da ýylgyryp bakýaryn.

Basym adamlaryň maňa-da ýylgyryp bakýandyklaryny aňladym. Arza, ýa-da öýke-kine bilen ýanyma gelýän adamlary

hem hoşniýetlilik bilen garşylaýaryn,olary güler ýüz bilen diňleýärin. Ähli düşünişmezlikleri ýeňillik bilen çözmek, indi maňa başardýar.

Ýylgyryp başlalym bäri, girdejimiň, döwletimiň artyp başlandygyny kemsiz duýýaryn we munuň tötänlik däldigine ynanýaryn.

Meniň kontoram başga bir dellalyňky bilen bile. Onuň gullukçylarynyň arasynda bir mylakatly ýaş ýigit bar. Özümi alyp barşymdaky gazanan üstünliklerime keýpim göterilip, saklanyp bilmän, adam aragatnaşyklaryna bolan täzeçe garaýyşymy, oňa gürrüň berdim. Şonda ol meni ilkinji gezek, ýagny olaryň firmasy bilen kontorany bile ulanmak barada gepleşmäge gelende görende, meni biçak iňre adam hasaplandygyny, diňe ýaňy-ýakyňda şol pikirini üýtgedendigini boýun aldy. Onuň aýtmagyna görä, ýylgyran mahalym menem mylakatly adama meňzeýän bolara çemelim.

Onsoňam gören zadymy, öňýeten adamy tankytlamamy goýdum. Indi ýazgaryşa derek, öwgüli we makullaýjy sözleri aýdýaryn. Öz isleglerim hakynda gürrüň etmämi goýdum. Indi gürrüňdeşimiň nukdaý nazaryna düşünmek üçin çalyşýaryn. Şu aýdan zatlarym meniň durmuşymda uly öwrülşik etdi. Häzir men düýbünden başga adam, öňkä garanyňda, has bagtly, has baý — dostlara, bagta baý adam. Jemläp aýtsam, bu bagtly zatlar bahasyna ýetip bolmaýan gymmatlyklardyr».

Şu haty ýazan adamyň durmuşyň ajysyny-süýjüsini gören adamdygyny unutmaň. Ol Nýu-Ýorkuň resmi däl birja fondunda gymmat baha aksiýalary alyp-satmak arkaly çörek gazanýar. Bu töwekgeliň işi. Onuň dellallyk käriniň näderejede töwekgel işdigini göz öňüne getirmek üçin birje zat aýtmak ýeterlik. Şeýle

iş bilen meşgul boljak bolýanlaryň ýüzden togsan dokuzysy şowsuzlyga uçraýar.

Näme, ýylgyrmaga höwesiňiz ýokmy? Şeýle ýagdaýdada diňe iki çykalga bar. Ilkinji nobatda özüňizi ýylgyrmaga mejbur ediň. Eger golaý-goltumyňyzda adam-gara ýok bolsa, juda bolmanda sygyrjak bolup görüň, burnuňyza salyp haýsydyr bir heňe hiňlenmäge çalyşyň. Özüňizi bagtly hasap ediň, bu bolsa siziň keýpiňizi götermäge kömek eder. Şu hakda Garzard uniwersitetiniň professory Uilýam Jeýms şeýle diýipdir.

***«Hereket keýpiň netijesi hasap edilýär, hakykatda bolsa, olar bari-birinden aýrylmazdyr***. Erk arkaly gös-geni kontrollyk edilýän hereketlerimizi islegimize görä tertibe salmagyň üsti bilen, şol kontrola bagly bolmadyk keýpimizi sazlamaga biziň mümkinçiligimiz bardyr.

Şunlukda, eger siziň keýpiňiz gaçan bolsa, ony öz erkiň bilen galdyrmagyň iň netijeli ýoly — hiç zat bolmadyk ýaly, göwnüňi hoş, göwrümiňi giň saklamakdadyr...»

Bu dünýäde hemme kişi bagt gözleýär. Ony tapmagyň ýeke-täk ýoly bardyr Şonuň üçin pikirleriňize erk etmegi öwrenmelisiňiz. *Bagt daşky şertlere bagly däldir. Ol içki tertibe baglydyr.*

Siziň bagtlylygyňyz, ýa-da betbagtlygyňyz baýlygyňyza, aragatnaşyk edýän adamlaryňyza, kimligiňize, niredeligiňize, näme işleýänligiňize bagly däldir: siziň ýagdaýyňyzy kesgitleýän zat, şol zatlar hakynda edýän pikiriňizdir. Mysal üçin, iki sany adam bir ýerde, bir kärde, birmeňzeş mukdardarak pully, deňeçer abraýly bolsalaram, olaryň biri-hä bagtly, beýlekisem bagtsyz bolup biler. Näme üçin? Sebäbi olaryň şol bir zada garaýyşlary, pikir edişleri üýtgeşik. Hytaýda,

ýakyp-ýandyryp barýan yssynyň içinde der saçyp işläp, gününe bary-ýogy ýedi sent alýan gara işçileriň arsynda-da bagtly adamlar Nýu-ýorkuň Park-awenindäkinden az däldi.

Şekspiriň aýdyşy ýaly, hiç zat gowy, ýa-da erbet däldir, ol biziň olara garaýyşymyza baglydyr.

«Näçeräk, nähiliräk bagtly bolmak islän bolsa, adamlaryň köp bölegi şonçarak bagtly bolandyr» diýip, bir gezek Eýb Linkoln aýdypdyr. Ol hak aýdýar. Ýaňy-ýakynda şu sözleriň adalatlydygynyň aýdyň mysalyny gördüm.! Nýu-Ýork metrosynyň «Long-Aýlend» duralgasynyň basgançaklary bilen ýokaryk çykyp barýardym. Otuz-kyrk sany maýyp oglanjyk pişekdir hasalaryna söýenip, edil meniň öňýanymdan zordan basgançaklara galyp barýardylar. Bir oglanjygy bolsa, nosilkada göterip barýan ekenler. Olaryň şadyýanlygy, gülüp-oýnap barşy meni geň galdyrdy. Bu pikirimi olary alyp barýan adama aýdamda, ol: «Hawa, haçanda çaga bütin ömrüni maýyp geçirjegini aňanda, gaty erbet howsala düşýär, onsoň wagtyň geçmegi bilen onuň ýüregi düşüşip, ykbalyna kaýyl bolandan soň,ol özüni sagdyn çagadanam bagtly duýýar» diýip, jogap berdi.

Ol çagalaryň öňünde şlýapamy çykarasym, olara baş egesim geldi.Ýaňkylaryň maňa beren sapaklaryny, hiç ýatdan çykararyn öýdemok.

«Sent-Luis kardinals» beýsbol kamandasynyň ozalky oýunçysy, häzir Amerikada iň meşhur strahowaniýe agentleriniň biri Franklin Betjer: ***«Ýüzleri gülüp duran adamyny mydama şatlykly garşy alýandyklaryna, men mundan bir näçe ýyl öň düşündim»*** diýip, maňa gürrüň berdi. Şonuň üçin ol kimiňdir biriniň kabinetine girmekçi bolanda, az-

kem saklanyp, özüniň ykbalyna minnetdar bolmaly pursatlar barada pikir edýärmiş. Şonda ýüzünde ýasama bolmadyk mylaýym ýylgyryş peýda bolýar eken. Haçanda kabinete girende-de onuň ýüzünde mylaýymlyk, ýaňky ýylgyryşyň alamatlary galýan eken.

Onuň pikiri boýunça, şujagaz ýönekeýje usul hem, strahowaniýede gazanýan örän uly üstünliklerinde az rol oýnamandyr.

Men häzir Elbert Habbardyň berýän akylly maslahatlaryny getirmekçi. Ony üns berip okaň. Ýöne ony durmuşda ulanmasaň, peýdasynyň ýokdugyny ýadyňyzdan çykarmaň.

«Her gün öýden çykanyňyzda, başyňyzy belent tutuň, öýkeniňizi arassa howadan dolduryň, gün şöhlesiniň göwräňize siňýändigine, siziňem ony teşnelik bilen kabul edýändigiňize guwanyň, dostlaryňyza ýylgyryp salam beriň we her gezek el gysyşanyňyzda, bütiň mähriňizi şoňa siňdiriň. Size nädogry düşünerler öýdüp çekinmäň, duşmanlaryňyz hakynda pikir edip birje minudyňyzy hem ýitirmäň. Öz etjek işiňiziň nämedigini ilki aňyňyzda çözüp, şony amala aşyrmak barada berk karara geliň, soňra bolsa maksada tarap gyşarnyksyz hem okgunly hereket ediň.

Amala aşyrjak uly we ajaýyp işleriňiz barada pikir ediň, onsoň siz edil merjen polipleriniň deňiz daşgynynda özüne gerek elementleri alşy ýaly, öz islegleriňizi ýerine ýetirmek üçin mümkin zatlara ygtyýarsyz el uranyňyzy duýman galarsyňyz. Talantly, salyhatly, işleri şowly adamyň — özüňiziň şonuň deý bolasyňyz gelýän adamynyň şekilini aňyňyzda çekiň, onsoň siziň pikiriňiz sizi sagatma-sagat şol adama öwürer. Pikir — beýik güýçdür. Ruhy ýagdaýyňyzy bir tapda — şähdiaçyk

saklajak boluň, merdana, akgöwünli bolmaga çalyşyň. ***Dogry pikir etmek, döretmek diýmekdir.*** Hemme zatlar islegiň esasynda amala aşýandyr we her bir çyn ýürekden edilen haýyş bitirilýändir. Biz ýüreklerimiziň ymtylýan zadyna meňzeýäris. Başyňyzy belent tutuň. Biziň her haýsymyzyň hudaý bolmaga mümkinçiligimiz bardyr.

Gadymy hytaýlylar durmuş tejribesinden pähim alan adamlar bolupdyrlar. Olaryň bir nakyly bolupdyr, ana, şony senem, menem telpegimiziň içiýüzüne ýelmesek gowy bojak Ine, ol şeýle: «Ýüzünde ýylgyryş alamaty ýok adam dükany açmaly däldir.»

Dükanlar hakda söz açanymyz üçin, gepiň gerdişi gelende, meniňem bir zat barada aýdyp geçesim gelýär; «Oppengeým, Kollinz end kompani» firmasynyň reklama bildirişderiniň birinde sungatlaşmadyk durmuşy filosofiýaňyň şeýleräk nusgasy bar eken. Muny şu firma üçin freik Irwing Fletçer taýýarlan eken.

## ROJDESTWODA ÝYLGYRYŞYŇ BAHASY

Ol mugt, ýöne köp zat berýär.

Ol bagyşlany garyp goýman, bagyşlanany baýlaşdyrýar.

Ol sähelçe dowam edýär, ýöne kämahal ömürlik ýatda galýar.

Hiç kim onsuz oňar ýaly baý däldir, emma ondan baýlaşmadyk garyp hem ýokdur.

Ol öýde bagt döredýär, iş aragatnaşygynda hoşniýetlilik emele getirýär we dostlaryň üçin belgi bolup hyzmat edýär.

Ol — Argynlara dynçdyr, ruhdan düşenlere ynam nurudyr,

gamlananlara umyt yşgalaňydyr, şeýle hem erbetlige garşy tebigat tarapyndan döredilen dermandyr.

Şeýle hem bolsa ony satyn alyp, diläp alyp,ogurlap alyp bolmaýar sebäbi ony bagyşlamasalar, başga hili ýagdaýda ol hiç zada ýaramaýar.

Rojdestwo baýramyna sowgat almak üçin gelen alyjylaryň şeýle köplüginde, birdenkä biziň satyjylarymyzyň biri gaty ýadawlykdan siziň ýüzüňize ýylgyryp bakmagy ýatdan çykaraýsa, sizden öz ýylgyryşyňyzyň birini goýmagyňyzy haýyş etmek mümkinmi?

Eýýäm başga berere zady galmadyklaryň ýylgyryşa mätäç bolşy ýaly, başga hiç kim oňa şeýle mätäç däl ahyryn.

Şunlukda, eger siz adamlara gowy görünmek isleseňiz, onda ikinji düzgüni hem barjaý ediň!

**Ý y l g y r y ň !**

*Ü ç i n j i   b a p*

## EGER SIZ ŞU MASLAHATA EÝERMESEŇIZ, ONDA SIZE ŞOWSUZLYK GARAŞÝAR!

1878-nji ýylda Nýu-ýork ştatynyň Roklend graflygynda bir gamgyn ýagdaý bolup geçdi. Bir maşgalanyň bir çagajygy ýogaldy. Şol gün ony jaýlamak üçin hemme goňşular ýygnandylar. Jim Farli ýabyny araba goşmak üçin athana geldi Ýer gar bilen örtülgidi, sowuk içiňden geçip barýardy. Sowuk

bolansoň ýabyny birnäçe günläp athanadan çykarman ekenler. Ýabyny çykaryp, suw görkezmek üçin nowa tarap iýdip barýarka, ýaby şadyýan bökjekläpdir, şol barmana-da Jim Farlini depip öldüripdir. Şeýlelikde, şol hepdede Stoni-Poýnt obajygynda bir adama derek, iki adamy jaýladylar. Jim Farliniň yzynda dul aýaly, üç sany ogly hemem birnäçe ýüz dollardan ybarat strahowaniýe puly galýar.Onuň uly ogly Jim on ýaşyndaka kerpiç zawodyna işe girdi. Jim çäge getirip galyba sepýärdi, kerpiçleriň günüň aşagynda gowy hem tiz guramagy üçin olary agdarýardy. Şunlukda, Jimiň çynlakaý bilim almaga mümkinçiligi bolmady. Her hal onda irland hoşgylawlygy bilen adamlary özüne çekmek ukyby bardy, şonuň üçinem ol syýasat bilen meşgul bolup ugrady we wagtyň geçmegi bilen, duşuşan adamlarynyň atlaryny ýatda saklamak ukybyny biçak ösdürdi. Jim hatda orta mekdepde-de okap görmändi. Şuňa garamazdan, kyrk alty ýaşy hem dolmanka, dört sany kollejiň alymlyk derejesine mynasyp boldy, demokratik partiýanyň Milli kommitetiniň başlyklygyna Saýlandy we Birleşen Ştatlaryň poçta ministriniň kürsüsini eýeledi. Bir gezek men Jim Farliden interwýu aldym we onuň üstünliginiň syryny soradym. Ol:«Dartgynly işlemekde» diýdi. Menem oňa «Oýun edýäňiz öýdýän!» diýdim onda ol: «Meniň üstünliklerim nämededir öýdýärsiňiz?» diýip, özüme sowal berdi. «Maňa mälim bolşuna görä, siz on müň adamyň adyny bilýärsiňiz.» «Siz ýalňyşýarsyňyz, — ol garşy çykdy. — Men elli- müň adamyň adyny aýdyp biljek». Geň görmäň: Franklin D. Ruzwelti ak tama eltmäge kömek edenem Farliniň şu ukyby boldy Jim Farli pips öndürýän konserniň gezme söwda agenti bolup aýlanyp ýören ýyllary we Stoni-Poýnt munisipalitetinde sekretar bolup işlän

döwürleri, özi üçin adam atlaryny ýatda saklamagyň ýörite usulyny döretdi.Ilkibaşda onuň usuly gaty ýönekeýjedi. Ol her gezek täze tanşan adamyndan onuň doly adyny, maşgala we iş ýagdaýyny, syýasatda syny oturýan zatlaryny soraşdyrypdyr. Farli şu maglumatlary umumy keşbiň bir bölegi hökmünde berk ýadynda saklapdyr we indiki gezek şol adam bilen duşuşanda, hatda bir ýyl geçenem bolsa, ol onuň egnine kakyp, aýalynyň we çagajyklarynyň halyny soramagy, bagynyň içindäki üýtgeşik gülleriniň ösüşi bilen gyzyklanmagy başarypdyr. Ony sylaýanlaryň juda köplügi geň däldir! Ruzweltiň prezidentlik kompaniýasynyň öňisyrasyndaky birnäçe aýyň içinde Jim Farli günbatar we demirgazyk-günbatar ştatlaryň ýaşaýjylaryna her günde ýüzlerçe hat ýazypdyr. Onsoň ol kä ýerde arabaly, kä ýerde otluly, kä ýerde maşynly, kä ýerde bolsa gaýykly on iki müň mil geçip, on dokuz günüň içinde, ýigrimi ştata aýlanyp çykypdyr. Ol haýsam bolsa bir şähere baryp, gerekli adamlar bilen ertirlik naharyň, ýa-da çaýyň başynda duşuşyp, olar bilen «ýürekden» söhbetdeş bolup, ýene-de ýoluny dowam etdiripdir. Ol Gündogara dolanyp gelen badyna, bolup gaýdan şäherleriniň hemmesine hat ýazypdyr we gürrüňdeş bolan adamlarynyň spisogyny ugratmagy ýaşaýjylaryň birinden haýyş edipdir. Ahyrky spisokda müňlerçe we müňlerçe adamyň ady ýygnanypdyr, emma şuňa seretmezden, olaryň hemmesi Jim Farliden hat alypdyrlar. Elbetde, şol dostlukly hatlary alanlaryň hemmesiniň begenjegi görnüp duran zat dälmi?! Sebäbi hatlaryň hemmesi «Gadyrly Bill», ýa-da «Gadyrly J.o» diýen ýüzlenme bilen başlanyp, “Jim” diýip çekilen gol bilenem tamamlanypdyr. Orta gürpdäki adamlaryň öz ady bilen dünýädäki başga atlaryň

hemmesinden beter gyzyklanýandygyny, Jim Farly durmuş ýolunyň başynda düşünipdir. Ol ady ýatda saklap, erkin ulanmany başarsaňyz, siziň şol adama inçelik bilen örän netijeli hoşamaýlyk etdigiňiz bolýar. Bardy-geldi siz şol ady ýadyňyzdan çykaraýsaňyz, ýa bolmasa, nädogry ýazaýsaňyz, özüňizi örän gelşiksiz ýagdaýda goýarsyňyz. Mysal üçin, men bir gezek oratorçylyk sungaty boýunça Parijde kurs açdym-da, şol ýerde ýaşaýan amerikalylara hat köpeldijide köpeldilen hat ýolladym. Haty almaly adamlaryň familiýalaryny iňlis dilini gowşak bilýän fransuz maşinistkalary ýazypdylar, şonuň üçinem olar eslije ýalňyş goýberipdirler. Şu sebäpli, Parijdäki amerikan bankynyň iş dolandyryjysy öz adynyň ýalňyş ýazylandygyna gahar edip, maňa gödek hat ýazypdy. Endrýu Karnegiň üstünliginiň syry nämededir öýdýärsiňiz? Ony«polat patyşasy» diýip, atlandyrypdylar. Emma onuň polat önümçiliginden onçakly başy çykanokdy. Endrýu Karnegiň elinde polat önumçiligini onuň özünden biçak gowy bilýän ýüzlerçe adam işleýärdi, Ýöne bir artykmaç tarapy bardy, olam adamlar bilen işlemegiň ugruny bilýänligidi. Ine, şuda ony baýlaşdyrdy. Ol guramaçylyk ukybyny we ýolbaşçylyk talantyny örän ir görkezdi. On ýaşyndaka adamlaryň öz atlaryna juda köp ähmiýet berýändikleriniň üstüni açdy we şu açyşyny adamlary özüne çekmek üçin ulandy. Ine, bir mysal, Endrýu Karnegi oglanjykka, Şotlandiýada ýaşaýarka bir ene towşan edindi. Az wagtdan onuň towşanlary köpeldi, indi bulara iým tapmak görgi boldy. Şonda onuň kellesine ajaýyp bir pikir geldi. Kimde-kim towşanlara berer ýaly ýorunja we başga otlar getirse, onun adyny täze dogjak towşanlara dakjakdygyny, goňşy oglanjyklara aýtdy. Şondan soň oglanjyklar edil

jadylanan ýaly Benjamin Oltmeniň we J. P. Morganyň atlaryny ebedileşdirendir. Tas her ybadathananyň nagyşly aýnalarynyň ýüzüni sadaka beren adamlaryň atlarynyň ýazgysy bezeýändir.Atlary hemişelik ýadynda saklamak üçin ünsüni jemläp, güýjüni, wagtyny ýitirmek islemeýändikleri sebäpli, diňe şu ýönekeý sebäbe görä, adamlaryň köpüsi duşuşan adamlarynyň atlaryny ýadyndan çykarýarlar, Olar özleriniň juda işlidiklerini bahana edinýärler. Her hal olaryň Fraiklin D. Ruzwelt- den işli däldikleri-hä belli. Ol wagt tapypdyr, hatda bir ýola gabat gelen mehanigiň hem adyny ýatda saklap, gerek mahaly ýatlamagy başarypdyr. Ine, bir mysal. «Krensler» firmasy Ruzwelt üçin ýörite awtomaşyny ýasapdyr. Ony U. Çemberlen bilen firmanyň mehanikleriniň biri ak tama getiripdir, Ol duşuşykdan galan täsir barada Çemberleniň ýazan haty meniň öňümde ýatyr. «Men prezident Ruzwelte her hili üýtgeşik gurallar bilen abzallaşdyrylan awtomaşyny sürmegi öwretdim, ol bolsa maňa adamlar bilen iş salyşmagyň inçe syrlaryny öwretdi. Ak tama gelemde — diýip, Çemberlen ýazgysyny dowam edýär, — prezident meni gaty mylaýym hem ak göwün bilen garşylady. Onuň adymy tutup habar gatmagy, görkezen hem aýdan zatlarym bilen çyndan gyzyklanmagy, mende aýratynam uly täsir galdyrdy. Biziň getiren awtomobilimizi diňe el bilen hem sürüp bolýardy. Maşyny görmek üçin biziň töweregimize bir topar adam üýşdi, prezident bolsa awtomobili taryplaýardy: «Meniň pikirimçe-hä bu örän gowy maşyn, bar etmeli işimiz, diňe şujagaz düwmejige basaýmaly, onsoň maşyn herekete gelýär. Ony sürmek üçinem hiç hili güýç gerek däl. Meniň-ä şuňa aklym haýran— maşyny hereketlenmäge mejbur edýän zadyň nämedigine-de düşünip

bilmedim. Eger wagtym bolsa, muny söküşdirip görüp, nähili işleýändigini bilerin.» Haçanda Ruzeltiň dostlary hem ýakyn adamlary awtomaşyna göwünleri ýetip, ol barada taryply sözler aýdanlarynda, prezident edil olaryň ýanynda maňa; «Jenap Çemberlen, bu maşynyň konstruksiýasyny işläp düzmek üçin ýitiren wagtyňyza, eden tagallaňyza men örän minnetdardyryn. Maşyn, diýseň ajaýyp!» diýdi. Ol radiatory, yza seredilýän ýörite aýnany, sagady, üýtgeşik çyralary, kabinanyň içine tutulan ýüzlügi, sürüji üçin niýetlenen oturgyjyň, goýulyşyny, ýük goýulýan ýerindäki iki çemodanyň nagyş bilen ýazylan belliklerini öwdi. Başga sözler bilen aýtsam, ol meniň yhlas bilen oýlap tapan zatlarymyň her birini bildigiçe gözden salmajak bolup jan etdi. Prezident şu zatlara Ruzwelt hanymyň, Pirkins hanymyň, zähmet ministriniň, öz sekretarynyň aýratyn ünsüni çekdi. «Jorj, sen çemodanlar barada aladalanmaly bolarsyň» diýip, ol hatda şweýsar negri hem gürrüňe goşdy.

Maşyn sürmekligi öwretmek sapagy gutaran badyna, prezident maňa tarap öwrülip: «Hawa, Çemberlen, men Federal rezerw uprawleniesini ýarym sagat garaşmaga mejbur etdim. Indi maňa işe barmaga wagt boldy» diýdi. Öz ýanym bilen ak tama mehanigi hem alyp barypdym. Ony Ruzwelt bilen tanyşdyrypdylar. Ol prezident bilen gürleşmandi, Ruzwel tem onuň adyny ýekeje gezek eşidipdi. Mehanik utanjaň ýigit bolansoň gyrak-bujagrakda durýardy. Gitjek bolanda Ruzwelt ony hem gözleri bilen gözläp tapdy-da, ýanyna baryp, adyny tutup, elleşip hoşlaşdy, oňa Waşingtona geleni üçin minnetdarlyk bildirdi. Ol muny göz üçin etmedi. Ol göwnündäkini aýtdy. Men muny duýdum. Nýu-ýorkdan

gelenimden birnäçe gün geçenden soň, Ruzweltiň awtografly suratyny we eden kömegim üçin minnetdarlyk bildirip ýazan hatyny aldym. Munuň üçin nähili wagt tapanlygy, meniň üçin-ä tapmaça. Franklin D. Ruzwelt töweregindäkilere özüni aldyrmagyň iň ýönekeý, düşnükli we degerli usulyny bilýärdi. Onuň bu usuly adamlaryň atlaryny ýatda saklamakdan hem her bir adamyň şahsy ähmiýetlidigini duýdurmagy başarmakdan ybaratdy. Bu zatlar biziň köpümiziň unudýan zatlarymyz dälmi? Bizi natanyş adamlar bilen tanyşdyranlarynda, olar bilen boş on minut ýaňraşyp hoşlaşjak bolanymyzda, ýüz halatyň ellisinde olaryň atlaryny hem ýadymyzdan çykarýarys. Döwlet işgäriniň bilmeli iň birinji sapaklarynyň biri şundan ybaratdyr: «Saýlawçylaryň atlaryny ýatlamak — bu döwlet hem danalykdyr. Olary ýatdan çykarmak, özüňi unutdyrmakdyr». Atlary ýatda saklamagyň ähmiýeti, işjeň we jemgyetçilik aragatnaşyklarynda-da edil syýasatdaky ýalydyr. Fransiýanyň imperatory, beýik Napoleon III öz beýik borçlaryna garamazdan, duşuşan adamlarynyň atlaryny ýatda saklap bilenligine buýsanypdyr. Ol muny nähili başarypdyr? Örän ýönekeýje. Biriniň adyny aýdyň eşitmese, ol: «Bagyşlaň, men aňşyrmadym, siziň adyňyz näme?» diýip, sorar eken. Eger onuň ady üýtgeşigräk bolaýsa, onda: «Ol nähili ýazylýar?» diýip, takyklapdyr. Gürrüň mahalynda gürrüňdeşiniň adyny ol bilgeşleýin birnaçe gezek tutýar eken, onuň adyny ýüz keşbi we daş görnüşi bilen baglanyşdyrjak bolup synanyşypdyr. Eger onuň garşysyndaky ulurak bir şahs bolsa-ha Napoleon diňe onuň bilenem kanagatlanmandyr. Imperator alyhezretleri ýeke galan badyna, täze tanşynyň adyny kagyza ýazyp, oňa üns bilen seredýär eken. Şeýlelik bilen, şol adyň diňe ýadynda däl-de, göz

önünde-de surat bolup galmagyny başarypdyr. Dogry, bu zatlaryň hemmesi wagt talap edýär. Bu şeýle-de bolmaly. Sebäbi Emerson: «Gowy häsiýetler kiçijik pidalardan düzülýär» diýipdir ahyryn.

Şunlukda, eger siz adamlara ýagşy görünmek isleseňiz, onda üçünji düzgüni berjaý ediň:

**Her kimiň öz adynyň özi üçin iň ýakymly we iň möhüm sesdigini ýadyňyzdan çykarmaň. Bu meselede milletiň, şol adyň haýsy dilde tutulýanynyň parhy ýokdur.**

*D ö r d ü n j i   b a p*

## GOWY GÜRRÜŇDEŞ BOLMAGYŇ ÝEŇIL USULY

Ýaňy-ýakynda meni brij oýnamaga çagyrdylar. Dogrusy, men bu oýnuň düzgüni bilenem tanyş däl. Çagyrylanlaryň arasynda başga-da meniň ýaly bar eken. Ol sary saçly aýaldy. Radio işe geçmänkä, Louell Tomasyň menejeri bolup işlänimi, onuň diapozitiwleri görkezip, gapdaly bilen okaýan leksiýalaryny taýýarlaşmaga kömekleşip, Ýewropanyň köp ýerlerine syýahat edendigimi eşidip, ýaňky aýal gözügidijilik bilen maňa lak atdy: «Jenap Karnegi, ajaýyp ýerlere syýahat eden döwrüňizde gören-eşiden zatlaryňyz barada gurrüň berseňizläň, gaty diňläsim gelýär» diýdi.

Diwanda jaýlaşan badymyza, ol aýal täzelikde äri bilen afrika syýahat edip gelenini habar berdi «afrikamy?!—diýip men geňirgendim. — Baý, hezildir-ow! Meniň mydama afrikany göresim gelýärdi. Eger Aljirde bolan bir gije-gündizimi hasap etmesek, men afrikany görmedim diýseňem boljak.

Aýtsaňyzlaň , siz uly haýwanlaryň bolýan ülkesine-de baryp gördüňizmi? Şeýlemi? Siziň bagtyňyz getiripdir! Size gözüm gidýär! Maňa afrika hakynda gürrüň berseňizläň».

Ol hekaýat kyrk bäş minuda dagy çekdi. Ýaňky aýal soň meniň nirede bolanymy, näme görenimi soramadam. Onuň indi meniň syýahatlarym hakyndaky gürrüňlerimi diňläsem gelenokdy. Ol aýala bar gerek zat — onuň özi hakda, gören-eşiden zatlary hakda gürrüňini diňleýän höwesli diňleýjidi.

Size beýle adamlar setanda-seýranda duşýandyr öýtmän. Ýok, Beýle adamlar köpdür. Mysal üçin, Nyu-ýorkly kitap neşir ediji J.U. Grinbergiň çakylygynda, men tanymal botanikaçy bilen tanyşdym. Maňa ozal botanikaçylar bilen gürrüňdeş bolmak miýesser etmändi . Gürrüňdeşim meni haýran galdyrdy. Men onuň, otagyň içinde ösýän güller, Lýuter Berbank hakyndaky gürrüňlerini ýerimden bytnaman diňledim. Ol biziň gözümiz öwrenişen kartoşkamyz barada hem gaty täsin zatlar gürrüň berdi. Otagymda kiçijik güljagazymyň bardygyny aýdanymda bolsa, ýaňky ýaltanman, oňa nähili seretmelidigini düşündirdi.

Meniň ozal aýdyşym ýaly, biz biriniň çakylygynda otyrdyk. Ol ýerde bizden başgada on-on iki töweregi myhman bardy, emma men edep-ekramy unudyp, özge myhmanlara üns bermän, botanikaçy bilen birnäçe sagatlap gürleşdim.

Gije ýaryma golaýlapdy. Men myhmanlara gijeleriniň rahat bolmagyny diläp, turmak bilen boldum. Şonda botanikaçy öý eýesine ýüzlenip, meniň adresime birnäçe öwgüli sözler aýtdy. Onuň aýtmagyna görä, men «gürrüňdeşlige höwes döredýän» borlym. Garaz, men eýlemişim, beýlemişim, «iň gyzykly gürrüňdeşmişim». Iň gyzykly gürrüňdeş! Menmi? Men dilimi

ýarman oturdym diýen ýaly ahyryn. Eger gürrüňe goşulmak islän bolanlygymda-da meniň botanikadan düşünjäm pingiwinleriň anatomiýasy baradaky düşünjämden artyk däldi. Meniň bar eden zadym: ony üns berip diňledim. Men ony hakykatdanam gyzyklanyp diňledim. Olam muny duýdy. Elbetde, bu oňa ýakymlydy. Kime-de bolsa birine şeýle üns bermek, oňa aýdyp biljek iň hoşamaý sözleri aýdanyň bilen deňdir. «Şatlyk bilen çynlakaý üns bermekligiň gizlin ýaranjaňlygynyň öňünde, diňe sanlyja adamlar durup bilýärler» diýip, Jek Widford «Söýginiň öwrenjeleri» diýen eserinde ýazypdyr. Emma men botanikaçyny diňe üns berip diňlemek bilenem çäklenmedim. Men «ak göwün bilen baha berdim we öwgä sahy boldum»

Eden gürrüňimiziň örän gyzykly we peýdaly bolandygyny men oňa aýtdym. Bu hakykatdanam şeýledi. Botanikany onuň ýaly oňat bilmeýänligime gynanýandygymy boýun aldym. Buda dogry. Onuň bilen otluk meýdanda gezim etmek meýlimiň bardygyny aýtdym. Dogrudanam, meniň şeýdesim geldi. Men oňa: «Biziň ýene hökmany duşuşmagymyz gerek diýdim. Bu sözlerem ak göwün bilen, şeýle duşuşygy küýsäp aýdylypdy. Ine, şu zatlaryň üsti bilen ony: men hakda gowy gürrüňdeş eder öýdüp pikir etmäge mejbur etdim. Aslynde bolsa, men gowy diňleýji bolupdym we onuň gürrüň bermegine tekge berip, gürrüňdeşimde höwes döredipdim,

Üstünlikli geçýän işjeň gepleşikleriň syry nämede? Uly alym Çarlz U, Eliotyň sözleri bilen aýtsak: «Üstünlikli geçýän işjeň gepleşikleriň hiç hili syry ýokdur... Siz bilen gürrüňleşip oturan adama aýratyn uly üns bermeklik örän möhümdir. Şondan beter hoş ýakjak zat ýokduram».

Örän düşnükli gerek? Şuny bilmek üçin Garwardda dört ýyllap okamak düýbünden gerek däl hasap edýärin. Şeýle-de bolsa, gymmat bahaly jaýlary kärendesine alyp, harytlary amatly satyn almak üçin jan çekip, reklama ýüzlerçe dollar harç edip ýören söwda işgärleriň, iň soňunda oňat diňleýji bolmagy başarmaýan, alyjylaryň kejine gaýdýan gullukçylary tutýandygyny menem bilýärin, sizem bilýänsiniz.

Ine, mysal üçin J. Wutton bilen bolan wakany alyp göreliň. Meniň sapaklarymyň birinde, ol şeýle bir wakany aýdyp berdi. Ol Nýu-Jersi ştatynyň deňiz ýakasyndaky senagat şäherleriniň biri bolan Nýu-Ýorkyň uniwermagyndan kostýum alypdyr. Ýöne söwdasy oňmandyr . Penjegiň reňki köýnegiň ýakasyna ýokup hapalaýan eken. Wutton kostýumy satan satyjynyň ýanyna gelip, söwdasynyň oňmandygyny aýdypdyr. Men «aýdypdyr» diýäýdimmi? Bagyşlaň, bu ulaltmak bolýar. Ol aýtmaga synanyşypdyr. Emma başarmandyr, onuň sözüni kesipdirler.

«Biz şunuň ýaly kostýumlaryň müňlerçesini satdyk. Emma şeýle şikaýat bilen heniz bir adamam gelenok» diýip, satyjy ör-gökden gelipdir.!

Onuň sözleriniň manysy-ha şeýle eken, ýöne aýdylyş äheňi bolsa, ondanam beter bolupdyr. Satyjynyň äheňinden: «Ýalan sözleýäň. Gel-gel, senem indi bizi aldajak bolýarmyň?! Seniň etmeliň belli-le» diýen sözleriň ysy gelýärmiş.

Bu dawanyň gyzan mahaly, oňa ýene bir satyjy gelip goşulypdyr. «Ilki, täzekä gara kostýumlaryň köpüsiniň reňki ýokguç bolýar. Indi etjek alajyň ýok. Şu bahaly kostýumlaryň hemmesi şeýle, bu reňke bagly» diýip, ol satyjy hem öňkini goldapdyr.

«Men eýýäm hum ýaly çişipdim» diýip, Wutton bu wakanyň yzyny gürrüň bermäge başlady. «Birinji satyjy ha meniň dogruçyldygyma şübhelendi ikinjisi bolsa meniň ikinji sortly zat satyn alandygymy ýaňzytdy. Şunlukda gaharym kekirdegime geldi. Men olara: «Kostýumyňyzy yzyna alyňda ýeriň teýine gidiň!» diýip, gygyrmaga taýýar bolup durkam, magaziniň bölüm müdiri ýanymyza geläýdi. Ol işini bilýän eken, ýaňky meniň ýagdaýymy düýpgöter üýtgetdi. Müdir gahardan sandyrap duran adamyny, söwdasy oňan müşderä öwürmegi başardy. Ol nähili edip şeýtdi? Onuň bar edeni üç zat.

Birinjiden-ä, ol sesini çykarman meni diňledi.

Ikinjiden, men gepimi gutaramda, satyjylar ýenede dawa tutanlarynda ol meniň tarapymy çaldy. Müdir köýnegimiň ýakasyndaky tegmilleriň diňe kostýumdan ýokandygy barada, meniň aýdanlarym bilen razydygy bilenem çäklenmän, magazinlerinde müşderileri kanagatlandyrmaýan ýekeje zadyňam satylmaly däldigi hakda kesgin aýtdy.

Üçünjiden, ol şunuň ýaly ýagdaýda näme etmelidigini bilmeýändigini boýun aldy. Soňra-da menden: «Şu kostýumy men näme etmeli,aýt men siziň diýşiňiz ýaly edeýin diýip, maňa sowal berdi;

Men mundan birnäçe minut ozalam şol nälet siňen; kostýumy satyjylaryň öňüne oklap gitmäge taýyndym. Emma meni bölüm müdiriniň sözleri ýumşatdy. Onsoň men asudalyk bilen: Maňa siziň maslahatyňyz gerek. Bu wagtlaýynmy, munuň näme çäresi bar?» diýip, soradym.

Kostýumy ýene bir geýip görmegi, ol maňa maslahat berdi. Eger şonda-da ol sizi kanagatlandyrmasa, onda kostýumy yzyna getiräýiň. Biz ony siziň göwnüňize ýaran kostýum bilen

çalşyrarys. Biynjalyk edenim üçinem bagyşlaň» diýip, ol sözüni tamamlady.

Magazinden göwnüm hoş bolup çykdym. Hepdäniň ahyryna çenli, kostýumyňam reňkiniň ýokmasy galdy. Şeýlelik bilen uniwermag babatdaky meniň pikirim ýene öňki kaddyna ýetdi.

Şeýle administratoryň bölüm müdirligi geň däldir. Onuň işgärleri barada aýdanyňda bolsa,olar hemişe... tas hemişe satyjy bolup galarlar diýipdim. Belki-de olary gaplaýjylar bölümine geçirerler. Şeýtseler, olar hiç haçan alyjylar bilen iş salyşmazlar.

Baryp ýatan dawaçydyr barlyşyksyz tankytçy hem, kepjebaş ýaly ýygnanan awusyny günäkärdir öýdeniniň üstüne pürkýänçä rahatlanmaýan paş ediji hem sabyrly we duýgudaşlyk bildirýän diňleýjä duşanda köplenç ýumşaýandyr, ylalaşyga gelýändir. Ine, size bir mysal. Birnäçe ýyl mundan ozal «Nýu-Ýork telefon kompanisi» telefonistkalara agzyndan gelenini diýýän, gaharjaň müşderi bilen iş salyşmaly bolupdyr. Ol gaty erbet söger eken alajagözen ýaly ömür porsar durarmyş. Ýaňky telefony goparyp taşlajakdygyny aýdyp, öz ýanyndan ýalňyş hasap edýän sçýotlarynyň puluny tölemän, gazetlere tankydy zatlar ýazyp, Kommunal hyzmatlar komiosiýasyna şikaýatlar ýollap, telefon kompaniýasyny suda berip, olary halys ulukjyn açdyrypdyr. Ahyrsoňy kompaniýa iň tejribeli «ýaraşdyryjysyny» ýaňky «nadanyň» üstüne ýollapdyr. «Ýaraşdyryjy iňre garryny sabyrlylyk bilen diňläpdir, oňa sözlerinden lezzet alyp içini dökmäge mümkinçilik beripdir. Telefon kompaniýasynyň wekili ony çyny bilen diňläpdir, ugruna kowupdyr we aýdan zatlaryna duýgudaşlyk bildiripdir»

«Ol üç sagat çemesi möwç alyp gepledi. Men onuň

gürrüňiniň arasyny kesmän diňledim» diýip, «ýaraşdyryjy» şu kitabyň awtory kyn sapaklarynyň birinde gürrüň berdi — Onsoň men onuň ýanyna ýene-de birnäçe gezek baryp, ýaňkynyň gürruňini diňledim. Dördünji duşuşygymyň ahyrynda bolsa, onuň döretjek bolýan guramasynyň çlenleriniň biri boldum. Ol guramasyny «telefon abonentlerini goramak assosiasiýasy» diýip atlandyrdy. Men häzirem şol guramanyň çleni. Özem meniň bilşime görä, şol garryny hasap etmeseň, guramanyň ýeke-täk çleni.

Men ony üns berip diňledim we gürrüňimiziň dowamynda her bir gozgan meselesine duýgudaşlyk bildirdim. Telefon kompaniýasynyň ozalky wekilleriniň hiç biri onuň bilen şun ýaly ýürekden gürrüň etmändir. Soňabaka ol maňa dostlukly garap başlady. Oňuň ýanyna birinji gezek baramda iş hakynda bir agyz hem dil ýarmadym. Ikinji, üçünji gezekler hem şeýle boldy. Dördünji gezekde welin hemme meseleleri çözdüm, onuň hemme sçýotlara tölemegini, telefon kompaniýasynyň üstünden ýazan arza-şikaýatlaryny yzyna almagyny gazandym».

Elbetde, ol müşderi özüni hukugy ezilýän grajdan diýip hasap edýär. Hakykatda bolsa oňa şahsy ähmiýetlilik duýgusyny gazanmak gerekdi. Ol şony gazanaryn umydy bilen özüne gulak asylmagyny isläp, arza şikaýatlar ýazypdyr. Haçanda kompaniýanyň wekili onuň sarpasyny saklan mahaly, ýaňkynyň hyýalyndaky öýke-kineler duman ýaly dagapdyr

Köp ýyl mundan öň bir gün irden «Ditmer wulen kompani» (soňra tikin fabriklerini ýüň mata bilen üpjün eden uly firmalaryň biri) firmasyny esaslandyryjy Julian F. Detmeriň kabinetine gaty gahary gelen müşderileriň biri kürsäp urupdyr.

«Bu müşderiniň bize on bäş dollar bergisi bardy— diýip, maňa Degmer düşündirdi. — Ol muny inkär edýärdi, ýöne, biz onuň sözüniň dogry däldigini bilýärdik. Şonuň üçinem biziň kreditler bölümimiz onuň bergisini tölemegini talap edýärdi. Ol kreditler bölüminden birnäçe hat alandan soň, çemodanyna gerek-ýaragyny atyp, Çikago gaýdýarda, on bäş dollary tölemegä beýlede dursun, indi hiç haçan «Detmer wulen kompani» firmasyndan ýekeje dollarlyk hem haryt almajagyny aýtmak üçin meniň ýanyma alňasapdyr.

Men onuň hemme aýdanlaryny sabyrlylyk bilen diňledim. Mende onuň sözüniň arasyny kesmek meýli dörese-de şeýtsem nädogry boljakdygyny aňyp, ýaňky aýtjagyny aýdyp, içini sowadýança sesimi çykarmadym. Ol ahyrsoňy ýuwaşap, köňli rahatlanandan soň, men parahatlyk bilen şeýle diýdim: «Çikago gelip, maňa şu zatlary habar bereniňiz üçin, men size örän minnetdar. Siz maňa örän uly kömek etdiňiz, sebäbi kredit bölümimiz sizi bimaza eden, bolsa, olaryň ýene-de siziň ýaly gowy müşderilerimizi biynjalyk etmegi mümkin. Bu bolsa firmanyň abraýy üçin gowy däl. Ynanyň, maňa sizi diňlemek, siziň meniň şu edýän gürrüňlerimi diňläniňizden örän wajypdyr.»

Ol şunuň ýaly gürrüňe garaşmadyk bolarly. Bize birki sanjak teýeneli söz aýtmak üçin Çikago heläk bolup gelen bu adamyň bizden eden tamasy çykmady. Sebäbi men onuň bilen garpyşmaga derek, minnetdarlyk bildirip, onuň ähli planlaryny bozdum. Hasap kitabymyzdan şol on bäş dollary öçürjekdigimizi, gaýdybam ony hiç haçan ýatlamajakdygymyzy men oňa aýdyp berdim. Ony işine jür adam hasap edýändigimi ynandyrdym. Onsoňam onuň diňe bir sçýota gözegçilik etmeli

bolýandygyny, biziň gullukçylarymyzyň elinden müňlerçe sçýotlaryň geçýändigini tekrarlap, ýalňyşlyk bolsa bizde bolmalydygyny, şeýle ähtimallygyň biz tarapda kändigini tassykladym.

«Men siziň ýagdaýyňyza doly düşünýärin, siziň ýeriňize özüm bolan bolsamam hökmany suratda şunuň ýaly hereket ederdim» diýdim. Onsoň onuň bizden haryt satyn almakdan ýüz dönderýändigini nazarda tutup, oňa ýüň mata söwdasyny edýän başga birnäçe firmany salgy berdim.

Ozalky adat boýunça, ol Çikago gelende ikimiz bile ertirlik edinýärdik. Şonuň üçin, men ony şol günem ertirlik naharyna çagyrdym. Ol göwünsizrägem bolsa, çakylygy kabul etdi. Haçanda meniň kabinetime gaýdyp gelenimizde bolsa, ol ýene bize mata zakaz etdi, özem şu mahala çenli ol bir gezekde beýle köp mata sargamaýardy.

Ol öýlerine gaýdanda, bütinleý köşeşipdi. Baran soň, adalatlylykda bizden kem galmajak bolup hemme sçýotlaryna gaýtadan göz gezdiripdir, olaryň arasyndan tölenmän galanyny tapypdyr hem bize on bäş dollarlyk çeki ýanynyň ötünç haty bilen ýollapdyr.

Ýaňky adam şu gürrüňden soňam ýigrimi iki ýaşady. Şol ýyllaryň bütin dowamynda-da biziň firmamyzyň hem dosty, hemem müşderisi bolup ýaşady. Şu aralykda bolan oglunyň ikinji adyna-da bize hormat hökmünde Detmer dakdy».

Gollandiýaly immigrant oglanjyk okuwdan soň hepdesine elli sente çörek dükanynyň aýnasyny ýuwardy. Bularyň maşgalasy şeýle bir garypdy, ýaňky oglanjyk her gün eli sebetli köçä çykyp, kömür daşaýan furgonlaryň deşiklerinden gaçan kömürleri ýygnap öýlerine getirerdi. Edward Bok diýen bu

oglanjyk mekdepde öňli soňly alty ýyldan köp okan däldir. Ondan bäri köp ýyllar geçdi. Bu günki gün şol oglanjyk Amerikan jurnalistikasynyň taryhynda iň meşhurlyk gazanan jurnallaryň biriniň, iň meşhur redaktorlarynyň biridir. Bu oňa nähili başartdy? Onuň taryhy uly, her hal onuň işe başlanyşy barada gysgaça durup geçeliň. Ol kitabyň şu babynda berilýän maslahatlary durmuşda ulanmak arkaly işinde rowaçlyk gazanypdyr.

Mekdebi on üç ýaşynda taşlan Bok, hepdesine alty dollar ýigrimi bäş sente «Uestern ýunion» firmasynyň hat gatnadyjysy bolup işläp başlaýar. Işlese-de okuwy taşlamak baradaky pikir bir minut hem kellesine gelmändýr. Işden boş wagtlary okap, öz-özüni ösdürmek, kämilleşdirmek bilen meşgul bolupdyr. Bok ertirlik edinmän, maşyna münmän tygşytlanja pullaryna Amerikanyň görnükli adamlarynyň terjimehally ensiklopediýasyny satyn alýar. Ondan soňra bolsa ol görlüp-eşidilmedik zat edýär. Ol meşhur adamlaryň terjimehalyny telim gezek okaýar, olaryň öz çagalygy barada goşmaça maglumatlar bermegini haýyş edip, meşhur adamlara hat ýazýar. Bokuň berlen gürrüňi gowy ýadynda saklamak häsiýeti bar eken. Ol haýyşnamaly hatlarynyň üsti bilen şöhratly adamlaryň özleri hakynda söz açmagyny gazanyp bilipdir.

Ol şol döwürlerde prezidentlige meýil edip, özüni sese goýan general Jeýmýs Garfilde hat ýazyp, onuň ýaşlykda kanalda tirkegçi bolup işleýşi barada gürrüň bermegini haýyş edipdir welin, Jeýmis Garfild onuň haýyşyny kanagatlandyrypdyr. General Grantdan bir söweşiň taryhyny aýtmagyny haýyş edende bolsa, general ýaltanman şol söweşiň geçen ýeriniň kartasyny çyzyp iberipdir, on dört ýaşly oglanjygy

myhmançylyga çagyryp, onuň tutuş bir agşam gürrüňdeşi bolupdyr.

Ol Emersona’hat ýazyp, özi hakda gürrüň bermek höwesini onda-da döredipdir. Tiz wagtdan «Uestern ýunion» firmasynyň hat gatnadyjysy ýurtdaky görnükli adamlar bolan: Emerson, Fillips Bruks, Oliwer Uendoll Holms, Longfello, Awraam Linkolnyň dul aýaly Luiza Meý Olkott, general Şerman we Jeffer soň Dewis bilen hat alşypdyr.

Ol görnükli adamlar bilen diňe hat alşany bilen hem çäklenmän, dynç alyş döwründe ol adamlaryň köpüsiniň öýüne, arzyly myhman hökmünde barypdyr. Şunuň ýaly durmuş tejribesi onda özüne bolan berk ynam döredipdir. Şu adamlar onuň beýnisine arzuw etmek ukybyny, at-abraýa çapmany, şahsy ähmiýetiňi  artdyrmaklygyň gerekligini guýupdyrlar. Bu zatlar bolsa onuň durmuşyny düýpleýin özgerdipdir. Şu zatlaryň hemmesi, ýene bir gezek gaýtalamaga rugsat ediň , biziň şu bapda hödürleýän maslahatlarymyzy durmuşda ulanmak netijesinde mümkin boldy.

Meşhur adamlardan interwýu almakda dünýäniň çempiony diýseňem gelişjek Aýzek F. Markooson, köp adamlaryň gürrüňdeşlerinde täsir galdyryp bilmeýänleriniň esasy sebäbi, olaryň üns berip diňlemäni başarmaýandyklaryndandyr diýer eken. «Olar öz diýjek zatlary bilen garabaşagaý, şonuň üçinem başgalaryň aýdýan gürrüňlerini diňlemäge elleri ýetenok... Sabyrly diňleýjileri gepe çeper adamlardan gowy görýändiklerini, maňa beýik adamlar aýdypdylar. Diňlemäni başarýanlar beýleki islendik gowy häsiýetli adamlardanam örän seýrek gabat gelýän bolmagy gaty ähtimaldyr.»

Gepiň gerdişine görä aýtsak, sabyrly diňleýjileri diňe beýik

adamlar däl-de, ýönekeý sada adamlar hem gowy görýärler. Bir wagtlar «Rideris daýjest» jurnaly: «Birnäçe adamlar wraçy diňe özlerini diňletmek üçin çagyrýarlar» diýip ýazypdyr:

Grajdanlyk urşunyň örän kynçylykly döwründe, Linkoln Illinoýs ştatynyň Springfild şäherinde ýaşaýan köne dostuny we goňşusyny Waşingtona çagyrypdyr. Prezident onuň bilen käbir meseleler barada maslahatlaşjakdygyny ýazypdyr. Köne goňşusy Ak tama gelende, Linkoln onuň bilen gullary azat etmek barada deklerasiýa çykarmaklygyň maksada laýyklygy barada birnäçe sagatlap gürrüňleşipdir. Ol şeýle çäräniň peýdasyna we garşysyna getirilýän delilleriň baryny aýdyp çykypdyr. Soňra bolsa garra birnäçe haty we gazet materiallaryny okap beripdir. Olaryň birinde onuň gullara azatlyk bermeýändigini kötekläpdirler, beýlekisinde bolsa ol gullara azatlyk berer diýen gorky bilen Linkolny berk ýazgarypdyrlar. Ine, hatlaryň, makalalaryň mazmuny şeýle gapma-garşylykly eken. Prezident käte goňşusyna şu zatlary gürrüň berenden soň, ýaňkynyň pikirini hem soraman, hoşlaşyp, gijesiniň rahat bolmagyny arzuw edip, ony ýene-de yzyna, Illinoýsa ugradypdyr. Şunça wagtyň içinde Linkolnyň diňe özi gürläpdir. Bu «söhbetdeşlik» prezidentiň pikirlerini aýdyňlaşdyrypdyr. «Biziň şol gürrüňimizden soň, ol ýeňillik duýan ýaly boldy» diýip, köne dosty soň-soň ýatlar eken. Linkolna maslahat gerek däl eken. Oňa içini döker ýaly, dostluk meýilli, duýgudaşlyk bildirýän, sabyrly diňleýji gerekdi. Kyn güne, şowsuzlyga uçran çaglarymyz, biz hemişe şeýle adamlary küýseýäris. Gaharly müşderiniň, nägile gullukçynyň, ýa-da göwnüne deglen dostuň hem köplenç isleýäni şeýle diňleýjidir.

Eger adamlaryň gaça durmagyny, üstüňizden gülmegini we

ýigrenmegini isleseňiz şu maslahaty berjaý ediň: hiç haçan hiç kesi uzak wagtlap diňlemäň. Özüňiz hakynda üznüksiz gürrüň ediň. Eger gürrüňdeşiňiz gepläp durka, kelleňize bir pikir gelse, ol sözüni gutarýança garaşyp durmaň. Ol siziň ýaly akylly däldir. Onuň biderek lakgyldylaryny diňläp, biderek wagt ýitirmek nämä gerek? Diýjek sözüni ortalamanka, derrew ýaňkynyň sözüni bölüň.

Siz şeýle adamlary tanaýarmysyňyz? Gynansam-da men-ä tanaýaryn, iň täsin ýeri hem olaryň käbirinina atlary ýokary gatlaga degişli adamlaryň maglumatlar kitapçasynda gabat gelýär.

Özünden göwni hoş, özüne hetdenaşa baha berýän, diňe özüni bilýän adamlar gürrüňdeşi üçin tukat hem ýüregedüşgünç adamlardyr.

Diňe özi hakynda gürleýän adam, diňe özi hakynda pikir edýändir. «Diňe özi hakynda pikir edýän adam, näçe bilimli bolsada gutarnykly medeniýetsizdir diýip, Kolumbiýa uniwersitetiniň prezidenti, doktor Nikolas Merreý Batler aýdypdyr.

Şonuň üçinem, eger siz gowy gürrüňdeş boljak bolsaňyz, onda ünsli diňleýji boluň. Çarl  Northem Liýiň aýalynyň aýdyşy ýaly: «Gyzykly boljak bolsaň, gyzyklanýan bolmaly». Jogap bermek ýakymly bolar ýaly, gürrüňdeşiňize sowallar beriň. Özi barada, gazanan üstünlikleri barada gürrüň bermek höwesini onda härediň.

Siz gürrüňleşýän adamyňyzyň özi hakynda, özüne gerek zatlar barada, öz meseleleri dogrusynda siz we siziň meseleleriňizdeň ýüz esse artykmaç gyzyklanýandygyny unutmaň. Ony Hytaýdaky açlykdan, şol sebäpli millionlarça

adamyň ölýänliginden öz diş agyrysy köp bimaza edýär. Boýnuna çykýan çyban bolsa ony afrikadaky kyrk ýer titremesinden beter alada goýýar. Indiki gürrüňdeşlikde şu zatlar hakynda pikir ediň.

Şeýlelikde, eger siz adamlara ýaramak isleseňiz, onda dördünji düzgüni berjaý ediň:

**Gowy diňleýji boluň. Başgalary özleri hakynda gürrüň bermäge höweslendiriň.**

*Bäşinji bap*

## ADAMLARY NÄHILI GYZYKLANDYRMALY

Teodor Ruzwelt bilen söhbetdeş bolan her bir adam onuň biliminiň giňligine we hertaraplylygyna haýran galandyr. «Onuň üçin kim bolsaň tapawudy ýokdy, galtaman bolsaňam, çapyksuwar bolsaňam, Nýu-Ýorkuň syýasy işgäri, ýa-da ilçi bolsaňam, garaz, her kim bolsaňam ol diliňi tapardy» diýip, Gamaliel Bredford ýazypdyr. Ol muny neneňsi başardyka? Muňa jogap bermek kyn däl. Ruzwelt kimdir birini kabul etmekçi bolanda,gijaniň bir wagtyna çenli oturyp kabul etjek adamyny gyzyklandyrýandyr öýden meselelerini öwrener eken.

Sebäbi Ruzwelt ähli serdarlar ýaly, adamyň ýüregine barýan iň ýakyn ýoluň — onuň iň gowy görýän zady barada gürrüň etmekdigini bilipdir.

Ýel uniwersitetiniň ozalky edebiýat professory, hormatly Uilýam Laýon Felps şuny örän ir sapak edinipdir.

«Husatoňik derýasynyň ýakasynda, Stratfordda Libbi Linsli

diýen daýzam ýaşaýardy diýip, Felps «adamyň tebigaty» diýen eserinde ýazypdyr — Sekiz ýaşymdadym. Şenbe we ýekşenbe günleri dynç almak niýeti bilen daýzamlara barardym. Bir gezek ol ýere orta ýaşlaryndaky adam geldi. Ol daýzam bilen az salym mylaýym, ýöne teýeneliräk sözleşenden soň, ähli ünsüni maňa gönükdirdi. Ol mahallar meniň küýüm-köçäm gaýykdady. Ýaňky myhman gaýyklar hakynda şeýle bir gyzykly gürrüň berdi welin, men onuň bir sözünem sypdyrman diňledim. Myhman gidenden soň men ony haýran galmak bilen ýatladym. Gör, nähili adam! Onuň gaýyklar bilen dagy gyzyklanyşyny diýsene! ýöne daýzamyň aýtmagyna görä, asla ol gaýyklar bilen gyzyklanmaýarmyş, höwesi hem ýokmuş, özem Nýu-ýorkly aklawjy eken. «Onda näme üçin ol diňe gaýyklar barada yzyny üzmän gürledi?» diýip, men geň galmak bilen daýzamdan soradym,

«Sebäbi ol jentlmen. Ol seniň gaýyk bilen gyzyklanýandygyňy gördi we öz bilşiçe, seni gyzyklandyrýan we höweslendirýän zatlar barada gürrüň etdi. Ol seniň göwnüňi awlamaga çalyşdy».

«Men daýzamyň aýdanlaryny bütin ömrüme ýadymdan çykarmadym» diýip, Uilýam Laaon Fss agzalan kitabynda ýazýar.

Kitabyň şu babyny ýazyp oturan wagtym, meniň iş stolumyň üstünde boýskautlar bilen aktiw iş alyp baran Edward L. Çalifiň haty ýatyr.

«Bir gezek men biriniň hemaýatyna mätäç boldum— diýip, Çalif ýazýar. — Ýewropada skautlaryň uly slýoty bolmalydy. Şol slýota oglanlarymyň birini ibermek islegim bardy. Şonuň üçin uly Amerikan korporasiýalarynyň biriniň prezidentinden onuň

ýol harajatyny tölemegini haýyş etmek gerekdi.

Meniň bagtyma, onuň ýanyna ugramazymyň edil öň ýanynda ýaňkynyň bir millionlyk çek ýazandygyny, çegiň bahasy tölenenden soň bolsa ony çarçuwajyga saldyryp goýandygyny eşitdim.

Şonuň üçinem onuň kabinetine giren dessime, ýaňkydan şol çeki synlamaga rugsat soradym. Bir million manatlyk çek! Henize çenli kimem bolsa biriniň bir million dollarlyk çek ýazanyny eşitmändigimi we bir million dollarlyk çeki görendigimi oglanlara gürrüň berjekdigimi men oňa aýtdym. Ol çeki höwes bilen maňa görkezdi. Men ony hezil edip synladym hem-de ol hakda giňräk gürrüň bermegini, çekiň nähili ýagdaýda ýazylanlygyny hojaýyndan soradym»

Çalifiň boýskautlardyr Ýewropadaky slýot barada, ýagny öz isleýän zady hakynda gürrüňe başlamandygyny aňdyňyzmy? Ol gürrüňdeşini gyzyklandyrýan zat barada gürrüň gozgady, ine-de onuň netijesi.

«Bir salymdan soň meniň gürrüňdeşim şeýle sowal berdi: «Ýogsa-da siz meniň ýanyma näme iş bilen geldiňiz?» Ine, şondan soň oňa haýyşymy aýtdym.

Ol meni gaty geň galdyrdy— diýip. Çalif hatyny dowam edýär. Ol meniň hatymy aňry ýany bilen kanagatlandyrdy. Men ondan Ýewropa diňe birje oglany ibermegini haýyş etdim. Ol bolsa bäş oglany, üstesine meni-de ol ýere ýollamaga razylyk berdi, elime-de müň dollarlyk akkreditiw berip, Ýewropada ýedi hepde bolmagymyzy teklip etdi. Onsoň ol bize kömek etmeklerini sorap, korporasiýanyň Ýewropadaky filiallarynyň prezidentlerine maslahat hatyny ýollady. Soňra onuň özi hem biz bilen Parijde duşuşyp, bizi şähere aýlady. Gaýdyp

gelenimizden soň bolsa mätäçlik çekýän maşgaladan bolan oglanlaryň käbirini işe ýerleşdirdi.Ol henizem biziň toparymyzyň işine aktiw gatnaşýar.

Eger men onyň ýanyna barmazymdan ozal ýaňkynyň «näme bilen gyzyklanýandygyny bilmedik bolsam, ilki başda oňa özümi aldyrmadyk bolsam, prezidentiň ugruny tapmak maňa on esse kyn düşerdi.

Işjeň aragatnaşyklarda ulanmak üçin gowy usul gerek ? Siz muny nähili görýärsiňiz? Ýene bir mysal alyp göräýeliň. Mysal üçin Genri J. Dýuwernoýyň düşen ýagdaýyny alyp göreliň. Ol Nýu-Ýorkuň birinji klasly çörek bişiriji «Dýuwernoý end sens» firmasynda işleýär.

Dýuwernoý Nyu-ýorkuň myhmanhanalarynyň birinden çörek zakazyny almaga synanyşypdyr.Ol bu işi amala aşyrmak üçin myhmanhananyň iş dolandyryjysynyň ýanyna dört ýylyň dowamynda hepde sypdyrman gatnapdyr. Ol iş dolandyryjynyň gatnaşýan jemgyýetiň ýokary gatlagynyň ýygnanyşyklaryna-da gatnaşypdyr. Dýuwernoý hatda şol arzuwly söwda şertnamasyny baglaşmak maksady bilen, myhmanhanadan bir ýer alyp ýaşap hem görüpdir. Emma söwda başa barmandyr.

«Onsoň adamlar bilen aragatnaşyk meselelerini öwredýän kursuň sapaklaryny öwrenip, täri üýtgetmegi karar etdim — diýip, Dýuwernoý aýdýar. Men onuň näme bilen gyzyklanýanyny, nämäniň kalbyny galkyndyryp biljekdigini bilmegi ýüregime düwdüm.

Görüp otursam ýaňky«amerikaly myhmanhana işgärleri» diýip at alan myhmanhana işgärleri jemgyýetiniň çleni eken. Ol bu guramanyň diňe bir çleni hem bolman, onuň prezidenti

bolsa nätjek?! Gaýnap durýan gujurly ýaşuly asyl şeýleki halkara guramanyňam prezidentligine saýlanypdyr.. Ol bu jemgyýetiň gurultaýlarynyň nirede geçýänligine garamazdan, hatda onuň üçin dagdan, deňizden, çöllerden uçup geçmeli hem bolsa irinmän, jemgyýetiň işine hökman gatnaşýar eken.

Şonuň üçin ertesi ýaňka duş gelemde, öňi bilen şol jemgyýet barada söz açdym. Onuň höwes bilen gürrüňe goşulanyny bir görsediňiz! Heý goýaýyň! Ol şadyýan ýaňlanýan ses bilen öz jemgyýeti barada ýarym sagatlap hezil edip gürrüň berdi. Bu jemgyýetiň onuň bar höwesidigini, durmuşdaky bütin hyjuwynyň şoňa gönügendigini men aňdym. Kabinetinden çykmankam ol meni jemgyýete çlen bolmaklyga yrdy.

Şol gezek men çörek zakazy barada dilimem ýarmadym. Emma birnäçe günden soň myhmanhananyň bufetiniň müdiri maňa jaň edip, çöregiň nusgalaryny we kesgitli bahalaryny alyp gelmegimi haýyş etdi.

Müdiriň ýanyna baranymda ol: «Siz garra näme etdiňiz, ol siziň adyňyzy dilinden düşürenok» diýip sorady.

Ýeri, muňa näme diýjek?! Men zakaz aljak bolup, bu adamyň dört ýyllap ýüregine düşdüm. Elbetde, onuň näme bilen gyzykýandygyny bilmedik bolsam entegem şeýder ýörerdim.

Şeýlelikde, eger siz adamlara ýaramak isleseňiz, bäşinji düzgüni berjaý ediň:

**Gürrüňdeşiňizi gyzyklandyrýan zatlar barada gürrüň ediň.**

*Altynjy bap*

# ADAMLARY BADA-BAT ÖZÜŇE ÇEKMEGIŇ USULY.

Zakaz bilen hat ugratjak bolup, Nýu-Ýorkuň 8-nji giň köçesidir 33-nji köçesiniň çatrygyndaky poçta bölüminde nobata durdym. Poçta gullukçysynyň edýän işiniň halys ýüregine düşendigini aňdym. Dogramda, hudaýyň beren gününde şol bir gaýtalanyp duran işler: bukjalaryň agramyny çekmek, marka bermek, gaýtargyny hasaplaşmak, kwitansiýa ýazmak. Şonda: «Gel, şu olaryň göwnüni götereýin-le» diýip, içimi gürletdim. Elbetde, onuň göwnüni göterjek bolsaň, oňa ýaraýjak hoşamaý söz tapmalydy. Bu ýerde öz islegiň hem özüň barada aýtjak sözüň ýapa-da degmejegi belli. «Onuň geň galarlyk näme üýtgeşikligi bar?» diýip, men öz-özüme sowal berdim. Käwagtlar şu sowala jogap bermek o diýen aňsadam düşenok. Nätanyş adam bolanda-ha hasam kyn bolýar. Emma bu gezek meniň aşygym alçy gopdy. Tüýs göwnümden turýan bir alamaty onuň keşbinden tapdym.

Haçanda ol meniň bukjamy çekmäge başlanda: «Wah, mende-de siziňki ýaly peşeneli saç bolsady» diýip, gözigidijilik bilen aýtdym.

Ol geň galyjylyk bilen ýüzüni galdyranda, eýýäm ýüzünde ýylgyryş alamatlary bardy. Meniň çynym bilen aýdýandygymy duýanda bolsa onuň geçisi ýaýrady: «Bu ozallar hasam oňatdy» diýip, ol maňa salyhatly jogap gaýtardy. Men onuň saçynyň ozal, belki hezirkisindenem gelşikli bolmagynyň mümkindigini, ýöne onuň häzirem owadanlygyny ýitirmändigini nygtadym.

Gullukçynyň göwni hoş boldy. Biz onuň bilen ýürekden gürleşdik. Işimi bitirip gaýtjak bolamda ol!«Meniň saçlarym köp adama ýaraýar» diýip, göwnihoşluk bilen aýtdy.

Şol gün nahara gidende ýaňky oglan guş bolup uçup gitmedik bolsa, jedelem ederin. Ýaňky ikimiziň aramyzda bolan gürrüňi onuň hut şol günüň özünde aýalyna aýtmadyk bolsa, siziň ýeňdigiňiz hasapdyr. Hut şol gün ol aýnada saçlaryny sypap: «Dogrudanam meniň saçym owadan» diýmedik bolsa, meniň zat bilmedigim.

Günlerde bir gün men bu wakany köpçüligiň öňünde aýtdym welin, bir adam menden: «Sen ondan näme hantamadyň?» diýip, sorady.

Men ondan näme hantama!!! Men ondan näme hantama!!!

Eger biz adamlardan hiç zat hantama bolman, olaryň artykmaçlyklaryny ýürekden ykrar etmesek, olaryň bagtly bolmaklaryna azda-kände hemaýat bermesek onda biziň baryp ýatan ýigrenji egoist boldugymyzdyr. Eger biziň kalbymyz ýabany almanyň miwesi ýaly, şeýle owunjak hem turşan bolsa, onda biziň işimiz şow alman edenimiz tersine bolar. Eger häsiýetimiz şeýle bolsa, biz muňa doly mynasypdyrys.

Hawa-la, men ol oglandan nämedir bir zat isleýärdim. Meniň isleýän zadym bahasyna ýetip bolmajak zatdy. Şony hem aldym. Ol meniň ýigide eden zadyma derek, onuň maňa hiç zat edip bilmek mümkinçiginiň ýoklugy baradaky düşünjedi. Şunuň ýaly buýsançly düşünje, bolan wakadan köp wagt geçse-de ýadyňdan çykmaýar.

Adamyň özüni alyp barşynyň bir wajyp kanuny bar. Eger biz şu kanuna boýun egsek, hemişe diýen ýaly şowsuzlyga uçraman bileris. Şol kanuny berk saklasak, ol bize köpsanly dost we

tükeniksiz bagt berer. Emma ony bozaýsak, tizden-tiz kyn ýagdaýa düşjegimiz hatasyzdyr. Bu kanun şundan ybarat: öz gürründeşiňizi onuň şahsy abraýynyň ähmiýetiniň belentdigi baradaky düşünjä hemişe ynandyryň. Ozalam belläp geçişimiz ýaly, professor Jon Dýun adamyň tebigatyna çuňňur mahsus bolan islegleriň biri, onuň abraýly bolmaga ymtylmasydyr, diýip aýdypdyr. Professor Uilýam Jeýms bolsa: «Adam tebigatyna juda mahsus bolaň häsiýetleriň biri, olaryň özlerine mynasyp baha berdirmäge tüýs ýürekden ymtylýanlygydyr». Meniň öňem belläp geçişim ýaly, hut şu ymtylma-da bizi haýwandan tapawutlandyrýar. Şonuň üçinem ol siwilizasiýanyň esasynda ýatandyr.Müňlerçe ýyllaryň dowamynda filosoflar adamlaryň aragatnaşyklary barada pikir alşypdyrlar, şolaryň netijesinde, örän bir möhüm wesýet ýüze çykdy. Ol täze däl. Ol edil taryhyň özi ýaly gadymydyr.Üç müň ýyl mundan ozal Zoratuştra Eýrandaky otparazlara şu wesýeti öwredipdir Konfusiý ony ýigrimi dört asyr mundan öň, Hytaýda wagyz edipdir. Daosizmi esaslandyryjy Lao-szyony Han jülgesindäki şägirtlerine ündäpdir. Isa pygamberiň dogmazyndan bäş ýüz ýyl ozal. Budda ony keramatly Gangyň kenarlarynda nesihat edipdir. Hindileriň keramatly kitaplary bu wesýeti şondanam müň ýyl ozal ündäpdir. Mundan on iki asyr ozal Isa ony iudeýleriň daşlyk baýyrlarynyň arasynda ýaýradypdyr. Ol ony dünýäde iň wajyp prinsip hökmünde, bir pikire jemläpdir: «adamlar size nähili garasa, siz hem olara tapawutsyz şeýle garaň.

Siz aragatnaşyk edýän adamlaryňyz tarapyndan makullanmagyňyzy isleýänsiňiz. Özüňiziň hakykatdanam gowy taraplaryňyzyň ykrar edilmegini isleýänsiňiz. Siz özüniziň

kiçijik dünýäňizde wajyp ähmiýetiňiziň bardygyny aňmak isleýänsiňiz. Ýarymsaklygy, ýerliksiz öwgini eşitmek isleýän dälsiňiz, emma mertebäňize ýürekden baha berilmegine welin hemişe teşnesiňiz. Dostlaryňyzyň we ýoldaşlaryňyzyň, Çarlz Şwabyň aýdyşy ýaly, ak göwünden baha bermeklerini we öwgä sahy bolmaklaryny isleýänsiňiz. Biziň hemmämiz şuny isleýäris.

Şonuň üçinem biz şu altyna barabar düzgüne eýermeli: özgeden näme almak isleýän bolsak, şol zady hem özgä bermeli.

Nädip? Haçan? Nirede? Jogaby ýeke: mydama, hemme ýerde.

Ine, size bir mysal: men «Radio-sitiniň» sowal-jogap gullugynyň işgärinden Genri Suweýniň kabinetiniň nomerini aýtmagyny haýyş etdim. Ýörite gulluk eşigindäki ykjam işgär özüniň sowallara jogap berşine buýsanýan bolara çemeli. Ol örän düşnükli we dürs jogap berdi: «Genri Suweýn (sägindi) on sekizinji gat (sägindi) 1816-nji otag.

Men lifte tarap ýöneldim, soňra saklanyp onuň ýanyna geldim-de: «Sowalyma şeýle düşnükli we dürs jogap berenligiňize minnetdarlyk bildirýärin. Siz edil artist ýaly geplediňiz. Siziň ýaly adama örän seýrek gabat gelýärin» diýdim:

Onuň ýüzi nurlanyp gitdi. Sözleriň arasynda näme üçin säginendigini, jümleleri şeýle aýdanlygynyň sebäbini höwes bilen düşündirdi. Meniň aýdan birnäçe sözlerim oňa galstugyny düzetdirdi, lift bilen on sekizinji gata galyp barýarkam, mende-de örän ýakymly duýgy peýda boldy. Men adamlar üçin şu günki goýberilen bagtyň üstüne, göýä özümem bir azajyk bagt goşan ýaly boldum;

Daşyňyzy gurşap alan adamlaryň mertebesini ykrar etmek

filosofiýasyny ulanmak üçin, size Fransiýanyň ilçisi, ýa-da deňiz kenarynda gezelenç guraýan «Sugun Klubynyň» komitetiniň başlygy bolýançaňyz garaşyp ýörmek hökman däl. Siz onuň kömegi bilen. Jadyly netijäni her gün gazanyp bilersiňiz.

Mysal üçin, ofisiantka size zakaz eden gowrulan kartoşkaňyza derek, gaýnadylyp mäjüm edilen kartoşka getirip berende: «Sizi ynjalyksyzlandyranym üçin bagyşlaň, men gowrulan kartoşkany gowy görýän» diýmäge synanyşyň. Ol şonda: «Onuň hiç hili kynçylygy bolmaz» diýip jogap berer we isleýän tagamyňyzy getirip berer. Sebäbi siz oňa hormat goýduňyz!.

«Ynjalyksyzlandyranym üçin bagyşlaň...», «merhemet ediň...», «eger garşy bolmasaňyz...», «minnetdarlyk bildirýärin...», «mümkin bolsa...» diýen ýaly hoşamaý sözler birmeňzeş geçýän günleriň tukatlygyny duýduranok, gepiň gerdişine görä aýtsak bolsa, ol gowy terbiýäniňem alamaty ahyryn.

Başga bir mysal alyp göreliň. Holl Keýniň «Hristian», «Sudýa». «Men adaly adam».., diýen ýaly romanlary bar. Heý, siz olaryň birini okap görüpmidiňiz? Millionlarça, sansyz millionlarça adamlar onuň romanlaryny okapdylar. Ol demirçiniň ogludy. Holl Keýn bütin ömründe okan bolsa sekiz ýyl okandyr. Dünýäden ötende bolsa iň bir baý ýazyjy bolup jahan bilen hoşlaşdy.

Onuň taryhy şeýleräk. Holl Keýn sonetleri we balladalary gowy görüpdir we Dante Gabriel Rossettini goşgularyny gije-gündiz okapdyr. Ol hatda Rossettiniň eserleriniň çeperçilik gymmatlyklaryny taryplap makala-da ýazypdyr we onuň bir nusgasyny awtora hem ýollapdyr. Awtoryň makala gözi

gidipdir. «Meniň eserlerime şeýle düşünjeli baha berip bilen ýaş ýigit ýöne-möne bolmaly däldir, onuň ajaýyp akyly bardyr» diýip Rossettiniň pikir eden bolmagy mümkin. Şonuň üçinem ol demirçiniň ogluny Londona çagyrypdyr we öz sekretary bolmagyny haýyş edipdir. Holl Keýnyň durmuşynda uly özgerişligiň bolmagyna şol çakylyk sebäp bolupdyr. Ol sekretaryň wezipesini ýerine ýetirmek bilen, şol döwrüň çeper edebiýatynyň wekilleri bilen duşuşyp ugrapdyr. Olaryň maslahatlaryny ulanan we öwgi sözleri bilen ganatlanan Keýn öz adyny arşa çykaran ýola düşüpdir.

Onuň öýi, Men adasyndaky galasy dünýäniň ähli künjeklerinden gelýän turistleriň keramatly ýerine öwrüldi.Ýazyjynyň yzynda goýup giden emlägi bolsa, iki ýarym million dollardanam zyýatdy. Eger Keýn özünde uly täsir galdyran şöhratly adamynyň eserleri barada makala ýazmadyk bolsa, onuň öňki garyplygyna dünýäden ötäýmegem mümkin ahyryn. Kim bilýär ?

Her hal, onuň çyn ýürekden beren hakyky bahasynyň täsin gudratynyň bolandygyny inkär edip bolmaz.

Rossetti özüni abraýly adam hasap edipdir. Bu ýerde geň görere zat ýok. Tas her bir adam özüni abraýly, örän abraýly adam hasap edýär.

Dogrusy, her halk hem özüni şeýle hasap edýär.

Siz özüňizi ýaponlardan ýokary hasap edýänsiňiz-le? Dogrusyny aýtsak, ýaponlar-a özlerini sizden has belent görýär. Mysal üçin, konserwatiw meýilli ýapon akýagyz ýigidiň ýapon gyzy bilen tans edip duranyny göräýse, guduzlan ýaly bolýar.

Belki siz hindilerden özüňizi ýokary hasap edýänsiňiz? Ol siziň öz hukugyňyz, emma millionlarça hindiler welin özlerini

sizden has belent hasaplaýarlar. Birdenkä olaryň iýip oturan naharyna siziň ýaly dini başganyň kölegesi düşäýse, olar kölegäňiziň harama çykaran naharyna gaýdyp el urmazlar.

Siz özüňizi eskimoslardan artykmaç hasap edýän bolaýmaň? Bu ýene-de siziň öz hukugyňyz, şeýle-de bolsa, eskimoslaryňam siz baradaky pikirini bilseňiz kem bolmaz şeýle dälmi? Onda diňläň: eskimoslaryň, arasynda-da ýalta, işýakmaz, bikär ygyp ýörenlere gabat gelmek bolýar. Olar şeýle biweç adamlara iň bir ýigrenji hasap edýän lakamlaryny dakýarlar. Ol nemedir öýdýärsiňiz? «Akýagyzlar!»

Her halk özüni beýleki halkdan ýokary tutýar. Hut şunuň özi hem watanparazlygy we urşy döredýär. Size duş gelýän adamlaryň hemmesi diýen ýaly haýsam bolsa bir tarapda özüni sizden ýokary saýýandyr — bu jedelsiz hakykatdyr. Şonuň üçinem onuň öz kiçijik düňýäsindäki tutýan möhüm ornuny, artykmaç taraplaryny ykrar edýändigiňizi sypaýyçylyk bilen duýdursaňyz, onuň ýüregine ýol açyp bilersiňiz.

Emersonyň: «Meniň her bir duşan adamym, haýsam bolsa bir meselede menden artykmaç. Men şol zady şondan öwrenmelidirin» diýen sözleri ýadyňyza düşýärmi?

Muňuň iň täsin ýeri hem, öz üstünliklerinden iň bir az mukdarda göwnühoş bolmaga esasy bar adamlar özleriniň doly bahaly däldigi hakdaky duýgusynyň ýerini doljak bolanlarynda, köplenç ýagdaýda goh-galmagala, başagaýsyrama, hondanbärisiremä ýüz urýarlar, bu bolsa erbet, sözüň doly manysynda ýiçgrenji täsir galdyrýar.

Şekspir bubarada şeýle diýipdira «... haý,adam,

Aýna ýaly port bolsa-da bedeniň,

Bir gysga pursatlyk şöhradyň-adyň,

Alyna
Aldanyp, özüňi unudypsyň sen,
Eý, gopbam adam
Onda-da taňrynyň önünde her çak
Bolmajyňy bolýaň, gyňyr maýmyn dek,
Perişdeler aglaýar seň halyňa».

Kursumda okan işjeň adamlaryň sapakda öwrenen zatlaryny durmuşda ulanyşy bilen baglanyşykly, Şeýle hem örän ajaýyp netije beren üç sany wakany Size gürrüň bermek isleýärin. Garyndaşlarynyň hatyrasyny saklamak üçin adynyň tutulmazlygyny haýyş eden konnektikutly ýurist bilen bolup geçen wakany ilki bilen diňläliň. Goý, onuň ady jenap R bolsun. Ol kursa gireniniň yz ýanlary aýaly bilen onuň garyndaşlarynyňka—Long-Aýlende myhmançylyga maşynly gidýär. Aýaly ony garry daýzasynyň ýanynda sähbetdeş hökmünde goýupdyr-da, özi ýaş garyndaşlarynyň biri bilen salamlaşmaga gidipdir. Jenap R-e sapaklaryň birinde adamlaryň gowy taraplaryna ýürekden baha berip bilşiniň netijesini gürrüň bermek tabşyrylan bolansoň, ol tejribäni şu garrydan başlamagy karar edýär we nähili üýtgeşik, gözüň giderlik zat barka diýip, jaýy synlap başlaýar.

«Şu jaý takmynan 1890-njy ýylda salnan bolmaly, şeýle dälmi?» diýip, R seslenýär.

«Hawa, jaý hakykatdanam şol ýyl gurlupdy» diýip, garry jogap berýär.

«Bu jaý meniň eneden doglan, önüp-ösen jaýymy ýatladýar, — diýip, jenap R. gürrüňini dowam edipdir.

— Ajaýyp jaý. Hemme zatlar ýerbe-ýer. Otaglary giň, Indi bular ýaly jaýlary guranoklar».

«Siz dogry aýdýarsyňyz — diýip, garry razylaşýar.

— Häzirki döwrüň ýaşlary bular ýaly owadan jaýlaryň gadryny bilmeýärler. Olar hütdük ýaly kwartiradyr holodilnik edinseler oňýarlar. Ýaşlaryň bileni-bitenleri maşyna münüp ykmak».

«Bu ertekilerdäki ýaly jaýdyr — diýende, garrynyň süýji ýatlamalardan ýaňa sesi sandyrap gitdi. — Muny gaty höwes bilen gurupdyk. Sebäbi şeýle jaý gurunmak hakynda adamym ikimiz köp ýyllap arzuw edipdik. Munuň arhitektory hem ýokdur. Jaýyň planyny biziň özümiz çekipdik».

Soňra garry myhmany aýlap, otaglary görkezip başlaýar. Jenap R. ýaňky aýalyň ömrüniň dowamynda eden syýahatlarynda ýygnan we gözüniň göreji ýaly edip saklan ajaýyp hazynasyna ýürekden haýran galyp syn edýär hem Peýsli şäherinden getirilen ýaglyklar, gadymy iňlis çaý serwizi, wejwud farfory, fransuz krowatlarydyr stullary, bir mahallar haýsydyr bir fransuz galasynda asylgy duran, ýüpek mata tutulyp bezelen italýan suratlaryny görende, garrynyň apalap saklaýan bu zatlary we onuň gözel zatlaryň gadryny bilşi hakynda ýakymly sözler aýdýar.

«Jaýy görkezip bolandan soň, garry meni garaja alyp bardy — diýip, jenap R. gürrüňini dowam edýär.

— Ol ýerde tekerleri ýere degmez ýaly galdyrylyp goýlan täzeje «pakkard» markaly maşyn durdy».

«Adamym şu maşyny ýogalmazynyň öň ýanlary alypdy — diýip, garry ýuwaşja seslendi. — Ol dünýäden ötenden soň men muny birje gezegem sürmedim... Siziň gowy zatlardan başyňyz çykýar we olaryň gadryny bilýärsiňiz. Men şu maşyny size sowgat berjek».

Aýdanyňyz näme, daýza — men çynym bilen garşy çykdym: — beýle-de bir jomartlyk bolarmy?! Size, sahylygyňyza näçe hormat goýsamam, men ondan peýdalanyp bilmesem gerek. Iň bärkisi, men siziň garyndaşyňyzam däl. Onsoňam meniň täzeje maşynym bar Siziň şeýle «pakkard» edinesi gelýän garyndaşlaryňyz kän ahyryn.»

«Garyndaşlar!—diýip, ol başyny ýaýkady. — Hawa, şu maşyna eýe boljak bolup, meniň ölerime garaşyp ýören garyndaşlarym köp. Ýöne bu maşyn olara ýetmez».

«Siz ony aňsatlyk bilen satybam bilersiňiz —

— diýip, men maslahat berdim. — Ulanylan maşynlary satýan dellala jaň etseňiz, ol maşyny derrew satyp berer».

«Munam bir satyp bolarmy! — diýip, ol gygyrdy.

— Beýle zady göwnüňize-de getirmäň, men ony hiç wagt edibilmen. Adamymyň gadyr edip äberen maşynyny kesekiniň münüp köçede ykjap ýermegine men hiç haçan çydap bilmen. Muny satmak asla kelläme-de gelenok. Maşyny size berjek. Siz ajaýyp zatlaryň gadryny bilýäňiz»

Ol garaşylmadyk sowgatdan ýüz döndermekçi bolupdyr, emma garryny öýkeletmän bu işi başaryp bilmejegine gözi ýetip, sowgady kabul edipdir.

Peýsli şäherinden getirilen ýaglyklary, gadymy fransuz goşlary hem ýatlamalary bilen ýalňyz galan bu garry aýal yssy mähre, üns berilmegine, hoşamaý söze zar bolupdyr. Ol ýaş mahallary owadan, gadry bilinýän aýal eken. Ol bir mahallar höwes bilen göwnüniň küýseýän jaýyny salnypdyr, onuň içini bezemek üçin Ýewropany aýlanyp zat ýygnapdyr. Bu günki gün — garrap ýalňyz galanda bolsa, özüne az-kem üns berilmegini, ynsan mährini, ýyly sözi küýsäpdir, emma muny oňa beren

bolmandyr. Haçanda ol yssy mähre, güler ýüze duşanda, çölde sowuk suwly çeşme tapan ýaly begenipdir. Şunlukda, öz minnetdarlygyny,täzeje «pakkarddan» kem zat bilen bildirmeklik, onuň gözüne az görünipdir.

Başga bir wakany alyp göreliň. Muny Nyu-Ýork ştatynyň Raý şäherindäki tokaýçylyk we bezeg baglary bilen meşgul bolýan «Luis and Welentaýn» firmasynyň iş dolandyryjysy Donald Makmagon gürrüň berdi.

«Dosty neneňsi gazanmaly we nädip adamlara täsiriňi ýetirmeli» diýen leksiýany diňlänimden soň köp wagt geçmänkä, men belli ýuristiň mülkünde bezeg bagçylygy bilen baglanyşykly käbir işleri etmeli boldum. Mülküň eýesi meni garşylap, rododendron hem azalini nirede ekmelidigi barada käbir görkezmeler berdi. Şonda men oňa şeýle diýdim: «Jenap sudýa, siziň örän ajaýyp güýmenjäňiz bar. Siziň ajaýyp güjükleriňize meniň gözüm gidýär. Meniň eşidişime görä, Medison skwer gardende geçirilýän uly it sergisinde siz ýylyň-ýylyna köp baýrak alýan bolmaly.

Edilen şu kiçijik hoşamaýlygyň netijesi gaty üýtgeşik boldy.

«Hawa sudýa jogap berdi:—dogrudanam meniň itlerim maňa uly şatlyk getirýär. It ýatagyny göresiňiz gelýärmi?»

Ol tas bir sagat çemesi maňa itlerini we olaryň alan baýraklaryny görkezdi. Ol hatda maňa itleriniň şejere ýazgysyny-da görkezip, bularyň syratynyň hem aklynyň ene-atasynyň haýsy tarapyna baglydygyny-da düşündirdi.

Ahyrsoňy ol maňa sary öwrüldi-de: «Siziň kiçijik ogluňyz barmy?» diýip, sorady.

«Hawa» — diýip, men jogap berdim.

«Onuň kiçijik güjük edinesi gelenokmy?» —diýip, sudýa

ýene sowal berdi.

«Heý edinesi gelmezmi?! Güjügi bolsa ol guş bolup uçar »

«Gaty gowy, onuň ýaly bolsa, men oňa güjüjek sowgat berjek» — diýip, sudýa begençli ýylgyrdy.

Ol maňa güjügi nähili ýallamalydygyny düşündirip ugrady. Soňra bolsa saklanyp: «Siziň aýdan zatlarymy ýatdan çykarmagyňyz mümkin. Gowsy men size ýazyp bereýin-le » Sudýa öýe girip, güjügi nähili ýallamalydygynyň gollanmasyny we onuň şejeresini maşynkada peçat edip getirip berdi. Onuň itleri bilen tüýs ýürekden gyzyklananym üçin hem sudýanyň gyzygýan güýmenjesine, şeýle hem onuň üstünliklerine ýürekden baha berenim üçin, ol maňa gyzyldan gymmatly bir sagadyny we ýüz dollarlyk güjügini bagyşlady».

Kinonyň ýüze çykmagyna mümkinçilik beren, «kodak» dury plýonkasyny oýlap tapan Jorj.Istmen millionlarça dollar baýlyk gazandy we dünýäde iň belli peýdakeşleriň biri boldy. Şuňa garamazdan, şolam edil biziň birimiz ýaly, öz artykmaçlyklarynyň ykrar edilmegini küýseýär.

Ine, bir mysal. Birnäçe ýyl mundan ozal, Istmen Roçestrde öz ady dakyljak sazçylyk mekdebi we ejesiniň ýadygärligine «Kilburn holl» teatryny gurdurmaga başlaýar. «Sýupirior siting kompani of Nýu-Ýork» firmasynyň prezidenti Jeýms adamson şol guruljak jaýlar üçin teatr kürsülerini taýýarlamagyň zakazyny alarman bolýar adamson arhitektor bilen jaňlaşyp, Istmen bilen Roçestrde duşuşmagy şertleşýär.

Adamson  gelen badyna arhitektor oňa şeýle diýen «Maňa mälim bolşuna görä, siz zakaz aljak bolýarsyňyz. Eger siz onuň bäş minutdan köp wagtyny alsaňyz, siziň zakaz almak üçin hiç hili mümkinçiligiňiz galmaz. Ol örän ownukçyl talapkärdir we

gaty işlidir. Näme iş bilen geleniňizi beýan edip, tizräk turmak bilen boluň».

Adamsonam onuň diýenini etmegi niýetine düwüpdir.

Haçanda ony kabinete çagyranlarynda, iş stolunyň üstündäki üýşmek kagyzlara güýmenip oturan eken, ýöne ol kabinete girenleri gören badyna äýnegini aýryp, arhitektordyr Adamsony garşylamak üçin olara garşy ýönelipdir. «Ertiriňiz haýyrly bolsun, jenaplar, menlik näme hyzmatyňyz bar diýipdir.

Arhitektor olary tanyşdyrandan soň, Adomson Istmene ýüzlenip, şeýle diýipdir.

«Jenap Istmen, ýaňy siziň kabul ederiňize garaşyp otyrkam, siziň kontoraňyzy gözüm gidip synladym. Eger şeýle kabinetim bolan bolsa, özümem şunuň ýaly kabinetde işlemäge garşy bolmazdym. Meniň jaýlary bezemek üçin agaç önümlerini öndürmek bilen meşgul bolýandygymy siz bilýänsiňiz, şeýle-de bolsa, men henize çenli şeýle owadan kabinete duşamok”

«Siz maňa meniň ýatdan çykaraňkyrlan zatlarymy ýatladýarsyňyz. Ol hakykatdanam owadan, şeýle dälmi? Ine muny bejerip gutaranlarynda, kabinetden meniň göwnum hoşdy. Emma soň iş-alada köp bolup, onuň owadanlygyna kän bir üns beribem bilemok» — diýip, Jorj Istmen jogap beripdir.

Soňra Adamson diwaryň ýanyna barypdyr-da, onuň gap biline çenli ýabşyrylan tagtany synlap: Bu iňlis duby, şeýle dälmi? Onuň italýan dubundan az kem üýtgeşikligi bar» — diýipdir.

«Hawa —diýip, Istmen tassyklady. — Ol hakykatdanam ýörite getirilen iňlis duby. Gymmat agaçlar boýunça hünärli dostum bardy, ol muny meniň uçin saýlapdy».

„Soňra Istmen Adamson bilen otagyň hemme ýerine aýlanyp çykyp, onuň deňölçegliligini, ony bezeýän agaçdan ýonup ýasalan nagyşlary, olaryň özüne gelşip duran reňklerini, aý garaz, öz plany boýunça edilen hemme zatlary görkezişdirdi.

Kabinetiň agaçdan edilen bezeginden lezzet alyp, bir salym gezmelänlerinden soň, olar penjiräniň önüne çekildiler. Onsoň Jorj Istmen özüne mahsus bolan kiçigöwünlilikdir sadalyk bilen Roçestrdäki uniwersitet, köpçülige niýetlenen keselhana, dürli keselliler üçin sagaldyş öýi, çagalar öýüdir keselhanasy hakynda, şu zatlaryň üsti bilen adamzada etjek bolýan kömegi barada Adamsona gürrüň berdi Adamson oňa öz baýlygyny ynsan jebrini ýeňilleşdirmäge ulanýanlygy üçin, tolgunyp minnetdarlyk bildirdi. Soňra Istmen açar bilen aýna şkafjygy açdy-da ondan bir iňlisden satyn alan ilkinji oýlanyp tapylan fotoapparatyny aldy.

Adamson  ondan işe başlan uçurlary paýyna düşen kynçylyklar barada jikme-jik sorady, Istmen bolsa garyp günde geçen çagalygy, dul galan ejesiniň pansiony saklajak bolup gören güni, özüniň strahowoý kontorada gününe elli sente hat gatnadyjy bolup işleýşi barada halys ýürekden gürrüň berdi gedaý galaryn diýen gorky ony gije-gündiz yzarlapdyr şonuň üçinem ol ejesiniň pansionda bil büküp, halys gurpdan gaçýança işlemezi ýaly, ýeterlik pul gazanmagyň ugruna çykypdyr. Adamson oňa sowal ýagdyrmasyny dowam edipdir we gury fotoplastinalar barada berilýän gürrüňi yhlas bilen diňläpdir. Istmen bütin günläp kontorada işleýşi, soňra bolsa kä halatlarda uzak gijeläp tejribe geçirişi, himiki reaksiýa geçýänçä, kä mahallyk irkilişi, üç gije-gündizläp çykarynman işläp hem irkilip geçiren wagtlary hakda gürrüň beripdir.

Jeýms Adamsony Istmeniň kabinetine salanlarynda, on birden on bäş minut işläpdi. Özem onuň ygtyýarynda diňe bäş minutyň bardygyny aýdypdylar. Emma olaryň gürrüňleşip oturanyna, eýýäm iki sagatdanam köp wagt geçipdi.

Ahyrsoňy Istmen Adamsona tarap öwrüldi-de «Men soňky gezek Ýaponiýada bolamda, ol ýerden bir näçe oturgyç getirdim. Men olary ýörite güneşlemek üçin edilen ýerde goýdum welin, näme üçindir reňki solupdyr. Günüň täsirem bolsa bilemok. Onsoň şäherden ýörite reňk getirip, oturgyçlary öz elim bilen renkledim. Siz meniň reňkleýşimi görmek isläňzokmy? Ýörüň, bize gideliň, hem-ä nahar edineris hemem siz meniň oturgyçlary reňkleýşime baha berersiňiz» diýdi.

Nahardan soň Istmen Adamsona Ýaponiýadan getiren oturgyçlaryny görkezipdir. Oturgyçlaryň biriniň bahasy bir ýarym dollar çemesi eken ýöne million gazanan, şonça baýlygyň eýesi bolan Istmen olara guwanypdyr. Oturgyçlary öz eli bilen reňklänligine buýsanypdyr.

Şol zakaz alynmakçy bolunýan kürsüleriň bahasy togsan müň dollara durýar eken. Şolary ýasamak üçin haýsy firma zakaz alandyr öýdýärsiňiz? Jeýms Adamsonmy, ýa onuň bäsdeşleri?

Şol günden başlap, tä Istmen dünýeden ötýänçä, olar örän ýakyn dost bolupdyrlar.

Biz özgeleriň artykmaçlyklaryna mynasyp baha bermegiň jadyly güýjüni nirede ulanyp başlamaly! Näme üçin ony ilki bilen öýümizde ulanyp başlamaly däl? Menä munuň şondan gowy ulanyp bolaýjak ýerini, şeýle hem bu meselä kembaha garalýan ýerini aýdyp biljek däl. Siziň aýalyňyzyňam gürrüňsiz gowy taraplary bardyr, iň bolmanda, haçandyr bir wagt siz ony

şeýle hasap edensiňiz, ýogsam oňa öýlenmezdiňiz. Ýöne siziň onuň artykmaç taraplaryna gözügidijilik bilen bakyp, oňa göwün göteriji söz aýtmanyňyza näçe wagt boldy? Näçe?? Näçe???

Birnäçe ýyl mundan ozal men Nýu-Bransunkdäki, Miramişi derýasynyň gözbaşyna balyk tutmaga gitdim. Şonda kanada tokaýynyň jümmüşindäki lagerde ýeke-täk özüm ýaşadym. Okara-da zadym ýokdy. Ýerli gazetiň bir köne nomeri elime düşdi, onam hatda bildirişlerine çenli nokatma-nokat okap çykdym. Şol gazetde Doroti Diksiň bir makalasy bar eken. Ol gaty gowy makala bolansoň, men ony kesip alyp, sakladym. Şonda Doroti Diks gelinlikler üçin okalýan leksiýalary diňläp bizar bolandygyny ýazýar. Onuň pikiriçe, kimdir biri öýlenjek ýigidi bir gyra çagyraga-da oňa şunuň ýaly dana maslahat bermeli.

«Öňürti ýaranjaňlyk etmäni öwrenmeseňiz, hiç haçan öýlenmäň. Toýa çenli zenan maşgalany öwüp arşa çykarmak her kimin öz işi. Emma toýdan soň ony öwüp arşa çykarmak, hökmany meseledir, has dogrusy ol siziň howpsuzlygyňyz üçin gerekdir. Nikadan soň göwnaçyklyk däl-de ýeserlik gerek.

Eger siz her gün oňatja naharlanmak isleýän bolsaňyz, hiç haçan aýalyňyzyň hojalygy dolandyryşyny tankytlamaň hemem bu mesele boýunça ejeňizi öwüp, aýalyňyzyň göwnüne degjek deňeşdirme getirmäň. Gaýtam onuň tersine, aýalyňyzyň hojalygy alyp baryş usullaryny yzygiderli magtaň, şeýle görmegeý, işeňňir aýala duşanyňyz üçin, hudaýa ýüz-müň şükür edýändigiňizi ýeri gelende çynyňyz bilen aýdyň. Hatda onuň bişiren kakmajy teletin, çöregi kömür bolsa-da zeýrenip ýazgaryjy bolmaň. Üwnüp çydamasaňyz, bu günki taýýarlanan

zatlaryň onuň kämillik derejesinden pes kakýandygyny aýdaýyň. Şeýtseňiz, ol görgüli siziň göz öňüne getirýän peri-peýkeriňize öwrüljek bolup, aşhanadaky ojagyň oduna özüni gurban etmelem bolsa eder.

Öwmek meselesine gaty duýdansyz başlaman, ýuwaş ýuwaşdan başlamasaňyz, onuň bir zat aňmagy mümkin.

Ýöne şu gün agşam ýa-da ertir hökman oňa gül ýa-da bir guty şokolad getirip beriň. «Wah, men muny öňräkden şeýtmeli ekenim» diýen ökünç bilen çäklenäýmäňde, bu buýrulmadyk ýumşy hökman bitiriň. Üs-tesine-de aýalyňyza ýylgyryp bakmagy hem göwnüni göteräýjek birki sany sözi aýtmagy hem unutmaň. Eger şu täri maşgalada köpräk ulanybersek, biziň her alty maşgalamyzyň biriniň nikasy Rinonyň gaýalaryna degip döwülermidikä.

Aýaly özüňizi söýmäge neneňsi mejbur etmelidigini bilýärsinizmi? Geliň, men size bu syry açaýyn. Her hal bu ideýanyň maňa däl-de, Doroti Dikse degişlidigini ýatladýaryn. Bir gezek ol ýigrimi üç aýalyň söýgüsidir amanat kassa depderçesine mynasyp bolan meşhur köp aýallydan interwyu alypdyr. (Gepiň gerdişine görä aýtsak, söhbetdeşlik türmäniň içinde bolup geçipdir.) Doroti ondan aýallary söýmäge neneňsi mejbur edýändigini soranda, ol söýdürmegiň onçakly bir kynçylygynyň ýokdugyny aýdypdyr:«Barja etmeli zat, söhbetdeş aýalyň özi hakda gürlemekden ybarat diýipdir.

Edil şu usul erkek adamlara-da degişlidir. «Erkek kişiler bilen onuň özi hakynda gürrüň ediň» — diýip, haçandyr bir wagt Britan imperiýasynda häkümdarlyk edenleriň iň akyllylarynyň biri Dizraeli aýdypdyr. Hawa, «Erkek kişiler bilen onuň özi hakynda gürrüň ediň, onsoň ol sizi sagatlap diňlemäge

kaýyldyr».

Şeýlelikde, eger siz adamlara ýaramak isleseňiz, onda altynjy düzgüni berjaý ediň:

Gürrüňdeşiňize onuň mertebesini belent tutýandygyňyzy ynandyryň hem-de bu işi ak ýürekden ediň.

Siz indi bu kitaby esli wagt bäri okaýarsyňyz. indi ony ýapyň, çybygyňyzyň külüni kakyp, özge adamlaryň artykmaçlyklaryny ykrar etmek filosofiýasyny özüňize iň ýakyn adamda bada-bat ulanyp başlaň, soňra bolsa onuň jadylaýjy täsirine syn kylyň.

## Gysgajyk netije

Adamlara ýaramak üçin berjaý etmeli alty düzgün

**1-nji düzgün**. Başga adamlar bilen çyn ýürekden gyzyklanyň

**2-nji düzgün**. Ýylgyryň;

**3-nji düzgün**. Her kimiň öz adynyň özi üçin ýakymly we iň möhüm sesdigini ýadyňyzdan çykarmaň. Bu meselede milletiň, şol adyň haýsy dilde tutulýanlygynyň parhy ýokdur,

**4-nji düzgün**. Gowy diňleýji boluň. Başgalary özleri hakynda gurrun bermäge höweslendiriň.

**5-nji düzgün**. Gürrüňdeşiňizi gyzyklandyrýan zatlar barada gürrüň ediň.

**6-njy düzgün**. Gürrüňdeşiňizi onuň mertebesini belent tutýandygyňyza ynandyryň hem-de bu işi ak ýürekden ediň.

hyyal2017@gmail.com

# Ü ç ü n j i b ö l ü m

# ADAMLARY ÖZ NUKDAÝNAZARYŇA IMRINDIRMEK ÜÇIN BERJAÝ ETMELI ON IKI DÜZGÜN

*Birinji bap*

## JEDELDE ÜSTÜN ÇYKMAK BOLMAÝAR

Uruş gutaranynyň yz ýanlarydy. Şonda bir agşam Londonda men bahasyna ýetip bolmajak sapak aldym. Şol döwürde men jenap Ross Smitiň menejeri bolup işleýärdim. Uruş döwründe Ross Palestinada söweş eden awstraliýaly lýotçiklaryň biri bolupdyr. Parahatlyk yglan edilenden soň bolsa, ol ýer şarynyň daşyna otuz günde aýlanyp, ähli adamzady haýran galdyrypdyr. Ondan ozal şeýle gahrymançylyga samolýotly şeýle uzak ýol geçmäge hiç kim töwekgelçilik edip görmän eken. Bu ullakan şowhun döredipdir. Awstraliýanyň hökümeti oňa elli müň dollar beripdir, iňlis koroly ony dworýanlyk derejesine göteripdir, birnäçe wagtyň dowamynda ol Britaniýada iň meşhur adamlaryň hatarynda durupdyr. Bir agşam maňa jenap Rossun hormatyna guralan meýlise gatnaşmak miýesser etdi. «...akyl ony başga hiliräk gözöňünde tutanam bolsa, hudaý biziň niýetlerimizi amala aşyrar» diýen jümle bilen baglanyşykly bir gyzykly wakany meniň goňşym şonda maňa gurrüň berdi.

Gürrüňçi jümläniň Bibliýadandygyny ýaňzytdy. Ol ýalňyşýardy men muny bilýärdim. Özem anyk bilýärdim. Bu

ýerde hiç bir şübhäniň bolmagy mümkin däldi. Ine, onsoň men mertebämi beýgeltmek hem-de öz artykmaçlygymy görkezmek üçin, soralmasa-da özümi islenmedik sudýa hökmünde orta atyp, onuň ýalňyşyny düzetmekçi boldum. Ol öz sözünde berk durdy. Näme? Şekspirden? Bolubilmez! Biderek gürrüň! Bu Bibliýadan alnan jümle. Ol muny gaty magat bilýär!

Jümläni getiren goňşy sag tarapymda, çepimde bolsa Şekspiriň döredijiligini içgin öwrenýän Frenk Gemmond diýen dostum otyrdy. Biz jedelimizi çözmegi Gemmonddan haýyş etdik. Gemmond bizi diňledi-de dyzy bilen meni çalaja itekläp: «Deýl, siz ýalňyşýarsyňyz. Bu jenap dogry aýdýar. Jümle hakykatdanam Bibliýadan» — diýip jogap berdi.

Giç agşam öýmüze gaýdyp barýarkak: «Frenk, jümläniň Şekspirdendigini siz bilýärdiňiz ahyryn» — diýip, Gemmonda aýtdym.

«Elbetde, bilýärdim, — «Gamlet», bäşinji perde, ikinji sahna. Biz baýramçylyk agşamynyň myhmanydyk ahyryn, gadyrdan Deýl. Onuň ýalňyşýandygyny subut edip oturmagyň şol ýerde nämä geregi bar? Subut edeniňiz üçin onuň size bolan garaýşy gowulanar öýdýärsiňizmi? Näme üçin oňa öz mertebesini halas etmäge mümkinçilik bermeli däl? Ol siziň pikiriňizi soramady ahbetin! Ol oňa mätäjem däldi. Onsoň näme üçin onuň bilen jedelleşmeli? Mydama ýiti gapma- garşylyklardan gaça duruň.»

«Mydama ýiti gapma-garşylyklardan gaça duruň». Şu sözleri aýdan adam dünýäden ötdi, ýöne onuň maňa beren sapagy henizem öz täsirliligini ýitirenok.

Şu sapak meniň ýady düzelmejek jedelkeşe gaty zerurdy. Men ýaşlykda doganym bilen ugursuz zatlaryň üstünde-de jedelleşer ýörerdim. Kollejde logikany öwrendim we

ynandyryjy delillendirmek sungatyny çigitläp, çekişme bäsleşiklerine gatnaşdym. Missuri hem özüniň jedelkeşleri bilen meşhurlyk gazanan ýer bolmaly, meniňem topragym şol ýerden alnan. Meniň hiç zada ynanjak gümanam ýokdy. Soňrak Nýu-Ýorkda çekişmäni alyp barmakda ynandyryjy delilleri getirmek sungatyny öwretmek boýunça ders berdim, hatda şu mesele boýunça kitap ýazmak pikirem mende döräpdi, şindiler ýadyma düşende özümde şeýle niýetiň bolandygyna utanýan, Şondan bäri men müňlerçe gapma-garşylykly çykyşlary diňledim, olaryň birnäçesine özümem gatnaşdym we olaryň netjesini tankydy taýdan analiz etdim. Şu zatlaryň netijesinde men şeýle karara geldim: jedelde ýeňmegiň dünýäde ýeke-täk usuly bar olam jedelleşmezlikdir. Ýer titremesinden ýa-da zäherli ýylandan neneňsi yhlas bilen gaçyp sypmagyň alajyny edýän bolsaňyz, jedeldenem edil şeýle yhlas bilen gaçyň.

Jedeliň ondan dokuzsynda oňa gatnaşýanlar öz aýdýanlarynyň dogrudygyna has berk ynam bilen jedeli tamamlaýarlar.

Jedelde ýeňmek mümkin däldir. Mumkin däldiginiň sebebi, eger siz jedelde ýeňilseňiz, onda siziň ýeňildigiňiz bolar, birdenkä ýeňäýeňizde-de ýene-de siziň ýeňildigiňizdir. Näme üçin? aýdaly, siz gürrüňdeşiňizden üstün çykyp, onuň delilleriniň ýapa degmeýändigini subut edip, onuň aklynyň ýerinde däldigini kesgitlediňiz. Bar, şeýdenem ekeniňiz-dä, onsoň näme? Siz özüňizi asmanyň ýedinji gatynda ýaly duýýanam ekeniňiz-dä. Ol nähili? Siz ony öz artykmaçlyklaryňyzy duýmaga mejbur etdiňiz. Siz onuň mertebesine degdiňiz. Ol siziň ýeňşiňize gynanar. Munuň ýaly ýagdaý barada şeýle bir dana sözem bar.

«Ynandyrsaň adamyny garşy gidip erkine,

Dänmez öňki pikirinden, tiz ynamyň terk eder.

«Penmýuçýuel laýf inşurens kompani» strahowaniýa kompaniýasy öz agentleri üçin «Jedelleşmäň diýen berk düzgün kabul edipdir.

Zat satmaklygyň hakyky sungaty hem jedel bilen bagly däldir. Ol hatda jedelleşmegi ýada-da salmaýar. Jedeliň üsti bilen adamy ynandyrmak mümkin daldir.

Ine, size mysal birnäçe ýyl mundan öň meniň okaýan toparlarymyň birine jedel görse gözi açylýan Patrik J. 0’Heýr diýen bir irlandiýaly okuwa girdi. Onuň bilimi pesdi, ýöne jedeli welin başyna satyn alýardy. Onuň asly käri şofýor eken. Soňra ýük maşynyny satmak boýunça dellal bolup işläp başlaýar, bu işi oňly başa barmansoň, meniň kursuma giren eken. Oňa birnäçe sowal berenimden soň men onuň söwdalaşjak bolýan adamlary bilen derrew jedele başlap, olary kejikdirýändigini aňdym. Eger hyrydarlaryň biri Patrigiň satjak bolýan ýük maşynlary hakynda nähilidir bir tankydy bellik aýdaýsa, ol gaharlanyp müşderiniň al petinden alýar eken. Ol jedelleşýänlerini ompa oturdýança harçaňlaşmakdan gaýtmandyr. «Kimem bolsa biriniň kabinetini terk edip gaýdanymdan soň öz-özüme: «Bujagaşy-ha geplemez ýaly etdim, diýip, ýygy-ýygydan aýdardym. Petigulysyny bererdim, ýöne söwdamam oňmazdy» diýip ol soňrak meniň ýanymda boýun alardy.

Meniň ilkinji maksadym Patrik Heýre oňat geplemegi öwretmek däl-de, biderek dawadan özüni saklamagy öwretmek boldy.

Indi 0’Heýr Nýu-Ýorkdaky«Uaýt motor kompani»

firmasynyň iň gowy söwda agentleriniň biri. Ol bu derejä neneňsi ýetdi? Bu barada onuň öz beren gürrüňini diňläliň. «Indi men müşderiniň kabinetine girenimde, ol maňa: «Näme? Uaýtyň ýük maşynymy? Ol hiç zada ýaramaýar. Ony mugt berseňizem aljak däl. Men pylan firmanyň maşynyny aljak» diýip, söze başlaýar welin menem: «Gulak as, dostum, seniň diýýän maşynyň gowy maşyn. Eger sen ony satyn alsaň ýalňyşmarsyň. Ol maşynlary gowy firmalar-a ýasaýar, gowy adamlaram satýar» — diýip jogap berýärin.

Onsoň-oňa aýtmaga zat galanok. Jedele ýer bolanok. Eger ol ýene bir firmanyň maşynyny öwüp başlasa, menem onuň sözlerini tassyklamaga başlaýaryn, onsoň ol saklanmaga mejbur bolýar. Eger men onuň aýdanlary bilen razy bolsam, ol günüň dowamynda: «ol iň gowy maşyn» diýip zol gaýtalap durubilmez ahyryn. Onsoň biz bir maşynyň öwgüsini ýetirip, Uaýt firmasynyň maşyny hakyndaky söhbete başlaýarys.

Öňki-öňkülik bolanlygynda, şunuň ýaly söz oýnatmalary meni duzlana döndererdi. Men bäsdeşlerimiň maşynlarynyň artykmaçlyklaryna garşylyk görkezip, jedele başlardym. Özem men onuň gowy diýýän maşynlaryny näçe tankytlasam müşderi olary şonça öwýärdi, öwdügiçe-de maşynlaryň artykmaçlyklaryna ynanýardy.

Indi geçen günlere göz aýlaňda, şeýle häsiýet bilen az mukdarda-da bolsa, garaz, maşyn satyp bilenligime geň galýaryn. Men ömrümiň bir topar ýylyny dawa-jenjel bilen geçirdim. Indi dawa gezek gelende meniň agzyma gulp urlan ýaly. Bu özüni ödeýärem.» Dana garry Ben Franklin şeýle diýipdir: «Eger siz jedelleşýän bolsaňyz, onda siziň gaharyňyz gelýändir, garşylyk görkezýänsiňiz. Siziň kämahal ýeňiş

gazanaýmagyňyz hem mümkindir. Emma bu ýeňşiň bahasy bir köpükdir. Sebäbi şeýle ýol bilen siz hiç haçan garşydaşyňyzy özüňize çekip bilmersiňiz».

Şonuň üçinem özüňiz çözüň: siz näme isleýärsiňiz? Il gözüne ýeňen kişi bolmaklygymy, ýa-da adamlaryň size bolan gowy garaýşynymy?

«Boston trewskript» jurnalynyň sanlarynyň birinde bir gezek köp manyly goşgujyk çap edilen eken;

Hakykat ugrunda ömrün bes eden,
Munda ýatyr Uilýam Jeýiň jesedi.
Oň özem adyldy, yhlasam adyl,
Barybyr öldi ol, direlmez asyl.

Öz nukdaý nazaryňyzy subut etjek bolup, siziň getirýän delilleriňiziň dogry bolmagam mümkindir, bar, gaty dogry hem diýeli, herhal, garşydaşyňyzyň öňki ynamyny üýtgetjek bolup eden ähli synanyşyklaryňyz puçdur. Ýalňyşan halatyňyzda-da, dogry mahalyňyzda-da puç boljak bolsa, onda jedelleşmek nämä derkar?!:

Wudro Wilsonyň kabinetinde maliýe ministri bolup işlän Uilýam J. Makadu uzak ýyllaryň dowamynda syýasy işde işlänsoň: «Nadan adamy delilleriň kömegi bilen ýeňip bolmaz» diýen netijä gelipdir.

Nadan adamy diýýäňizmi? Siziň munyňyz gaty sypaýyçylykly bolýar jenap Makadu! Jedelde diňe nadany däl, islendik adamy hem ýeňip bolmajagyny ony öz pikirinden dänderip bolmajagyny men öz tejribämde-de gördüm.

Ine, mysal üçin, girdeji salgydy boýunça maslahatçy Frederik R. Parsons döwlet salgyt inspektory bilen tutuş bir sagadyň dowamynda jedelleşipdir. Gürrüň dokuz müň dollar

hakynda barýar eken. Parsons şol dokuz müň dollaryň hiç wagt yzyna berilmejek umytsyz karzdygyny şonuň üçinem ondan girdeji salgydyny almagyň nädogrudygyny düşündirjek bolupdyr. «Beýle zat bolup bilmez! — diýip, inspektor garşy çykypdyr — «Nalog hökman tölenäýmeli.»

«Inspektor gopbamsy we keçjal adamdy—diýip, şu wakany sapakda gürrüň beren Parsons sözüniň üstüni ýetirdi. — Müň dürli deliller getirip ony ynandyrjak bolmak, biderek wagt ýitirmekdi... Biz näçe jedelleşdigimizçe, onuň barha keçjallygy tutýardy hem şonça ýiti garşylyk görkezýärdi. Şonda men jedeli dowam etdirmezligi, gürrüňi başga ýana sowmagy we oňa näme-de bolsa bir mylaýym söz aýtmagy ýüregime düwdüm.

Onsoň men oňa şeýle diýdim: «Biziň bu jedelimiz siziň çözýän möhüm we kyn meseleleriňiziň ýanynda ýönekeýje zat. Salgyt salmak meselesini menem öwrendim, ýöne meniň öwrenen zatlarym diňe kitapda ýazylan zatlar, siziň bolsa bu ugurdan örän baý tejribäňiz bar. Mahal-mahal öz işimiň siziňki ýaly däldigine gynanýaryn. Şeýle bolanlygynda menem köp zatlary öwrenip bilerdim.» Men her bir sözi çynym bilen, ýürekden aýtdym.

Şonda inspektor kürsüde gaýşarybrak oturyp öz işi barada, ýeser kezzaplary paş edişi hakynda giňişleýin gürrüň berip başlady. Ýuwaş-ýuwaşdan onuň sesinde dostlukly äheň duýlup başlady. Basym ol öz çagalary hakynda-da söz açdy.Ol gaýtmazdan ozal, meniň işim barada ýene-de pikirlenjekdigini we gelen netijesi barada birnäçe günden habar etjekdigini aýtdy.

Üç gün geçenden soň, ýaňky meniň kontorama gelip, beren salgyt deklarasiýamy şol durşuna galdyrmakçy bolýandygyny

habar berdi».

Bu salgyt inspektorynyň gürrüňdeşi onuň ynsana örän mahsus bolan bir gowşak damaryny tapmagy başarypdyr. Oňa öz sarpasynyň saklanýanlygyny duýmak gerek eken. Haçanda Parsons onuň bilen jedelleşip duran mahaly, ol abraýyny esassyz deliller bilen gorajak bolupdyr. Abraýy ykrar edilenden soň bolsa, jedel manysyny ýitiripdir we oňa özi hakda gürrüň bermäge hem-de hoşniýetlilikdir duýgudaşlyk bildirmäge mümkinçilik döräpdir.

Napoleonyň köşgüniň baş kamerdineri Konstan Jozefina bilen ýygy-ýygydan billiard oýnaýar eken. «Napoleonyň şahsy durmuşy baradaky ýatlamalar» diýen kitabynyň birinji tomunda Konstan şeýle ýazýar: «Elbetde, men erbet oýnamaýardym, şeýle-de bolsa oňa utmaga mümkinçilik döretmek maňa başardýardy. Bu bolsa Jozefina diýseň ýaraýardy» Geliň, bizem Konstanyň beren ölmez-ýitmez sapagyny berk belläliň. Öz aramyzda döräýjek kiçijik jedellerde ýeňmäge müşderilerimize, söýgülilerimize, ärlerimize, aýallarymyza mümkinçilik bereliň.

“Ýigrenjiň soňuna ýigrenç bilen däl-de, diňe söýgi bilen çykmak mümkin” diýip, Budda aýdypdyr. Düşünişmezligiň soňuna-da jedel bilen däl-de sypaýyçylyk, salyhatlylyk, dostluk, duýgudaşlyk hem-de özgäniň nukdaý nazaryna düşünmäge ymtylmak arkaly çykyp bolar.

Bir gezek Linkoln dosty bilen gaty tersleşen ýaş ofisere şeýle igenipdir: «Öz başarnygyny ýerlikli ulanjak bolýan hiç bir adam biderek dawa üçin wagtyny sarp etmez. Has beteri hem ol şunuň ýaly dawanyň köňülde galdyraýmagy mümkin bolan nahrasyny— gahary, kinäni, öçlüligi göwnünde götermez.

Düýpli zatlar barada jedelleşeňizde, ikiňiziň hem aýdýan zatlaryňyz dogry bolaýanda-da ylalaşyň. Ownuk meselelerde garşydaşyňyz mamla bolmasada eglişik ediň. Öz diýeniňi ýolly etjek bolup ite ýardyranyňdan, oňa ýol bereniň gowudyr bardy-geldi siz iti öldüräýeniňizde-de onuň dişlän ýeri azar beter»;

***Şeýlelikde, birinji düzgün şundan ybarat»*** **Jedelde ýeňmegiň ýeke-täk usuly— ondan gaça durmakdyr.**

*I k i n j i b a p*

## DUŞMAN GAZANMAGYŇ GUTULGYSYZ USULY WE MUNDAN GAÇA DURMAGYŇ ÝOLLARY

Teodor Ruzwelt Ak tamda bolan döwründe: eger ýüz gezegiň ýetmiş bäşinde diýeni dogry bolsa, özüne şondan başga zat gerek däldigini, bir gezek boýun alyp dyr.

Eger, şu ýigriminji asyryň iň görnükli adamlarynyň biriniň iň ýokary umydy bolsa, onda biz hakda näme diýjek?

Eger siz ýüzden elli bäş gezekde özüňiziňkiň hakdygyny bilseňiz,onda arkaýyn Uoll-stritde mekan tutup, günde million dollar gazanyp, ýahta satyn alyp, iň owadan gyza-da öýlenip bilersiňiz. Hatda ýüzden elli bäş gezekde-de özüňiziňkiň hakdygyna ynamyňyz ýok bolsa, onda näme üçiň siz başga adamlara siziňki nädogry diýmeli?

Gürrüňdeşiňiziň ýalňyşýandygyny garaýşyňyz, hereketiňiz ýa-da äheňiňiz bilenem söz bilen aýdança düşündirip bilersiňiz ýöne siz oňa seniňki nädogry diýmek bilen, gürrüňdeşiňizi özüňiziňkiň haklygyna ynandyryp bilerin öýdýärsiňizmi? Hiç

haçan! Sebäbi siz onuň düşünjesine, sagdyn pikirlenişine, göwnüne gönümel urgy etdiňiz, şahsy mertebesine degdiňiz. Bu bolsa onda pikirini üýtgetmeg-ä beýlede dursun, gaýtam size jaýdar gaýtargy bermek duýgusyny döredýär. Şundan soň siz onuň üstüne Platonyň ýa-da Immanuil Kantyň logikasyny ýagdyrsaňyzam, ol size kömek etmez, sebäbi onuň göwnüni syndyrdyňyz.

Hiç wagt: «Men size käbir zatlary subut ederin» diýen sözler bilen gürrüňe başlamaň. Bu erbetdir. Beýle diýmek: «Men sizden akyllydyryn. Men size käbir zatlary aýtmak bilen, pikiriňizi üýtgetmäge mejbur ederin» diýen bilen deňdir.

Bu jedele çagyryşdyr. Bu gürrüňdeşiňizde heniz jedele başlamankaňyz içki garşylyk döredýär hem onda siziň bilen salşyp almak meýlini oýarýar.

Gülala-güllükli ýagdaýda-da adamyň pikirini üýtgetmek aňsat däldir. Ýeri onsoň belany satyn almak nämä gerek? Özüňi amatsyz ýagdaýda goýmak nämäňe derkar?

Siziň nämedir bir zady subut etmek meýliňiz bar bolsa, goý, ol barada hiç kim bilmesin. Ony hiç kim duýmaz ýaly, örän usullyk, inçelik hem sypaýylyk bilen amala aşyrmaly.

Adamlara bir zady öwredeňizde, olaryň şony öwredeniňizi bilmez ýaly öwretmeli. Näbelli zatlary hem edil olaryň ýatdan çykaran zatlary hökmünde aýtmaly.

Bir gezek lord Çesterfild ogluna şeýle maslahat ,beripdir: «Eger başarsaň, özgelerden akylly boljak bol, ýöne muny olara aýtma».

Eger köpeltmek tablisasyny hasap etmeseň, onda men häzir ýigrimi ýyl mundan ozal ynanýan zatlarymyň birine-de ynanamok diýen ýaly. Haçanda Eýnşteýn barada okanymda

bolsa, kepeltmek tablisasyna-da şübhelenip ugraýaryn. Ýene ýigrimi ýyldan soň, belki şu kitapda ýazan zatlaryma-da ynanman. Indi men hiç bir zada geçmişdäki ynanyşym ýaly ynanmaýaryn. «Men diňe hiç zat bilmeýändigimi bilýarin» diýip, Sokrat Afinadaky okuwçylarynyň öňünde birsyhly gaýtalar eken.

Mende-de Sokratdan akyllydyryn diýen ynam bolmansoň, adamlara olaryň ýalňyşýandyklaryny aýtmagy bes etdim. Şu tär özüni ödeýär diýibem hasap edýärin.

Eger biri bir zat aýtsa, sizem ony ýalňyş hasap edýän bolsaňyz — hatda onuň görnetin ýalňyşýandygyny bilip duranam bolsaňyz, gürrüňe şeýleräk başlasaňyz gowy bolmazmy: «Be! Men muny başgaçarak hasap edip ýörüpdirin, belki-de men ýalňyşýandyryn. Men ýygy-ýygydan ýalňyşagan. Eger ýalňyşsam, meniň ýalnyşymy düzetmegiňizi isleýän. Hany, delilleri barlap göreliň».

«Belki-de men ýalňyşýandyryn», «Men ýygy-ýygydan ýalňyşagan», «Hany, delilleri barlap göreliň» — diýen ýaly jümleler jadylaýjy, hakykatdanam jadylaýjy täsir edýär.

Eger: «Belki-de men ýalňyşýandyryn. Hany, delilleri barlap göreliň» diýseňiz, dünýäde hiç kim size garşylyk görkezmez.

Alym adamlar hakykatdanam şeýle edýärler. Men bir gezek Polýar aýlawynyň aňyrsynda on bir ýyl ýaşan, şonuňam alty ýylyny diňe etdir suw bilen iýmitlenen meşhur barlagçy ol alymdan interwýu aldym. Stefanson maňa öz geçiren tejribeleriniň biri hakynda gürrüň berip otyrka, men onuň nämäni subut etmekçi bolandygyny soradym. Men onuň jogabyny hiç haçan ýadymdan çykarmaryn. Ol şonda şeýle diýdi: «alym hiç haçan bir zady subut etjek bolmaýar. Ol diňe

hakykaty ýüze çykarmaga synanyşýar».

Siziňem ylmy pikirlenesiňiz gelýändir, şeýle dälmi? Baş üstüne, muňa siziň özüňizden başga garşylyk görkezýän ýok.

Ýalňyşmagyňyzyň mümkindigini boýun alanyňyz bilen, siz hiç haçan oňaýsyz ýagdaýa düşmersiňiz. Şeýtseňiz jedeliň bada-bat soňuna çykarsyňyz, gürrüňdeşiňizde-de edil özüňiziňki ýaly açyklyk, dogry düşünjelilige hem hakykata ymtylyş duýgusyny döredersiňiz. Bu onuň hem ýalňyşaýmagynyň mümkindigini boýun almaga isleg döreder.

Eger siz gürrüňdeşiňiziň ýalňyşýandygyny anyk bilýän bolsaňyz onam söhbetdeşiňiziň gös-göni ýüzüne bassaňyz, nähili bolar öýdýärsiňiz? Şu barada maňa takyk mysal getirmäge rugsat ediň. Golaýda S. diýen Nyu-ýorkly ýaş aklawjy ABŞ-yň Ýokary sudunyň mejlisinde örän möhüm iş boýunça («Lýustgarten» «Flit korporeýşen» garşy işde) çykyş etdi. Gürrüň lomaý pul we möhüm ýuridiki mesele barada barýar ekeni.

Ol çykyş edip durka, Ýokary suduň çlenleriniň biri ýaňka şeýle sowal beripdir: «admiral teýstwoda şikaýat müddetiniň kanunynyň möhleti alty ýyla çenli, şeýle dälmi?»

S. sözüni kesip, suduň çlenine bir salym seredip durupdyr-da, birdenem kesgin jogap beripdir: «Merhemetli sudýa, admiral teýstwoda şikaýat müddetiniň kanuny ýok!» «Sudda ümsümlik aralaşdy— diýip, S, eliňizdäki kitabyň awtorynyň okuwçylarynyň bir toparyna şu wakany gürrüň berip durka ýatlady — Zala şeýle bir tagaşyksyz ümsümlik aralaşdy, hatda siňek uçsa-da eşidiljekdi. Meniň jogabym dogrudy. Suduň çleni ýalňyşýardy. Menem muny gös-göni aýtdym. Ýöne meniň dogry sözüm onda maňa hormat döretdimikä? ÝOK. Men häzirem

kanun meniň tarapymda diýip hasap edýärin. Sudda-da ozalkylarymdan has gowy çykyş edendigimi bilýärin. Emma sudy ynandyrmak maňa başartmady. Men öz işini bilýän adam hökmünde örän meşhurlykdan peýdalanýan adama siziňki nädogry diýmek bilen gaty erbet ýalňyşlyk goýberdim.

Örän az sanly adamlar logika boýunça pikirlenmegi başarýar. Köpümiz obýektiw däl, öňden dörän ters pikirli, körekör pikirlere uýgunlaşan hem-de gabanjaňlyk, şübhelilik, göriplik we gorkudyr gopbamlykdan halas däl adamlar. Şonuň üçinem adamlaryň köpüsi, mysal uçin, din barada, saça timar bermek barada, kommunizm barada, ýa-da Klark Geýbl barada öňki pikirlerini üýtgetmek islemeýärler. Hut şonuň üçinem, eger siz adamlaryň ýalňyşyny aýtmaga meýilli bolsaňyz, onda her gün säher, irki naharyň öňünden professor Jeýms Harwi Robiýsonyň «akylyň emele gelmegi» diýen tälim alarlykly kitabyndan getiriljek şu sözleri dyza çöküp okamagyňyzy haýyş edýärin.

«Käwagtlar hiç hili garşylyksyz, ýa-da, bir zada gaty gynananymyz sebäpli öz pikirlerimizi üýtgedýäris, emma kimdir biri siziňki nädogry diýdigi derrew nägile bolýarys we gaharymyz gelýär. Biz dünýägaraýşymyzyň emele gelşine juda biperwaý garaýarys, ýöne kimdir biri şol garaýşymyza derek başga pikir bagyşlamakçy bolanda welin ör-gökden gelýäris. Şeýle halatda biziň ideýalarymyzy däl-de, üstüne howp abanýan mertebämizi gorajak bolýandygymyz görnetindir. «Meniňki» diýen sözjagaş durmuşda gabat gelýän iň möhüm sözdür, şonuň üçinem danalar onuň ýeterlik sarpasyny saklamaklygy maslahat berýärler. «Meniň» naharym, «meniň» itim «meniň»öýüm, «meniň» atam ýa-da «meniň» watanym,

«meniň» hudaýym diýenimizde, şu ýerde menleriň hemmesiniň deň güýji bardyr. Bize sagadymyzyň wagty ýalňyş görkezýändigini, ýa-da münýän maşynymyzyň könedigini aýdanlarynda göwnümiz galýar, ýöne Marsyň üstündäki kanallary göz öňüne getirişimiz, Epiktetiň adynyň aýdylyşy, buýan kökününiň kesel bejeriş häsiýeti, Sargonyň şalyk süren döwri baradaky düşünjelerimize garşy çykylanda-da nägileligimiz sagatly, ýa-da maşynly meseleden kem bolmaz... Biz dogry diýip hasap etmäge endik eden zatlarymyza ynanmagymyzy dowam edesimiz gelýär, haçanda şol ynamymyzyň dogrulygyna şubhelenilende bolsa, gaty nägilelik bildirýäris we dürli deliller gözläp, ony jan-dil bilen gorajak bolýarys. Şeýlelikde, biziň argumentasiýa diýip at berýän zadymyz köplenç ýagdaýda biziň ynanýan, geljekde-de ynanmaga hemaýat berýän delilleri gözlemäge syrygýar».

Men bir gezek otaglaryň içini bezeýän hudojnige jaýym üçin tuty buýurdym. Haçanda tölemeli pulumyň sçýotyny göremde tas gözüm hanasyndan çykypdy.

Birnäçe wagtdan soň bize bir tanyş aýal myhmançylyga geldi. Bu aýalyň gözleri bada-bat täze tutularymda eglendi. Haçanda men olaryň näçä düşendigini aýdanymda bolsa, ol: «Näme? Heý, beýle-de gözboýagçylyk bolarmy?! Çürkäpdir!» diýip, dabara garuwly ses bilen aýtdy.Dogrumy? Hawa ol hakykaty aýtdy, ýene kim özüne ýaramaýan hakykaty diňlemek isleýär.. Şonuň üçinem men ynsana mahsus bolan goranyşa geçdim. Men oňa göwnüňe ýaran harydy mydama arzan bahadan alyp bolmaýandygy, ýokary hilli çeperçilik önümleriniň bahasynyň magazyn bahasy ýaly däldigi hakda dürli deliller getiren boldum.

Ertesi ýene bir tanyş aýal geldi. Onuň tutulara gaty göwni ýetdi. Özüniň hem şunuň ýaly tutulyk matalara höwes edýändigi, ýöne onça pul döküp jaýyny bezedip bilmejegine gynanýandygy, tutularyň ajaýyp sungat eseridigi barada gözigidijilik bilen gürrüň etdi. Bu gezek meniň jogabym başgaça boldy: «Dogrusyny aýtsam, bu baha meniň üçinem arzan däl, men ony satyn alanyma ökünýän.»

Haçanda biz ýalňyşsak, ony öz ýanymyzdan boýun alýarys. Eger kimdir biri bize ony sypaýyçylyk bilen duýdursa-da, ýalňyşymyzy boýun almagy kyn görmeýäris, hatda şonda aýbymyzy ýaşyrmaýandygymyz üçin buýsanýarysam ýöne kimdir biri aşgazanymyzyň kabul edip bilmejek faktyny gyzylödegimize zor bilen dyksa welin...

Grajdanlyk urşy döwrüniň iň görnükli amerikan neşirýatçysy Horas Grili Linkolnyň syýasatyna ýiti garşy çykypdyr. Ol dürli delilleriň, ýaňsylamalaryň we göwne degmeleriň üsti bilen Linkolny özi bilen ylalaşar ýaly ederin öýdüpdir. Ol bu gazaply kompaniýany aýba-aý, ýylba-ýyl yzygiderli dowam edipdir. Prezidenti Butuň atan agşamy oňa garşy gazaply, şerebeli, gyjalatly hem-de şahsy myjabatdan doly makalany hem hut Griliň özi ýazypdyr.

Şunça gahar-gazabyň ýagdyrylmagy Linkolny Grili bilen ylalaşmaga mejbur edendir öýdýäňizmi? Elbetde, ýok! Ýaňsylamalardyr göwne degmeler hiç haçan ylalaşyga getirmeýär.

Eger siz adamlar bilen gowy gatnaşyk etmek, öz-özüňe erk etmek şahsy häsiýetini kämilleşdirmek boýunça ajaýyp maslahatlar almak isleýän bolsaňyz, onda Benjamin Frankliniň terjimehalyny okaň. Bu kitap Amerikanyň klassyk

edebiýatynda adam ömrüniň taryhy barada öňde-soňda ýazylan iň gyzykly eserleriň biridir. Ony köpçülik kitaphanalaryndan, ýa-da dükanlardan alyp okap bilersiňiz, Benjamin Franklin terjimehalynda juda ýaramaz gylyk bolan jedelleşmäni neneňsi goýşy we Amerikanyň taryhyndaky iň abraýly, edepli hem-de pähimli adama öwrülişi barada gürrüň berýär.

Ben Franklin agzy sary ýaş oglanka, bir gezek ony dostlarynyň biri çete çekipdir-de ýaňka gaýgyrman käýäpdir, aşakdaky ýalyrak bir näçe ajy hakykaty aýdypdyr;

«Ben, seniň bolşuň oňuşar ýaly däl. Aýdýan sözleriň seniň bilen ylalaşmaýan her bir adamyň göwnüne degýär. Näme öz pikirleriň şeýle gymmatlydyr öýdýäňmi? Şeýle bolanlygynda onuň bilen ýoldaşlaryňam gyzyklanardy. Biler bolsaň, olar seniň aýdýan zatlaryňy gara şaýyça-da görenok. Dostlaryň sensiz geçiren wagtlaryny, seniň barlygyňdakydan gowy geçirdik hasap edýärler. Hiç kim saňa täzelik aýdyp bilmez ýaly derejede özüňi köp bilýändirin öýdýärsiň. Hiç kim saňa bir zat aýtmaga synanyşygam edenok, sebäbi seniň bilen gürrüňleşjek bolýan adam gaty oňaýsyz ýagdaýa düşýär, gepini örän kynlyk bilen düşündirmeli bolýar. Kim gürrüňini dinlemeýäne jan edip gürrüň berer öýdýäň?! Dogrusyny aýtsam, sen juda az bilýärsiň. Bolşuň şu boljak bolsa, sen hiç haçanam şu bilýänleriňden köp zat bilmersiň»

Frankliniň şu gazaply käýinji kabul edişi, meniň ol barada bilýän zatlarymyň içinde iň ajaýybydyr. Şu gürrüňiň bolan wagtlary Ben akyly-huşy ýerindäki ýigit eken. Ol käýinjiň örän adalatlydygyna, oňa gulak asmasa özüne şowsuzlyklaryň garaşýandygyna, abraýynyň artmajakdygyna gowy düşünipdir.

Ine, onsoň ol 180 gradus öwrüm edýär. Ol bada-bat özüni gopbamsy alyp barmasyny, adamlar bilen gatnaşygyndaky çydamsyz, kejenek häsiýetini üýtgedýär.

«Men özgeleriň pikirine gönümel garşy çykmakdan, öz pikirimi gedemlik bilen goramakdan gaça durmagy şondan soň kada edindim. Men hatda oý-pikirlerimiň gutarnyklydygyny aňladýan sözleri: **«elbetde», «şübhesiz», «hökman»** ýaly düşünjeleri ulanmagy öz-özüme gadagan etdim — diýip, Franklin ýazypdyr. — Olara derek bolsa: **«çak edýärin», «şübhelenýän», «pikir edýärin», «şeýleräk bolaýmasa»** diýen ýaly kesgin bir pikiri tassyklamaýan sözleri ulanyp başladym. Haçanda özgeler meniň pikirimçe ýalňyş zady tassyklaşyp otursalaram, men ozalkylarym ýaly keýp edip olara garşy çykmakdan we olaryň aýdýan zatlarynyň bolgusyz zatdygyny aýtmakdan saklanýardym. Hatda öz pikirimi hökmany suratda aýtmaly bolaýamda-da: «Belli bir şertlerde, käbir ýagdaýlarda ol pikirleriň dogry bolaýmagam mümkin, emma edil şu wagtky ýagdaýda, meniň pikirimçe-hä şeýleräk bolsa, ýa-da başgaçarak bolsa, diýen ýaly sözler bilen gürrüňe başlamak bilen, kesgin jogap bermekden gaça durýardym. Şol bir wagtda-da dogry hasap edýän pikirimi syzdyrýardym. Şu häsiýetimiň artykmaçlyklaryny men örän tiz duýdum. Meniň başga adamlar bilen edýän gürrüňlerim mylaýymlaşyp başlady. Kiçigöwünlilik bilen pikiriňi aýdan mahalyň, ony tiz kabul edýärdiler hem-de ol pikire az garşylyk görkezýärdiler: eger meniň ýalňyşandygym ýüze çykaýanda-da, men oňa gaty gynanmaýardym; eger meniň pikirim dogry bolsa, şol nukdaý nazara özgelerem ynandyrmak hem olary ýalňyş pikirden el çekdirmek maňa aňsat düşýärdi.

Özümiň tebigy meýlimiň garşysyna gidip, zor bilen öwrenen bu häsiýetim, kem-kemden maňa endik bolup gitdi. Soňky elli ýylyň içinde hiç bir adamyň meniň agzymdan haýsydyr bir dogmatik tassyklamany eşitmänligi hem şonuň üçin bolsa gerek.

Haçanda täze gurama girizmek, ýa-da könäni üýtgetmek barada teklip girizenimde sözüme gulak gabardylanlygy, jemgyýetçilik sowetleriniň çleni bolan halatymda, özümiň uly täsirimiň bolanlygy üçin, umuman, watandaşlarymyň meniň pikirlerime gaty ir sarpa goýup başlandyklary üçin, (tapawutly häsiýetim bolan dogruçyllygymdan soň) şu endigime hemme zatdan beter minnetdar bolmalydyryn diýip pikir edýärin. Sebäbi men gelşikli, çeper gürläp bilmeýärdim, erbet oratordym. Sözleri saýlamakda kynçylyk çekýärdim. Gaty bir dogry gürläbem bilemokdym, ýöne şuňa garamazdan, öz nukdaý nazarymy geçirýärdim».

Işjeň gatnaşyklarda Ben Frankliniň tärini nä derejede ulanyp boljak? Iki mysal alyp göreliň.

F. J. Mahoni (Nýu-Ýork, Liberti-strit,114) nebit önümleriniň söwdasy üçin ýörite enjamlary satýar. Ol Long-aýlendde ýaşaýan baý alyjynyň köp zakazyny boýun alýar. Ýasamaly zatlaryň çyzgylary makullanyp, enjamlary ýasamaga girişiljek bolnup durka, garaşylmadyk ýagdaý ýüze çykýar alyjy eden söwdasy barada dostlary bilen maslahatlaşypdyr, olar bolsa onuň çynlakaý ýalňyşlyk goýberendigine, ýaňkyny ynandyrypdyrlar. Hamana oňa hiç zada ýaramajak zady süsdürenmişler. Hödürlenýän enjamlar örän giňmişin, biçak gysgamyşyn, biçak eýlemişin, biçak beýlemişin. Garaz, dostlary ýaňkynyň ýüregine oňatja ýel salypdyrlar: Ol gazap atyna

atlanypdyr. Müşderi Mahona jaň edip, özi üçin ýasalyp ugran enjamlaryň birini hem almajakdygyna ant içipdir:

«Men hemme zady ýaňadandan yhlas edip, jikme-jik barladym we özümizinkiň dogrudygyna göz ýetirdim—diýip, Mahoni şu wakany gürrüň berip otyrka aýtdy. — Şonluk bilen müşderidir onuň dostlarynyň aýdýan zatlaryndan başlarynyň çykmaýanlygy hem maňa mälim boldy. Emma muny gös-göni aýdaýsaň, işleriň, pyrryk boljakdygyna meniň aklym çatdy. Onsoň müşderim bilen duşuşmaga Long-aýlende gitdim. Haçanda onuň kabinetine giremde, ýaňky tarsa ýerinden turup, çalt-çalt bir zatlar gürläp maňa sary gaýtdy. Ol örän gaharly bolansoň, gelýärkä ýumruklaryny hem galgadýardy. Müşderi maňa we meniň enjamlaryma sögüp bolandan soň: «Hawa, onsoň bu barada näme etsem diýýäňiz?» diýip, sözüni tamamlady.

Men örän parahatlyk bilen ol näme diýse, şony hem etjekdigimi aýtdym. «Onuň üçin pul tölejek siz diýip, men has-da takykladym: — Şonuň üçinem siz isleýän zadyňyzy almalysyňyz. Ýöne munuň üçin kimdir biri jogapkärçiligi üstüne almaly bolar. Eger siz özüňiziňkini dogry hasap edýän bolsaňyz, onda bize çyzgylary beriň, zakazyňyz üçin eýýäm iki müň dollar harç edenem bolsak, biz ony gaýtaryp bileris. Siziň talabyňyzy ödemek üçin biz iki müň dollardan geçmäge taýyn. Ýöne men bir zady duýduryp goýaýyn: eger biz zakazy siziň aýdyşyňyz ýaly etsek onda jogapkärçiligi özüňiz boýnuňyza almaly bolarsyňyz. Ýöne zakazy biziň öz bilşimiz ýaly ýerine ýetirmäge rugsat etseňiz— biz öňki çyzgylary dogry hasap edýäris — onda jogapkärçilik biziň boýnumyza düşer».

Gürrüň şu ýere ýetýänçä, onuň birneme demi düşüşdi. Iň

soňunda ol: «Goý, siziň diýeniňiz bolsun, ýöne bir bolmasy iş bolaýsa-da, işiňizi huday oňarsyn» diýdi.

Hemme zat bolmalysy ýaly boldy, ol bize ýene ozalkylary deýin iki topar enjam zakaz etmegi wada bardi.

Haçanda ol adam meni masgaralanda, ýumruklaryny edil burnumyň ýanynda kelemenledende, «Sen öz işiňi bileňok!» diýip, heňkirende maňa özümi ýitirmezlik, onuň bilen tükeniksiz dawa girmezlik, erkimi elimde saklamaklyk gerekdi. Bu maňa başartdy. Özüme erk etmeklik maňa arzan düşmedi, ýöne ol özüni ödedi. Eger-de men oňa: «Seniňki ýalňyş!» diýip, jedele başlan bolsam, belki-de onda işi sudda çözmeli bolardy, munuň bolsa ýakymsyz aladalaryň, pul ýitgisiniň, baý müşderi bilen hoşlaşmagyň üstünden eltjekdigi ikiuçsyzdy. Hawa, men adama seniňki ýalňyş diýmekligiň nädogrudygyna berk ynanýan.

Başga bir mysal alyp göreliň, ýöne meniň getiren we getirjek mysalymyň müňlerçe şu zeýilli wakalar bilen meňzeşdigini ýadyňyzdan çykarmaň. «Gardner U. Teýlor lamber kompani» atly Nýu-Ýork firmasynyň söwda agenti R. W. Krouli agaç materiallary boýunça azy ýaran inspektorlar bilen ýyllar boýy kejigişip gelendigini boýun aldy. Olar bilen eden jedelinde Krouli ýeňýärem eken, ýöne ol ýeňişlerden jinnek ýaly hem peýda görmändir «agaç materiallary boýunça inspektorlar, edil beýsbol ýaryşlaryndaky sudýalar ýaly— diýip, Krouli zeýrenýär. — Bir karara gelensoňlar olaryň ondan dänjek gümanalary ýok».

Gurýan jedellerinde üstün çykýanlygyna garamazdan, firmanyň müňlerçe dollar zyýan çekýänligine Krouli düşünipdir. Şonuň üçinem, meniň kursumda okap başlandan

soň ol bu häsiýetini üýtgetmegiň ugruna çykypdyr. Jedeli inkär etmegi, oňa nähili peýda getirendir öýdýärsiňiz? Men häzir size onuň bile okaýan ýoldaşlaryna gürrüň beren wakasyny aýdaýyn.

«Bir gezek irden meniň kabinetimdäki telefon jyňňyrdady. Trubkany galdyrsam, bir jany ýangynly adam onuň zawodyna iberen tagtalarymyzyň hemmesiniň derde ýaramaýandygy barada gaharly jabjynýardy. Ol firmalarynyň ýüki düşürmegi togtadandygyny hem şu çaka çenli düşürilen tagtalary-da skladdan alyp gitmegimizi talap edýärdi. Haçanda wagondan agaç materiallarynyň dörtden biri düşürilende, firmanyň inspektory olaryň elli bäş prosentiniň normadan aşakdadygyny kesgitläpdir. Ýagdaý şeýle bolansoň, firma ýükümizi kabul etmekden ýüz dönderýärdi:

Men tizden-tiz zawoda sary ugradym. Barşyma-da ýolboýy ýagdaýdan çykalga gözleýärdim. Men adatça şeýle ýagdaýlarda, tagtaň sortuna belet hem bu ugurdan spesialist bolamsoň, öz tejribäme salgylanyp, iberen agaç materiallarymyzyň talabalaýykdygyny, garşy tarapyň wekiline düşündirmäge synanyşýardym. Emma bu gezek, täze öwrenen usullarymy ulanmaklyga karar etdim.

Zawoda gelenimde, söwda agentiniň we agaç materiallary boýunça inspektoryň meýilleriniň örän ýaramazdygyny, öz diýenlerini tutup durjakdyklaryny jedelleşmäge häzirdiklerini aňdym. Biz ýüki düşürilip duran wagonyň ýanyna bardyk. Men ýagdaýy has içgin öwrenmek üçin, işi dowam etdirmeklerini haýyş etdim. Soňra bolsa inspektoryň derege ýaramaýar diýip hasap edýän agaçlaryny saýlap, aýratyn basmagyny soradym.

Işiň gidişine az-owlak seredip duranymdan soň, inspektoryň

agaçlaryň hili barada gaty gygyraýandygyna, olaryň hilini kesgitlemek boýunça düzgüne onuň özboluşly çemeleşýändigine düşündim ak sosnalar düşürilip durdy. Men inspektoryň gaty agaçlardan başynyň gowy çykýandygyny bilýärdim, emma sosnadan oňly baş çykarmaýandygyny, tejribesiniň ýoklugyny aňdym. Gepiň gerdişine görä aýtsam, men ak sosnalar boýunça hünärli spesialistdim. Şonda-da inspektoryň agaçlary sortlaýşyna garşy gidip biljek däldim. Gözegçiligimi dowam etdirip durşuma, inspektordan ol ýa-da beýleki agajy näme üçin derde ýaranok diýip aýyrýandygyny, ýuwaş-ýuwaşdan sorap başladym. Men bir gezegem onuň agaç saýlaýşynyň ýalňyşdygyny ýaňzytmaýardym. Sowallary hem diňe bir maksat bilen, ýagny, geljekde olaryň talaplaryny ödär ýaly, firma nähili agaç önümleriniň gerekdigini bilmek üçin berýändigimi ýürekden aýtdym. Geljekde-de hyzmatdaşlyk etmäge taýýar ruhdaky dostlukly äheňdäki sowallar berip onuň agaç sortlaýşynda birje ýalňyşlygyňam ýoklugyny nygtap, men onuň az-kem ýumşamagyny we aramyzdaky dartgynlylygyň gowşamagyny gazandym. Meniň wagtal-wagtal seresaplylyk bilen gep atmalarym, ýaramsyz diýip aýyrýan agaç materiýallarynyň hakykatdanam firmaň zakaz edip satyn alan sortuna degişlidigine ýöne häzirki talaplaryny ödemek üçin has gymmat sortlaryň gerekdigine ony ynandyrdym ýöne mundan çözüp bolmajak mesele döretjek bolýar diýip pikir etmezligi üçin, men özümi örän seresap alyp bardym.

Ýuwaş-ýuwaşdan onuň keýpi düýpgöter özgerdi ahyrsoňy ol öz sosnadana tejribesiniň ýokdugyny boýnuna aldy we wagondan düşürilýän her bir agaç barada meniň bilen maslahatlaşyp ugrady. Men oňa ol ýa-da beýleki agajyň zakaz

edilen sorta näme üçin gabat gelýändigini düşündirdim, şonuň bilen birlikde-de, eger olaryň sorty firmanyň talaplaryna laýyk gelmeýän bolsa, onda olary satyn almak, ýa-da almazlyk, siziň ygtyýaryňyzda diýip aýtdym, netijede ol brak hasap edýän agaçlarynyň üstüne her bir agaç materialyny oklanda özüni oňaýsyz duýup başlady. Iň soňunda bolsa, gerek agaçlary zakaz etmekde, firmanyň ýalňyşlyk goýberendigini boýun aldy.

Men gaýdanymdan soň, inspektor agaçlaryň hemmesini täzeden gözden geçiripdir we olaryň hemmesini kabul edipdir. Şunlukda biz zakaz edilen hemme agaçlaryň puluny aldyk. Ine, iş şeýle tamamlandy.

Adamyň ýalňyşýandygyny ýüzüne göni aýtmazlyk meselesi boýunça kesgin netijä gelmegim hem-de sypaýyçylykly bolmagym, diňe bir gezekde meniň firmama nagt bir ýüz elli dollar girdeji getirdi, şol bir wagtda-da olar bilen hoşniýetli gatnaşykda galdyk, munuň bolsa bahasyna ýetmek ýokdur».

Gepiň gerdişine görä aýtsam, men şu bapda hiç hili açyş edemok. Mundan on dokuz asyr ozal, Isa pygamber şeýle diýipdir: «Bäsdeşiň bilen tiz ýaraş». Haýp ýeri, bu sözleriň manysyna adamzat gaty giç düşünýär.

Başgaça aýtsak, müşderileriňiz, ýanýoldaşyňyz, garşydaşyňyz bilen jedelleşmäň. Olara: «Siziňki dogry däl» diýip, kesgin aýtmaň, olaryň ganynyň gyzmagyna sebäp bolmaň, saýhally, salykatly, sypaýyçylykly boluň.

Isa pygamberiň dünýä inmegine iki müň iki ýüz ýyl barka, Müsüriň garry patyşasy Ahtoý ogluna şu günler hem ähmiýetini ýitirmedik, bir akylly maslahat beripdir. Dört müň ýyl mundan ozal, bir meýlisde otyrka, Ahtoý ogluna gürrüň arasynda şeýle diýen: «Sypaýyçylykly bol. Bu saňa maksadyňa ýetmäge kömek

eder».

Şeýlelikde, eger siz başga birini öz nukdaý nazaryňyz bilen razy etmekçi bolsaňyz onda ikinji düzgüni berjaý ediň:

**Gürrüňdeşiniziň pikirine hormat goýuň. Hiç haçan ynsana: «siziňki nädogry» diýmäň.**

*Üçünji bap*

## EGER ÝALŇYŞAN BOLSAŇYZ, ONY BOÝNUŇYZA ALYŇ

Men Uly Nýu-Ýorkuň tas geografiki merkezinde ýaşaýaryn diýsemem boljak. Şuňa garamazdan, her bahar köpürjik ýaly ak güllere basyrylýan böwürslenli, ýabyny boýlaýan ýabany otly, içi belkalardan doly tokaý zolagy meniň öýümiň birnäçe ädim beýle ýanyndan baş atyp, gadymy gözelligini saklap otyr. Bu eldegirilmedik tokaý zolagyna «tokaý parky» diýýärler.Bu dogrudanam hakyky tokaý, sebäbi Kolumbyň Amerikany açaly bäri, munuň daş görnüşiniň ullakan bir üýtgän ýeri ýok. Men bu ýerde kiçijik boston buldogym — Reks bilen ýygy-ýygydan gezim edýärin. Reks adama zelelsiz, ýarmany bilmeýän güjüjek bolansoň, üstesine-de tokaýda kän bir adama duşmaýanym üçin, itimi boýunbagsyz hem tumşuklyksyz erkine goýberiberýärin.Bir gezek şeýle ýagdaýda itim bilen gezim edip ýörkäm, hökmürowanlygyny görkezesi gelip, dili gijäp duran polisiýa duşdum. Ol meni görüp, atynyň başyny çekdi-de haýbatly habar gatdy:«Köpegiňiziň boýunbagsyz, tumşuklyksyz parkyň içinde ylgap ýörmesi näme? — diýip, ol

barha haýbatlanyp üstüme sürnüp başlady— Bu näme etdigiňiz boldy?! Siz näme beýtmegiň kanun boýunça gadagandygyny bileňzokmy?» «Bilýän — diýip, men ýumşaklyk bilen söze başladym — ol bu ýerde hiç zada zyýan bermez. Ýuwaşja güjükdir» «Ýuwaşja güjükdir ! Ýuwaşja güjükdir ! Ýuwaş boldy, gyňyr boldy, onuň kanun üçin tapawudy ýok. Köpegiň belkany iýmegi, ýa-da çagany ýarmagy mümkin. Men size bir gezeklikçe zat diýmäýin. Ýöne indiki gezek itiňizi şu ýagdaýda göräýsem, onda siz sudýa bilen düşünişmeli bolarsyňyz» Men tabynlyk bilen kanuny bozmazlyga wada berdim. Birnäçe wagtlap kanuny bozmadym. Ýöne meniň tumşuklygy halamaýşym ýaly, Reks hem ony halap baranokdy. Onsoň biz töwekgelçilik etmegi karar etdik. Az wagt hemme zat gülala-güllük hem boldy, ýöne günleriň birinde üstümizi gapyl basdyrdyk. Bir gün Reks ikimiz depäniň üstünde ylgap ýördük. Birdenkä garşymyzdan «onuň aly hezretleri kanun» zompuldap çykdy. Onuň dor atyny görenimde inim jümşüldäp gitdi. Reks meniň öňüme düşüp, göni poliseýe tarap ylgap barýardy. Men tutuldym. Utulanyňy boýnuňa almakdan başga çäre ýokdy. Şonuň üçinem, poliseýiň näme diýerine garaşyp durman, ondan öňürtdim: «Jenap ofiser, siz meni günämiň üstünde tutdusyz. Men günäkär. Özümi aklamaga hiç hili esas ýok. Eger şu ýerde güjügimi tumşuklyksyz gezdirsem, jerime saljakdygyňyzy geçen hepdede maňa aýdypdyňyz» «Aý, bolýa-da — diýip, poliseý eýýäm äheňini üýtgetdi — Töwerekde adam-gara bolmasa, şunuň ýaly kiçijek güjügi erkine goýbermek höwesi hemme kişide-de dörär» «Ol diýeniňiz-ä dogry welin, beýle etmek kanun boýunça gadagan» — diýip, men jogap gaýtardym. «Şujagaş güjük kime zyýan edip biler?!»

— diýip, poliseý garşylyk görkezdi «Onuň belkany çeýnemegi mümkin» — diýip, men onuň öňki aýdan sözlerini gaýtaladym «Göwnüme bolmasa, siz bu zatlara gaty çynlakaý garaýarsyňyz — diýip, poliseý giňgöwrümli jogap gaýtardy— Siz näme ediň diýsene, şu depäniň aňyrsynda, meniň görmejek ýerimde, goý, ol ylgasyn. Şunluk bilenem öňki gürrüňimizi ikimizem unudaly hoşmy? Bu poliseý hem özge adamlar ýaly illeriň içinde öz mertebesiniň belentdigini duýmak isledi. Şonuň üçinem, haçanda men öz-özümi günäkärläp ugramda, ol öz mertebesini diňe geçirimlilik bilen galdyryp biljekligini duýansoň, ýaňky giňgöwrümlilige hem rehimdarlyga ýüz urdy. Eger-de men garşylyk görkezen bolsam näme bolardy? Size heý bir wagt poliseý bilen jedelleşmek miýesser edipmidi? Men bolsa onuň bilen ýüzbe-ýüz söweşe girmegiň, deregine, onuň aýdýanlarynyň bütinleý dogrudygyny özümiňem gaty bimamladygymy, bada-bat boýun aldym. Iş göwnejaý tamamlandy—ola meniň tarapymy çaldy men bolsa onuň tarapyny. Bir hepde mundan ozal meni suda berjek diýip duran atly poliseýiň sypaýçylygy hut lord Çesterfildiň sypaýçylygyndanam öte düşdümikä diýýärin. Eger bize çaknyşmakdan başga ýol ýok bolsa, onda iň gowusy inisiatiwany öz eliňe almakdyr. Başga biriniň özüňi tankytlanyny eşideniňden, öz-özüňi tankytlamak has amatlydyr. Gürrüňdeşiňiziň pikirindäki, ýa-da size aýtjak bolup diliniň ujuna getiren teýeneli sözlerini agzyndan kakyp alyp, olary bilişiňize görä özüňize diýseňiz, onuň elinden ýaragyny kakyp alan ýaly bolarsyňyz. Onsoň ol atly poliseýiň edişi ýaly, geçirimlilik edip, siziň ýalňyşdygyňyzy ujypsyzja bir zada öwrer. Iňirdewik, ynjyk müşderileriň göwnüni tapmak üçin,

hyyal2017@gmail.com

reklama bilen meşgul bolýan hudojnik Ferdinand Uorren şu usuly ulanypdyr: «Reklama we neşirýatlar üçin surat çekende, suratyň örän tämiz we takyk bolmaly—diýip, şu wakany gürrüň berýän Uorren aýdýar — Käbir çeperçilik redaktorlary özleriniň ýumuşlarynyň öräň tiz ýerine ýetirilmegini talap edýärler. Şeýle ýagdaýlarda az-owlak ýalňyşlyklaryň gidäýmegi mümkin. Bir kiçijik ýalňyş tapaýsa, begenip üstüňe sürünmegi halaýan, çeperçilik redaktorynyň biri bilen men tanyş. Tankytlananym üçin däl-de, ýaňkynyň iş usulyndan nägile bolup, onuň kabinetinden giden gezegim kän boldy. Ýaňy-ýakynda ol redaktoryň bir gyssagly işini etdim. Ýaňky maňa jaň edip, tiz ýanyna gelmegimi talap etdi. Redaktor bir ýalňyşlygym üçin iňirdäp başlady. Men onuň ýanyna gelemde ýaňkynyň yrsaraýmagy mümkin diýip howatyrlanýan hem gorkýan zadymyň üstünden barandygyny gördüm. Ol gazaplydy, özem meni tankytlamaga sebäp tapanyna begenýärdi. Ýaňkyň «Muny näme üçin beýtdiň» «ony näme üçin beýtdiň» diýip, gaharly sorady. Mende: sapakda öwredilen öz-özümi tankytlamak mümkinçiligini ulanmaga meýil döredi. Ine, onsoň: «Jenap Pylany, eger siziň aýdýanlaryňyz çyn bolsa, onda men günäkär. Bu goýberen ýalňyşymy hiç zat bilen aklap bolmaz men köpden bäri siz üçin surat çekýärin. Beýle ýalňyşlyk goýbermek meniň üçin utanç» — diýip, özüme tankydy yzly-yzyna suňşurdym. Ol derrew tarapymy çalyp başlady: «Siziňki dogry, ýöne munyňyz ol diýen düýpli ýalňyşlyk däl. Bu diňe...»Men haýdan-haý ýaňkynyň sözüni böldüm:«Hemme ýalňyşlyklar örän gymmat düşýär — diýip garşylykly hüjüme geçdim — Onsoň neneň olara nebsiň agyrmasyn?!» Ol ýene-de bir zatlar diýjek bolup elini daldalady. Emma men oňa sözüni dowam etmäge

mümkinçilik bermedim. Garaz şeýdip, ömrümde birinji gezek öz-özümi tankytlap, heziller etdim. Bu maňa örän hoş ýakdy «Dogrudanam maňa ünslüräk işlemek gerek— diýip, ýene dowam etdim— Siz maňa köp iş berýärsiňiz. Şonuň üçinem siziň talap etmäge hakyňyz bardyr. Men suratlaryň hemmesini täzeden çekerin» «ÝOK! Ýok —diýip, ol garşylyk görkezdi— Hem sizi beýle azara goýup bolarmy, mende beýle pikir ýok» Onsoň ol işimi öwüp başlady. Meniň goýberen ýalňyşlyklarymyň firma üçin zyýanlykly bolmajakdygyny, bu sebäpli ynjalykdan gaçmaly däldigimi aýtdy. Meniň öz-özümi tankytlamaga ilgezikligim, ony urşa girmekden saklady. Gürrüniň ahyrynda ýaňky meni nahara çagyrdy. Hoşlaşmazymyzyň öň ýanynda bolsa, ol maňa puluň çekini berdi we ýene-de bir iş tabşyrdy. Öz ýalňyşyny goramaga her bir akmak synanyşyp biler — olaryň köpüsi şeýle hem edýärler — emma ýalňyşyňy boýun almak welin adamy köpçüligiň adaty» endiginden ýokarda goýýar we kalbyňy pähimli edýär, ýüregiňi dabaraly duýgulardan dolduryar. Hatda taryham Gettisbergin etegindäki «Piketin ýörişinde» şowsuzlyga uçrany üçin diňe özüni günäkärlän general Robert Li baradaky ajaýyp ýatlamany ýadynda saklaýar.«Piketiň ýörişi» Günbatarda öňde-soňda bolan iň ajaýyp we özboluşly çozuşlaryň biridir. Gepinger diýşine görä aýtsak, Piketin özi hem örän özboluşly eken. Onuň egnine dürtüp duran mele buýra saçlary bolupdyr, Napoleonyň italiýa kompaniýasynda edişi ýaly, söweş meýdanyndan hyjuwly söýgi hatlaryny ýazypdyr. Iýul aýynyň şol pajygaly güni, haçanda ol perwaýsyzrak, ýöne eýerde örän gelşikli oturyp, papagyny gyşygrak geýip federal goşunlarynyň üstüne at salan wagty hem, oňa wepadar urşujylar ýaňkyny

şowhun bilen gutlapdyrlar. Soldatlar egin-egne berip, hatar-hatar bolşup, baýdaklaryny pasyrdadyp, naýzalaryny ýalpyldadyp, şowhun bilen onuň yzyndan eňipdirler. Bu örän ajaýyp tomaşady, mertligiň aňry çägidi. Olara syn edip duran federal goşunlarynyň esgerleriniň arasynda, bu edermenlige haýran galýanlar köpdi.Piketiň goşunlary aty gorgunyna sürüp barýardylar. Olar miweli baglaryň, mekgejewenligiň, çemenlikdir källöriň içi bilen säginman barýardylar. Şol wagtyň özünde bolsa, duşmanyň atýan top oklary bulary paýhyňlap gutaryp barýardy. Özleriniň tükenip barýanlygyňa garamazdan, olar tutanýerlilik bilen öňe gidýärdiler.Semetri-Rijiň daş diwarlaryna duwlanyp, gabawda ýatan federal pyýada goşun aýaga galyp, garaşyp durka Piketiň goragsyz urşujylarynyň üstüne ok ýagdyryp başlapdyrlar. Baýryň ýüzi durşy bilen oda, ganly gyrlyşyga, ýanyp duran wulkana öwrülipdir. Birnäçe minutdan soň, Piketiň komandirleriniň birinden özgesi, bäş müň esgeriňeM dört müňi pida bolupyr-

Goşuny iň soňky çozuşa alyp gaýdan Armisted, diwardan böküp geçip, naýzanyň ujuna dürtülen papagyny bulaýlap: «Oglanlar, naýzalaň!» diýip gygyrypdyr.Buýrugy ýerine ýetiripdirler. Diwardan böküp geçen esgerler duşmanlaryna naýza sanjypdyrlar, tüpeňiň tundagy bilen urup, olaryň beýnilerini pytradypdyrlar we Semitri-Rijin depesinde Gunortanyň baýdagyny dikipdirler-Baýdak ol ýerde gaty az pursat pasyrdapdyr. Emma şol göz açyp-ýumasy salym hem Konfederasiýanyň iň beýik ýeňşi bolupdyr:«Pikegiň ýörişi» ajaýyp gahrymançylyk bolsada, ol ýeňlişiň başy boldy. Li söweşde ýenildi. Ol Demirgazyga geçip bilmejegini bildi,Günorta ýeňildi.Li şundan soň gaty agyr tolgunmalary

başdan geçirip, tükeniksiz gaýgy-hasrata ulaşdy. Ol otstawka çykdy we amerikanyň ştatlarynyň Konfederasiýa prezidenti Jeffereon Dewisden öz ýerine «edenli ýaş adamy» bellemegi haýyş etdi. Eger Li «Piketiň ýörişiniň» şowsuzlygy üçin, başga birini günäkärlemek islese, ol munuň üçin müň dürli bahana tapardy. Onuň käbir diwizion komandirleri Liýi aldadylar. Pyýada goşunyň çozuşyny goldamak üçin, atly goşun wagtynda gelip ýetişmedi. Näme-de bolsa bir zat başa barmady, näme-de bolsa bir zat buýruk berlişi ýaly edilmedi.Ýöne Li günäni başga biriniň üstüne atardan has asyllydy. Haçanda derbi-dagyn haldaky gany akyp duran Piketiň goşunynyň galyndysy konfederantlaryň pozisiýasyna sary dolananda, Li ýanyna gorag hem alman, olaryň öňünden çykdy we özüni rehimsiz günäkärleýän sözler bilen esgerlere ýüzlendi: «Bu zatlaryň hemmesi diňe meniň günäm bilen boldy. Bu söweşde diňe meniň, ýeke-täk meniň günäm bilen ýeňildik» — diýip, ol mertlerçe boýun aldy.Adamzat taryhynda diňe sanlyja generalyň şunuň ýaly boýun almaga gaýraty çatypdyr.Elbert Habbard iň bir özboluşly awtorlaryň biridi. Ol talanty bilen bütin ýurduň ünsüni çekip bilen bolsa-da, Habbardyň zäherli sözlerine nägileligi bildirýänlerem köpdi. Emma adamlar bilen gepleşmekde seýrek duş gelýän ukyby bolan Habbard duşmanlaryny dosta öwürmegi başarýardy.Mysal üçin, haýsydyr bir gahary gelen okyjy, onuň ýazan makalalarynyň haýsam bolsa biri bilen razy däldigini ýazyp, soňundanam ona paýyş sözler bilen sögen bolsa, Elbört Habbard oňa şeýleräk sözler bilen jogap berer eken?«Pikirlenip görýärin welin, onuň bilen meniň özümem doly razy däl. Düýnki ýazan zatlarymyň köpüsi bu gün maňa ýarabam duranok. Şu barada Siziň

pikiriňizi bilenligim meni örän begendirdi. Indiki gezek şu töwereklere düşseňiz, hökman bize geliň. Şonda ikimiz ony gowy ara alyp maslahatlaşarys. Uzak aralykdan Siziň eliňizi gysýaryn.Sizi hormatlamak bilen...»Siziň sögüp ýazan hatyňyza şeýle jogap beren adama näme diýjek?Eger biziňki dogry bolsa, onda geliň adamlary öz pikirlerimize sypaýyçylyk we ýumşaklyk bilen ynandyrjak bolalyň, eger-de biziňki ýalňyş bolsa, — dogrusyny aýtsam, şu geň galarlykly ýagdaý ýygy-ýygydan bolýar — onda öz ýalňyşlarymyzy tiz we höwes bilen boýnumyza alalyň. Şeýle usul diňe geň galdyryjy netije bermek bilen çäklenmän, — ynansaňyz ynanyn, ynanmasaňyz ynanmaň welin — belli biri ýagdaýlarda ol öz-özüňi aklamakdan has ýakymly bolýar.Ýadyňyzdan çykarmaň: «Urşup kän zat gazanyp bolmaz, emma eglişik etmek bilen garaşýanyňdanam köp zat almak mümkin».Şeýlelikde, adamlary öz nukdaý nazarlaryňyza boýun egdirjek bolsaňyz üçünji düzgüni berjaý ediň:

**Eger siziňki dogry bolmasa, ony tiz we üzül-kesil boýnuňyza alyň.**

*Dördünji bap*

## ADAMYŇ AŇYNA GÖNI ÝOL.

Eger siziň gaharyňyz gelip duran bolsa, kimedir birine birki agyz şerebelije söz aýdaýsaňyz, ýüregiňiz-ä sowardy. Siziň gürrüňdeşiňiz näderkä? Ol siziň alan lezzetiňize şärik bolarmyka? Siziň gara iňrigiňiz, gaharly sesiňiz ony siz bilen abe-de-jüýbe etmäge mümkinçilik berer öýdýärsiňizmi?«Eger siz meniň ýanyma ýumruklaryňyzy düwüp gelseňiz, onda meniňem ýumruklarymyň siziňkiden kem düwülmejekdigine söz berip bilerin — diýip, Wudro Wilson aýdypdyr — Eger siz meniň ýanyma gelip «Geliň, oturyp maslahat edeliň, eger pikirimiz gabat gelmeýän bolsa, onda onuň sebäplerine, haýsy meselelerde pikirlerimiziň çapraz düşýänligine düşünjek bolalyň» — diýseňiz, şonda ahyrky netijede, biziň agzalalyklarymyzyň sebäpleriniň gaty bir çökder däldigine, pikirlerimiziň gabat gelmeýän ýerlerinden gabat gelýän ýerleriniň kändigine göz ýetireris. Eger-de sizde kanagat bar bolsa, hakykatçy bolsaňyz ylalaşyk küýseýänligiňiz çyn çyksa, biz ylalaşarys».

Wudro Wilsonyň bu sözleriniň adalatlydygyna, hiç kim Jon D. kiçi-Rokfellerçe gowy baha berip bilmez. 1975-nji ýylda Rokfeller Koloradododa iň ýigrenji adam hasap edilýär eken.

Şonda: iki ýyllap tutuş ştaty sarsdyran, amerikan senagatynyň taryhynda iň bir elhenç, gandöküşikli iş taşlaýyş dowam edýärdi. Gahar-gazaba münüp, niýetini uruşmaga diken şahtaçylar «Kolorado Fýuel end aýron kompanisinden» aýlyk haklaryny ýokarlandyrmagy talap edýärdiler. Bu kompaniýa

Rokfellere degişli eken. Kompaniýanyň emlägi ýok edilip başlansoň goşun çagyrylypdyr. Gan dökülipdir. Iş taşlaýjylara garşy ok atylyp, olaryň teni eleme deşik edilipdir.Şeýle pursatda, töwerek daşda ýigrenç duýgusy höküm sürýärkä, Rokfeller iş taşlaýjylary öz nukdaý nazary bilen razy etmäge synanyşypdyr. Bu oňa başardypdyram. Nähili ýol bilen? Bolan iş şu aşakdakylardan ybarat. Rokfeller özüne dost gazanmak üçin birnäçe hepde sarp edensoň, ol iş taşlaýjylaryň wekilleriniň öňünde çykyş edipdir. Onuň şol çykyşy ajaýyp nusgadyr. Ol haýran ediji netije-de beripdir: ýigrenjiň harasatly tolkunyny ýuwaşadypdyr, Rokfelleri girdaba düşmek howpundan halas edipdir, onuň muşdaklaryny köpeldipdir. Ol çykyşynda delilleri şeýle bir dostlukly ýagdaýda getiripdir welin, aýlyk hakyny köpeltmek üçin gazaply göreşýän işçiler sesini-üýnüni çykarman iş ýerlerine dolanyp barypdyrlar. Aşakda şol ajaýyp çykyşyň başlangyjy getirilýär. Onuň dostluga ýugrulan äheňiniň neneňsiligine üns beriň. Rokfelleriň özüni mundan birnäçe gün ozal dardan asjak bolup duran adamlara ýüzlenendigini hem unutman. Şeýle-de bolsa, ol wraç-missionerleriň öňünde çykyş edende-de şundan sypaýyçylykly, şundan dostlukly gürläp bilmezdi. Onuň çykyşy:«Men şu ýerdedigime buýsanýaryn», «Men siziň öýleriňizde bolup gördüm we köpüňiziň aýallaryňyzdyr çagalaryňyz bilen tanyşdym», «Biz bu ýerde duşman däl-de dost hökmünde duşuşýarys» diýen jümlelerden doludy. Ol «iki taraplaýyn dostluk» hakynda, «umumy bähbitler» barada, hem-de özüniň şu ýerde bolmagynyň olaryň mähremliginiň netijesidigi hakda aýtmagy hem ýatdan çykarmady.«Şu gün meniň durmuşymda üýtgeşik bir gün— diýip, Rokfeller söze başlapdyr — Bu beýik

kompaniýanyň işçileri we gullukçylary, onuň administratiw-tehniki igärleri bilen duşuşmak bagty, bu gün maňa birinji gezek miýesser etdi. Men özümiň şu ýerdedigime buýsanýandygyma, sizi ynandyrýaryn we şu günki duşuşygy ömrümiň bütin dowamynda ýatlaýaryn. Eger biziň şu günki duşuşygymyz mundan iki hepde ozal bolan bolsa, onda bu gün men siziň araňyzda köpüňiz üçin ýat adam ýaly bolar durardym. Diňe käbiriňi tanardym. Emma geçen hepdede maňa günorta kömür basseýnlerindäki hemme lagerlere aýlanyp çykmak başarmansoň, şol ýerde bar bolan ähli wekilleri bilen aýry-aýrylykda gürleşdim, öýleriňize aýlanandygym üçin, köpüňiziň aýallaryňyz we çagalaryňyz bilen tanyşdym. Ynha, indi bu ýerde biz keseki ýaly dal-de, dost ýaly duşuşýarys. Şol sebäpli hem biz doslukly ýagdaýda umumy bähbitlerimiz hakynda arkaýyn pikir alşyp bileris. Bu ýygnagyň kompaniýanyň administratiw işgärleriniň we işçi-gullukçylarynyň wekilleriniň ýygnagy bolany üçin, meniňem şolaryň hiç birine degişli daldigim üçin, diňe siziň adamkärçiligiňize daýananym sebäpli men muňa gatnaşýaryn. Herhal men siziň bilen ýakyn baglanyşygymyň bardygyny duýýaryn, sebäbi menem belli bir derejede aksionerlerdir direktorlaryň wekili» Eýsem, şu duşmanlary dosta öwürmekligiň inçe sungatynyň ajaýyp nusgasy dälmi?! Eger Rokfeller başga ýol bilen giden bolsa nähili bolardy? Aýdaly , ol şahtaçylar bilen jedelleşip ugrasa, inkär edip bolmajak deliller bilen olaryň ýüzüne ursa, nähili bolardy? Ol özüniň äheňi bilen işçileriň aýdýanlarynyň nädogrudygyny syzgyn beren bolsa näderdi? Goý, ol logikanyň kanunlaryny ulanyp, şahtaçylaryň ýalňyşýandygyny subut edipdirem diýeliň. Şonda näme

bolardy? Ol gahar-gazaby has joşdurardy, ýigrenç duýgusyny artdyrardy, närazylygy has köpelderdi. Eger adamlaryň ýüreginde size bolan nägilelik bar bolsa, olar niýetini ýamana düwen bolsa, onda olary siziň nukdaý nazaryňyz bilen razylaşdyrmaga, asman gümmeziniň aşagyndaky belli logikalaryň hiç biri hem kömek etmez adamlaryň öz garaýyşlaryny üýtgedesiniň gelmeýändigini igenjeň ata-eneleriň, zalym hojaýynlaryň we ärleriň, şermende aýallaryň bilmegi zerurdyr. Olary meniň bilenem, siziň bilenem razy etmäge mejbur edip bolmaz. Belki-de ýumşaklyk we dostlukly, örän ýumşaklyk we dostlukly hereket etseň, onda olaryň eglişik edäýmegi mümkin. Linkoln şu zatlary ýüz ýyl töweregi mundan öň aýdypdyr. Ine, onuň sözleri: «Bir damja bal, bir gallon awudan köp siňek ýygnar» diýip, köneler örän dogry aýdypdyrlar. Şu zatlar adamlara-da gös-göni degişlidir: Eger siz bir adamy öz tarapyňyza çekjek bolsaňyz, onda siz oňa özüňiziň hakyky dostdugyňyzy ynandyryň. Adamyň göwnüni imrindirjek bir damja bal şoldur, siz näme diýseňizem, bu beýik ýol, adamyň aňyna barýan göni ýoldur». Iş taşlaýanlara bolan dostlukly gatnaşygyň özüni artygy bilen ödeýändigine, işjeň adamlar düşünip başladylar. Mysal üçin, «Uaýt motor kompani zawodynyň iki ýarym müň işçidir gullukçysy zähmet haklaryny ýokarlandyrmagy hem işe diňe profsoýuz çlenlerini almagy talap edip iş taşlanlarynda, onuň prezidenti Robert F. Blek gaharlanjak hem bolmandyr, işçi-gullukçylara gaty-gaýrym zat diýjegem bolmandyr, kommunistleri diýdim zorlukda-da aýyplamak islemändir. Muňa derek, ol iş taşlaýjylara hoşamaý sözler, aýdypdyr. Ol klewlendiň gazetlerinde bildirişler beripdir, şonda-da «iş gurallaryny parahatlyk bilen gapdala

goýandyklary» üçin olary öwüpdir. Iş taşlaýjylar bikär durmaz ýaly, olara beýsbol oýnalýan enjamlaryň on-ýigrimi sanysyny getirip berip, boş meýdanda beýsbol oýnamaklaryny teklip edipdir. Kegli oýnaýanlar üçin bolsa, ýörite kegelbany kärendesine alypdyr. Blek tarapyndan edilen dostlukly gatnaşyk, şular ýaly gatnaşygyň adaty miwesini berdi: ol beýleki tarapda-da dostlukly duýgy döretdi. Iş taşlaýanlar bir ýerlerden sübse, pil we galtak tapyşdyryp, zawodyň içinde dagaşyp ýatan hapa-hupalary otluçöp, kagyz, büçek ýaly zatlary ýygnaşdyryp başladylar. Heý, akyla sygjak zatmy?! Iş hakyny ýokarlandyrmagy, profsoýuzy ykrar etdirmegi talap edip iş taşlan işçi-gullukçylaryň zir-zibil çöpläp ýörşüni gözöňüne getiriň! Amerikanyň tupanly zähmet dawalarynyň taryhynda, şunuň ýaly wakany gören-eşiden ýok bolsa gerek. Bir hepdeden iş taşlaýyş bes edildi, gohsuz-galmagalsyz dawa-da iki tarap üçinem amatly çözüldi. Perişde sypatly, gepe çeper Daniel Uebster öňde-soňda sudda çykyş eden aklawjylaryň iň görnüklileriniň biri bolupdyr. Ol iň bir ynandyryjy delillerini aýtmakçy bolanda, öran dostlukly hem, sypaýyçylykly äheňde aýtmaga başlapdyr. Mysal uçin «Oturdaşalaryň işi — ünsden düşürmezlik...», «Jenaplar, megerem, şu zatlar barada pikir edilse, kem bolmazdy», «Ine, jenaplar, siziň nazaryňyzdan sypmaz öýdýän  käbir delillerim», «Ynsan tebigatyna çuňňur düşünýän adam bolan size, şu delillere düşünmek kyn bolmasa gerek». Heý, şu aýdylanlarda, mejbur etmek, zorluk, öz pikiriňi özgä dakmak meýillerim barmy?! Uebster ýumşak, asuda, dostlukly usullary ulanypdyr, şuda oňa meşhurlyk getiripdir. Belki , size hiç wagt sudda çykyş etmek, ýa-da iş taşlaýyşy togtatmak miýesser etmez, ýöne siziň jaýyň kreýini azaltmak

islegiňiziň bolan bolmagy mümkin. Şu mesele-de dostlukly çemeleşseňiz, kömek etmezmikä? Hany göreliň. Injener hünäri bolan O. L. Straub jaý kireýini azaltmak isläpdir. Jaýyň eýesiniň örän berkdigini bilýär eken. «Men oňa kireýine alan möhletimiň gutardygy jaýy boşatjakdygymy ýazdym — diýip, Straub meniň sapaklarymyň birinde gürrüň berdi. Dogrymy aýtsam, meniň göçesim gelenokdy. Eger jaý kireýini azaltmak başardaýsa, men entek ýaşamakçydym. Ýöne ýagdaý çykalgasyz diýen ýalydy. Sebäbi beýleki ýaşaýjylaryň jaý kireýini azaltmak üçin eden synanyşyklary netijesiz bolupdyr. Jaýyň hojaýyny bilen iş salyşmagyň çendenaşa kyndygyny maňa hemmeler gürrüň beripdiler: Her hal, men öz-özüme şeýle diýdim: «Men adamlar bilen gatnaşyk etmegiň kursuny öwrenýärin, gel, öwrenen zatlarymy iş ýüzünde synap göreýin, belki gowy netije berer». Ol meniň hatymy alan badyna, sekretary bilen geldi. Men ony gapynyň agzynda garşyladym. Çarli Şwabyň häsiýetini ulanyp, alçak salamlaşdy. Meň kalbymda hoşniýetlilikdir şatlyk duýgulary möwç urýardy. Elbetde, gürrüňe jaýyň kireýiniň ýokarylygyndan başlamadym. Onuň jaýynyň maňa ýaraýanlygyndan başladym. Meniň beren «bahamyň ak ýürekdendigine, öwgüni gysganmanlygyma» ynanyň. Onuň jaýy dolandyryşy barada-da birnäçe hoşamaý sözleri suňşurdym we özümiň jaýda ýene-de bir ýyl galmak isleýändigimi, arman, mümkinçiligimiň ýokdugyny aýtdym. Jaýyny kireýine alýanlaryň hiç biri ony şeýle kabul etmedik bolara çemeli. Ol maňa nähili düşünjegini bilmän azara galdy. Onsoň ol özüniň agyrýan ýerlerini tutdy — kynçylyk çekýän, halamaýan zatlary dogrusynda gürrüň berip başlady we müşderilerinden zeýrendi. Olaryň biri oňa on dört sany hat

ýazypdyr, hatlaryň käbirinde bolsa, hakyt ol ony masgaralamakdanam gaýtmandyr. Başga biri bolsa, eger ol ýokarky gatdaky hor çekýäne çäre görmese, horruldysyny kesdirmese, jaýy kärendesine alanlygy baradaky şertnamasyny ýyrtjakdygy barada haýbat atypdyr. «Özüňiz ýaly müşderili bolmak, janyň ujy» diýip, ol kanagatlanmak bilen aýtdy. Soňra ol, entek men jaý kireýini azaltmak barada haýyş etmäge ýetişmänkäm, ony biraz kemmeklige wada berdi. Tölegiň möçberini köpräk azaldasym gelýärdi, şonuň üçin ýüregimdäkini aýdamda, ol gepsiz-gürrüňsiz razylaşdy. Hoşlaşyp gitjek bolanda-da yzyna gaňrylyp: «Jaýyňyzyň neneňsi remont edilenini gowy görýäňiz?» diýip, menden sorady. Eger men hem beýleki ýaşaýjylaryňky ýaly usuly ulanyp, jaýyň tölegini azaltmaga synanyşan bolsam, şowsuzlyga uçrajagym gürrüňsizdi. Dostlukly, duýgudaşlykly gep urmak, gürrüňdeşiň mertebesine sarpa goýmak usuly, maňa ýeňiş gazanmaga kömek etdi. Başga bir mysaly alyp göreliň. Bu gezekki gürrüň aýal hakynda, özem Long-Aýlendiň çägesöw giňişliklerinde ýerleşen Garden-stili, jemgyýetiň ýokary gatlagyna degişli — Doretu Deý hanym hakynda barýar. «Ýaňy-ýakynda dostlarymyň bir toparyny nahara çagyrdym — diýip, Deý hanym gürrüň berýär— Bu meniň üçin uly hem jogapkärli wakady. Bu duşuşygyň abraýly sowulmagyny islejegim tebigydyr. Adatça, şunuň ýaly ýagdaýda Emil diýen metridotel maňa gowy kömek berýärdi. Ýöne şu gezek welin ol meni oňaýsyz ýagdaýa saldy. Çakylyk şowsuz geçdi. Emil hiç ýerde görünmeýärdi. Ol bize diňe bir ofisant berkitdi. Olam ýokary hilli hyzmat etmek diýen zadyň nämediginem bilmeýärdi. Ol iň hormatly myhman aýala, iň soňky nobatda

hyzmat etdi. Bir gezek bolsa ol barmak ýaljak seldereýi uly tabaga salyp, oňa äberdi. Naharyň et-ä daş ýalydy, kartoşka bolsa ýaglydy, garaz, janym ýandy. Gahardan ýaňa hum ýaly çişip oturşyma, özüme zor salyp ýylgyran kişi bolýardym. Içimdenem: «Aýby ýok, senjagaş Emili göräýsem bolýar. Men saňa göz görkezerin» diýip, zol-zol gaýtalaýardym. Bu waka çarşenbe güni bolupdy. Ertesi gün bolsa adamlaryň aragatnaşyk meseleleri boýunça leksiýa diňledim. Şonda-da Emile käýinjiň berjek peýdasynyň ýokdugyna göz ýetirdim. Käýinç diňe gaharyny getirjekdi we ony öýkeletjekdi. Emiliň geljekde maňa kömek etmek höwesini öldürjekdi. Onsoň bu waka onuň nukdaýnazary bilen seretmäge çalyşdym. Azygy satyn alanam, nahary taýýarlanam ol däldi. Ofisiantkalarynyň birnäçeleriniň dikdüşdiligi üçinem onuň günäsi ýokdy. Meniň gaharymyň gelmeginiň sebäbinem çendenaşa gazaplylygym we gyzmalygym bilen düşündirse boljakdy. Şonuň üçinem men ozalky niýetimi düýpgöter üýtgetdim. Emile duşdugym, gürrüňe ony tankyt etmekden başlaman, oňa minnetdarlyk sözlerini aýtmakdan başlamaly diýen karara geldim. Bu usul gowy netije berdi. Emili ertesi gördüm. Olam gaharlanypdyr, özem goranyşa taýýarlanyp ýören eken, «Emil, gulak asyň, dostlarymy çagyranymda, size bil baglaýanlygymyň meniň üçin uly ähmiýetiniň barlygyny siz bilip goýuň. Siz Nyu-Ýorkdaky iň gowy metridotel. Men siziň özüňiziň azyk almaýandygyňyzy, nahar taýýarlamaýandygyňyzy bilýärin. Çarşenbede bolan waka üçin siziň hiç hili günäňiz ýok» — diýip aýtdym welin, bulut syryldy duruberdi.«Dogry aýtdyňyz, hanym, ýalňyşlyk aşhanada boldy. Meniň bu ýerde günäm ?» — diýip, Emil ýylgyryp jogap gaýtardy. Men sözümi dowam etdim: «Meniň

ýene birnäçe çakylyk etmek hyýalym bar. Bu meselede maňa siziň maslahatyňyz gerek. Emil biz töwekgelçilik edip, siziň aşhanaňyza ýene bir gezek bil baglap bilerismi?» «Elbetde, misis, onuň gürrüňi bolmaz. Öňki ýalňyşlyk indi hergiz gaýtalanmaz». Soňky hepdede men ýene-de öňki ýaly ýygnanyşyk geçirdim. Äberilmeli naharlar babatda Emil bilen maslahatlaşdym. Bu gezek men oňa adatdakydan iki esse az çaý puly berdim, özem geçen gezekki ýalňyşlyk hakynda bir agyz hem dil ýarmadym. Biz baranymyzda, «amerikan perisi» diýen gülleriň ýigrimi dört sanysy stoluň üstüne görk berýärdi. Emil bolsa daşymyzda hozanak ýaly aýlanýardy. Eger men korolyň aýaly Mariýany kabul edäýemde-de, ol oňa meniň myhmanlaryma üns berşinden artyk üns berip bilmezmikän diýýärin. Naharlaryň tagamyna söz diýer ýaly däldi, gyzgyndy, hyzmat edilişem göwün islegimdäkidenem gowudy. Gyzgyn naharlary bir däl-de, dört ofisant äberýärdi. Iň soňunda-da Emiliň özi ajaýyp wiski hödür etdi. Gaýdan çagymyz meniň hormatly myhmanym: «Siz bu metridoteli jadyladyňyzmy? Men henize çenli şeýle hyzmat edilşini, myhmana şeýle üns berlişini göremok» — diýdi. Onuňky dogrudy, men ony dostlukly garaýşym we onuň artykmaçlyklaryna ýürekden, hakyky baha bermek arkaly jadylapdym». Köp ýyl mundan öň Missuri ştatynyň demirgazyk-günbatarynda ýerleşýän oba mekdebine tokaýyň içi bilen aýak ýalaňaç gatnap ýören uçurlarym, bir gezek Gün we Ýel hakynda bir basnýa okapdym. Olar kimiň güýçlüdigi barada jedel edipdirler. Şonda Ýel şeýle diýipdir: «Men güýçlüdigimi subut ederin. Hol plaşly garryny görýärmiň? Men şonuň plaşyny senden ilki çykartjaklygyma jedel edýärin». Gün bulduň aňyrsynda gizlenipdir. Ýel bolsa

kem-kem güýçlenip, uly bir harasada öwrülipdir. Emma ol näçe güýçlendigiçe, garry şonça-da beter dolanypdyr.Ýel ahyrsoňy gowşapdyr, az wagtdan soň bolsa bütinleý ýatypdyr, Onsoň Gün bulduň aňyrsyndan çykyp, garra ýylgyryp bakypdyr. Tiz mahaldan garry maňlaýynyň derini süpürip ugrapdyr we plaşyny çykarypdyr. Ine, onsoň Gün ýele garap: «Hoşniýetlilik we, dostluk gahary hem-de zorlugy ýeňýändir» — diýipdir. Men bu basnýany oglanjykkam okapdym, edil şol uçurlarda-da ylmyň we medeniýetiň taryhy merkezi hasap edilýän, görsem diýip arzuw etmäge-de edermenlik edip bilmeýän, uzakdaky şäherimde — Bostonda, bu basnýanyň adalatlydygy iş ýüzünde subut edilipdir. Otuz ýyl soň meniň diňleýjim bolan bostonly wraç B. Ony subut eden eken. Bu wakany sapaklaryň birinde çykyş edende, doktor B-nyň özi maňa gürrüň berdi. Ony bolşy-bolşy ýaly edip, size aýdyp bereýin. Şol günler aýallaryna kişilik etmegi başarmaýan erkek adamlary bejermäge, göwreli aýallary abort etmäge degişli kezzap-wraçlaryň ýazan bildirişlerinde bostpi gazetleri dos-doludy. Olar köp sanly günäsiz gurbanlaryny bejermeýärdiler, däri-derman etmeýärdiler, gaýtam: «kişiligini hemişelik ýitiräýmeginiň mümkindigi» barada we başga gorkunç zatlar hakynda gürrüň edip, olary aldaýardylar, hemişelik gorky astynda saklaýardylar abortçylaryň müşderileriniň ölen gezekleri köp boldy, ýöne «wraçlaryň» arasynda sud edileni seýrekdi. Olaryňam köpüsi az mukdardaky jerime bilen, ýa-da syýasy taýdan zor salmak bilen sypardylar. Şunuň ýaly kezzapçylyk möwç alyp gidip oturansoň, şaheriň päk ýürekli grajdanlary muňa baş götermäge mejbur boldular. Ruhanylar münberi ýumruklap, gazeti paş edýärdiler, kezzaplaryň soňuna çykmagy

gudraty güýçlüden dileýärdiler. Grajdan guramalary, işjeň adamlar, aýallar klublary, buthanalar, ýaşlar birleşmeleri ýokarky ýagdaýy ýazgarýardylar, näletleýärdiler, emma bularyň bary eşegiň gulagyna ýasyn okan ýaly netije berýärdi. Gazetlerde çap edilýän masgaraçylykly bildirişleri bikanun diýip yglan etmek barada ştatyň kanun çykaryjy organlaryňda gazaply çekişmeler gidýärdi, emma parahorlukdyr syýasy taýdan zor salmalar üstün çykýardy. Şol wagtlar doktor B.Uly Bostonyň parasatly grajdanlarynyň Hristiýan soýuzynyň komitetiniň başlygy eken. Onuň komiteti gazetdäki çykýan bildrişlere garşy elinden geleni edipdir. Emma edilen tagallalar edil daşa suw guýan ýaly ýokmandyr. Medisina jenaýatkärlerine garşy göreş şowsuz tamamlanarly görnüpdir. Ine, onsoň bir gije doktor B-nyň kellesine hiç kimiň ýadyna-oýuna düşmejek pikir gelipdir. Ol henize çenli Bostonda ulanylmadyk täri ulanmagy karar edipdir, hoşniýetliligiň we duýgudaşlygyň üsti bilen hereket etmegi ýüregine düwüpdir. Doktor B. neşir edijileriň özleriniň şol bildirişleri çap etmezligini gazanmak üçin jan edipdir. Ol «Boston garald» gazetiniň neşir edijisine hat ýazyp, hatynda gazeti söýgi bilen okaýandygyny we ony neşir edýänlere gözüniň gidýändigini aýdypdyr. Gazetde täzelikleriň mydama dogry berilýändigini baş makalalaryň ýokary derejelidigini belläpdir. Täze Angliýadaky iň gowy we Amerikada-da iň ajaýyp gazetleriň biridigini nygtapdyr, onuň maşgala bolup okamaga amatlydygyny ýazypdyr. «Emma—diýip, doktor B. hatynyň ahyrynda esasy meselä geçipdir — Meniň dostlarymyň biriniň ýetişip barýan gyzy bar. Ine, onsoň bir gün agşam onuň gyzy gazetdäki aborta degişli bildirişi okap, onuň manysyny

düşündirmegi kakasyndan haýyş edipdir. Dostumyň gürrüň berşine görä, ol aljyrap näme jogap berjeginem bilmändir. Siziň gazetiňizi Bostonyň iň gowy maşgalalary okaýarlar. Ýaňky ýaly waka meniň dostumyň öýünde bolan bolsa, onuň başga öýlerde-de bolaýmagy mümkin ahyryn. Eger özüňiziň ýaşajyk gyzyňyz bar bolsa, onuň gazetdäki bildirişleri okamagy size ýararmy? Eger ol bildirişleri okap, onuň manysyny düşündirmegi sizden haýyş etse, näderdiňiz? Başga meseleler babatda örän ajaýyp gazet bolan siziň gazetiňizde şeýle bildirişleriň çap edilmegi, ene-atalary howpurgadýar. Olar gazetde gyzlarynyň eline düşmeginden gorkýarlar. Bu ýagdaý meni gaty gynandyrýar. Gazetiňiziň müňlerçe okajysynda şunuň ýaly duýgy dörän bolsa näme etmeli? Iki günden soň, «Boston gerald» gazetiniň neşir edijisi doktora jogap hatyny ýollapdyr. Doktor B. ony üçden bir asyrlap saklapdyr haçanda kursumyň diňleýjisi bolanda haty maňa berdi. Ine, häzir ol meniň öňümde ýatyr. Hat 1904-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda ýazylypdyr

Medisinanyň doktory A. X. B.

Boston. Massaçusets ştaty.

Hormatly jenap!

Şu gazetiň neşir edijisi hökmünde maňa ýazan hatyňyz üçin Size uly minnetdarlyk bildirýärin. Ony üstümizdäki aýyň on birine aldym. Men Siziň aýdýan zatlaryňyzy şu wezipä geçelim bäri amala aşyrmagyň pikirini edýärdim. Ynha, Siziň hatyňyz maňa gutarnykly netijä gelmäge kömek etdi.

Men öňümizdäki duşenbeden başlap, «Boston gerald» gazetini şübheli bildirişlerden arassalamagy ýüregime düwdüm. Hyzmatlaryny hödürleýän wraçlaryň bolgusyz

zatlary ulanmagy maslahat berýän bildirişleri indiden beýläk çap edilmez, beýleki bildirişleriňem medisina degişlileri örän ünsli redaktirlener we jemagat üçin zyýansyz görnüşe getiriler; Şu meseläni çözmäge kömek eden hoşniýetli hatyňyz üçin Size ýene bir gezek minnetdarlyk bildirýärin.

Sizi hormatlamak bilen, U. Haskell, neşir ediji.

Gadymy grek basnýaçysy Ezop Krez patyşasynyň köşgüniň guly bolupdyr. Ol ölmez-ýitmez basnýalaryny biziň eramyzdanam alty asyr öň döredipdir. Onuň adamyň häsiýetine degişli aýdan we öwreden zatlary; iki ýarym müň ýyl öň Afina üçin adalatly bolşy ýaly, şu günlerem Bostondyr Birmingem üçin adalatlydyr. Gün plaşyňyzy ýelden has çalt çykardar. Hoşniýetlilik, dostlukly äheň, düşünişmeklik adam pikirini çalt üýtgetmäge mejbur etmekde, iň bir joşgunly gahar-gazapdanam ukyplydyr. Linkolnyň sözlerini ýatlaň: «Bir damja bal tutuş gallon awudan köp siňek ýygnar».

Şeýlelikde, eger siz adamlary öz nukdaýnazaryňyz bilen razylaşdyrmak isleseňiz, onda dördünji düzgüni ulanmagy unutman?

**Ilkibaşdan dostlukly äheňi saklamaga çalşyň.**

hyyal2017@gmail.com

*Bäşinji bap*

## SOKRATYŇ SYRY

Kimdir biri bilen gürrüň edeniňizde, gürrüňi pikirleriňiziň ters gelýän meselelerinden başlamaň. Bada-bat pikirdeş meseleleriňizi nyžgtaň we olary nygtamagyňyzy dowam etdiriň. Eger mümkin bolsa, hemişe: ikiňiziňem bir maksada ymtylýandygyňyzy, pikirleriňiziň çapraz düşýän ýerleriniň düýp mazmunynda bolman, maksada ýetmekdäki tärleriňiziň üýtgeşikligindedigini birsyhly gürrüňdeşiňiziň gulagyna guýup duruň. Gürrüňdeşiňiziň ilkibaşdan: «hawa «hawa» diýmegini gazanyň. Oňa «ýok» diýmäge mümkinçilik bermezlige çalşyň. Professor Owýoostrit «Adamyň özüni alyp barşyna täsir etmek» diýen kitabynda: «Islenmeýän jogap — ýeňip geçmesi kyn bolan päsgelçilikdir» diýip ýazýar. Adam bir «ýok» diýensoň, onuň mertebesi ondan oý-pikirleriniň yzygiderli bolmagyny talap edýär. «ýok» diýmesiniň ýerlikli däldigine, onuň gijiräk düşinäýmegem mümkin, herhal, ol özüniň eziz göwnüniň sarpasyny saklamaly ahyryn! Adamyň agzyndan bir söz çykandan soň, dogram bolsa, ýalňyşam bolsa, onuň yzynda durjak bolup jan edýär. Şonuň üçinem gürrüňdeşiňizden bada-bat tassyklaýjy jogap almaga çalyşmak örän möhümdir. Ussat orator turuwbaşdan gürrüňdeşiniň «hawa», «hawa» diýip durmagyny gazanýar. Şunuň üsti bilenem ol diňleýjileriniň aňynda bolup geçýän psihologiki özgerişi öz isleýän ugruna gönükdirmegi başarýar. Bu bilýard şarynyň hereketini ýadyňa salýar. Eger ony belli bir nokada gönükdirjek bolsaň, onuň ugruny üýtgetmek üçin az-kem güýç sarp etmeli bolýar, eger

ony yzyna öwürjek bolsaň has köp güýç sarp etmelidir. Psihologiki taýdan syn edeniňde, bu ýerde pikiriň ugry örän aýdyň. Eger adam ynamly «ýok» diýýän bolsa, ol diňe üç harpy aýdyp oňaýýan däldir, onuň aňyrsynda köp zat ýatandyr. Şeýle ýagdaýda adam bütiň durky bilen garşylyga öwrülýär. Onuň beýni öýjükleri,myşsalary,mäzleri... işjeň garşylyk görkezmäge häzirlenýär. Göýä adam gürrüňdeşinden fiziki taýdaň daşlaşan, ýa-da tizara daşlaşjak ýaly görünýär. Kähalatda bu ýagdaý örän aýdyň bildirýär. Gepiň gysgasy onuň bütin beýnidir myşsa sistemasy size garşylyk görkezmäge taýynlanyp durýar. Eger ol «Hawa» diýse, onda hiç hili garşylykly reaksiýa geçmeýär. Onuň bütin durky siziň bilen ylalaşmaga taýýardyr. Şonuň üçinem biz ilkibaşda gürrüňdeşimize näçe köp «hawa» diýdirip bilsek, biziň şonça-da ony öz nukdaýnazarymyz bilen razylaşdyrmaga mümkinçiligimiz artýar. Bu «makullaýjy jogaplar usuly» örän ýönekeýdir. Şeýle-de bolsa, ony köplenç ýagdaýda gözden salýarlar. Munuň şeýle edilmeginiň sebäbi şundan ybarat: adamlar köplenç halatda duşmançylykly garaýyşlary artdyrmak arkaly, öz mertebelerini beýgeldendirin öýdýärler. Radikal garaýyşly adam ýygnaga baranda, konserwatiw meýilli kärdeşlerini gahara-gazaba mündürmäge howlugýar. Eger ol muny diňe lezzet almak üçin şeýdýän bolsa, ony bagyşlasaň hem bolar. Emma şeýle ýol bilen bir zatlar gazanaryn öýdüp pikir edýän bolsa, onda onuň psihologiýadan kör köpükligem bilýän zady ýokdur. Studente (ýa-da müşderä, çaga, äre, aýala) ilkibaşdan «ýok» diýmäge mümkinçilik berseňiz, soňra onuň gaharly garşylygyny razyçylyga öwürmek üçin size perişdäniňki ýaly danalyk we sabyrlylyk gerek bolar. «Makullaýjy jogaplar usulyny» ulanmak, NýuÝorkuň Grinwiç

amanat bankynyň kassiri Jeýms Ebersona elden gitjek bolup duran täze goýumçyny alyp galmaga mümkinçilik beripdir.«Ol adam sçýot açmaga geldi — diýip, Eberson gürrüň berýär — Men oňa doldurmak üçin ýörite blanky berdim. Ol käbir sowallaryň jogaplaryny höwes bilen ýazdy, käbirlerine jogap bermekdenem çürt-kesik boýun gaçyrdy. Adamlaryň aragatnaşyk meselelerini öwrenip başlamankam munuň ýaly müşderileri yzyna ýel çalmanka öwüsdirerdim. Utanjam bolsa boýun almaly, öňler men hakykatdanam şeýle edýärdim. Meniň diýenim bolmasa, müşderiniň gepi geçmejekdigini aýdan çaglarym, özümi ýedi gat asmanda ýaly duýýardym. Men derrew, olara bu ýerde kimiň hojaýyndygyny duýdurýardym we olaryň biziň düzgünlerimizi äsgermezligine ýol bermeýärdim. Özümi şeýle alyp barmagym, bize müşderi bolmaga gelen adamlarda uly bir şatlyk duýgusyny-ha döredenokdy. Şol gün irden men az-kem paýhaslylyk etmegi ýüregime düwdüm. Bankyň näme isleýandigi barada däl-de, müşderiniň islegi barada gepleşik alyp barmagy we ilkibaşdan onuň «hawa» diýmegini gazanmagy karar etdim. Şonuň üçinem men onuň jogap bermekden boýun gaçyran sowallarynyň onçakly bir zerurlygynyň ýoklugy bilen razylaşdym «hudaý görkezmesin, ýöne bardy-geldi siz birdenkä aradan çykaýsaňyz, sçýotyňyzda-da ep-esli pul galsa, onuň ýakyn hossarlaryňyza berilmigine siz garşy bolmarsyňyz-a?» — diýip, men soradym.«Hawa, elbetde» — diýip, ol jogap berdi.«Siz aradan çykan ýagdaýyňyzda biz siziň wesýetiňizi ýalňyşsyz we tiz ýerine ýetirmegimiz üçin, ýakyn hossarlaryňyzyň adyny aýtsaňyz dogry bolmazmy?» diýip, men sowal bermämi dowam etdim. Ol ýene-de «hawa» sözüni gaýtalady. Maglumatlary öz

bähbidimiz üçin däl-de, onuň bähbidi üçin soraýandygymyzy aňyklandan soň, onuň keýpi çaglanyp ugrady. Ol bankdan gitmänkä, diňe özüne degişli maglumatlary aýtmak bilen çäklenmän meniň maslahatym boýunça ejesiniň adyna ynanç sçýotyny açdy we oňa degişli maglumatlary hem höwes bilen aýtdy. Maňa ilkibaşdan oňa «hawa», «hawa» diýip jogap berdirmek başartdy, onsoň ol biziň başdaky jedelimizi ýadyndan çykardy we men näme maslahat bersem, ony höwes bilen ýerine ýetirdi» «Biziň territoriýamyzda bir adam bardy. Kompaniýamyzyň öz önümlerinden şol adama-da satasy gelýärdi — diýip, «Westingauz» firmasynyň dellaly Jozef Ellison gürrüň berýär — Menden öňki işgär onuň ýanyna on ýyl gatnap, ahyrynda-da oňa hiç zat satyp bilmändir. Ol territoriýany maňa berenlerinde, menem onuň ýanyna üç ýyllap netijesiz gatnadym. On üç ýyl gatnanymyzdan soň, oňa birnäçe motor satmak başartdy. Men öz ýanymdan satylan motorlar ony kanagatlandyrar we müşderiden ýene-de birnäçe ýüz motora zakaz geler öýtdüm. Men nädogry pikir edendir öýdýäňizmi? Motorlaryň ýasalyşy erbed-ä däldi. Şonuň üçinem, üç hepde geçirip onuň ýanyna baranymda, men keýplijedim. Emma basym keýpime sogan dogralan ýaly boldy. Sebäbi baş injener meni şeýle sözler bilen garşy aldy: «Ellison, men sizden başga motor satyn alyp biljek däl» «Näme üçin?» diýip, men geň galyp soradym «Sebäbi siziň motorlaryňyz örän gaty gyzýar. Olara eliňi hem degrip bolanok» Jedeliň peýdasynyň ýoklugyna bada-bat düşündim. Sebäbi jedelleşmek usulyny öň kän gezek ulanyp görüpdim. «Muňa nädip «hawa» diýdirip bolarka?» diýen pikir kelläme geldi. Gulak asyň, jenap Smit — söze başladym — men siz bilen ýüz prosent ylalaşýan. Eger ol

motorlar gaty gyzýan bolsa, onda siz olary satyn almaň. Size, elektrotehnika senagatynyň milli assosiasiýasy tarapyndan kesgitlenen standartdan artyk gyzmaýan motorlar gerek, şeýle dälmi?» Ol ylalaşdy. Şeýdip, ondan birinji «hawa» diýen jogaby aldym, assosiasiýanyň standarty boýunça ýasalan motorlar olaryň oturdylan jaýlarynyň ýylylygyndan Faran-geýt boýunça 72 gradus artyk gyzmaly. Şeýle dälmi?» «Hawa» — diýip, ol ýene-de ylalaşdy — Emma siziň motorlaryňyz standartda göz öňünde tutulanyndan has artyk gyzýar». Men jedelleşmedim-de sowal berdim: «Siziň sehiňiziň ýylylygy näçe gradus?» Sehdemi, Frangeýt boýunça 75 gradus töweregi bardyr» — diýip, ol jogap berdi. «Onda hasaplap göreli — diýip, men söze başladym— Sehin ýylylygy 75 gradus bolsa, onuň üstüne motoryň gyzgynlygyny— ýene 72 gradusy hem goşsak 147 gradus bolýar. Şunuň ýaly gyzgynlykdaky suwa girseňem eliň ýanar dälmi?» Ol ýene «hawa» diýmeli boldy «Şeýle ýagdaýda motora eliňi degirmedik amatly bolaýmasyn?» «Hakykatdanam siziňki dogry» —diýip, ol boýnuna aldy. Soňra ol sekretar gyzy çagyryp, bize goşmaça 35 müň dollarlyk motor zakaz etdi. Özem indiki aýa. Men müşderi bilen biderek dawa etmekden netije ýoklugyna we zatlara olaryň gözi bilen garamaklygyň peýdaly hem gyzyklydygyna ahyrsoňy düşünýänçäm, birnäçe ýylymy sarp etdim. Şonça wagtda näçe müňläp dollar ýitirendigimi hem hudaý bilsin, «afinaly gögeýin» diýlip at berlen Sokrat mydama aýak ýalaňaç gezýänligine we maňlaýynyň saçy düşüp kyrk ýaşanlygyna garamazdan, on dokuz ýaşly gyza öýlenendigine seretmezden, ol örän ajaýyp adam bolupdyr. Ol adamyň akyl ýetiriş prosesini düýpgöter üýtgetmäni başardy. Onuňky ýaly iş bitirip bilen adam adamzat

taryhynda az sanlydyr. Şonuň üçinem Sokratyň dünýäden ötenine iki müň üç ýüz ýyl bolanam bolsa, ony iň bir dana filosoflaryň biri hasaplaýarlar. Bu jedele mübtela dünýäde adamy bir zada ynandyrmakda, ynsana täsir etmegiň tärlerini tapmakda, Sokratyň deňi taýy bolmandyr. Onuň usuly nähili bolupdyr? Heý, ol adamlara «siz ýalňyşýarsyňyz» diýipmi? Hiç haçan! Ol beýle diýerden has akylly bolupdyr. Häzirki döwürde «Sokratyň usuly» diýip at alan usul gürrüňdeşinden makullaýjy jogap almaga esaslanandyr. Ol gürrüňdeşi özi bilen ylalaşar ýaly sowallar beripdir we ony özi bilen ylalaşmaga mejbur edipdir. Şunuň bilen birlikde-de köpsanly tassyklaýjy jogaplar alypdyr. Şunlukda gürrüňiň başynda haýsydyr bir pikir bilen düýbünden ylalaşmaýan adam özi bilmezden «hawa» diýip, ahyrky netijede hälki garşy bolýan pikiri bilen ylalaşmaga mejbur bolupdyr. Sokratam şu tassyklaýjy jogaby alýança, sowal bermesini dowam eder eken.Geliň, indiki gezek kime-de bolsa birine «seniňki nädogry» diýesimiz gelip ýüregimiz ýarylyp barýan-da bolsa, sabyrlylyk bilen aýagy ýalaňaç Sokratyň we gürrüňdeşimiziň «hawa» diýip jogap beräýjek sowalyny tapyp, ol sowaly ynandyrmakçy bolýan adamymyza bereliň. Köp asyrlaryň parasadyny göwher ýaly saklap gelýän gündogarda hytaýlylaryň hiç haçan üýtgemeýän nakyly bar: «Ýuwaş ýörän uzaga gider. Olar ynsan tebigatyna düşünmek üçin bäş müň ýyllap bu barada pikir edipdirler we dana hytaýlylar juda jaýdar jogap tapypdyrlar: «Ýuwaş ýörän uzaga gider» Şeýlelikde, eger siz adamlaryň öz nukdaý nazaryňyz bilen razy etjek bolsaňyz onda bäşinji düzgüni berjaý ediň!

**Gürrüňdeşiňizi bada-bat «hawa» diýip jogap bermäge mejbur ediň.**

*Altynjy bap*

## ŞIKAÝATLAR DERŇELENDE, HALAS EDIJI ÇYKALGA

Adamlaryň köpüsinde şeýle bir häsiýet bar kimi-de bolsa birini öz nukdaý nazarlaryna çekjek bolanlarynda, olaryň özleri juda köp gürleýärler. Şeýle gymmat düşýän ýalňyşlyklary goýberýänleriň köpüsi söwda agentleridir. Başga adamlara-da geplemäge maý beriň. Ol öz işleriniň öňünde durýan meseleleri barada size görä gowurak bilýändir. Şonuň üçinem oňa köpräk sowal beriň. Goý, onuň özi size käbir zatlary aýtsyn.

Eger siz onuň bilen razy bolmasaňyz, sizde onuň sözüni bölmek meýli dörär. Şuny hiç haçan ediji bolmaň. Bu gaty zyýanlydyr. Ol öz ýüreginde joş alyp duran ideýalary aýdyp gutarmasa, size üns bermez. Şonuň üçinem ony sabyrlylyk bilen, bitarap halda gyzyklanyp diňläň. Oňa öz pikirlerini howlukman aýtmaga mümkinçilik beriň.

Şeýle tär işjeň gatnaşyklarda özüni ödärmikä? Geliň, göreliň. Şeýle täre mejbury halda ýüz urmaly bolan adamyň gürrüňini diňläň.

Birnäçe ýyl mundan ozal ABŞ-nyň iri awtomobil firmalarynyň biri tutuş bir ýyl üçin zerur bolan ýüzlük mata zakaz etmek barada gepleşik alyp barýan eken. Üç sany dokma fabrigi özmatalaryny taýýarlapdyrlar awtomobil kompaniýasynyň administratorlary matalaryň nusgasy bilen tanşanlaryndan soň, zakaz etmek meselesini çözmek üçin, dokma fabriginiň wekilleri bilen belli bir gün duşuşmaly edipdirler.

Dokma fabriginiň biriniň wekili J. B. R.-iň duşuşyga gelende,

bokurdagy agyrýan eken «awtomobil kompaniýasynyň ýolbaşçylarynyň ýygnagynda, meniň geplemek nobatym ýetende, bokurdagym agyrýanlygy sebäpli, men ýekeje agyz söz hem aýdyp bilmedim — diýip, R. gürrüň berýär!

Ýygnaga gatnaşýanlaryň hemmesi bir stoluň aňyrsynda otyrdylar. Men: «Jenaplar men gepläp bilemok» diýip, bloknotyma ýazyp görkezdim.

«Size derek meniň özüm geplärin» — diýip, kompaniýanyň prezidenti dillendi. Ol şeýle hem etdi. Ýaňky meniň getiren matalarymyň nusgalaryny görkezişdirdi, olaryň gowy taraplaryny belläp geçdi. Soňra nusgalar barada gyzgalaňly jedel başlandy. Maňa derek gepläni üçin, prezident hem menlik boldy. Meniň bar eden zadym: baş atmakdan, ýylgyrmakdan, ellerim bilen düşündirmekden ybarat boldy.

Şu üýtgeşik ýygnagyň netijesinde, alyjylar menden 500 müň ýarddan hem gowrak ýüzlük mata alarman boldular. Şeýlelikde, bir million 600 müň dollarlyk şertnama baglaşdym. Bu meniň bütin ömrümde baglaşan şartnamalarymyň iň ulusy boldy.

Eger gürläp bilen halatymda, men şunça dollarlyk şertnama baglaşyp bilmezdim. Şeýlelikde, tötänlikden: käwagt başga adamlara geplemäge mümkinçilik bermegiň amatlydygyny ýüze çykardym.

Filadelfiýanyň elektrotehnika kompaniýalarynyň işgärleriniň biri — Jozef S. Uebb hem şeýle açyşlaryň birini edipdir. Bir gezek ol iş bilen aýlanyp ýörkä, Pensilwaniýa ştatynda hojalygy gülläp ösýän, asly gollandiýaly fermerlere duşýar.

Ol: «Näme üçin, bu adamlar elektrikden peýdalananok?» —

diýip, gowy gurnalan fermanyň gapdalyndan geçip gelýärkä, kompaniýanyň ýerli wekilinden soraýar.

«Bular gaty gysganç. Bulara bir zat satjak gümanyň bolmaz — diýip, wekil olary sulhysöýmezlik bilen jogap berýär. — Onsoňam bular biziň kompaniýamyza garşy. Men synanyşyp gördüm, ýöne netije bermedi.

Belki bu dogrudyr, emma şeýle-de bolsa, Uebb synanyp görmek isläpdir we jaýlaryň biriniň gapysyny kakypdyr. Işik ýuwaşja açylypdyr. Drukenbrod diýen garry aýal kellesini çykarypdyr.

«Ol kompaniýanyň wekilini gören badyna, gapyny ýene-de şarkyldadyp ýapdy— diýip, şu wakany gürrüň beren Uebb aýtdy — Men gapyny ýene-de kakdym, ol ony açyp, biziň kompaniýamyz barada pikirini aýdyp başlady».

«Misis Drukenbrod — diýip, men onuň sözüni böldüm — Ynjalykdan gaçyranymyz üçin bagyşlaň. Men sizi elektrik geçirip bereli diýip yrmaga gelmedim, men sizden ýumurtga satyn almak isleýän».

Ol işigi giňräk açyp, bize şübheli seretdi.

«Siziň dominik tohumyndan bolan towuklarynyzyň bardygyny görüp, men birnäçe ýumurtga satyn almak isledim» — diýip, men gürrüňe başladym.

Gapy öňküdenem giňräk açyldy «Siz meniň towuklarymyň dominik tohumyndandygyny nireden bilýäňiz?» — diýip, ol eýýäm bilesigelijilik bilen sorady.

«Men towukçylyk bilen meşgul bolýan — diýip, oňa jogap gaýtardym. — Şu tohumly towuklary kän gördüm, ýöne siziňkiden gowsuna duşamok».

«Onda näme üçin siz öz towuklaryňyzyň ýumurtgalaryny

ulanaňyzok?» — diýip, ol henizem az-kem şübhe bilen sorady

«Sebäbi meniň towuklarym ak ýumurtga guzlaýarlar. Leggornlaryň ýumurtgasynyň akdygyny siz bilmeli. Onsoňam siziň özünizem owkat taýýarlamak bilen meşgul bolýan bolmaly. Şonuň üçinem, tort bişirjek bolanyňda ak ýumurtgadan mele ýumurtganyň ýagşy bolýandygyny siz menden gowy bilmeli. Aýalym tort bişirmegi gowy görýär. Özem muňa örän buýsanýar».

Şu gürrüňden soň misis Drukenbrod eýwana çykdy, indi onuň biraz keýpi çaglanypdy. Şol aralykda oňat gurlan sygyr ýatagyna gözüm düşdi.

«Ýogsa-da, misis Drukenbrod — diýip, men oňa gürlemäge maý berman, sözümi dowam etdim. — Siziň towuklaryňyzyň berýän girdejisi äriňiziň sygyrlaryndan alýan girdejisinden has köpdügi barada, kim bilen jedel etmeli bolsa men taýyn!»

Bu gezekki atan okum nyşana jaýdar degdi. Hany indi öňümde durubilseň durda göreýli! Baý, saýrarsyňa. Onsoň ol öz üstünlikleri barada begenip gürrüň berip ugrady. Emma muny onuň äri — garry töňňe hiç boýun almak islemeýärmiş.

Ol bize towuk keteklerine aýlanyp görmegi teklip etdi. Keteklere aýlanyp ýörkäk, misis Drukenbrody eden ownujak gowuja işleri gözüme ildi. Elbetde, men olara ak göwünden baha berdim hem-de öwgimi gysganmadym. Men oňa iýmleriň käbir gärnüşlerini ulanmagy maslahat berdim, ketegi ýylyrak saklasaň, gowy boljakdygyny aýtdym. Özümem ondan käbir zatlary soraşdyrdym. Şeýdip, öz iş tejribämiz hakynda keýpihon pikir alşyp başladyk.

Garaşman durkam, ol goňşularynyň birnäçesiniň towuk ketegine elektrik çekendikleri barada olaryň aýtmaklaryna

görä onuň gowy netije berýändigini gürrüň berdi. Bu mesele boýunça dogrymy aýtmagy menden haýyş etdi. «Menem çyra çekdiräýsem, nähili bolar- ka?..»

Iki hepdeden soň, misis Drukenbrodyň towuklary elektrik çyralarynyň astynda arkaýyn käkeleşip, ýagtyda hezil edip iýmlerini çokýardylar. Şeýdip, men öz zakazymy aldym, olam ýumurtgany köp alyp ugrady, hemmeler razy boldy, hemmeler utdy?

Meniň aýdyp beren bu wakamyň özeni şundan ybarat: Pensilwaniýede ýaşaýan gollandiýaly bu fermer aýalyň ilki özi elektrik hakynda söz açmadyk bolsa, maňa onuň keteklerine çyra çekmek başartmazdy.

Beýle adamlara hiç zady hödürläp satyp bolmaýar. Şonuň üçinem, ol zady olaryň özi küýsäp satyn alar ýaly ýagdaý döretmeli

Ýaňy-ýakynda «Nýu-Ýork gerald trýbýun» gazetiniň maddy meseleler boýunça bildiriş çap edilýän sahypasynda ullakan bildiriş peýda boldy. Onda örän tejribeli hem-de gaty ökde hünärli adam işe çagyrýardy. Onda adresiň ýerine poçta ýaşiginiň nomeri görkezilen eken. Bu bildirişe Çarlz T. Kubýollis seslenipdir. Birnäçe günden soň ony hat üsti bilen gürrüňleşmäge çagyrypdyrlar. Ýaňky ol ýere ýetmezden öň, şol fermanyň düýbüni tutan adamyň nähili häsiýetdäki adamdygyny osmakladyp bilmek üçin, birnäçe sagadyny Uollstritde geçiripdir. Soňra Kubellýs gürrüňleşip otyrka şeýle diýipdir: «Siziňki ýaly uly üstünliklere eýe guramada işlemekligi, özüme ullakan mertebe hasap ederdim. Meniň bilşime görä, siz bu işe 28 ýyl mundan öň başlan bolmaly. Şonda siziň iş kabinetiňizdir stenografistkaňyzdan başga zadyňyz ýok

eken; Şu dogrumy?»

Üstünlik gazanan adamlaryň bary diýen ýaly, durmuş ýolunyň başyndaky ýeňip geçen kynçylyklaryny ýatlamaklygy eý görýär. Bu adamam şeýle kişileriň hilinden eken. Ol özboluşly ideýadyr dört ýüz elli dollar nagt puldan başga hiç zadynyň ýok mahaly, töwekgelçilik edip bu işe baş goşuşy hakynda uzak wagtlap gürrüň beripdir. Özüne ýol arçanyşy, bu işinden netije bolmaz diýip raýyndan gaýtarjak boluşlary, üstünden gülüşleri, dynç diýen zady bilmän, ýekşenbe we baýram günleri hem 12—16 sagat işleýşi, iň soňunda-da ähli kynçylyklary ýeňip geçişi we maksadyna ýetişi, indi Uolstritiň iň iri dellallarynyň oňa informasiýadyr maslahat üçin ýüz tutýandyklary barada ýatlapdyr. Ol özüniň durmuş ýolunyň taryhyna diýseň buýsanýar eken. Onuň şeýle etmäge doly hukugy hem bolupdyr. Şonuň üçinem ol geçilen ýoly hezil edip ýatlapdyr. Firmanyň hojaýyny sözüniň soňunda Kubellisiň öň nirede işlänini gysgaça soran bolupdyr-da, öz öňki-prezidentleriniň birini ýanyna çagyrypdyr we oňa şeýle diýipdir: «Meniň pikirimçe, şu adam tüýs bize gerek adam».

Kubellis özüniň geljekki hojaýynynyň geçmişdäki üstünlikleri barada maglumat ýygnamaga ýaltanmandyr. Ol özüniň gürrüňdeşi onuň öňünde durýan meseleler bilen gyzyklanypdyr, isledigiçe gürlemäge oňa mümkinçilik beripdir, şeýdibem, özi barada oňat pikir döredipdir.

Bu ýerdäki hakykat şundan ybaratdyr: hatda dostlarymyzam biziň üstünliklerimiz baradaky pańlamalarymyzy diňlemän, öz ýeten derejeleri hakynda gürlemäni gowy görýändir.

«Eger siz duşman gazanmak isleýän bolsaňyz, dostuňyzdan

ezberräk boluň, dost gazanmak isleýän bolsaňyzam, dostuňyz sizden ezber bolsun» — diýip, fransuz filosofy Laroşfuko aýdypdyr.

Näme üçin hakykat beýle bolmalymyşyn? Sebäbi dostlarymyz bizden ezber bolan çaglary olar özleriniň şahsy mertebelerini belent duýýarlar , eger biz olardan ezber bolsak dostlarymyzda özleri doly bahaly däl ýaly duýgy döreýär. Şunuň netijesinde-de göriplik we gabanjaňlyk döräp başlaýar.

Nemeslerde şeýle bir nakyl bar. Onuň erkin terjimesi şeýleräkdir: «Iň arassa şatlyk—içigaralykdyr, biz muny göriplik edýän adamymyzyň betbagtlygyny gören çaglarymyz duýýarys». Muny başgaçarak, şeýlerägem aýtsaň boljak: «Özge adamlaryň betbagtlygynyň getirýän şatlygy arassa şatlykdyr».

Hawa, siziň dostlaryňyzyň käbiriniň bişowluklardan ýaňa çekýän gaýgy-gamyňyza, ýeňişleriňizden beterräk begenýän bolmagy mümkindir.

Şonüň üçinem, geliň kiçigöwünliräk bolalyň, ýeten derejämizi ýanlyk ýaly çişirip görkezmäliň. Şeýtseňiz zyýan çekmersiňiz. Muny ynha, Erwin Kobbyň mysalynda-da görmek bolýar. Bir gezek ýuristleriň biri Kobb şaýat hökmünde çykyş edip durka, oňa «Meniň bilşime görä jenap Kobb siz amerikanyň iň bir meşhur ýazyjylarynyň biri bolmaly, şol dogrumy?» — diýipdir,

Kobb: «Maňa gazananymdanam artygrak baha beräýdiler öýdýän» — diýip, jogap beripdir.

Bize kiçigöwünli bolmak gerek, sebäbi menem, sizem gaty bir üýtgeşik adam däl. Biziň ikimizem bu jahanda ötegçidiris, ýüz ýyldan ýatlanjagymyz gümanadyr. Öz kiçijik üstünliklerimizi mazamlap, özgeleri irizip ýörer ýaly, bizde bir

uzyn ömürem ýok ahyryn. Muňa derek özgeleri sylalyň, olara içini dökmäge mümkinçilik bereliň. Eger-de ýagşyja pikirlensek, biz öwüner ýaly ilden artykmaç işem eden däldiris. Size samsyk bolmazlyga hemaýat edýän zadyň nämedigini bilýäňizmi? Gaty biderejik zat. Bary ýogy galkan şekilli mäziňizdäki az mukdardaky ýod. Eger hirurg siziň galkan şekilli mäziňizdäki şojagaş ýody aýraýsa, onda baryp ýatan sähne bolarsyňyz. Ony çüňkdäki dermanhanadan bäş sente satyn alybam bolýar, herhal, şol az mukdardaky ýod siz bilen psihiki keselhananyň arasynda dur. Bäş sentlik ýodjagaş! Munuň üçin hondanbärisiräp öwnen bolup ýörmek gerekmi?!

Şunlukda, kimdir birini öz nukdaýnazaryňyz bilen ylalaşdyrmakçy bolsaňyz, altynjy düzgüni berjaý ediň:

**Goý, wagtyň köp böleginde gürrüňdeşiňiz gürlesin!**

*Ýedinji bap*

# HYZMATDAŞLYGY ÝOLA GOÝMAGYŇ TÄRI

Siz özüňiziň pikir öwrüp tapan ideýaňyza köp sarpa goýýarmysyňyz, ýa-da özgäniň oýlap tapan taýynjak ideýasyny apalaýarmysyňyz? Elbetde, özüňiziň tapan ideýaňyza berk ynanýansyňyz hem şoňa ygrarlysyňyz. Onuň ýaly bolsa, başga birini öz ideýaňyza yňdarjak bolmak adalatlymyka? Beýdenden, ideýaňy tymsallaryň üsti bilen syzgyn berip, gürrüňdeşiň özüniň şol ideýa gelmegini gazanmak has amatly bolaýmasyn?!

Mysal getireliň: Filadelfiýaly Adolf Selts meniň kurslarymyň birinde diňleýji bolýar. Ol birden-birä ynam ygrary bolmadyk, guramaçylyksyz awtomobil satyjy agentler toparynda öz işlerine güýçli höwes döretmäge mejbur bolupdyr. Ýaňky ýygnak çagyrypdyr-da: «Menden näme kömek gerek bolsa, mümkin boldugyça jikme-jik aýdyň» diýipdir. Olar aýdyp başlapdyrlar, Adolf Selts hem teklipleri birme-bir hek bilen tagta ýazypdyr. Ahyrynda bolsa: «Menden garaşýan zatlaryňyzyň ählisini bitirerin» diýip söz beripdir. Yzyndanam: «Indi bolsa men sizden näme tama etmeli bolsam, şony aýdyň» diýip, olara ýüzlenipdir. Olar:ygrarly, dogruçyl, ruhybelent, kollektiwleýin ruhda, sekiz sagatlap uly höwes bilen işlemeklige söz berýärler. Bir agent bolsa her günde on dört sagat işlemeklige göwünjeňlik edýär. Maslahatdan soň adamlaryň keýpi göterilýär, täze ideýalar döreýär. Seltsiň maňa aýtmagyna görä, şondan soň söwdalary juda ösüpdir.

«Biziň bu ylalaşygymyz birek-biregiň öňünde lebiz eden

ýaly bir zat boldy» — diýip, Selts gürrüň berýär. Men beren sözümde tapyldygymça, işgärlerem boýunlaryna alan borçlaryny berjaý etjek bolup, ruhybelentlik bilen işlediler. Olaryň islegleridir höwesleri barada maslahat etmegimiz, biziň aramyzda ynam döretdi. Birek-birege beren sözlerimiz bolsa borç bolup galdy».

Haýsydyr bir harydy dürli ýollar bilen biriniň boýnuna dakjak bolup dursaň, ýa-da gymyldan gymyldysyna görkezme berip dursaň, ol oňa ýaramaz adam erkinligi halaýar. Alan zadymyzy öz islegimize görä almak öz erkimize görä hereket etmek biziň üçin has ýakymly bolýar. Biz isleglerimiziň, garaýyşlarymyzyň, zerurlyklarymyzyň göz öňünde tutulmagyny halaýarys.

Ýujin Ueseon bilen bolan wakany mysal alyp göreliň. Ol şu hakykaty öwrenýänçä, komission tutumlaryň ummasyz müň dollaryny köýdüripdir. Uesson eskizleri satýar. Ol ony dokmaçylyk kärhanalaryna we bezeg işlerini döredýän studiýalara satýar. Uesson Nýu-Ýorkdaky bezeg sungaty boýunça ýokary hünärli spesialistiň ýanyna üç ýylyň dowamynda her hepdede gatnapdyr. «Ol meni kabul etmekden hiç haçan ýüz öwürmeýärdi — diýip, Uesson gürrüň berýär — Ýöne her gezek hiç zat satyn almaýardy. Ol hemişe meniň getiren eskizlerime eserdeňlik bilen seredişdirýärdi-de, soňundanam: «ÝOK, Uesson, meniň pikirimçe, biz bu gün birek-birege düşünişip bilmeris» diýýärdi.

Ýüz elli şowsuzlykdan soň Uesson haýsydyr bir psihiki gapma-garşylygy ýeňip bilmeýänligine düşünipdir. Şonuň üçinem ol hepdäniň bir agşamyny adamyň özüni alyp barşyna täsir etmegi öwrenmäge bagyşlapdyr. Nädip täze ideýa tapmaly

we özgäni oňa nähili höweslendirip bolar?

Günleriň bir güni ol şu mesele boýunça täze usuly tapypdyr. Ol hudojnikleriň gutarylmadyk eskizleriniň alty sanysyny alagada müşderisiniň kontorasyna barypdyr. «Meniň sizden kiçeňräk bir haýyşym bar—diýip, ol söze başlapdyr—Ynha,şular birnäçe gutarylmadyk eskiz. Siz maňa gaýrat edip şulary nähiliräk tamamlasak özüňize ýarajakdygy barada maslahat berip bilmezmisiňiz».

Müşderi sesini çykarman esli wagtlap eskizleri syndapdyr-da soňundanam:«Uesson siz bulary maňa goýuň-da, üç-dört günden aýlanaýyň» diýipdir. Uesson üç günden soň gelipdir, gerek bolan maslahatlary alypdyr, eskizleri müşderiniň maslahatlaryna görä işletmek üçin studiýa getiripdir, hudojnikler bu işi bitiripdirler. Netije nähilidir öýdýäňiz? Olaryň bary kabul edilipdir.

Bu waka dokuz aý mundan öň bolupdyr. Şondan bäri müşderi ýene onlarça eskiz zakaz edipdir. Olaram müşderiniň ideýalary boýunça işlenipdir. Şunlukda Uessonyň komission töleg boýunça sap girdejisi bir müň alty ýüz dollardanam köpräk bolupdyr. «Ol müşderä ýyllar boýy näme üçin hiç zat satyp bilmänligime indi düşünýän — diýip. Uesson gürrüň berýär — Öz pikirim boýunça gerekdir öýden zatlarymy oňa satjak bolupdyryn. Indi bolsa gös-göni munuň tersine edýärin. Onuň maňa ideýa bermegini gazanýaryn. Häzir ol suratlary özi döredýän ýaly duýýar. Ol hakykatdanam şeýle. Indi öňküler ýaly satjak bolup azara galmalam däl. Onuň özi satyn alýar».

Nyu-ýork ştatynyň gubernatory bolan döwründe Teodor Ruzwelt haýran galdyryjy netijeler gazanypdyr. Ol ýüňi ýeten syýasy hojaýynlar bilen arasyny saz saklamany başarypdyr we

şol bir wagtda-da olaryň razy bolmadyk reformasyny yzygider geçirmäni oňarypdyr. Ol muny şeýle edipdir: haçanda haýsydyr bir boş möhüm wezipä bir adam almakçy bolanda, ol syýasy hojaýynlary çagyrypdyrda şol wezipä mynasyp adam tapmagy olar bilen maslahatlaşypdyr. «Ilki olar öz partiýalaryndan birini bir sebäp bilen şowsuzlyga uçran, üýtgeşik (ukyby bolmadyk işgäri, diňe ol barada «alada edýänleri üçin hödürleýärdiler. Men muňa: «Munuň özi ýaramaz syýasy göçüm bolar. Şonuň üçinem jemgyetçilik biziň bu işimizi makullamaz» diýip jogap berýärdim.

Mundan soňra olar öňki ýalyrak birini — baryp ýatan wezipeparaz çinownigi hödürleýärdiler. Elbetde ol barada ýaramaz zadam aýdyp boljak däldi, ýöne aýdara gowy zadam ýokdy. Şeýle halatda men adatça jemgyýetçilik beýle adama garaşanok, şonuň üçinem ol wezipä has laýyk kandidatura gözlemegiňizi haýyş edýärin diýýärdim.

Üçünji kandidaturalary talaby ödäýmegi mümkin adam bolup çykýardy, ýöne olam göwün diýen däldi.Men olara minnetdarlyk bildirýan, ýene bir synanyşyk etmeklerini haýyş edýärdim. Dördünji hödürlänleri ylalaşyp boljak kandidatura bolup çykýardy. Olar meniň özümiňem saýlaýjak adamymyň adyny tutýardylar. Eden kömekleri üçin minnetdarlyk bildirip, wezipä hut şol adamy belleýärdim hem-de onuň şol wezipä bellenmegini olaryň hyzmaty hasaplamaga mümkinçilik berýärdim... Men olara «Siziň göwnüňizi görmek üçin şeýle etdim, indi bolsa meniň göwnümi görmeklik siziň gezegiňiz diýip aýdýardym».

Olar bu ýagdaý bilen ylalaşýardylar. Grajdan gullugy, monopoliýanyň hukuklary we ýeňillikleri ýaly örän düýpli

reformalaram olaryň makullamagynyň netijesi bolupdy.Ýatda saklaň, Ruzwelt öz gürrüňdeşleriniň pikirine sarpa goýup, olaryň dürli ýol bilen zamun bolan maslahatyny almaga jan edipdir. Haçanda Ruzwelte möhüm wezipä adam bellemek gerek bolanda, oňa saýlanan kandidaturany syýasy hojaýynlaryň saýlamagyna, oňa öz ideýasy hökmünde garamagyna mümkinçilik döredipdir.

Long-aýlendli awtomobil söwdagäri hem şotlandiýaly är-aýala köneräk awtomobil satjak bolanda şu usuly ulanypdyr. Ol ilki şotlandiýala bir maşyny, soňra ikinjini... garaz, bir topar maşyny görkezipdir welin ol hersinden kem tapan bolup tykyrap durmuş. Kemi ýok maşynlaryňam bahasyny ýokary görýärmiş. Söwdagär meniň kurslarymyň biriniň diňleýjisidi. Ol bir gün bu mesele boýunça bile okaýanlaryna we maňa ýüz tutdy. Biz oňa: «Sendä (şotlandiýalylaryň lakamy) maşyn satjak bolma-da, ony maşyn almagy islär ýaly et. Oňa näme etmelidigini aýtma, goý, onuň özi size näme etmelidigini aýtsyn. Sendi haýsy maşyny aljakdygy baradaky ideýany özi oýlap tapan ýaly bolsun» diýip, maslahat berdik. Bu pikiri hemmeler makul gördi. Söwdagär ony birnäçe günden soň praktikada barlap gördi. Şonda müşderileriň biri köne maşyny satyp ýerine täze maşyn almaga gelen eken. Söwdagär bu köne maşynyň Sendä ýarajakdygyny aňypdyr. Ol onsoň ýaňka telefon edipdir-de, mümkin bolsa gelip, tejribeli alyjy hökmünde bir mesele boýunça özüne maslahat bermegini ýürekden haýyş edipdir. Haçanda Sendi gelende, söwdagär oňa şeýle sözler bilen ýüz tutupdyr: «Siz örän tejribeli alyjy, awtomobiliň neneňsidigini gowy tanaýaňyz. Gaýrat edip şu maşyny synag üçin münüp görägeden, soň ony birine satar ýaly laýyk nyrhyny kesgitläp

berseňizläň». Sendi keýpiçag ýylgyrypdyr. Ahyryn meniň maslahatymam gerek bold-ow, tejribäm ykrar edild-ow! Ol ýaňky maşyny sürüp Şazadalar bulwarynyň ugry bilen Ýamaýkadan tokaýly depelere çenli gidipdir, yzyna dolanyp gelende-de:«Eger siz şu maşyny 300 dollara satyn alyp bilseňiz, utulmarsyňyz» diýipdir.«Men muny siziň aýdan bahaňyza satyn alaýsam, siz muny şol baha satyn alarmysyňyz?» diýip, söwdagär ondan sorapdyr. Dagy näme! Bu onuň hut pikir eden zadydy. Maşyna ol şonuň üçinem şeýle baha kesipdi. Olar şobada söwda edipdirler. Şu psihologiki täri rentgen enjamlaryny öndürýan bir fabrikant hem ulanypdyr. Ol şonda Brukliniň iň uly keselhanalarynyň birine öz önümlerini satjak bolupdyr. Bruklinde keselha-nanyň täze korpusy gurulýan eken. Şol jaýda-da Amerikada iň gowy rentgen bölümi ýerleşmeli edilipdir. Şol bölümiň müdiri doktor L-iň üsti her gün öz firmalarynyň enjamlaryny taryplap satjak bolýan agentlerden ýaňa hümer-miş.Şuňa garamazdan, fabrikantlaryň biri has ugur tapyjy bolup çykypdyr. Ol ynsan häsiýetini özgelere görä oňat bilýän adam eken. Ýaňky doktor L-e şunuň ýalyrak mazmunly hat ýazypdyr:«Biziň zawodymyz ýaňy-ýakynda täze hilli rentgen enjamlarynyň toplumyny ýasady. Şol apparatlaryň ilkinji toparyny edil häzir kontoramyza getirdiler. Olar kämil däl. Biz muny bilýäris hem-de kämilleş-dirmek isleýäris. Eger Siz biziň önümlerimiz bilen tanyşmak üçin wagt tapsaňyz hem-de olary neneňsi edeňde siziň käriňizdäki adamlaryň talabyna ýarar ýalyrak edip boljakdygy barada maslahat berseňiz, biz Sizden örän hoşal bolardyk. Men Siziň örän işli adamdygyňyzy bilýän. Şonuň üçinem, özüňize amatly bolan wagtda yzyňyzdan öz maşynymy hezil edip ibermäge

taýyn». «Men bu haty okap geň galdym — diýip, doktor L. sapakda bu wakany gürrüň berdi — Men hem-ä geň galýardym, hemem monça bolýardym. Henize çenli rentgen apparaturalaryny öndürýän fabrikantlaryň hiç biri maňa maslahat salmandy. Men öz şahsy ähmiýetimi duýdum. Golaýdaky hepdelerde, her gün agşam bir işim bardy. Şonda-da iş bilen bagly bir oturylşyga gitmän, şol enjamlary görmäge bardym. Onsoň enjamlary näçe çintgäp öwrendigimçe, şonça-da olar maňa ýaraýardy. Hiç kim maňa olary satjak bolmaga hyýal etmändi. Men enjamlary keselhana üçin satyn almak ideýasynyň özümde dörändigini duýdum. Apparatyň örän gowy hili meni ýesir etdi, şonuň üçinem olary keselhanada oturtmaklaryny buýurdym»

Ak tamy Wudro Wilson eýelän mahaly polkownik Edward M. Hauzyň milli we halkara işlerine biçak uly täsiri bolupdyr. Wilson öz kabinetiniň çlenleriniň haýsydyr birine däl-de, köplenç, polkownik Hauza gizlin maslahatlar üçin ýüz tutar eken. Hauzyň prezidente täsir etmek üçin ulanan usuly nämeden ybarat? Bagtymyza biz ony bilýäris. Ony polkownik Hauzyň özi Artur D. Hauden Smite aýdan eken, Smitem Hauzyň aýdanlaryny «Sterdeý Iwning post» gazetindäki makalada mysal getiripdir. «Prezident bilen tanyş bolanymdan soň— bu, Hauzyň sözleri, —ony haýsydyr bir ideýa imrindirjek bolsaň, oňa şol pikiri gürrüň arasynda gepiň gerdişine görä aýdyp goýbermeli, ýöne onuň özi hem gyzyklanyp bu barada pikir eder ýaly, ony örän aýdyň aýtmalydygyna düşündim. Birinji gezek men muny tötänden bildim. Ak tamda, onuň ýanynda bolamda men oňa bir iş geçirmegi teklip etdim. Görnüşine görä, ol muny gaty bir makullamady. Ýöne bir näçe gün geçenden

soň, günorta nahar wagty onuň meniň ideýamy öz ideýasy hökmünde aýdyp oturanyny eşidip haýran galdym» Näme, Hauz onuň sözüni bölüp: «Bu siziň pikiriňiz däl-de, meniňki» diýendir öýdýärsiňizmi? Ýok-la, Hauzam heý, beýdermi?! Ol beýle zat diýerden has akylly eken. Hauz şöhrata kowalaşmandyr. Onuň üçin esasy zat ahyrky netije bolupdyr. Şonuň üçinem ol Wilsonyň şol pikiri özüniňki hasap etmegine ýol bermek bilenem çäklenmän, Wilsony şol ideýa üçin köpçüligiň arasynda öwüpdirem. Biziň ertirki iş salyşjak adamlarymyzam Wudro Wilsonyňky ýaly, ynsana mahsus bolan häsiýetden halas däldigini hergiz unutmazlygymyz gerek. Şonuň üçinem polkownik Hauzyň tärini gerek ýerinde ulanmany başarjak bolalyň. Birnäçe ýyl mundan öň Nyu-Bransuikli bir adam hut şu täri maňa ulandy we meniň oňa müşderi bolmagymy gazandy. Şol mahallar meniň ol taýa gidip balyk tutmak, deňizde gaýykly gezelenç etmek meýlimem bardy. Şonuň üçinem men turistleriň býurosyna hat üsti bilen ýüz tutupdym we ýagdaý bilen habardar edip durmaklaryny haýyş edipdim familiýamdyr adresim şol býuronyň çykarýan turist bolaýmagy mümkin hasap edilýän adamlar diýen sprawoçnikdäki spisoga goşulan bolmaga çemeli. Men muny turist lagerlerinden we ýolbeletlerden üstüme ýagyp başlan onlarça hatdan, iberilýän broşýuralardan, dynç alynýan ýerler barada öň şol ýerde bolanlaryň neşir edilen tarypnamalaryndan aňýaryn. Halys özümi ýitiripdim, haýsysyny saýlajagymy bilmeýärdim. Ine, şonda turist lagerleriniň hojaýynlarynyň biri akylly ugur tapdy. Ol maňa öň öz lagerinde dynç alan nýu-ýorkly adamlaryň birnäçesiniň atlaryny we telefon nomerlerini iberip, özleriniň turistler üçin

nämeler edip bilýändigi barada şolardan jaň edip soramagymy teklip edipdir. Bagtyma şol spisokda meniň tanyşlarymyňam biri bar eken. Men oňa jaň edip, özünde galan täsir barada soradym. Soňra bolsa telegramma edip, barjak wagtymy lagere habar berdim. Galanlaryň hemmesi öz hyzmatlaryny meniň boýnuma dakjak boldular, ol ýigit bolsa inisiatiwanyň özümden çykmagyna mümkinçilik berdi. Ol utdy.Ýigrimi bäş asyr mundan öň Hytaý akyldary Lao-szy käbir hakykatlary aýdyp geçipdir. Şu kitabyň okyjylary olary şu günem ulanyp biljekler!«Deňizleriň we derýalaryň ýüzlerçe dag bulaklaryndan peşgeş alýanlarynyň sebäbi, derýadyr deňiz olardan pesde ýerleşýär. Şonuň hatyrasyna-da olar ähli dag bulaklarynyň üstünden agalyk etmegi başarýarlar. Adamlardan ýokarda bolmak isleýän dana-da hut şu kybapdyr, ol özüni pesde goýýar. Özgelerden öňde bolmak üçin, özüni yzda goýýar. Ine, şonuň üçinem, onuň ýeri adamlardan ýokarda bolsa-da, ol özüniň aşakdadygyny peslik saýmaýar, onuň ýeri özgelerden öňde bolmalam bolsa, yzdadygyna kemsinmeýär». Şunlukda, eger siz kimdir birini öz nukdaýnazaryňyza imrindirjek bolsaňyz, ýedinji düzgüni berjaý ediň:

**Goý, gürrüňdeşiňiz sizden çykan pikiri özüniňki hasap etsin !**

*Sekizinji bap*

# SIZ ÜÇIN GUDRAT DÖRETJEK TÄR

Siziň gürrüňdeşiňiziň aýdýan zatlarynyň boýdan-başa ýalňyş bolmagynyňam mümkindigini ýadyňyzda saklaň. Ýöne onuň içki pikiri beýle dälem bolup biler. Şonuň üçinem ony köteklemäň. Beýtmegi her bir samsygam başarar. Oňa düşünmäge çalşyň. Diňe akylly, kanagatly gowy adamlar şeýtmäge synanyşar.

Näme üçin ol adam şeýle pikirlenýär we başga hili etmän, hut şu hili hereket edýär? Munuň sebäbi bardyr. Şol gizlin sebäbi tapyp bilseň, onuň hereketleriniň, belki-de şahsyýetiniň açary siziň eliňize düşer.

Çynyňyz bilen onuň ýerinde özüňizi goýjak boluň. «Eger men şunuň ýagdaýyna düşsem, özümi nähili duýardym, näme ederdim» diýip öz-özüňizden soraň. Şeýtseňiz köp wagtyňyzy aýap hem-de saglygyňyzy saklap bilersiňiz «Eger biz sebäbi bilen gyzyklansak, ahyrky netijäniň ýakymsyz bolmak mümkinçiligi azalýar». Munuň üstesine-de, adamlar bilen aragatnaşyk meselesinde siziň ussatlygyňyz çalt öser.

Kennet M. Gud «adamy altyna nädip öwürmeli?» diýen kitabynda: «Öz hususy işiňize ýiti gyzyklanmaňyz bilen galan zatlara bolan gowşak gyzyklanmaňyzy deňeşdirmek üçin, bir pursat saklanyň, bir pursat saklanyň! Hemmeleriňem dünýäde edil şeýle duýgyny başdan geçirýändigine düşünmäge çalyşyň. Eger sizem muňa Linkolndyr Ruzweltiň düşünişi ýaly düşünýän bolsaňyz, onda siziň türme garawulynyň wezipesinden başga wezipeleri eýelemäge ukybyňyz bar diýip, hasap etse bolar.

Sebäbi adamlar bilen aragatnaşykdaky üstünligiň girewi özge adamynyň nukdaýnazaryna hoşniýetli düşünmäge ymtylmakdan ybaratdyr» Men köp ýyllaryň dowamynda boş wagtlarymy öýümiziň golaýynda ýerleşýän tokaý parkynda atly gezip geçirdim. Käbir halatlarda menem daragta çokunan gadymy Gallilere meňzeýärdim — menem edil şolar ýaly duba çokunmaga taýyn. Şonuň üçinem her ýyl tomusda gaýtalanyp duran tötänleýin ýangyn sebäpli köýýän ýaş agaçlara, ösümliklere meniň nebsim agyrýardy. Beýle ýangynlar ägä däl çilimkeşleriň günäsi bilen döremeýärdi. Köplenç munuň günäkärleri biraz ýabany ýaşamak üçin tokaýa-gidýän çagalar bolup çykýardy. Olar daragtlaryň astynda özlerine nahar bişirinýärdiler. Şeýle ýangynlaryň ula ýazyp az-uşak adama öňüni aldyrman, ýangyn söndüriji komanda çagyrylyp söndürilen pursatlaram bolupdy! Parkda ot ýakmaklygyň gadagandygy, düzgün bozana jerime salynýanlygy, hatda türmä basylýanlygy baradaky bildirişler bardy. Ýöne ol bildirişler tokaýyň seýrek barylýan ýerlerindedi, ony çagalaryň köpüsiniň görmedik bolmagam mümkindi. Tokaýdaky düzgüne atly polisiýa seretmelidi. Ýöne olam öz borjuna jogapkärçiliksiz garaýardy. Şonuň üçinem her tomus tokaý ýangyn sebäpli zaýalanýardy. Tokaý parkda ýangyn bolýandygyny, oduň barha ýaýraýandygyny polisiýa habar bermek üçin ot-elek bolup ylgap giden saparymam bolupdy. Men ondan ýangyn söndürijileri çagyrmagy haýyş etdim, poliseý bolsa ol ýeriň özüne degişli däldigini, ýagny, öz uçastogyna girmeýändigini perwaýsyzlyk bilen habar berdi. Meniň içim-bagrym dis-diri ýandywe şondan soň tokaýa atly aýlanyp, köpçüligiň emlägini goramak boýunça ýalan komitetiň (bary-ýogybir adamdan

ybarat) roluny ýerine ýetirip başladym. Dogrusyny aýtsam, ilkibada bu işe çagalaryň nukdaý nazary bilen seretmek, meniň kelläme-de gelmändir agajyň düýbünde ot ýakylýanyny gören badyma, huşum başymdan uçýardy. Derrew bidüzgünçiligiň öňüni aljak bolup eňýärdim, ýagny, gowulyk etjek bolup, erbetlik edýärdim. Men oglanlaryň ýanyna gelýärdim-de ot ýakanlary üçin olaryň türmä basylmagynyň mümkindigini duýduryardym hemem gepsiz-gürrüňsiz ody öçürmeklerini talap edýärdim. Eger olar boýun gaçyrsalar, tussag ederin diýip haýbat atýardym. Gepiň küle ýeri, men duýgularyň dowluna düşüp, oglanlaryň näme pikir edýändigi barada pikir etmeýärdim. Netijesimi? Oglanlar göwünsiz hem kineli bolsalar-da alaçsyz boýun egýärdiler. Haçanda men olaryň ýanyndan gidip, depäniň beýle ýüzüne geçen badyma ýaňkylar tokaýyň düýpgöter ýanmagyny isläp, ýene-de ot ýakynýan bolmaly.Ýyllaryň geçmegi bilen men, megerem, adam aragatnaşyklaryndan gowurak baş çykaryp başladym öýdýän: birneme sypaýyçylyklyrak gürleşmäni çykardym, özgeleriň edýän işine şolaryň nukdaý nazary boýunça seretmäge jan etdim. Indi lowurdap ýanyp duran oduň ýanyna baranymda, ody öçürmäge höküm edemok-da, şeýleräk söze başlaýan:

«Wagtyňyzy hoş geçirýäňizmi, oglanlar? Şamlyk naharyna näme taýynlajak bolýaňyz?... Çagakam menem ot ýakmagy gowy görýärdim, dogrusy şindem ýaman göremok. Ýöne parkda ot ýakmagyň gaty howpludygyny bilýäňizmi? Ýöne siziň ýaman iş etmejekdigiňize birjik-de şübhäm ýok. Herhal, hemmeler siziň ýaly äge däl. Başga oglanjyklaryňam gelip, siziň ot ýakynanyňyzy görüp, olaryňam ot ýakynmak islemegi mümkin. Soňra bolsa ody söndürmän öýlerine gaýdarlar. Otdan

guran ýapraklar tutaşyp, agaçlaryňam ot almagy ahmal. Biz gaty ägä bolmasak bu ýerde asla daragt galmazlygam mümkin. Ot ýakanyňyz üçiň siziň türmä düşmegiňizem mümkin. Men naçalniksirän bolup, siziň keýpiňizi bozasym gelenok. Siziň şadyýanlygyňyzy göremde, özümem hezil edýän. Ýöne gaýrat ediň-de, häziriň özünde oduň daşyndaky gury ýapraklary syryşdyrap aýryň, gideňizde bolsa, oduň üstüne gum sürmegi unutmaň. Gumy köpüräk atyň. Indiki gezek bu ýerlere göwün açmaga geleniňizde bolsa, depäniň aňyrsyndaky gumlukda, çukuryň içinde ot ýakynmagyňyzy haýyş edýän. Ol ýeri iň bir howpsuz ýer... Sag boluň oglanlar, wagtyňyzy hoş geçiriň».

Şeýle gürrüňden soň hemme zat başgaça boldy! Çagalarda-da maňa duýgudaşlyk oýandy. Göwün-kine döremedi, hiç hili garagolluk etmediler. Olara buýrugyma tabyn bol diýip hööküm edýän ýokdy. Çagalaryň mertebesine degilmeýärdi. Olaryňam keýpi kökelýärdi, dawany oglanlaryň nukdaý nazary bilen baglylykda edenim üçin, meniňem göwnüm göterilýärdi.

Indi kimdir birine ody söndürmegi ündemezden,öň wannany arassalamak üçin bir banka suwuklyk almagy haýyş etmezden ilki, ýa-da, Gyzyl Haça elli dollar bagyş etmegini soramazdan ileri gözüňizi ýumagadan, ýagdaýa özgäniň nukdaý nazary bilen baha bermäge synanyşmak üçin biraz eglenseňiz gowy bolmazmy? «Näme üçin ol şeýtmeli?» diýen sowaly özüňüze berip görüň. Dogry, munuň üçin wagt gerek bolar, ýöne oňa derek siz dost, gowy netije gazanarsyňyz, hem az sözdür güýç sarp etmek arkaly niýetiňize ýetersiňiz.

Garwardyň söwda mekdebiniň dekany Don hem: «Gerekli adamym bilen duşuşmazymdan öň, oňa näme diýjegimi—onuň gyzygýan zatlaryny, agyz uluňyny bilşime görä — onuňam

maňa näme aýtjagyny örän aýdyň göz öňüne getirmesem onuň kabinetine girenimden, iki sagatlap kontorasynyň agzynda gezenimi ýagşy görýän» diýipdir.

Bu şeýle bir wajyp, şonuň üçinem ikinji gezek gaýtalaýaryn.

**Gerekli adamym bilen duşuşmazymdan öň, oňa näme diýjegimi — onuň gyzyklanýan zatlaryny, agyz ülüňini bilşime görä — onuňam maňa näme aýtjagyny örän aýdyň göz öňüne getirmesem, onuň kabinetine girenimden, iki sagatlap kontorasynyň agzynda gezenimi ýagşy görýän.**

Eger şu kitaby okap, ondan diňe ýekeje zady—özgäniň nukdaý nazaryny hasaba almak bilen ol barada ilgezik pikir etmäni, onsoňam zatlara diňe öz nazaryň bilen däl-de onuňam nazary bilen bakmany oňaryp, kitapdan başga hiç zat alyp galybilmäniňizde-de, eýýäm hut şunuň özi hem siziň derejäňiziň beýgelmeginde wajyp rol oýnap biler.

Şunlukda, eger siz kimdir birini nägile etmän, köňlünde kine galdyrman, onuň pikirini üýtgetjek bolsaňyz sekizinji düzgüni berjaý ediň:

**Zatlara öz gürrüňdeşiňiziň nukdaýnazary bilen seretmäge çynyňyz bilen ymtylyň.**

*Dokuzynjy bap*

# HER KIMIŇ ISLEÝÄN ZADY

Özgeleriň sizi ünsli diňlemegine mejbur edýän, dostlukly ýagdaý döredýän, ähli jedelleri ylalaşdyrýan, ýamany ýagşa öwürýän jadyly dogany bilesiňiz gelýärmi?

Şeýlemi? Ýagşy. Ine ol: «Siziň beýle duýgulary başdan geçirýänligiňiz üçin, men sizi düýbünden köteklämok. Siziň ýeriňize bolan bolsam menem edil siziň ýagdaýyňyzda bolardym» diýiň-de başlaberiň. Şeýle sözler hatda durşuna iňirdi bolup duran nadara garryny hem hökmany suratda ýumşadar. Siz muny halys ýürekden arkaýyn aýdyp bilersiňiz, sebäbi sizem onuň ýerine bolan bolsaňyz, onuň duýýan zatlaryny duýardyňyz. Men muny mysal arkaly suratlandyrmak isleýärin. Kaponeni alyp göreliň. Hamana size Kapone berlişi deý nesil boýunça edil şonuň bedeniniň gurluşy ýaly beden, akyl, ganygyzgynlyk berlenmiş. Siz onuň ýaşan şertlerinde ýaşapsyňyz, durmuş tejribäňizem edil şonuňky ýaly diýeli. Onda sizem üýtgewsiz şonuň ýaly adam bolardyňyz hemem onuň güni siziň başyňyza gelerdi. Sebäbi hut takyk bir ýagdaý diňe şol — ony şeýle adama öwrüpdir.Meselem, näme üçin siz haşyrdap duran ýylan däl? Sebäbi siziň aslyňyz — ata-eneňiz haşyrdap duran ýylan bolmandyr. Siziň sygry ogşamaýanlygyňyzyň we ýylana tagat etmeýänligiňiziň ýeke täk sebäbi, siziň Brahmaputrynyň kenarynda hindi maşgalasyn-da dogulmanlygyňyz üçindir. Siziň şu durkdaky, şeýle adam bolup ýetişmegiňizde hususy goşandyňyz juda azdyr. Siziň ýanyňyza gelen adamyň gaharlylygy, öňden ters

pikirliligi. Akylly-başly oýlanyşmak islemeýänligi, onuň şeýleligi üçin günäsiniň juda azlygyny ýadyňyzdan çykarmaň. Ol garyba rehim ediň. Ony perişan hala goýmaň. Duýgudaşlyk ediň. Jon B. Gof köçe bilen entirekläp barýan serhoş adamy görende, adatça, şeýle eken: «Taňry rehim etmedik bolsa, menem şeýle biri bolardym». Sizem şu sözleri öz ýanyňyzdan gaýtalaň. Siziň ertirki görjek adamlaryňyzyň ýetmiş bäş prosenti duýgudaşlyga garaşýar. Siz duýgudaşlyk etseňiz olaram sizi söýer. Bir gezek men «Kiçijik aýallar» diýen powestiň awtory Luize Mzý Olkotta bagyşlanan radiogepleşikde çykyş etdim. Elbetde, men onuň Massaçusets ştatyndaky Konkorde şäherinde ýaşandygyny, ölmez ýitmez eserlerini hem şol ýerde ýazandygyny bilýärdim. Herhal, men näme diýýänim hakda pikirlenmän, onuň dogduk mekany bolan Nýu-Gempşir ştatyndaky Konkorde şäherinde bolup görendigim barada gürrüň edäýipdirin. Eger men Nýu-Gempşiri bir gezek dilime alan bolsam, onda beýle bir gelşiksizem bolmazdy. Nätjek, men ony iki gezek gaýtalapdyryn. Men dertsiz başymy depirjek äre beren ýaly boldum. Üstüme teýeneli sözlerden doly hatlardyr telegrammalar gelip başlady welin, başym arynyň öýjügine döndi. Hatlaryň köpüsi gaharlydy. Käbiri mertebäňe degýärdi. Öň Massaçusets ştatynyň Konkorde şäherinde ýaşap, häzir Filadelfiýa göçen bir aýal meniň başyma ähli gahar-gazabyny dökýärdi. Hamana diýersiň, men hanym Olkotty Täze Gwineýaly adam iýijilere deňän ýaly, ol maňa diýibilen zadyny diýýärdi. Onuň hatyny okap, öz-özüme şeýle diýdim: «Şeýle aýala öýlenmänim üçin hudaýa ýüz müň şükür!». Oňa hat ýazasym, ýagny, men geografiýa babatda ýalňyşan bolsam,

onuň sypaýyçylyk diýlen zadyň nämedigini bilmeýändigini aýdasym geldi. Hatymyň giriş sözlerini hut şeýle başlamak niýetim bardy. Yzyndanam ol aýal barada näme pikir edýänimi ýaşyrman, agzyma gelenini diýjekdim. Ýöne men muny beýtmedim. Wagtynda özümi ele aldym. Muny her bir göçgünli samsygyňam edip biljekdigine, köplenç halatda samsyklaryň şeýle hem edýändigine düşündim. Men samsyklara görä akyllyrak hereket etmegi ýüregime düwüp, onuň duşmançylykly meýlini dostluga öwürmegiň kül-külüne düşdüm. Bu ýeňil mesele däldi, ýöne men şu zeýilli oýunlar gurmagy halaýardym. «Onuň ýerine özümem bolsam, şeýtmegim mümkin ahyryn» diýen netijä gelip, onuň nukdaýnazaryna düşünmegiň gerekligini boýun aldym. Haçanda indiki gezek Filadelfiýa gelenimde, ol aýala jaň etdim. Biziň gürrüňimiz şeýleräk bolan bolsa gerek:Men: Hanym pylany, siz birnäçe gün mundan öň maňa hat ýazan ekeniňiz. Men şol hat üçin Size minnetdarlyk bildirmek isleýärin.Ol (gowy terbiýe alan terbiýeli aýal sesi bilen): Merhemet ediň-de, kim bilen gürleşmek mertebesiniň miýesser edendigini aýtsaňyzlaň? Men: Biz tanyş däl. Meniň adym Deýl Karnegi. Geçen ýekşenbeleriň birinde Luize Meý Olkott hakynda radioda çykyş edipdim, şonda-da ol Nyu-Gempşir ştatynyň Konkorde şäherinde ýaşapdyr diýip, bagyşlap bolmajak ýalňyşlyk goýberipdirin, şol gepleşigi hem siz diňlän ekeniňiz. Gaty samsyklap ýalňyş goýberen ekenim, şonuň üçin sizden ötünç soramak isleýärin. Siz maňa şol barada hat ýazmak bilen gaty mylakatlylyk etdiňiz. Ol: Beýle äheňde hat ýazanyma gaty ökünýärin jenap Karnegi. Men gatyrak gidäýipdirin. Şoňa görä-de men sizden ötünç soramaly. Men: ÝOk, ýok! Siz däl-de men

ötünç soramaly. Meniň aýdan zadymy hatda mekdep okuwçysy hem aýtmazdy. Men radio boýunça soňky ýekşenbe diňleýjilerden ötünç soradym, indi bolsa hut sizden ötünç soraýaryn. Ol: Men Massaçusets ştatynyň Konkorde şäherinde doguldym. Biziň maşgalamyz iki ýüz ýylyň dowamynda şol ştatyň işlerinde örän wajyp rol oýnady, şonuň üçinem men öz jana-jan ştatyma örän guwanýan. Siziň hanym Olkott Nýu-Gempşirde doguldy diýmegiňiz, meni hakykatdanam gaty gynandyrdy. Şeýle-de bolsa şol haty ýazanyma gaty utanýan. Men: Siz maňa ynanyň, men sizden on esse beter gynandym. Meniň ýalňyşym Massaçusets ştatyna zyýan salmadygam bolsa, özüme duýarlyk zyýan etdi. Siziň ýagdaýyňyzdaky medeniýetli adamlaryň radioda çykyş edýänlere wagt tapyp hat ýazýan pursatlary setanda-seýranda bolaýýan zatdygyna düşünýän, şonuň üçinem radioda çykyş edemde gepleşikde ýalňyşlyk goýberäýsem, siz ýene hat ýazarsyňyz diýip umyt edýärin. Ol: Biler bolsaňyz, siziň eden tankydymy şeýle kabul edenligiňiz, meniň üçin örän ýakymly. Siz gaty mähriban adam bolmaga çemeliňiz. Meniň siz bilen has ýakyndan tanyş bolasym gelýär.Şunluk bilen, ötünç soranlygymyň hem-de onuň nukdaý nazaryna düşünmäge ymtylanlygymyň arkasyndan, onda ötünç soramaga, öz nukdaý nazaryma düşünjek bolmaga höwes döretdim. Men özümi ele almagy başaranlygym hem-de göwnüme degilende mylakatlylyk edip bilenim üçin hoşal boldum. Onuň göwnünden turmagy başarmak bilen, men biçak uly kanagatlanma tapdym. Eger agzymdan gelenini diýen bolsam, köňlüm şeýle karar tapmazdy. Ak tama hojaýyn bolan her bir adam günüň-gününe diýen ýaly adam aragatnaşyklary bilen bagly ynjyk meselelere gabat gelýär. Prezident Taftdanam

bu ýagdaý sowa geçmändir. Ýaramaz duýgularyň döredýän iýiji kislotasyny duýgudaşlyk bildirmek arkaly bitaraplaşdyrmagyň uly ähmiýetiniň bardygyny ol hususy tejribesinde görüpdir. Taft «Gullukdaky edep» diýen kitabynda tamasy çykmadyk şöhratparaz enäniň gaharyny syndyryp bilşi hakynda, örän gyzykly bir wakany ýatlaýar.«Äriniň syýasy abraýy örän gowy bolan waşingtonly bir aýal ogluny bir edaradaky wezipä belletjek bolup, meniň ýanyma alty hepdedenem köpräk wagtlap tutanýerlilik bilen gatnady. Ol gaty kän senatoryň we kongressmeniň öňünden razylygyny alandygyny aýdýardy hem-de olar bilen bile gelip, ýaňkylaryň ogluny dilewarlyk bilen wezipä hödürleýişlerine syn edýärdi. Ýöne ol wezipe ýörite hünär boýunça taýýnlygy talap edýärdi, şonuň üçinem gürrüňi edilýän kärhananyň ýolbaşçysynyň teklibi bilen, oňa başga adamy belledim. Şondan soň ýaňky ýaş ýigidiň ejesinden hat aldym, ol hatda barmagymy gymyldadamda bitjek işi etmänligim hem ony bagtyýar etmek barada aladalanmanym üçin ýaňky meni gadyrbilmezlikde aýyplaýardy. Soňra ol şu zatlara garamazdan,meni aýratyn gaty gyzyklandyrýan zat barada — öz ştatlarynyň delegasiýasyna her taraplaýyn zor salandygy, şonuň netijesinde-de delegasiýanyň ähli çlenleriniň administrasiýa tarapyndan düzülen kanunyň taslamasyna ses berendiklerini öýke bilen habar berýärdi. Men oňa edil öz hatynyň äheňinde minnetdarlyk hatyny ýazdym. Şeýle haty alan halatyňyzda, juda biedeplik eden, ýa-da, beýle gödeklige ýol beren adama gaty käýýäsiňiz geler. Belki-de siz şol bada jogap hatynam ýazarsyňyz. Soňra, eger siz akylly bolsaňyz, ony stoluň tahylynda gizlärsiňiz. Ony iki günden soň çykaryň, — bu şekilli hatlaryň iki gün ýatany üçin hiç zat bolmaz — ana,

şondan soň, siz ol haty ibermersiňiz. Menem ýaňky ýazan hatymy şeýdipdim. Soňra bolsa hat ýazýan stolumyň başyna geçdim-de oňardygymça mylakatly hat ýazdym. Hatymda: ýüze çykan ýagdaý sebäpli ýenede döräp biljek gam-gussa düşünýändigimi, şeýle hem ol wezipä hususy meýlim boýunça hakykatdanam kim-de bolsa birini belläp bilmeýänligimi, oňa hünäri, ýörite taýynlygy bolan adamy saýlamalydygymy, şeýle hem şol kärhananyň ýolbaşçysynyň teklibinem göz öňünde tutmalydygymy ýazdym. Soňundanam oglunyň häzirki wezipesinde-de arzuw edýän derejesine ýetjekdigine ynam bildirdim. Bu onuň ýüregini ýumşadypdyr, ol öňki ýollan haty üçin ötünç sorap hatjagaş iberdi. Ýöne meniň görkezen kandidatym bada-bat tassyklanmady, birnäçe wagt geçenden soň, şol aýalyň äriniň adyndan ýazylan haty aldym. Hat adamsynyň adyndan ýazylan bolsa-da, onuň öňki hatlary ýazan adamyň eli bilen ýazylandygyny bilmek bolýardy. Onda ýaňky iş sebäpli çeken gam-gussasy sebäpli ol aýalyň beýni sistemasynyň işleýşi bozulyp kesel ýatandygy, garnynda düwnük keseliniň döränligi habar berilýärdi. Öňki kandidatyň ýerine ýaňky aýalyň oglunyň kandidaturasynyň goýlup, enäniň aman-sag gutulmagyna kömek etmegimiň gerekligi haýyş edilýärdi. Men ýene bir hat ýazmaly boldum, bu gezek onuň ärine gönükdirilen hatymda goýlan diagnozyň ýalan bolup çykjakdygyna ynam bildirdim, aýalynyň näsaglygy sebäpli çekýän gussasyna duýgudaşlyk etdim, ýöne öňki görkezilen kandidaty aýyrmaga mümkinçiligimiň ýokdugyny habar berdim. Meniň bellän çinownigim wezipesine tassyklandy. Ýaňky diýýän hatymy alanymdan iki gün soň bolsa, Ak tamda konsert boldy. Hanym Taft bilen maňa ilkinji salam berenler şol

är-aýal boldy. Iki gün öň ölüm ýassygynda ýatyr diýilýän aýal äri bilen konserte gelipdir. Megerem, S. ÝUrok Amerikada iň gowy konsert guraýjy agent bolsa gerek. Ol iki on ýyllygyň dowamynda Şalýapin, Aýsedora Dunkan we Pawlowa ýaly dünýä belli artistleriň çykyşlarny gurap geldi. Maňa gürrüň bermegine görä, joşgunly hem talantly bu meşhur adamlar bilen aragatnaşyk saklap Ýurogyň ilkinji öwrenen sapagy, olaryň bolgusyz näzirgemelerine duýgudaşlyk, duýgudaşlyk, duýgudaşlyk we ýene bir gezek duýgudaşlyk bildirmegiň gerekligi bolupdyr. Ol üç ýyllap ajaýyp ýogyn sesli beýik aýdymçylaryň biri bolan, «Metroioliten» opera teatrynyň lojalaryny möwsümleýin satyn alýan millionerleri heýjana salan Fedor Şalýapinis konsertlerini gurapdyr. Şuňa garamazdan, Şalýapin bilen iş salyşmak Ýurok üçinem hemişe çözmesi kyn matal bolupdyr. Ol özüni edil lälik çaga ýaly alyp barypdyr. Ýurok ony häsiýetlendirende, oňa meňzetme tapibilmän: «Ähli meseleler babatda ol adam däldi, nämediginem şeýtan biläýmese, adam ogluna bildirmeýärdi» diýdi.Mysal üçin, agşama konsert bellenen güni sagat on ikilerde Şalýapin ÝUroga jaň edip şeýle diýýärmiş: «Şol, men özümi gaty erbet duýýan. Bokurdagym edil çig kotlet ýaly. Agşam aýdym aýdyp bilmen». Ýurok onuň bilen ýaňkalaşyp başlandyr öýdýäňizmi? Hudaý saklasyn! Ol antropreňýoryň artist bilen ýaňka-ýaňka girmesizdigini bilipdir Ýurok bada-bat Şalýapiniň ýaşaýan myhmanhanasyna barypdyr hem-de oňa oňardygyndan duýgudaşlyk edip başlapdyr. «Wah, büýä bolmandyr diýip, Ýurok perişan hala girer eken. Wah, wah, haý garyp! Elbetde, siz bu ýagdaýda aýdym aýdyp bilmersiňiz. Men häziriň özünde konserti goýbolsun etdirerin. Siz bary-ýogy iki

müň dollar zyýan çekersiňiz. Siziň at-abraýyňyza garanyňda ojagaşdagy nämemiş». Muňa Şalýapin uludan demini alyp, şeýle jogap gaýtarar eken: «Gowsy siz birneme gijiräk gelseňizle. Sagat bäşde geläýiň, hany göreli, biraz bäri bakmazmykam».Sagat bäşde ýene Ýurok myhmahana eňipdir we elinden geldigiçe duýgudaşlyk bildiripdir. Ol ýenede konserti ýatyrmagy towakga edipdir. Şalýapin ýene uludan demini alyp şeýle diýipdir: «Gowusy sen gijiräk gelsene. Belki-de ýagdaýym gowulanar». Ýedi sagat otuz minutda beýik ýogyn sesli diňe bir şert bilen aýdym aýtmaga razylyk beripdir: Ýurok konsert başlanmazyndan öň «Metropoliteniň» sahnasyna çykyp, Şalýapiniň gaty sowuklandygyny, sesine zeper ýetendigini aýtmalymyş. Ýurok beýle etmejegem bolsa, ikiýüzlülik edip razylyk beripdir. Sebäbi beýik aýdymçyny sahna çagyrmagyň şundan başga alajy bolmandyr.Özüniň: «Terbiýäniň psihologiýasy» diýen ajaýyp kitabynda doktor Artur Geýts şeýle diýýär: «Ynsan balasy hemme ýerde duýgudaşlyga teşne. Çaga teniniň berçigen ýerini höwes bilen görkezýär, ýa-da, hatda özi özüniň bir ýerini sypjyryp, gögerdip hemmeleriň oňa duýgudaşlyk bildirmegini isleýär. Edil şu maksat bilen ulularam agyran ýerlerini görkezýärler, betbagtlyga duçar bolan pursatlary barada öz keselleri hakda, aýratynam hirurgiki operasiýalarynyň jikme-jikliklerini gürrüň berýärler. Hakykymy, howaýymy parhy ýok, betbagtlyk üçin «öz-özüňe nebsagyrtmaga çalyşmak, belli derejede hemmelere mahsus häsiýetdir».

Şunlukda, eger siz adamlary öz nukdaý nazaryňyza imrindirmekçi bolsaňyz, dokuzynjy düzgüni berjaý ediň: **Özgeleriň pikirlerine, isleglerine duýgudaşlyk bilen garaň.**

*Onunjy bap*

## HEMMELERIŇ GÖWNÜNDEN TURÝAN ÇAGYRYŞ

Men Missuri ştatynda kemala geldim. Jessi Jeýmsiň ýaşan ýeri hem bizden uzakda däldi. Onuň häzire çenli oglunyň ýaşaýan ýeri bolan Kirnä, Jeýmsleriň firmasyna barmak maňa-da miýesser edipdi.

Onuň aýaly maňa Jessiniň otluda talaňçylyk, banka hüjüm edişi baradaky wakalary gürrüň bererdi. Ol şeýdip gazanan pullaryny, girewlerini tölesinler diýip goňşy fermerlere paýlapdyr.

Megerem, Jessi özüni edil «Gollandiýaly Şuls, Krouli «Iki Pistoletli we  Al Kapone ýaly ideýalist hasaplan bolsa gerek. Sebäbi siziň her bir duşuşýan adamyňyzyň — hatda aýnada görýän adamyňyzyňam özi hakyndaky pikiri ýokarydyr. Şonuň üçinem ol hemmelere, hatda öz-özüne-de ýagşy niýetli, kişi göwün görýän adam bolup görünmek isleýär.

J. Pripont Morgan bir gezek adam häsiýetlerini analiz edende, adamyň ähli bolşunyň, hereketiniň hemişe iki äheňi bardyr: olaryň biri owadan görünmekden, ikinjisi hakyky bolşundan ybaratdyr diýen netijä gelýär.

Hakyky bolşuny adamyň özi hem duýýar. Size oňa daýanmak geregem däl. Ýöne biziň hemmämiziň ýüregimizde idealistlik barlygy üçin owadan görünýän äheňler hakynda pikirlenmegi gowy görýäris. Şonuň üçinem adama täsir etjek bolsaňyz, ony ýagşy niýetli äheňlerden gopdurmaga çalşyň.

Şeýle idealistik usul işjeň aragatnaşyklarda özüni ödärmika? Hany göreliň. «Farrell-Mitçell» kompaniýasyndan bolan

Gamilton J.Farrel (Pensilwaniýa ştaty, Glenolden) bilen bolan waka seredip geçeliň. Farreliň jaýyny kireýine alan nägile eken we «göçjek-göçjek» diýip, ony inkisde goýýarmyş. Ikisiniň arasyndaky şertnamaňam tamamlanmagyna dört aý bar borly. Jaýyň kireýi ýüz elli bäş dollar bolupdyr. Şuňa garamazdan, ýaşaýjy şertnamanyň möhletine garaşman, haýal etmän göçjekdigini aýdypdyr.

«Bu adamlar meniň öýümde bütin gyş kwartirant saklamagyň iň bir gymmat düşýän wagty ýaşadylar — diýip, Farrel bolan wakany auditoriýanyň öňünde beýan edýärdi— Men güýze çenli bu jaýy ýene kireýine bermekligiň kyn düşjegini bilýärdim. Iki ýüz ýigrimi dollardan mahrum boljagyma gözüm ýetip duransoň, näme etjegimi bilemokdym.

Adaty usula eýerjek bolsam, men ol ýaşaýjynyň ýanyna baryp, şertnamany täzeden hasaplamagy maslahat bermelidim. Eger ol göçäýse, onuň maňa galan dört aý üçinem haýal etmän pul tölemeli boljakdygy, ol puly suduň üsti bilenem alyp biljekdigimi, meniň bu mümkinçiligi ulanmagy unutmajakdygymy aýtmalydym.

Ýöne men beýdişip harçaňlaşyp ýörmän, başga usuly synap görmegi ýüregime düwdüm. Şonuň üçinem men şeýleräk äheňde söze başladym: «Jenap Dou, men siziň delilleriňizi diňledim; ýöne barybir göçjekdigiňize hiç ynanyp bilemok. Men kwartiramy birinji ýyl kreýne berip göremok, şonuň üçinem geçen döwrüň içinde kimiň-kimdigini tanarçarak boldum. Özüňiz barada aýtsam bolsa, gören badyma siziň sözüňizde tapylýan adamlygyňyza düşündim. Men muňa jedelsiz ynanýaryn, hatda bu meselede töwekgellik etmäge-de taýýar. Meniň size etjek teklibim şeýle: göçmek meselesini birnäçe gün

yza süýşüriň-de ýene bir oýlanyşyp görüň. Eger siz indiki aýyň birine jaý kireýini tölemäge geleniňizde, henizem göçmek isleýändigiňizi aýtsaňyz, onda men siziň çözgüdiňiziň gutarnyklydygyna kepil geçýärin. Men size göçmäge razyçylyk bererin we siz babatda ýalňyşandygymy boýun alaryn. Herhal, men siziň sözünde tapylýan adamdygyňyza, şertnama boýunça boýnuňyza alan borjuňyzy ýerine ýetirjekdigiňize ynanýaryn. Onsoňam näme, biz ýa-ha, adam bolmalydyrys, ýa-da maýmyn. Ony saýlamagam özümize bagly!

Ine onsoň täze aý başlananda ol jenabyň hut özi gelip jaý kireýini gowşurdy. Ol aýaly bilen oňa maslahat edendigini hem göçmezligi müwessa bilendiklerini aýtdy. Olar şertnamanyň şerti boýunça galmagy ýeke täk dogry çykalga hasap edipdirler.

Häzir dünýäden öten Lord Nortkliff bir gazetde özüniň halamaýan, peçat edilmegini islemeýän suraty çap edilendigini bilende, ol redaktora hat ýazypdyr we ol: «Haýyş edýärin, şol suratymy indikide çap etmäweriň, sebäbi men ony halamok» diýip ýazaýmandyr. Ýok ol has mukaddes sebäp tapypdyr; Ol biziň hemmämizde öz enelerimize-uly hormat hem sylag duýgymyzyň bardygyny bilip, şondanam daýanç gözläpdir. Ol: «Gaýrat ediň-de indi beren şol suratymy çap etmäweriň. Ony meniň ejem halanok» diýip ýazypdyr.

Rokfellerleriň kiçisi Jon D.Rokfellere fotoreportýorlaryň hemişe öz çagalaryny surata düşürjekdigi ýaramandyr hem muny beýtdirmezligi karar edipdir. Olam muny amala aşyrmak üçin has mukaddes sebäp gözläpdir. Ol: «Men siziň çagalarymy surata düşürýänligiňizi halamok» diýmändir. Ol biziň herimiziň kalbymyzda çuňňur ornaşan bir duýga —çagalara zelel berdirmezlik üçin jan çekmek duýgusyna ýüzlenipdir. Ol:

«Oglanlar, siz nämäň-nämedigine gowy düşünýärsiňiz. Käbirleriňiziň özüňizde-de çaga bar. Şoňa görä-de artykmaç meşhurlygyň çagalar üçin haýyr däldigini özüňiz ýagşy bilmeli» diýip ýazypdyr.

Men ştatyndan bolan garyp ýetginjek Seýrus Kertis özüni millioner eden başaýlandyryjy üstünliklerine ýaňy başlan mahallary— «Saterdeýiwning post» we «Leýdiz houm jornel» jurnallarynyň eýesi bolup, ýaňy bulary neşir edip ugrap uçurlary— onuň özge neşirçileriň töleýän gonorary ýaly gonorar tölemäge harajaty bolmandyr. Seýrus Kertisiň birinji klasly meşhur awtorlary diňe pul bilen imrindirmäge mümkinçiligi ýok eken. Şonuň üçinem, ol şeýle adamlaryň has belent duýgularyna täsir etmäge çalşypdyr. Mysal üçin, ol şol mahallar şöhratyň çür başyna çykan Luiza Meý Olkotty hem öz neşiri üçin ýazmaga yrmagy başarypdyr. Ol muny neneňsi edendir öýdýärsiňiz? Luiza Meý Olkott haýyr-sahawat edaralarynyň birine has ýygyrak sadaka berýän eken. Ýaş neşirçi şol edara onuň adyndan ýüz dollar sadaka ibermegi wada bermek bilen, bu işiň hötdesinden gelipdir.

Ýöne şu ýerde kejenegiň: «Baý-boow, munuň ýaljak zatlar Nortkliff, Rokfeller, ýa-da, sentimental romanlary ýazýan aýal üçin ýagşy tär bolmagy mümkin. Hany, siziň meniň iş salyşýan adamlaryma — ýedi derýaň suwuny içenlere şeýle usul bilen täsir edip bilişiňizi bir göreýin. Päheý!» diýmegi mümkin.

Belki-de siziňki dogrudyr. Sebäbi her bir ýagdaýda, her bir adam üçin ulanar ýaly uniwersal tär ýok. Eger siziň häzirki netijeleriňizden göwnüňiz hoş bolsa, onda ony üýtgetjegem bolup durmaň. Eger-de göwnüňiz hoş bolmasa, näme üçiň synag edip görmeli dälmişin?

Meniň Jeýms L. Tomas diýen bir diňleýjim bolupdy. Häzir men size onuň baş alyp çykan bir wakasy hakynda gürrüň bermekçi. Megerem, ol siziň göwnüňizden tursa gerek.

Haýsydyr bir awtomobil firmasynyň alty müşderisi edilen hyzmat üçin sçýot boýunça pul tölemekden boýun gaçyrypdyr. Olaryň hiç biri sçýoty umuman iňkär etmändir-de, onuň haýsydyr bir punkty ýalňyş ýazylan hasap edipdir. Ýöne müşderileriň hemmesi sçýota gol çekendikleri üçin, firma özüniňkini dogry bilip, olardan pul talap edipdir. Ine, şu-da onuň birinji ýalňyşlygy bolupdyr.

1. Firmanyň işgärleri müşderileriň her biriniň ýanyna baryp, birçak möhleti geçen sçýot üçin pul almaga gelendiklerini aýdypdyrlar.

2. Şeýtmek bilen olar firma doly hem gürrüňsiz dogry hereket edýär, müşderi bolsa doly hem gürrüňsiz ýalňyş hereket edýär diýen düşünje beripdirler.

3. Olar awtomobil babatda müşderiniň düýşüne girmejek zatlaryň, firma üçin aýandygyny syzgyn beripdirler. Ýeri, onsoň bu ýerde nähili jedel bolup biler?

4. Netijede: olar jedeli dowam etdiripdirler. Heý, şu tärleriň biri müşderini sçýot boýunça pul tölemelidigine ynandyrypmy? Bu sowala siziň özüňiz jogap beriň.

Jedel şu kadda ýetende, kredit boýunça uprawlýaýuşiý bir polk ýuristi kömege çagyryp, garşydaşlarynyň üstüne ot açmaga taýyn eken, ýöne olaryň bagtyna iş baş direktoryň eline düşäýýär. Ol bergidarlar  maglumat ýygnap başlapdyr, görse, olaryň hemmesi haýal etmän sçýotlary töleýän adamlar bolup çykypdyr. Diýmek, nämedir bir zat bolupdyr — bergidardan bergini almak täri boýunça düýpli bir ýalňyşlygyň

goýberilendigini baş direktor aňşyrypdyr. Ol Jeýms L. Tomasy çagyrypdyrda oňa puluny alyp bolmaýan sçýotlary tabşyryp, ony bergidarlaryň üstüne ýollapdyr.

Tomasyň tapan tärleri şu aşakdakylardan ybarat:

1. Her bir bergidaryň ýanyna baranymda, — diýip, Tomas gürrüň berýär — meniňem maksadym birçak möhleti geçen sçýotlary töletdirmekden ybaratdy. Talabymyzyň dogrulygyna meniňem şübhäm ýokdy ýöne men bu barada birjik-de dil ýarmaýardym. Men firmanyň haýsy işi edip haýsy işi hem etmändigini anyklamak üçin geldim diýip aýdýardym.

2. Men müşderini diňlemän, öz pikirimi aýdyp bilmejekdigimi syzgyn berýärdim. Bu meselede firmanyň akja jüýje bolmaga ymtylmaýandygyny düşündirýärdim.

3. Men diňe onuň awtomobili bilen gyzyklanýandygymy, ony hem eýesinden gowy bilýäniň dünýäde ýokdugyny, bu meselede müşderiniň aýdany-aýdan, diýeni-diýen bolmalydygyny aýdýardym.

4. Men müşderä gürlemäge gezek berýärdim, özümem onuň isleýän hem garaşýan duýgudaşlygydyr gyzyklanmalaryny bildirip, ony diňleýärdim.

Netijede, müşderiniň ýeli ýatyşyp, sagdyn pikirlenip ugran mahaly, onuň duýgularynyň adalatlydygyny belläp, men öz işim barada aýdyp başlaýardym. Hem-de mümkin boldugyndan sypaýyçylykly gepleýärdim. «Birinjiden, — diýip, men düşündirişe geçýärdim,— bu ýerde dogrudanam bir düşünmezlige ýol berlipdir. Biziň işgärlerimiziň biri sizi gelşiksiz ýagdaýa salypdyr, gaharyňyzy getiripdir, ýüregiňize düşüpdir. Şeýle ýagdaýyň ýüze çykmagy biziň üçin gowy däl. Bolup geçen ýagdaý üçin firmanyň wekili hökmünde gynanç

bildirýärin hem-de ötünç soraýaryn. Haçanda men bu wakany öz agzyňyzdan eşidemde, siziň paýhaslylyk bilen özüňizi saklandygyňyza ýürekden ynandym. Indi bolsa, siziň adalatly hem durnukly adamlygyňyzy nazara almak bilen, men sizden özüm üçin käbir zatlary etmegiňizi haýyş etmekçi bolýaryn. Sebäbi haýyş etmekçi bolýan zadymy siz başga her bir adamdan gowy bitirip biljek, siz ol barada islendik başga adamdan gowy bilýärsiňiz. Ine, siziň sçýotyňyz: «Men siziň ýüpüňize odun goýup boljakdygyna doly ynanýan, şonuň üçinem siz ony edil biziň firmamyzyň prezidenti hökmünde barlaň. Men meseläni siziň özüňiziň çözmegiňizi isleýän. Siz näme diýseňiz, şolam biz üçin kanun bolar».Ol sçýoty barladymy? Hawa-la, özem keýp edip barlady. Sçýotlar 150 den 400 dollara çenlidi, ýöne müşderiler meseläni öz peýdalary üçin çözdümi? Hawa, olaryň biri şeýle etdi. Olaryň biri jedelli mesele boýunça ýekeje sent hem tölemek islemedi, ýöne galanlary meseläni firmanyň peýdasyna çözdi! Munuň has gowy tarapy hem: şu wakanyň bolanyndan soňky iki ýylyň dowamynda biz ýaňkylaryň altysyndanam täze maşyn zakaz aldyk!».«Eger müşderi barada hiç hili maglumat tapmak mümkin bolmasa, ýeke-täk ynamdar ýol — olam ony ýürekdeş, dogruçyl, adam, hemem eger sçýotyň dogrulygyna ynanýan bolsa, bermeli puluny höwes bilen tölemäge taýyn adam saýmakdan başga çykalganyň ýokdugyny meniň tejribäm görkezdi — diýip, Tomas gürrüň berýär. — Bu pikiri başgarak, has takygam aýdyp boljak: adamlar öz ýanlaryndan özlerini päkgöwünli hemem boýunlaryna alan borçlaryny ýerine ýetirmek üçin aladalanýan kişi saýýarlar. Örän az sanly adamlar şu kada eýermeýärler. Hatda aldawçylyga ýykgyn edýän adam hem eger özüniň hoşgylaw,

adalatly, halal saýylýandygyny bilse, köplenç halatda şol ynamy ödemek üçin çalyşýar».

Şunlukda, eger siz adamlary biziň nukdaýnazarymyza imrindirmekçi bolsaňyz, iň gowusy onunjy düzgüni berjaý ediň:

**Gürüňdeşiňizi has adamkärçilikli äheňlere ýykgyn etdirmäge çalşyň**.

*On birinji bap*

## KINODA RADIODA ŞEÝDÝÄRLER, ONDA NÄME ÜÇIN SIZ ŞOŇA ÖÝKÜNMEÝÄRSIŇIZ?

Birnäçe ýyl mundan öň «Filadelfiýa iwning bulleting” gazeti barada ýamanlykly gybat ýaýrap başlady. Ony abraýdan düşürýän gürrüňler edilip başlapdy. Bu gazetde bildirişleriň juda köp berilýänligi, täzelikleriň bolsa diýseň az çap edilýänligini, şonuň üçinem okyjylaryň gazete imrinmeýändigi hakda reklama berijilere aýdýardylar. Haýdan-haý munuň çäresini tapmak gerek boldy. Gybatyň öňüni almak gerekdi.

Nädip?

Ine, şeýdip onuň öňüni aldylar.

Adaty günleriň birinde redkollegiýa gazetiň nobatdaky sanyndan reklama degişli bolmadyk ähli materiallary üýşürip, janrlary boýunça saýlap, tertipleşdirip, ony kitap görnüşde çap etdi. Kitaby «Bir gün» diýip atlandyrdylar. Ol 307 sahypa, ýagny, iki dollarlyk kitabyň möçberine deňe-deň bolupdyr. Şuňa garamazdan, şu materiallar, makalalar, oçerkler we beýleki edebi eserler gazetiň bir nomerinde çap edilip, onuňam her ekzemplýary iki dollardan däl-de iki sentden satylypdyr. Agzalan kitabyň çykarylmagy, gazetde okar ýaly gyzykly materiallaryň ummasyz köp berilýändigini jemagata aýdyň görkezdi. Ol dogruçyl faktlary getirmek bilen materialyň gyzykly hem düşnükli bolmagy üçin ýönekeý beýan ediş usulyny ulanýardy. Saplary köp ulanyp, okyjyny tukatlandyrmaýardy. Kennet Gud bilen Zenp Kaufmanyň «Reklamanyň we biznesiň sungaty» diýen kitabyny okap

görseňiz, siziň öňüňizde haýran galarlykly kartina emele geler. Siz reklamanyň ussatlarynyň işleýşini, olaryň kassany doldurmaga neneňsi kömek edýändiklerini görersiňiz. «Elektrolýuks» firmasynyň magazininde holodilnikler satylýan bölümiň satyjylarynyň öz harytlarynyň sessiz işleýändigini subut etmek üçin müşderileriň gulagynyň ýanynda duýman durka otluçöp çakýandyklary... barada kitapda gürrüň berilýär. «Sirs, Robak» firmasyndan firmanyň adaty nyrhy boýunça 1 dollar 95 sente Anna Sözerniň awtografy bilen bir şlýapa alyp, özüňizi neneňsi görnükli şahsyýet hökmünde görkezjegiňizi gözöňüne getiriň!.. Jorj Uellbaumyň aýtmagyna görä, magaziniň witrinasynda hereketlenýän reklama işläp başlandan soň müşderileriň sany segsen prosent azalýar... Persi Uaýtingiň her biri bäş ýyl mundan öň müň dollara durýan aksiýalaryň iki spisogy müşderilerine görkezip, bahaly kagyzlary satyşyny neneň görýäňiz?.. Ol müşderilerden: «Haýsy spisokdaky aksiýalary satyn almak isleýärsiňiz?» diýip soraýar. Birinjidenmi, ikinjiden? Ýöne häzirki bazar nyrhy boýunça, spisoklaryň birindäki aksiýalar gymmat satylýar. Ol haýsydyr öýdýärsiňiz? Elbetde, özüniňki. Adamlaryň bilesigelijilik taryna kakmak arkaly, ol müşderileri özüne imrindirmegi başarýar. Mikki Mausyň ýeserlik bilen ensiklopediýa girişini we onuň adynyň oýnawaçlara ýazylmagynyň fabrigi garyp galmakdan halas edenligi neneň?.. «Istern erlaýns» awiasiýa kompaniýasynyň «Duglas» atly reýse gidýän samolýotyň hakyky priborlary goýlan serginiň witrinasynyň gabadyndaky ýanýola jemagaty ýygnamaklarynyň sebäbi nämedir öýdýärsiňiz?.., Garri Aleksanderiň bäsdeşidir öz harydynyň arasynda boksýorlaryň ýaryşyny göz öňüne getirmek arkaly

beryän radioreportajynyň üsti bilen özüne müşderi tapynyşyny nähili görýäňiz?.. Projektoryň şöhlesi kondiser önümleri satylýan magaziniň witrinasyna tötänleýin düşen mahaly, onuň alyjylarynyň iki esse köpelişi nähili?.. «Kraýslar» awtomobil firmasynyň öz maşynlarynyň berkligini görkezmek üçin olara piliň şeknlini goýşuny neneň görýäňiz? Nýu-ýork uniwersitetinden bolan Riçard Borden bilen Alwin Buss söwda agentleriniň on bäş müň interwýusyny analiz edipdirler. Olar «Jedelde nähili ýeňmeli» diýen kitap ýazypdyrlar, soňra bolsa şol ideýalary «Söwda ussatlygynyň alty prinsipi» diýen leksiýalarynda beýan edipdirler. Şol leksiýaňam soňra ekranlaşdyrypdyrlar. Film iri söwda korporasiýalarynyň ýüzlerçesinde haryt ýerleşdiriji agentlere görkezildi. Awtorlar diňe bir öz barlaglarynyň netijesinde ýüze çykan prinsipleri düşündirmek bilen oňman, olary sahnada suratlandyrmagy, ýagny oýun arkaly görkezmegi hem başarypdyrlar. Olar neneňsi satmalydygny we neneňsi bolmaly däldigini auditoriýa dialoglar arkaly gerkezýärler. Biziň döwrümizde hakykaty ýöne aýdyp geçmek ýeterlik däl. Hakykaty janlandyrmaly, gyzyklandyrmaly we göze görünerlikli etmeli. Size düşnükli reklamadan peýdalanmagy öwrenmek gerek. Kinoda-da, radioda-da şeýle edýärler. Şonuň üçinem iliň ünsüni çekmeli bolsaňyz, sizem şeýle etmeli bolarsyňyz.Witrina bezegi boýuna hünärli adamlar satýan harydyňy täze görünerlikli etmegiň, oňa müşderiniň ünsüni çekmegi başarmagyň çensiz peýdalydygyny bilýärler. Mysal üçin, alaka üçin täze awy çykaran fabrikantlar magazinleri witrina bezeginiň kompleksi bilen üpjün etdiler. Şol komplekse iki sany diri alaka-da girýärdi. Magazinlerde alakalaryň görkezilen hepdesinde

söwda öňkülerden bäş esse ösüpdir.«Amerikan ýikli» jurnalynyň işgäri Jeýms B.Boýnton bazaryň ýagdaýy hakynda giňişleýin hasabat düzmeli eken. Onuň müşderi firmasy ýaňy-ýakynda örän köp alynýan kremiň näme üçin meşhurlygyny jikme-jik öwrenen eken. Agzalan harydyň bazarda bahasy aşak düşer diýen gorky emele gelensoň, şol barlagda ýüze çykarylan netijeler gaty gyssagly gerek bolupdyr. Boýntonyň müşderisi bolsa reklama işi boýunça gaty abraýly hem uly kişileriň biri eken. Birinji gezekde Boýnton şowsuzlyga uçrapdyr. «Haçanda men birinji gezek onuň ýanyna baranymda, onuň meni esasy meseleden bir gapdala sowýandygyny duýdum— diýip, Boýnton gürrüň berýär. Barlagyň çetijesi hakynda gürrüň etmegiň deregine, gürrüň onuň nähili usulda geçirilendigi hakdaky meselä syrygýardy. Jogapdan göwnüm hoş bolman, meseläni takyklajak bolsamam, gürrüňimiz netijesiz jedele ýazýardy. Olam jedel edýärdi, menem. Ol maňa meniň ýalňyşýandygymy aýdýardy, menem özüminkiň dogrulygyny subut etjek bolýardym. Ahyryn men jedelde ýeňdim.Ýöne munuň üçin işim bitmedi-de diňe öz göwnüm hoş boldy,sebäbi meniň wagtym gutarypdy, gazanan netijämem ýokdy.Indiki gezek baramda tablisadan we sanlardan gaça durmagy ýüregime düwüp bardym. Men ol adamyň ýanyna baramda, öňi bilen täsir galdyraýjak bir hereket etdim. Haçanda, men baranymda ol telefonda gepleşip durdy. Men onuň gürrüňiniň gutararyna garaşman, çemedanymy açdym-da, onuň hat ýazýan stolunyň üstünde otuz iki gap kremi düzüp goýdum. Olar hil-hildi, ýöne hemmesi hem oňa tanyşdy,sebäbi bu kremler onuň bäsdeş firmasynyň önümidi..Men her gabyň ýüzüne söwda analiziniň netijesiniň jemi ýazylan ýaglyjak

ýelmäpdim. Her ýaglyga-da gysgaça, ýöne gyzyklyja edip şol harydyň taryhyny ýazypdym». «Soň näme bolandyr öýdýärsiňiz?».«Soňra hiçhili jedel ýüze çykmady. Ýagdaý düýpgöter üýtgäp, göýä ikimizem täze adam ýaly bolduk oturyberdik. Ol ilki kremiň bir gabyny, soňra ikinji gabyny eline alyp gördi soňra ýaglyjaklardaky ýazgylary okamaga başlady.Şeýdibem dostlukly gürrüň başlady. Ol ýaglykda okanlarynyň üstesine-de sowal berip, çynlakaý gyzykýanlygyny aňdyrdy. Ilkibaşda ol meniň faktlary aýtmagym üçin on minut wagt beripdi. Ilki on minut geçdi, soňra ýigrimi, kyrk, ahyry bir sagat geçende-de biziň gürrüňimiz dowam edýärdi.Men şu gezegem hut şol öňki faktlary getiripdim. Ýöne bu gezek men ony örän tesirli hem gürrüňdeşimiň ünsüni çeker ýaly etmegi başardym. Görşüňiz ýaly, tapawut gaty uly boldy».

Şunlukda, eger siz adamlary öz nukdaýnazaryňyza imrindirmekçi bolsaňyz, on birinji düzgüni berjaý ediň:

**Öz ideýalaryňyzy dartgynly halda, ünsi çekerlik derejede ile ýetirmegi öwreniň.**

*On ikinji bap*

# EGER BAŞGA HIÇ ZAT TÄSIR ETMESE, ŞUNY SYNAG EDIŇ

Çarlz Şwaba degişli zawodda bir sehiň naçalnigi bolupdyr, oňa degişli işgärler smena tabşyrygyny doldurmaýan eken.«Bu nämäniň alamaty? — diýip, Şwab sorapdyr. — Siziň ýaly işeňňir adam tabşyrygy ýerine ýetirmese nähili bolar?».«Men-ä bilmedim — diýip, injener jogap beripdir, — işletjek bolup menem-ä jan edýärin, käýýäp, sögüp, işden çykararyn diýip, haýbat atybam gördüm. Ýöne netije berenok. Görýän welin olaryň il ýaly işläsi gelenok».

Bu gürrüň günüň ahyrynda, smena çalşyljak uçurlarda bolupdyr.Şwab: «Maňa bir bölek hek beriň — diýipdir-de, beýleki işgäre tarap öwrülip: «Siziň smenaňyz şu gün näçe ergin berdi?».

«Alty».

Şwab başga bir sözem diýmän, hek bilen ýere ullakan altylyk ýazyp gidipdir.

Haçanda agşamky smenanyň adamlary gelende, olar «altylygy» görüp, onuň nämäni anladýandygyny sorapdyrlar.

«Şu gün hojaýynyň özi geldi, diýip, gündizki smenanyň işgärleri jogap beripdirler. — Ol biziň näçe ergin berenimiz bilen gyzyklandy, bizem «alty» diýdik. Olam ony pola ýazdy».

Ertesi Şwab ýene-de polat eredilýän sehe gelipdir. Agşamky smena «6»-lygy bozup, onuň ýerine ullakan «7»lik ýazyp gidipdir.

Gündizki smenanyn işgärleri işe gelenlerinde, polun ýüzüne

ýazylan ullakan «7»-ligi görüpdirler. Bä, görýäs welin agşamky smena özüni gündizkiden artyk saýmakçy bolýar. Hany, göreli! Biz size kimiň-kimdigini görkezeris. Olar hyjuw bilen işe girişipdirler. Agşam işden gidenlerinde bolsa, ullakan tekepbir «10»-lugy pola ýazyp gidipdirler. Depgin güýçlenip başlapdyr.

Tiz mahaldan, bu yzagalak seh polat eretmekde zawodyň ähli sehlerinden öňe saýlanypdyr.

“ basdeşlikmi?”.

Gowsy, Çarlz Şwabyň özüne söz bereliň: «Işi ýöretmegiň iň gowy täri, bäsdeşligi goldamak. Men bu ýerde diňe öz peýdaňy bilmegi göripligi däl-de, diňe birek-birekden sagdyn ozmagy göz öňünde tutýaryn».

Birek-birekden sagdyn ozmak näme? Gijjelemekmi? Bilekleri çyzgap göreşe çykmakmy? Ruhy taýdan güýçli adamlara täsir etmegiň ýalňyşsyz usuly!

Eger Teodor Ruzweltiň gapdalyndaky bäsdeşi oňa täsir etmedik bolsa, ol hiç haçanam Birleşen Ştatlaryň prezidenti bolmazdy (1998-nji ýylda bolup geçen ispan-amerikan urşunda «Çalasyn atlylar» diýen atly polkuň komandiri bolan... — Redaksiýanyň belligi) Teodor Ruzwelt ýap-ýaňy Kubadan dolanyp gelipdi we Nýu-ýork ştatyna Gubernatorlyga kandidat görkezilipdi ýöne syýasy garşydaşlary ony ýuridiki nukdaý nazardan bu ştatyň ýaşaýjysy däl hasap etdiler. Mundan gorkan Ruzwelt öz kandidaturasyny gaýtaryp almaga taýyndy. Şonda Tomas Koler Platt ony gijjeledi. Ýaňky birden-birä Ruzwelte tarap öwrüldi-de:«San-Huan belentliginiň gahrymany beýle gorkakmy?» diýip gaty sesi bilen gygyrdy.

Ruzwelt göreşi dowam etdi — soňky bolup geçen wakalary bolsa taryh menden gowy bilýär. Ruzweltiň şondaky

gijjelenmegi diňe onuň durmuşyna däl-de, biziň ýurdumyzyň taryhyna-da öz täsirini ýetirdi.

Çarlz Şwab gijjelemegiň nähili güýçli täsiriniň bardygyny bilipdir. Ol güýç Boss Platta hem, El Smite hem mälim bolupdyr.

Nýu-Ýork ştatynyň gubernatory bolup ýörkä El Smit şu zeýilli meseläniň üstünden barypdyr. Dewils-Aýlenden günbatarda iň bir ýaramaz şöhrat gazanan Sing-Sing türmesiniň şol wagt naçalnigi ýok eken. Türmäniň diwarlaryndan bolsa her hili gybatlar hem erbet gürrüňler syrygyp ile ýaýraýan eken.

Smite Sing-Sing türmesini edara eder ýaly güýçli, demir ýaly adam gerek bolupdyr. Beýle adamy nireden tapjak? Smit Nýu-Gemptondan Lyos Louesy saýlapdyr-da, bir gün ony ýanyna çygyrypdyr hem:

«Siz Sing-Sing türmesine naçalnik bolmagy neneň görýärsiňiz. Ol ýere örän tejribeli adam gerek» —diýipdir.

Louesiň dili tutulypdyr. Ol Sing-Sing türmesine naçalnik bolmagyň howatyrlydygyny bilýän eken. Bu wezipä bellenmegiň syýasy häsiýeti bolup, olam syýasy ýagdaýyň erbetliginden gelip çykýan eken. Naçalnikler gelip-geçip durupdyr — biri bolsa diňe üç hepde saklanyp bilipdir. Louese geljekki ösüşi hakynda-da pikir etmek gerek eken. Töwekgelçilik edeniňe degýärmi?

Onuň ikirjiňlenýänini duýan Smit ýylgyryp ýerinde arkanrak gaýşarypdyr-da: «Gorkanlygyňyz üçin men sizi köteklämok, ýagşy ýigit. Bu howatyrly kär beýle hünäre geçip, onda saklanmak üçin gaty güýçli adam bolmak gerek» — diýipdir.

Görşüňiz ýaly, Smit ony gijjeläp goýberipdir. Şeýle dälmi? Güýçli adamyň gerek ýerinde işlemeklik Louese-de ýarapdyr.

Şunluk bilen ol bu käri eýeläpdir. Ol kärde saklanmagy hem başarypdyr. Üstesine-de ýöne bir saklanmagam däl, şu mahala çenli bolan naçalnikleriň iň bir şöhratlysy bolupdyr. Onuň «20 müň ýyl Sing-Singde» diýen kitabynyň ýüz müňlerçe ekzemplýaryny ilat tiz satyn aldy. Ol radioda-da çykyş ederdi. Onuň türme durmuşy baradaky hekaýatlary onlarça Kinofilmleriň sýujeti boldy. Onuň jenaýatçylary «adamsöýüjileşdirmegi» bolsa gudrat döredip, soňra türme reformasyna girdi.

Şöhratly «Faýrstoun taýr end rabber kompaniýasyny» dörediji Harwi S. Faýrstoun şeýle diýipdir: «Diňe aýlyk bilen gowy, ökde hünärli işgär saýlap hem saklap bolýanlygyny hiç haçan göremok. Meniň pikirimçe, bu meselede esasy zat — oýun guramakdyr...»

Işinde üstünlik gazanmak isleýän her bir adam bu özboluşly oýny gowy görýär. Ol oýun öz ukyplaryny, nämäni başarýanlygyňy ýüze çykarmaga, artykmaçlyklaryňy görkezmäge, ýeňmäge mümkinçilik berýär. Her hili ýaryşlaryň meşhurlygy hut şunuň üçindir. Ýaryş mahalynda ökde çykmak islegi döreýär. Öz şahsy ähmiýetiňi duýasyň gelýär.

Şunlukda, eger siz ruhy güýçli, edermen adamlary öz nukdaýnazaryňyza imrindirjek bolsaňyz on birinji düzgüni berjaý ediň:

**Gijjeläp, çetine degip, oýun guraň.**

***Netije:*** **Berjaý eden halatyňda, adamlary öz nukdaý nazaryňa imrindirip bolýan on iki düzgün**

**1-nji düzgün** Jedelde üstün çykmagyň ýeke-täk usuly—ondan gaça durmakdyr.

**2-nji düzgün** Gürrüňdeşiňiziň pikirine hormat goýuň. Hiç haçan ynsana: siziňki nädogry diýmäň.

**3-nji düzgün** Eger siziňki dogry bolmasa, ony tiz we üzül-kesil boýnuňyza alyň.

**4-nji düzgün** Ilkibaşdan dostlukly äheňi saklamaga çalşyň

**5-nji düzgün** Gürrüňdeşiňizi bada-bat «hawa» diýip jogap bermäge mejbur ediň.

**6-njy düzgün** Goý, wagtyň köp böleginde gürrüňdeşiňiz gürlesin.

**7-nji düzgün** Goý, gürrüňdeşiňiz sizden çykan pikiri özüniňki hasap etsin.

**8-nji düzgün** Zatlara öz gürrüňdeşiňiziň nukdaý nazary bilen seretmäge, çynyňyz bilen ymtylyň

**9-njy düzgün** Özgeleriň pikirlerine, isleglerine duýgudaşlyk bilen garaň

**10-njy düzgün** Gürrüňdeşiňizi has adamkärçilikli äheňlere ýykgyn etdirmäge çalşyň

**11-nji düzgün** Öz ideýalaryňyzy dartgynly halda, ünsi çekerlik derejede ile ýetirmäni öwreniň.

**12-nji düzgün** Gijjeläp, çetine degip, oýun guraň.

# Dördünji bölüm

# BERJAÝ EDEN HALATYŇDA, GÖWNÜNE DEGMÄN, ÖÝKELETMÄN ADAMA TÄSIR EDIP BOLÝAN DOKUZ DÜZGÜN

*Birinji bap*

## ADAMYŇ KEMÇILIGINI AÝTMAGA MEJBURY BOLAN HALATYŇYZDA ONY NÄMEDEN BAŞLAN GOWY

Kelwin Kulij döwründe meniň dostlarymyň biri ak tama şenbe, ýekşenbe günleri dynç almaga çagyrylypdyr. Ir bilen ýaňky tötänleýin prezidentiň kabinetine girende, Kulijiň ýaş sekretar gyza: «Bu günki geýen köýnegiňiz örän gowy gelişýär, siz biçak owadan görünýärsiňiz» diýip duranyny eşidipdir. Bu dymma Kelwiniň bütin ömründe, irde-giçde öz sekretaryna aýdan iň ajaýyp öwgüsi bolsa gerek. Ol sekretar gyz üçin örän täsin hem juda garaşylmadyk öwgi bolupdyr. Şonuň üçinem ol görgüli utanjyna zörledip aglaberipdir, welin Kulij dillenip:«Utanmaň, muny siziň göwnüňizi götermek üçin aýtdym. Indi bolsa men siziň geljekde dyngy belgilere üns bermegiňizi isleýän» — diýipdir.

Onuň täri, megerem, käbir derejede ýöntemräk, ýöne çemeleşişi,welin ajaýyp. Eger öz artykmaçlyklarymyz hakynda öňünden aýdylan bolsa, soňundan halamaýan zatlarymyzam diňlemek, hemişe bize ýeňil düşýär.

Dellek müşderiniň sakgalyny syrmazdan öň, ony sabynlaýar.

1896-njy ýylda prezident saýlawyna gatnaşan Mak-Kinli hem hut şeýle edipdir. Respublikan partiýanyň şol döwürdäki görnükli wekilleriniň biri onuň saýlawyň öň ýanyndaky nobatdaky çykyşynda sözlejek sözüni ýazyp beripdir awtoryň pikiriçe-hä Siseron, Patrik Genri we Deniel Uebster dagyny birleşdirip şeýle çykyş taýýarlatsaňam onuň taýýarlanyndan az-kem kemter kakjakmyş. Ol taýýarlan çykyşyny Mak-Kinlä uly joşgun bilen okap beripdir. Dogry, onuň gowy ýerlerem barmyşyn, ýöne umuman alanyňda çykyş etmäge ýarajak dälmişin. Sebäbi ol sözden soň, tankydyň çabga ýaly ýagjagy görnüp durmuş. Mak-Kinli awtoryň mertebesine degmezlige çalşypdyr. Onuň joşgunly höwesini basmak gelşiksiz bolupdyr. Şuňa garamazdan, Mak-Kinli hem «ýok» diýmäge mejburmyşyn. Onuň muny näderejede ussatlyk bilen başarandygyna syn ederis.

«Dostum, bu örän gowy çykyş, ajaýyp ýazylan zat — diýip, Mak-Kinli söze başlapdyr. — Hiç kim şundan gowy ýazyp bilmez. Şeýle tekst bilen çykyş etseň, köp ýerde ýerine düşerdi, ýöne ony edil häzir okasak ýerine düşermikä? Siziň nukdaýnazaryňyz boýunça, oňa berilmeli äheň berlenem bolsa, men partiýanyň öňünde borçly bolanym üçin, aýdan sözümiň oňa etjek täsirini hökmany suratda göz önünde tutmaly, häziriň özünde öýüňüze gidiň-de, meniň göz öňünde tutýan zatlaryma daýanyp, başga çykyş taýýarlaň. Onuň bir nusgasynam maňa ýollaň».

Awtor şeýle-de edipdir. Mak-Kinli özüne berlen nusgany okap, oňa gök galam bilen bellikler edip, awtora çykyşyň täze wariantyny taýýarlamaga kömek edipdir. Şunuň netijesinde ol saýlaw kompaniýasy döwründe iň meşhur oratorlaryň biri

bolupdyr.

Ine bu bolsa Awram Linkolnyň mirasyndan bolan ikinji şährätly hat (Iň şöhratlysy — onuň söweşde bäş ogly wepat bolan hanym Biksbiýe gynanç bildirip ýazan hatydyr). Megerem, Linkoln ony bäş minutda ýazan bolsa gerek, şuňa garamazdan, 1926-njy ýylda bolan açyk auksionda ol on iki müň dollara satyldy. Gepiň gerdişine görä aýtsak, bu pul Linkolnyň ýarym asyrlap agyr zähmet çekip toplan pulundan kändir.

Agzalan hat 1863-nji ýylyň 26-njy aprelinde Grajdanlyk urşunyň kyn döwründe ýazylypdyr. On sekiz aýyň dowamynda Linkolnyň generallary demirgazyklylaryň goşunyny bir tragiki ýeňlişden beýlekä alyp barypdyrlar. Netijesiz hem samsyk gan dökülşikden başga gazanan zatlary bolmandyr. Halk gorky astynda bolupdyr. Müňlerçe esger gaçgaklyga ýüz urupdyr. Hatda respublikan partiýanyň çleni bolan senatorlaram nägile bolup, Linkolny Ak tamdan kowmak isläpdirler. «Biz häzir ölümiň gyrasynda durus. Göwnüme bolmasa, ähli zada ygtyýar edýän Taňry hem bize garşy ýalak — diýip, Linkoln aýdypdyr. — Men häzir niredendir bir ýerden arzuw uçgunynyň ýagty saçmagyna bil baglap bilemok». Ine şu ajy göwnüçökgünlik hem aljyraňňylyk döwründe agzalan hat dünýä inipdir.

Men ony şu ýerde getirýänimiň sebäbi, bu hat bütin milletiň ykbaly onuň etjek hereketine bagly bolup biljek goşun komandirine, bir nadara generala Linkolnyň nähili täsir etjek bolandygyny görkezýär.

Megerem, bu hat Linkolnyň prezident döwründe ýazan ähli hatlarynyň içinde iň bir gaharly ýazan haty bolsa gerek. Şuňa garamazdan, onuň general Gukeri erbet ýalňyşlyklary üçin

köteklemezden öň öwişine syn kylyň.

Hawa, ol ýalňyşlyklar gaty erbet ýalňyşlyklardy ýöne Linkoln olary agzaman geçýär. Linkoln özüne basalyk bolup, gaty sypaýy, saýhally ýazypdyr. Ol şeýle diýýär: «Käbir zatlar bar, şolar bilen baglylykda meniň Sizden gaty bir göwnüm hoş däl». Şundan soň sypaýyçylyk, saýhallylyk hakda näme aýdyp bolar?!

General-maýor Gukere iberilen şol hat, ine şu:

«Men Sizi Potamak goşunynyň ýolbaşçysy edip goýdum. Elbetde, muny meniň göz önüne getirişime görä, şeýle etmäge ýeterlik sebäp bolanlygy üçin şeýtdim. Her hal men pikirlenýärin welin, käbir zatlar bar — Siz ony gowy bilýänsiňiz — şolar bilen baglylykda meniň Sizden gaty bir göwnüm hoş däl.

Men Sizi edermen, başarjaň urşujy hasaplýaryn, elbetde, şu häsiýetleriňizi gowam görýärin. Şeýle hem Siz özüňiziň professional işiňiz bilen syýasy garaýyşlaryňyzy garjaşdyrmarsyňyz diýip pikir edýärin, bu meselede-de Size söz diýer ýaly däl. Siziň özüňize ynamyňyz bar, ol örän gymmatly, belki-de zerur gerekli häsiýetdir.

Siz şöhratparaz, akyl çäginden çykmadyk halatynda ol zyýanly däl-de peýdalydyr. Şeýle-de bolsa, meniň çaklaýşymça, goşuna general Berisaýdyň komandirlik edýän döwründe, Siz şöhratparazlygyňyza bäs gelibilmän, oňa tap berdiňiz we Bernsaýda edibilen zeleliňizi etdiňiz şonuň netijesinde-de watana hem-de öz hormata mynasyp we belent mertebeli doganlaryňyz bolan ofiserlere ullakan ýamanlyk etdiňiz.

Goşuna hem häkimite diktator gerekligi hakynda golaýda aýdan sözleriňiz, gaty ynamdar adamlar arkaly meniň

gulagyma ýetdi. Elbetde, şonuň üçin däl-de, şoňa garamazdan men Size komandirligi tabşyrdym.

Diňe üstünliklere eýe bolan generallar diktator bolup bilýärler. Maňa häzir siziň söweşdäki üstünligiňiz gerek, şonda menem diktatura töwekgelçilik ederin.

Hökümet ähli güýji bilen Size kömek eder, beýle diýdigim, onuň edýän we etjek kömegi Siziň üçinem ähli komanduýuşilere edilýän kömekden az ýa köp bolmaz. Men bir ýagdaýdan, ýagny goşuna öz komanduýuşileri hakynda tankydy garaýyş hem-de ynamsyzlyk girizenligiňiz, indi Siziň özüňize garşy ulanylar öýdüp gaty gorkýaryn. Men öz mümkinçiliklerime görä, Size şol ruhy ýok etmeklige kömek ederin.

Goşunda şeýle ruh bar mahaly, Siziňem, eger diri bolan bolsa Napoleonyňam onuň üsti bilen hiç hili üstünlik gazanmajagy hak. Indi Siziň ýalňyş hereket etmekden howatyrlanmagyňyz gerek. Ondan howatyrlanyň, ýöne hyjuwly, hemişe ägälik bilen öňe hereket ediň hem-de bize ýeňişi gazanyň».

Siz Kulijem däl, Mak-Kinlem däl, Linkolnam Siz bu filosofiýanyň gündelik iş aragatnaşyklaryňda kömeginiň degjegini-degmejegini biljek bolýansyňyz. Kömegi degermikä? Geliň, seredip geçeliň. Filadelfiýanyň «Uork kompani» firmasynyň işgäri U. P. Gou bilen bolan ýagdaýy mysal alalyň. Gou hem men we siz ýaly ýönekeý grajdanyň ol Filadelfiýada geçiren leksiýa sapaklarymyň biriniň diňleýjisi bolupdy hem-de häzirki aýtmakçy bolýan wakamy auditoriýada çykyş edende aýdyp beripdi.

«Uork kompani» firmasy Filadel fiýadaky ullakan edara jaýyny gurmaga we timarlap taýyn etmäge şertnama

baglaşypdyr. Jaýy takyk wagtynda taýyn edip tabşyrmaly eken. Gurluşyk materiýallary wagtynda ýetişip, iş grafik boýunça gidip jaý taýýar bolup barýan mahalda, birden-birä jaýyň fasady üçin bürünçden bezeg işlerini ýasamagy boýun alan edaranyň ýolbaşçysy, bu zatlary wagtynda ýetişdirip bilmejegini aýdypdyr. Nätmeli?! Ýaňky sebäpli bütin jaýy wagtynda tabşyryp boljak däl. Ullakan şowsuzlyk! Çaksyz pul ýitgisem boljak! Bary hem bir adam sebäpli!

Şäherara telefon arkaly gepleşikler! Jedeller! Ýaňkalaşmalar! Ýöne bary biderek. Onsoň «bürünç ýolbars» bilen öz süreninde söweş gursun diýip, Gou diýen adamy Nýu-Ýorka komandirowka iberýärler.

Gou firmanyň prezidentiniň kabinetine girip, oňa şeýle sowal bilen ýüzlenipdir: «Bütin Bruklinde siziňki bilen meňzeş familiýaly bir adamam ýok.Şu babatda özüňiziň bu ýerde ýeke-täkligiňizi bilýärsiňizmi?». Prezident muňa haýran galypdyr: «Ýok, meniň muňdan habarym ýokdy».

«Şu gün säher bilen otludan düşemde — diýip, Gou sözüni dowam edipdir —siziň adresiňizi tapjak bolup, telofon ,sprawoçnigine seretdim. Görüp otursam, Brukliniň telefon sprawoçniginde siziň familiýaňyz ýaly familiýaly başga bir adamam ýok eken».

«Meniň mundan habarym ýok» — diýip, prezident mydyrdapdyr-da haýran galmak bilen sprawoçnigi agdaryşdyryp başlapdyr. «Hawa, meniň familiýam adaty däldir —diýip, ol buýsanç bilen aýdypdyr — Biziň aňrymyzyň Gollandiýadan Nýu-ýorka göçüp geleli bäri, iki ýüz ýyl çemesi bolupdyr». Soňra ol birnäçe minudyň dowamynda öz asly hem maşgalasy hakynda gürrüň berdi. Haçanda ol gurrüňini

gutaranda, Gou onuň zawodynyň gerimininiň özünde ullakan täsir galdyrandygyny, şu mahala çenli gören şuňa meňzeş zawodlarynyň arasynda, bu zawodyň gurluş taýdan ýoluň tapawutlanýandygyny aýdypdyr. Bürünç zatlary ýasaýan zawodlaryň arasynda beýle tertipli hem arassa zawoda örän seýrek gabat gelip bolýar»—diýip, Gou sözüniň üstüni ýetiripdir.

«Şeýle kärhanany gurmak üçin bütin ömrüme işledim, men muňa guwanýan. Zawoda aýlanyp görmek niýetiňiz-ä ýokdur?» — diýip, prezident gezelenç etmegi teklip edipdir.

Zawoda aýlanyp ýörkäler Gou prezidentiň önümçilik usulyny öwüpdir hem-de onuň usulynyň bäsdeş kärhanalarynyňkydan nähili we nämelerde tapawutlanýandygyny aýdypdyr. Gou adaty bolmadyk käbir stanoklary magtaňda, prezident olary özüniň oýlap tapandygyny buşlapdyr. Şol stanoklaryň nähili işleýändigini we neneňsi ajaýyp önümleri ýasaýandyklaryny görkezjek bolup, ol köp wagt sarp edipdir. Soňra bolsa Gouň be-äsine bakman, ony bile nahar edinmäge alyp gidipdir. Häzire çenli Gouň näme üçin gelenligi hakynda ýeke agyz gürrüň edilmänligini nazarda tutuň.

Nahardan soň prezident: «Indi iş bilen meşgullanaly— diýipdir — Elbetde, men siziň näme iş bilen gelendigiňizi bilýän. Ýöne men biziň duşuşygymyz beýle ýakymly bolar öýdüp pikir etmändim. Hatda özge borçlarymy ýerine ýetirmegime zelel berse-de, siziň zakazyňyzyň wagtynda ýasaljakdygyna hem iberiljekdigine söz berýän. Siz arkaýyn Filadelfiýa gaýdyp bilersiňiz».

Gerek zatlary hakynda dil ýarmazdan, Gou olaryň

hemmesini alypdyr. Enjamlar wagtynda gelipdir, gurluşygam takyk möhletinde tamamlapdyrlar hem tabşyrypdyrlar.

Eger Gou: «Boýun alan işiňizi etmän, bizi heläk edip ýörsüňiz!» diýip, däri ýaly göçen bolanlygynda iş bitermidi? Şunuň ýaly ýagdaýda, adatça, şeýle-de edilýär. Ýöne ol işiň bitmegine haýyr etmeýer.

Şunlukda, eger siz adamy kemsindirmän, öýkelemäge ýol bermän, oňa öz täsiriňizi ýetirjek bolsaňyz, birinji düzgüni berjaý ediň:

**Gürrüňdeşiniziň mertebesini ýürekden ykrar edip, gürrüňi öwgüden başlaň.**

*Ikinji bap*

## ÖZÜŇI ÝIGRENDIRMÄN, TANKYT ETMEGIŇ TÄRI

Çarlz Şwab günortanlar öz zawodynyň polat eredilýän sehinden geçip barýarka, birnäçe işçiniň çilim çekip duranyny görüpdir. Olar: «Çilim çekme diýen ýazgynyň ýanynda duran ekenler. Näme, Şwab ýazgyny görkezip: «Okap bileňizokmy?» diýer öýdýärsiňizmi? Ýoo-k, Şwabyň beýle diýjek gümany barmy?! Ol işçileriň ýanyna barypdyrda olaryň her birine bir çilim berip:«Oglanlar, şuny sehde çekmeseňiz, men size minnetdar bolardym» diýipdir. Işçiler düzgüni bozandyklarynyň Şwaba mälimdigini, ýöne muňa garamazdan, özleriniň mertebesine, degmän, gaýtam olara kiçijik sowgat edendigi üçin Şwaba içlerinden minnetdar bolupdyrlar. Şeýle adama hormat goýman bolarmy?

Jon Uenemeýker hem şu usuly ulanypdyr. Ol adatça, Filadelfiýadaky ullakan uniwermagyna her gün aýlanar eken. Bir gezek ol bir müşderiniň satyja garaşyp duranyny görüpdir. Hiç kim oňa düýbünden üns bermändir. Satyjylar bolsa bir gyrada üýşüp, keýpi kök halda nämedir bir zadyň gürrüňini edip duran ekenler. Uenemeýker olara söz diýmän, pa- rahatlyk bilen satyjynyň ornuna geçip, müşderä hyzmat edipdir. Soňra onuň alan zatlaryny satyjylara uzadyp, dolap bermeklerini haýyş edip, ýene magazine aýlanmagyny dowam etdiripdir.

1887-nji ýylyň 8-nji martynda gepe çeperligi bilen şöhratlanan pastor Genri Uord Biçer dünýäden ötdi, ýaponlar aýtmyşlaýyn bolsa dünýesini täzeledi. Biçer ölensoň onuň

boşap galan kafedrasyna indiki ýekşenbede dindar Laýman Ebbot çagyrylypdyr. Mümkin boldugyça, gowy çykyş etjek bolup Ebbot taýýarlan wagyz-nesihatyny Floberidki ýaly yhlas bilen üznüksiz timarlapdyr. Soňra ol şol wagyz–nesihatyny aýalyna okap beripdir, aýaly ony öňünden taýýarlanan ähli çykyşlar kybap gowşak görüpdir. Eger Ebbotyň aýalynyň akyl-paýhasy kem bolan bolsa, ol ärine şeýle diýerdi: «Laýman, munyň gaty erbet. Munyňdan wagyz-nesihat bolmaz. Bu diňleýjileriň ukusyny tutdurar. Munyň faktlaryň ýygyndysy bolan hakyky ensiklopediýa meňzeş. Näçe ýyllaryň dowamynda wagyz-nesihat bilen çykyş edip ýören adam muňa gowy düşünmeli ahyryn. Eý, hudaý, sen näme üçin adam şekilli gürläp bileňok?! Nä sebäpden sen özüňi adam şekilli alyp baryp bileňok? Munuň ýaly buýr-bulaşyk ýaňrama bilen çykyş etseň özüňi masgara edersiň».

Hawa, bu onuň diýip biläýjek zady. Eger ol şeýle diýäýen bolsa, netije neneňsi bolar öýdýärsiňiz? Ol munuň erbet netije berjegine düşünipdir. Şonuň üçinem aýaly onuň bu wagyz-nesihatyndan «Nort-amerikan rew ýu» jurnaly üçin ajaýyp makala çykjakdygyny aýdypdyr. Başga sözler bilen aýtsak, ol ýaňkyny öwüpdir, ýöne onuň çykyş hökmünde hiç bir zada ýaramajakdygyny inçelik bilen syzgyn beripdir. Laýman Ebbot muňa düşünipdir-de taýýarlan çykyşyny ýyrtyp, bellenen gün önünden edilen hiç hili bellikden peýdalanman, wagyz-nesihat edipdir.

Şunlukda, eger siz kemsindirmän, onda öýke döretmän adama täsir etmek isleýän bolsaňyz, ikinji düzgüni berjaý ediň!

**Özgeleriň ýalňyşyny gönümel aýtmaň, ony ýaňzytmagyň üsti bilen aýtmagyň tärini tapyň !**

*Üçinji bap*

## ILKI ÖZ ÝALŇYŞLARYŇYZ HAKYNDA GÜRRÜŇ EDIŇ

Birnäçe ýyl mundan öň meniň ýegençim Jozefina Karnegi öz önüp-ösen şäheri Kanzasşini taşlap, Nýu-Ýorka göçüp gelip, meniň sekretarym bolup işläp başlady. Ol on dokuz ýaşyndady, üç-ýyl mundan öň orta mekdebi gutarypdy, iş tejribesi bolsa nola deň diýseňem boljakdy. Häzirki wagtda ol Suesden günbatarda iň ideal sekretarlaryň biri hasaplanýar. Ýöne ol ýaňy işe başlan uçurlary, sypaýyçylykly aýtsak, käbir kämilliklere mätäçdi. Bir gezek men ony tankyt etmekçi bolamda, öz-özüme şeýle diýdim: «Hany, biraz sabyr et, Deýl Karnegi, kanagatly bol. Sen Jozafinanyň iki ýaşyny ýaşan. Iş tejribäň bolsa onuňkydan on müň esse köp. Sen nähili onuň dünýägaraýşynyň, pikir ýöretmeleriniň, inisiatiwasynyň özüňki ýaly— iň bolmanda, ortaçarak bolmany üçin nägile bolup bilýäň?! Ýene biraz sabyr et, Deýl, on dokuz ýaşyňda özüň näme edýärdiň? Samsyk ýalňyşlaryň, eden bolgusyzlyklaryň ýadyňa düşenokmy? Şol gezek ony şeýdeniň, muny beýdeniň we ýene-ýeneler ýadyňdan çykdymy?..».

Şu zatlar barada gönümden gelip, parahat halda pikir edip gördüm welin, Jozefinanyň on dokuz ýaşyndaky ortaça ukyby meniň şol ýaşdaky ýagdaýymdan gowudy. Muny Jozefinanyň göwnüni götermek üçin aýtmaýandygymy boýun almak, maňa utanjam welin, nätjek?!

Ýagdaý şeýle bolansoň, şondan soň Jozefinanyň haýsydyr bir ýalňyşlygyna ünsüni çekmekçi bolan halatlarym, men, adatça,

şeýleräk äheňde söze başlaýardym: «Jozefina sen ýalňyşlyk goýberdiň, ýöne üstümde hudaý bar, ol meniň goýberen ýalňyşlyklarymyň köpüsinden erbet däl. Elbetde, hiç kim eneden dogma sagdyn pikir edip bilenok. Bu zatlar wagtyň geçmegi bilen öwrenilýän zatlar. Sen meniň şu ýaşdakymdakydan akylly. Men şeýle bir köp ýalnyşlyklar, samsyk kereketler etdim, şol sebäplem seni, ýa-da başga birini tankytlamaga meniň ýüzümem çydanok. Ýöne sen muny beýtmän, şeýleräk edäýseň gowy bolmazmydy?!».

Haçanda tankyt edýän adam kiçigöwünlilik bilen öz ýalňyşlyklaryny boýun alyp, özüniňem akja jüýje däldigini aýdyp, seniň ýalňyşlyklaryňy görkezen halatynda, ony diňlemek gaty kyn bolmaýar.

Şunuň zerurlygyny gaty sypaýyçylykly adam bolan knýaz fon Býulow baryp-ha 1909-njy ýylda duýupdyr. Fon Býulow ol wagtlar Germaniýanyň reýhskansleri eken, tagtda bolsa Wilgelm II oturan — Wilgelm Tekepbir, Wilgelm Gopbam, aý garaz, Germaniýanyň iň soňky kaýzeri bolmak miýesser edip, şol mahallar goşuny hem deňiz flotuny döredip, öz goşunynyň islendik goşuny, hatda iň howply garşydaşy hem kül etjekdigi barada öwünýän Wilgelmdi.

Birden-birä haýran galmaly zat bolupdyr. Kaýzer henize çenli eşidilmedik, milleti haýran galdyran, bütin dünýäni galmagala gaplan beýannama bilen çykyş edipdir. Iň erbet ýeri hem, kaýzer özüniň şol samsyk, hondan bärsi, hiç bir çene gelmeýän ýaňramasyny Angliýada myhmançylykda gezip ýärkä, resmi taýdan aýdypdyr, onuňam «Deýli telegraf» gazetinde çap edilmegine belent mertebe bilen razylyk beripdir. Mysal üçin, ol özüniň iňlislere dostluk duýgusy bilen

garaýan ýeke-täk nemesdigini, deňiz flotuny ýaponlaryň haýbat atmalaryna garşy göreşmek üçin döredendigini, haçanda Russiýadyr Fransiýa Angliýany külpeýkun etjek bolanda ony heläkçilikden aman saklanyň ýeke-täk özüdigini, Günorta Afrikada dörän topguny ýatyrmak üçin lord Robertsiň ýolbaşçylygyndaky iňlis armiýasynyň işiniň şow almagyna hemaýat eden plany hut özüniň taýýarlandygyny, we ýene şuňa meňzeş zatlar... dogrusynda resmi beýannama beripdir.

Henize çenli ýewropa ýurtlarynyň ýolbaşçylarynyň biriniň agzyndanam parahat döwürde şunuň ýaly täsin gürrüň soňky ýüz ýyllygyň dowamynda gaçmandyr. Adamlarda arynyň öýjügini gozgalaňdaky ýaly galagoplyk peýda bolupdyr. Angliýada gahar-gazap gaýnapdyr. Nemesleriň döwlet işgärleriniň haýýady göçüpdir. Ähliumumy närazylyk etjek derejesine ýeten mahaly kaýzer aljyrapdyr-da, reýhskansteri knýaz fon Býulowa günäni öz boýnuna almagy teklip edipdir hawa, ol fon Býulowyň ähli aýdylan zat üçin men günäkär, şeýle patarrakyny otarmaklygy kaýzere men maslahat berdim diýip, halka ýüzlenmegini isläpdir.

«Siziň aly hezretleriňiz — fon Býulow garşylyk görkezipdir — meniň pikirimçe, Germaniýada, ýa-da Angliýada siziň aly hezretleriňize beýle zady aýtmagy maslahat berip biljekligime ynanjak ýekeje adamam ýokdur hasap edýärin» Fon Býulow şu sözleri aýdan badyna, erbet ýalňyşlyk goýberendigini duýupdyr. Kaýzer gazaplanyp: «Näme meni siziň hiç mahal goýbermejek ýalňyşlygyňyzy goýbermäge ukyply eşek hasap edýäňizmi?»

— diýip, kaýzer gygyrypdyr.

Fon Býulow ilki öwgüli sözleri aýdyp, kaýzere soňra garşy

giden bolsa gowy boljakdygyny aýdyň bilipdir, ýöne indi iş-işden geçendigini aňsa-da, ýatyp galandan atyp galanyny kem görmän, ýagdaýy düzetmegiň alajyny edipdir. Ol ony tankyt edenden soň, öwüp başlapdyr. Onuň beýtmegi köplenç halatda öwgüniň gowy täsir edýänligi sebäpli, ajaýyp netije beripdir.

«Ýok, men beýle diýjek bolmadym — diýip, ol hormat bilen söze başlapdyr. — Siziň aly hezretleriňiz, diňe deňiz flotuna we goşuna ýolbaşçylyk etmekde däl-de, köp meseleler babatda menden rüstemligiňiz ile aýan. Ilkinji nobatda tebigy bilimler bilen tanyşlyk babatda. Siziň aly hezretleriňiz, haçanda siz barometr, simsiz telegraf, rentgen şöhleleri hakynda gürrüň bereniňizde, men köplenç gözigidijilik bilen diňleýärdim. Tebigy bilimleriň ählisi babatda biçak çöňňeligimi utanç bilen boýnuma alýaryn. Himiýa, fizika barada ýönekeýje düşünjäm hem ýok, şular bilen galtaşykly ýüze çykýan tebigy hadysalaryň birini hem düşündirip bilemok... ýöne diýip, fon Býulow sözüni dowam edipdir. — Ýöne, menem käbir derejede taryhy bilýän, belki-de syýasat, aýratynam diplomatiýa barada peýda bererlik düşünjäm bardyr».

Kaýzeriň ýüzi ýagtylypdyr Fon Býulow ony öwüpdir. Fon Býulow ony beýgeldip, özüni peseldipdir. Şondan soň kaýzer hemme zady bagyşlamaga taýýar eken. «Ikimiziň biri-birimiziň sepimizi bildirmeýänligimizi, men hemişe-de aýdardym. Bize bile bolmak gerek, biz ony şeýderisem» — diýip, kaýzer guwançly seslenipdir.Ol fon Býulowyň elini telim gezek gysypdyr. Şol günüň özünde biraz soňrak bolsa, ol has tolgunyp: «Kim-de-kim meniň ýanymda knýaz fon Býulow barada erbet söz diýäýse, tumşugyny owradaryn!» — diýip, ýumrugyny galgadypdyr. Başarjaň diplomat bolansoň, fon

Býulow wagtynda özüni halas etmegi başarypdyr, ýöne, şonda-da bir ýalňyşlyk goýberipdir: ol kaýzeriň; akly kelteliginden hem onuň daşyny dolap ýöreň adamyň gerekliginden söze başlaman, ilki öz ýalňyşlyklary hakda gürläp, soňra Wilgelmiň artykmaçlyklaryňy aýtmaly eken.

Eger gürrüňdeşiň öwgüsini ýetirip, özüňi kiçeldýän birnäçe söz hondan bärsi, öz şahsyýetini juda söýmekden ýaňa özgäni äsgermeýän kaýzery wepaly dosta öwürýän bolsa, onda siziň we meniň gündelik aragatnaşyklarymyzda ylalaşyjylyk we öwgi bilen nähili üstünlikler gazanyp biljekligimizi göz öňüne getirip görüň. Eger dogry ulansaň, bu usul adamçylyk gatnaşyklarynda gudrat döredýär diýseňem boljak.

Şunlukda, göwne degmän, öýkeletmän adama täsir etmek isleýän bolsaňyz, üçünji düzgüni berjaý ediň.

**Ilki öz ýalňyşlyklaryňyz hakynda gürrüň edip, gürrüňdeşiňizi soňra tankyt ediň.**

*Dördünji bap*

# BUÝRUK BERILMEGINI HALAÝAN ÝOK

Ýaňy-ýakynda maňa amerikan biograflarynyň ýaşulusy Ida Tarbell bilen günorta naharyny edinmek miýesser etdi. Haçanda men eliňizdäki kitaby ýazýandygymy aýdanymda, adamlar bilen oňuşmagy başarmak hakynda gürrüň orta düşüp, biz bu wajyp mesele hakynda esli gürrüňleşip oturdyk. Şonda Tarbell hanym Ouen D.Ýangyň terjimehalyny ýazýan mahalynda, onuň bilen üç ýyllap bir kabinetde oturan adam bilen gürrüňdeş bolmak miýesser edendigini gürrüň berdi. Onuň aýtmagyna görä, ol Ýangyň kimdir birine haýsydyr bir zady gönümel buýranyny görmändir. Ol maslahat berse berer eken, ýöne buýruk bermändir. Mysal üçin, Ýang hiç haçan: «Ony, ýa-da, muny şeýdiň», ýa-da «Muny, ýa-da ony beýtmäň» diýmändir. Ol adatça, şeýle diýer eken: «Şu hakda pikirlenip görüň», ýa-da «Siziň pikiriňizçe, mundan netije çykar öýdýärsiňizmi?». Aýdyp hat ýazdyran mahaly köplenç «Bu hakda siziň pikiriňiz nähili?» diýip sorapdyr. Öz işgärleriniň biri tarapyndan taýýarlanan haty okan mahaly bellik etmeli bolan halatynda ol: «Belki-de siz muňa başgarak äheň beren bolsaňyz gowy bolardy?». Ol hemişe her kimiň öz işini etmäge, özüne mümkinçilik döredýärdi, hiç haçan işi pylan zeýilli etmeli diýip işgärlerine buýruk bermeýärdi, olaryň özbaşdak hereket edip, öz ýalňyşlyklaryndan öwrenip, tejribe toplamaklary üçin erkinlik döredýärdi. Şeýle usul adamyň öz ýalňyşlyklaryny düzetmek üçin geçýän ýoluny ýeňilleşdirýär. Şeýle usul adamyň mertebesini aýaýar we şahsy ähmiýetliligi baradaky

duýgusyny oýarýar. Şeýle usul garşy gitmek islegini dälde, adamda düşünişip işleşmäge höwes döredýär.

Şunlukda, göwne degmän, öýkeletmän adama täsir etmek isleýän bolsaňyz, dördünji düzgüni berjaý ediň:

**Gürrüňdeşiňize nämedir bir zady buýurma derek, oňa sowal beriň.**

*Bäşinji bap*

## GELIŇ, ADAMLARA ÖZ MERTEBESINI HALAS ETMÄGE MÜMKINÇILIK BERELIŇ

Köp ýyl mundan öň «Jeneral elektrik» kompaniýasy bir irnik meselä duçar bolupdyr: Çarlz Şteýnmesi bölüm naçalnigi wezipesinden aýyrmak gerek bolupdyr, Şteýnmes elektrik meselesinde birinji derejeli geniý bolupdyr, ýöne konstruktorlar bölüminiň naçalnigi hökmünde welin, zada ýaramandyr. Şeýle-de bolsa, onuň sähel zady göwnüne alýanlygyny hem onuň gerekli spesialistligini nazarda tutup, ýankyny wezipeden aýyrmaga kompaniýa edermenlik edip bilmändir. Şonuň üçinem oňa täze wezipe hödürläpdirler. Ony «Jeneral elektrik» kompaniýasynyň injener-konsultanty edipdirler. Bu onuň ökde hem hakykatda ýerine ýetirip ýören käriniň täze ady bolupdyr. Has düşnükli edip aýtsak, kompaniýa adamyň mertebesine degmejek bolup, onuň göwnünden turaýjak wezipe döredipdir. Onuň öňki ýolbaşçylyk edýän bölümine-de täze adam alypdyrlar.

Şteýnmesiň göwni hoş bolupdyr.

«Jeneral elektrigiň» ýolbaşçylary hem tapan çykalgalaryndan razy bolupdyrlar. Olar artykmaç goh-galmagal turuzmazdan, ägälik bilen sypaýyçylykly ýol tapypdyrlar. Olam özleriniň ýokary klasly spesialistleriniň, örän duýgur adamyň mertebesini saklaýan ýol bolupdyr. Umuman aýdanyňda, kompaniýa Şteýnimene öz mertebesini halas etmäge mümkinçilik döredipdir.

Oňa mertebesini halas etmäge mümkinçilik döretmek. Bu örän möhüm, ýaşaýyş üçin möhüm zatdyr. Biziň köpümiz bu barada pikir etmeýäris diýen ýaly! Biz özgeleriň duýgularyna äsgermezlikli garaýarys, öz gepimizi ýolly etjek bolýarys, özgäniň ýalňyşlyklaryny gözleýäris, haýbat atýas, çagalara-da, gullukça-da özge adamyň ýanynda käýemegi hiç zatça göremzok! Şeýtmek bilen, olaryň mertebesine näderejede degýändigimizi, biz nazara-da alamzok! Muňa derek, ol barada az mahal oýlansak, oňa üns bersek, hormat bilen bäş-üç sany söz aýtsak, nähili bolardy? Gürrüňdeşiň islegine tüýs ýürekden düşünmek, aragatnaşygyň ýitileşmezligi hem adamy ynjytmazlyk üçin, örän köp ,zat edip biljek!

Indiki gezek öý hyzmatçysyny ýa-da gullukçysyny işden çykarmaly bolan halatymyzda, ýokardyky jümleleri ýatlalyň.

«Gullukçylary işden çykarmak — hezil iş däl. Işden çykarsalar — ol hasam hezil iş däl». Bu sözler diplomly buhgalter Marşall Graýnjeriň maňa iberen hatyndan alyndy: «Biziň işimiz möwsümleýin häsiýetli. Şonuň üçinem martda biz bir topar adamy işden boşatmaga mejbur bolýarys.

Biziň kompaniýamyzda ştatlaryň kemeldilýän wagty gaty tukatlyk emele gelýär: hiçkimiň bu iş bilen meşgullanasy

gelenok. Şonuň üçinem ony mümkingadar çalt geçirmek kada girip gidipdir. Bu adatça şunuň ýaly edilýär: «Oturyň, jenap Smit. Möwsüm gutardy. Görnüşine görä, bizem siziň üçin başga wezipe tapyp biljek däl. Onsoňam siz özüňiziň wagtlaýyn işe alnandygyňyzy bilýärsiňiz ahyryn we şuňa menzeşler.

Bu adamlarda ýaramaz duýgy galdyrýardy, olar özlerini kemsidilen ýaly duýmaga mejbur bolýardylar. Bütin ömürlerini hasap-hesip işinde geçiren bolsa olarda, olaryň köpüsinde özlerine gaty sowuk-sala çemeleşileni üçin, firma aýratyn bir söýgi duýgusy saklanmandyr.

Golaýda, artykmaç işgärleri boşatmaly bolanda, men bu işi mümkingadar sypaýyçylykly hem işden gidýänleriň mertebesini saklap amala aşyrmagy ýüregime düwdüm. Şonuň üçinem men ýanyma adam çagyrmazdan öň, onuň gyşky möwsümdäki eden işi bilen jikme-jik tanyşýardym ony analiz edýärdim. Haçanda ol ýanyma gelende bolsa, mysal üçin, şeýleräk gürrüň edýärdim: «Jenap Smit, siz örän gowy işlediňiz (eger ol hakykatdanam gowy işlän bolsa). Haçanda sizi Nýu-Ýorka iberenimizde, biz size gaty agyr ýumuş buýrupdyk. Şonda ýagdaýdan oňat baş alyp çykdyňyz hem-de işi üstünlikli tamamladyňyz. Firmamyzyň size guwanýandygyny, biz siziň bilip goýmagyňyzy isleýäris. Häsiýetiňiz gowy bolansoň, siz haý- sy ýerde işleseňizem, şol ýerdäki ýoldaşlaryňyzyň kalbynda gowy ýatlama galdyrýarsyňyz. Biziň firmamyz size ynanýar hem-de sizden aýra düşmeli boljagyna gaty gynanýar. Biz şuny hem siziň bilip goýmagyňyzy hem ýatlamagyňyzy isleýäris!».

Şunuň nähili gowy täsir edýändigini bir bilsediňiz adamlar işden çykarylanyny kyn görüp kemsinselerem, onuň

näderejede agyrlygyny duýman gidýärler. Özlerini mertebesine deglen hasap etmeýärler. Eger iş ýeri bar bolanlygynda, biziň olary işden çykarmajakdygymyza düşünýärler. Haçanda bize ýene işgär gerek bolanda, olar gowy duýgular bilen bize işe gelýärler.

Duaýt Morru pahyryň haýran galaýmaly ukyby bardy: biri-biriniň bogazyny gemirmäge taýyn garşydaşlary ýaraşdyrmaga ökdedi. Ol muny nähili ederdi? Ol iki tarapyňam ähli delilleriniň dogrusyny hem-de adalatlylaryny jan edip gözlärdi, tapanlaryny belläp, olary üns merkezinde saklardy, soňra örän habardarlyk bilen jedelkeşleriň ünsüni ýaňkylara çekerdi. Jedeliň nähili gutaranlygyna garamazdan, günäni olaryň hiç birine ýüklemezdi.

Ykbaly özgelere bagly bolan her bir adam olara mertebesini halas etmäge mümkinçilik bermelidigini bilýär.

Beýik adamlar, hakykatdanam, bütin dünýäde şeýle bir beýik, olar özleriniň şahsy ýeňişleriniň keýpini görmek üçinem wagt ýitirmeýärler. Mysal getireliň.

Köp asyrlara çeken erbet duşmançylygyň soňuna çykmak üçin 1922-nji ýylda türkler öz terrigoriýalaryndan grekleri kowup çykarmaklygy ýüreklerine düwdüler.

Mustafa Kemal öz esgerleriniň öňünde çykyş edende edil Napoleonyň ruhunda şeýle diýdi: «Siziň maksadyňyz Ortaýer deňzi. Şondan soň häzirki zaman taryhyndaky iň gazaply söweşleriň biri başlandy, Turkiýe ýeňiş gazandy. Haçanda grek generallary Trikupis we Dionis özleriniň kapitulýasiýa razylyklaryny aýtmaga ugranlarynda türkler ýeňlen duşmanlaryň başyna nälet okadylar.

Ýöne Kemalyň garşy alşydyr sözleýşinde ýeňişiniň dabarasy

duýulmandyr.

«Oturyň, jenaplar — diýip, ol generallarň elini berk gysypdyr — Siz gaty ýadan bolmaly». Edilmeli işleri jikme-jik maslahatlaşyp bolanlaryndan soň bolsa, olaryň ýeňilendigi üçin çekýän gynançlaryny ýeňilleşdiripdir. Ol esgeriň esgere ýüzlenişi ýaly ýüzlenip, şu aşakdaky göwünlik beriji sözleri aýdypdyr: «Uruşam bir oýundyr, onda-da käte gowy adamlar ýeňlişe sezewar bolýandyrlar».

Hatda ýeňişiň şöhraty gözüni baglamaly mahaly hem Kemal aşakdaky wajyp düzgüni unutmandyr (bu bizin üçiň bäşinji düzgün bolmalydyr).

**Adamlara öz mertebesini halas etmäge mümkinçilik beriň.**

*Altynjy bap*

## ADAMLARY ÜSTÜNLIK GAZANMAGA NÄDIP RUHLANDYRMALY

Men Pit Barlouy tanaýardym. Ol itiň we pes boýly atyň gatnaşmagynda sirkde çykyş edýärdi. Ol bütin ömrüni sirk, ýa-da estrada topary bilen sergezdançylyk edip geçirdi. Täze ite nomerde çykyş etmek üçin haýsydyr bir zady öwredýän mahalynda, men Piti synlamagy halaýardym. Eger it öwrediljek bolýan zady azda-kände ýerine ýetiräýse, onuň çalaja işi ilerlese, Pit bada-bat iti sypamaga, öwmäge başlaýardy, oňa bir bölejik et berýärdi. Aý, garaz, ony gala alyp gelen ýaly görýärdi.

Bu ýerde hiç hili täzelik ýok. Haýwanlara zat öwredýänler bu usuly köp ýüzýyllyklaryň dowamynda ulanyp gelýärler.

Onda näme üçin adamlara täsir etjek bolanymyzda biz bu gowy usuly ulanmaýarys? Näme üçin, gamçynyň ýerine eti ulanmaýarys? Näme üçin, käýinmegiň ýerine öwgüni ulanmaýarys? Geliň, ujypsyzja şowlulygy hem öweliň. Bu adamlary indiki üstünliklere ruhlandyrýar.

Türme naçalnigi Lýuis Loues özüni alyp barşy azajyk gowulanany üçin öwen halatynda, munuň hatda Sing-Sing türmesiniň neti gara jenaýatçylaryna-da täsiriniň degýandigini syn edip bilipdir Kitabyň şu babyny işläp ýörkäm, Louesden alan hatymda ol şeýle ýazardy: «Eger tussaglaryň terbiýeçilikde özümize hemaýat bermegini hem düýpleýin gowulanmagyny isleýän bolsak, olaryň ýaramaz häsiýetlerini ýowuz tankytlandan, gowy häsýietlerini goldanyň oňat netije berýär. Men şu pikire geldim».

Meni hiç haçan, iň bärkisi häzire çenli-hä Sing-sing türmesine salanoklar, ýöne öz geçmişime nazar aýlan mahalym, göwün göteriji az sanlyja sözleriň geljegime düýpli özgerişlikler girizenini görýärin. Siz şuny özüňiz baradada aýdyp bilseňiz gerek. Öwgüniň gudratly täsiri hakyndaky mysallardan taryh doludyr.

Ýarym asyr mundan öň Neopalda on ýaşly oglanjyk fabrikde işläpdir. Ol aýdymçy bolmak isleýär eken, ýöne ilkinji mugallymy onuň raýyny gaýtarypdyr. «Senden aýdymçy bolmaz. Sebäbi düýbünden sesiň ýok. Ol edil äpişge gabsasyna degip geçýän şemal ýaly şuwlaýar» diýipdir.

Ýöne oglanyň ejesi — ýönekeý, garyp, daýhan aýal —ogluny gujaklap göwünlik beripdir: «Seniň aýdym aýdyp biljegiňi bilýärin. Men seniň üstünlikleriňi eýýamdan duýýaryn» diýipdir. Oglunyň aýdymdan alýan sapaklary üçin pul toplajak bolup, ol görgüli aýak ýalaňaç gezipdir. Ejesiniň şol öwgüsidir, goltgusy oglanjygyň durmuşyny özgerdipdir. Belki sizem ol barada eşidensiňiz. Oňa Enriko Karuzo diýer ekenler.

Köp ýyl mundan öň Londonda ýaşaýan bir ýaş ýigit ýazyjy bolmak üçin yhlas edipdir. Onuň göwnüne hemme zat şu arzuwynyň tersine ýalymyş. Ol diňe dört ýyl mekdepde okamaga mümkinçilik tapypdyr. Kakasyny bergidarlar türmesine salandyklary üçin, biziň ýaş ýigidimiz ýygy-ýygydan açlyk çekipdir. Günleriň bir güni ol iş tapypdyr — içinde alakalar loňkuldaşyp ýören ullakan ambarda içi ädik garaly çüýşä ýarlyk ýelmemäge başlapdyr. Gijelerini bolsa özi ýaly ykmanda iki oglan bilen tukat üçekde ýatyp geçiripdir. Onda özüniň ýazmak ukybyna ynamy az bolanlygy üçin, üstünden gülünmeginden gorkup, ýary gijäniň bir wagty öýlerinden

gizlin çykyp, golýazmasyny poçta atypdyr. Onuň ähli hekaýatlary redaksiýalar tarapyndan birsyhly ykrar edilmändir ahyry ajaýyp Gün dogupdyr — onuň bir hekaýasyny kabul edipdirler. Ýöne ol hekaýa üçin ýaş ýigide ýeke şillingem bermändirler, herhal bir redaktor ony öwüpdir. Bir redaktor onuň baş goşan işini goldaýandygyny aýdypdyr. Ol şeýle bir tolgunypdyr, uzak gün köçede maksatsyz ygyp ýörüpdir, ýaňaklaryndan bolsa paýrap ýaş akypdyr.

Haýsydyr bir hekaýasynyň çap edilmegi bilen baglylykda öwülmegi hem ykrar edilmegi netijesinde, onuň bütin durmuşy üýtgäpdir, ykbaly özgeripdir, ahyr şol bolmadyk bolsa, belki-de ol alakalary loňkuldaşyp ýören ammarda işläp, bütin ömrüni geçirmeli bolardy. Belki, bu oglanjyk hakynda siziňem eşiden bolmagyňyz mümkin. Onuň adyna Çarlz Dikins diýýärler.

Ýarym asyr mundan öň ýene bir oglan Londondaky galenteriýa dükanynda işleýärdi. Ol aladaňdandan — sagat 5-de — turup jaýy süpürmeli eken, onsoňam her gün gul ýaly on dört sagatlap işlemeli bolupdyr. Bu, gaty ýüregedüşgünç kyn iş bolansoň, ýaňky muny ýigrenipdir. Iki ýyl şu ýagdaýda azap çekenden soň, ol mundan beýläk bu işe çydamajakdygyna göz ýetiripdir. Şonuň üçinem günleriň bir güni säher bilen turupdyr-da, hatda ertirligem edinmän, ejesiniň ýanyna pyýada ugrapdyr. Ol on bäş mili ýöräp geçipdir.

Ýaňky ejesiniň ýanyna baranda, ruhdan düşüp, halys özüni ýitiripdir. Eger mejbur bolup şol dükanda işlemäge galmaly bolsa, özüni öldürjekligine ant içipdir. Bu işden dyndyrmagyny sorap, ejesine ýalbarypdyr, aglapdyr. Soňra bolsa özüni mekdepde okadan garry mugallymyna uzyn hem tolgundyryjy hat ýazypdyr. Hatynda-da özüni gam-gussanyň halys

basmarlandygyny hem ýagty jahanda ýaşasynyň gelmeýändigini aýdypdyr. Garry mugallym onuň gaty akyllydygyna, has gyzykly zatlar bilen meşgullanmaga ukyplydygyna güwä geçip, oňa göwünlik berip, ýüregini suwlandyrypdyr hem-de ýaňka mugallymçylyk işini teklip edipdir.

Bu ýagşy sözler oglanyň ykbalyny üýtgedipdir we iňlis edebiýatynda örän berk yz galdyrypdyr. Sebäbi şondan soň ýaňky oglan ýetmiş ýedi kitap ýazyp, million dollardanam köp pul gazanypdyr. Ol barada belki, sizem eşidensiňiz. Onuň ady Gerbert J. Uells.

1922-nji ýylda Kaliforniýada bir ýaş ýigit ýaşapdyr. Oňa örän kynçylyk bilen aýalyny hem özüni eklemek başardypdyr. Ýaňky ýekşenbe günleri ybadathanadaky horda aýdym aýdyp, kämahalam toýda! «Maňa wada ber» diýen aýdyma zowladyp bäş dollar töweregi gazanypdyr. Ol näçe işlese-de, şäherde ýaşamaga mümkinçiligi bolmandyr. Şonuň üçinem ýaňky üzümçiligiň ortasyndaky tozup ugran külbäni aýyna on iki ýarym dollara kireýine alyp ýaşapdyr. Ýöne şujagaz azajyk kireýli jaýa-da tölemäge ýaňkynyň puly, ýetmän, öýüň hojaýynyna dokuz aýyň muzduny bergi edipdir. Bergisini tölemek üçin ol üzümçilikde işlemeli bolupdyr. Onuň aýtmagyna görä, kämahallar öýde bokurdakdan ötürere zat bolmandyr, şeýle halatda ol diňe üzüm iýip oňýar eken. Ýaňky bu ýagdaý sebäpli gaty ruhdan düşüpdir aýdymçy bolmakdan geljek peýda gelmän geçsin diýip, bu käri taşlap, ýük awtomobillerini satýan söwda agenti bolmaga-da hyýallanypdyr. Ine, şu pursatda-da: «Sesiňiziň ösüp, ajaýyp sese öwrülip gitmegi mümkin. Size Nýu-Ýorkda işlemek gerek»

— diýip, Rupert Hýuz ony öwüpdir.

Şujagaz kiçijik öwgi, çalaja göwnüniň göterilmeginiň onuň ykbalynda düýpli özgerişiň bolmagyna tekge berendigini ýakynda şol ýaş ýigit maňa gürrüň berdi. Öwgi onuň ruhuny täzeläpdir. Onsoň ol iki ýarym müň dollar karz alyp ýurduň gündogaryna tarap gidipdir. Belki, siz ol barada-da eşidensiňiz. Onuň ady Lorens Tibett. Adama täsir etmek meselesiniň mümkinçiliklerine dolanalyň. Eger-de siz hem men öz galtaşan adamlarymyzdaky gizlin hazynalary olaryň özleri duýar ýaly edip bilsek, onda biz diňe olaryň häsiýetleriniň üýtgemegine däl-de, has uly üstünliklere ýeteris. Biz olary sözüň doly manysynda özgerderis.

Siz muny gaty ulaltma hasap edýärsiňizmi? Onda Garward uniwersitetiniň dünýeden öten professorynyň, amerikanyň öňde-soňda dogran, megerem iň beýik psihology hem filosofynyň şu dana sözüni diňläň: «Biz özümiziň nähili bolmalydygymyz bilen deňeşdireniňde, häzir oýaly-ukuly ýagdaýda ýaşaýarys. Bedenimiziň güýjüniň hem aklymyzyň gaty az bölejigini peýdalanýarys. Umuman aýdanyňda, adam öz mümkinçiliklerinden örän uzakda ýaşaýar diýseňem boljak. Ol örän dürli ukyplaryň eýesi, ýöne, adatça, ol olary ulanmaýar».

Hawa, şu setirleri okap oturan adamlar, siziňem her dürli ukyplaryňyz bar, ýöne sizem ony, adatça, ulanmaýarsyňyz. Şol doly ulanmaýan ukyplaryzyň biri hem, meger-de, siziň öz gürrüňdeşiňizi jadylaýan öwgini-ulanmak ukybyňyzdyr. Şol ukyby ulansaňyz, belki köpleriň ömri bilen eräp gidýän mümkinçilikleriniň wagtynda üstüni açarsyňyz, wagtynda olary ruhlandyrarsyňyz.

Şunlukda, eger siz kemsitmän, göwne degmän, öýkeletmän

adama täsir etmek isleýän bolsaňyz, altynjy düzguni berjaý ediň:

**Adamlaryň örän kiçijik şowlulyklary üçin hem makullaýjy sözler aýdyň, olaryň her bir üstünligini guwanç bilen belläň. Beren bahaňyz ak ýürekden bolsun, öwgä-de jomart boluň.**

*Ýedinji bap*

## ADAMLARYŇ ABRAÝYNY GALDYRYŇ

Meniň tanyşlarymyň biri, Ernest Jent hanym öý hyzmatçysy tutunypdyr. Oňa indiki duşenbede işe gelmegi teklip edip, özem şol döwürde ýaňky gyzyň öňki işlän ýerindäki aýala jaň edýär aýtmaklaryna görä, gyz Jentiň diýen işgäri däl eken. Haçanda ol gyz işe girişmek üçin gelen mahaly, hanym Jent oňa şeýle diýipdir: «Nelli düýn-öňňün men seniň öňki hojaýyn aýalyň bilen telefonda gürleşdim. Ol maňa siz: dogruçyl, ynamdar, nahary gowy bişirýär, çaga oňat seredýär» diýip aýtdy. Ýöne ol siziň hamyrakdygyňyzy, öýi tämiz saklamaýandygyňyzam duýdurdy. Meniň pikirimçe, onuň aýdýany dogrydäl. Siz örän gelşikli, arassa geýnipsiňiz. Muňa hemme-de şaýatdyr. Öýi hem özüniz ýaly arassa saklajakdygyňyz babatda, kim bilen jedel etmeli bolsa men taýyn. Ikimiz gaty gowy oňuşarys».

Bu hakykatdanam şeýle bolupdyr. Hanym Jent gyzyň abraýyny galdyrypdyr, oňa-da ony ödemek gerek bolupdyr. Siz maňa ynanyň, ýaňky gyz hakykatdanam ynamy ödäpdir. Öýüň içi ýag döküp ýalabermelimiş. Içerini kakyp, süpürip, ony

hanym Jentiň göz öňüne getirişi ýaly arassa saklamak üçin özüni hem onuň aýdyşy ýaly görkezmek üçin ol her gün bir sagat höwes bilen artyk işlemäge-de kaýyl eken.

«Bolduin lokomotiw uroks» firmasynyň prawleniýesiniň başlygy Semuel Wokleýniň pikiriçe: «Eger sizi ol sylaýan bolsa, siz hem haýsydyr bir ukyby üçin ony sylaýandygyňyzy bildirseňiz, ýönekeý adamlara ýolbaşçylyk etmek ýeňil».

Gepiň keltesi, eger siz käbir derejede adamy üýtgetmek isleýän bolsaňyz, göýäki şu häsiýet onuň ajaýyp aýratynlygy diýip hasap ediň-de hereket ediberiň. «Eger sizde ýagşy gylyk bolmasa, göýäki şol bar ýaly görnüşe giriň» diýip, Şekspir aýdypdyr. Özge adamda nähili häsiýetler göresiňiz gelýän bolsa, onda şeýle häsiýetler hakykatdanam bar hasap edip, ol barada açyk güwä geçseň, bu örän ýaramly bolar. Onuň abraýyny göteriň, goý, şoňa mynasyp bolmak üçin yhlas etsin. Ol siziň sözüňizi ýalana çykarmazlyk üçin, elinde baryny eder.

Jorjet Leblan özüniň «Meterlink bilen geçiren ömrüm hakda ýatlama» diýen kitabynda belgyýaly garyp hem ýygra gyzjagazda bolup geçen haýrangalarlyk özgeriş hakynda ýazypdyr.

«Hyzmatkär gyz golaýdaky myhmanhanadan maňa nahar getirip berýärdi — diýip, ol ýazýar — Oňa Mari gap ýuwujy diýýärdiler, sebäbi ýaňky işe başlanda, ilki aşhanada gap ýuwujy bolup işläpdir. Oňa bedroý diýseňem boljakdy: gözi çaşydy, aýagy gowkudy, hordy hemem hemişe göwnüçökgün haldady.

Bir gezek ýaňky gyzyl elleri bilen makaronly tabagy saklap durka, men oňa aýgytly şeýle diýdim «Mari, siz öz içiňizde nähili hazynanyň gizlenip ýatanlygyny bilýäňizmi?».

Öz duýgularyny basmaga endik eden Mari gymyldasa bir betbagtlyk bolaýjak ýaly, esli salym sesini çykarman durdy. Soňra ol tabagy stoluň üstünde goýup, uludan demini aldy hem-de sadalyk bilen şeýle diýdi: «Hanym, men muňa hiç haçan ynanyp bilmerin». Ol hiç hili ikirjiňlemedem, sowalam bermedi-de aşhana gitdi. Ol ýerde-de ýaňky meniň aýdan sözlerimi şeýle bir ynam bilen gaýtalady welin, onuň üstünden gülmäge milt eden bolmady. Şol günden soň ony birneme sylap başladylar. Ýöne gaty haýran galmaly üýtgeşiklik, utanjaň Mariň özi bilen baglanyşyklylykda bolup geçýärdi. Özüniň görülmedik hazynany göterip ýörendigine ynanan Mari, ýüzüne hem tenine yhlas bilen esewan bolup başlady welin, ýaňkynyň süllerip başlan ýaşlygy ýaňadan gülläp, onuň göze gelüwsiz daş görnüşiniň kemçiliklerini bir hililik bilen kesekiniň gözünden gizlän ýaly bolaýdy.

Iki aýdan soň, gaýtjak bolup duran mahalym, ol baş aşpeziň ýegenine durmuşa çykýandygyny: «Men gelin boljak bolýaryn» diýip, habar berdi-de, maňa minnetdarlyk bildirdi. Ýönekeýje gep onuň bütin durmuşyny üýtgetdi».

Jorj Leblan Mari-gap ýuwujynyň abraýyny galdyrypdyr, olam şoňa mynasyp bolmagy maksat edinipdir, ol maksadam ony özgerdipdir.

Fransiýadaky amerikan esgerlerine täsir etjek bolanda, Genri Kleý Rizner hem şu usuly ulanypdyr, amerikan generallarynyň iň şöhratlylarynyň biri Jeýms J. Harbord Fransiýadaky iki million esger barada pikirini aýdanda, olary iň bir adalatly, çyn ýürekden dine uýýan esgerler hasaplapdyr. Beýle esgerler hakda kitapda-da okamandym, öňde-soňda görmändimem diýip, Riznere aýdypdyr.

Çendenaşa öwgümi? Mümkin. Ýöne ony Rizneriň peýdalanyşyna bir nazar aýlaň.

«Men generalyň sözüni gaýtalamak mümkin bolan mahaly ol mümkinçiligi sypdyrmazdym — diýip, Rizner ýazýar — Ol hakykata gabat gelýärmi diýen sowal mende birje pursatlygam döremeýärdi. Ýöne hakykata gabat gelmeýän bolanlygynda-da, esgerler general Harbordyň pikiri bilen tanyş bolsalar, olaryň şoňa kybap boljak bolup jan etjekdiklerini bilýärdim».

Köneden gelýän şeýleki bir gürrüň bar: «Gybat ölüme barabardyr». Ýöne adam barada gowy gürrüň ýaýradyp, onuň abraýyny galdyryň, onsoň näme bolýanyny özüňiz görersiňiz.

Baýmy, garypmy, gedaýmy, ogrumy — parhy ýok, olaryň her biri diýen ýaly, adalatly adamyň özi barada aýdan sözlerine kybap abraýy saklamak üçin jan edýär.

«Eger siz züwwetdin aldawçy bilen iş salyşmaly bolsaňyz, ony düzetmegiň mümkin bolan ýeke-täk ýoly şundan ybarat — diýip, Sing-Sing türmesiniň naçalnigi Loues (onuň gürrüňini edýän meselesini özünden gowy biljek ýok bolsa gerek) ýazýar. Onuň bilen iş salşaňda, ýaňkyny halal, adalatly adam hasaplap, göýä hormatly grajdanin bilen iş salyşýan ýaly bolmaly. Şeýtseňiz onuň biçak göwni hoş bolup, size görä boljak bolar hem-de özüne kimdir biriniň ynanýanlygy üçin guwanar».

Bu sözler şeýleki bir akylly hem ajaýyp sözler bolansoň, men olary ýene bir gezek gaýtalaýaryn: «Eger siz züwwetdin aldawçy bilen iş salyşmaly bolsaňyz, ony düzetmegiň mümkin bolan ýeke-täk ýoly şundan ybarat; onuň bilen iş salşaňda ýaňkyny halal, adalatly adam hasaplap, göýä hormatly grajdanin bilen iş salyşýan ýaly bolmaly. Şeýtseňiz onuň göwni biçak hoş bolup, size görä boljak bolar hem-de özüne kimdir

biriniň ynanýanlygy üçin guwanar».

Şunlukda, eger siz göwne degmän, öýkeletmän, kemsindirmän kimdir birine täsir etmekçi bolýan bolsaňyz ýedinji düzgüni berjaý ediň:

**Adamlaryň şol kybap boljak bolup jan aderi ýaly, olaryň abraýyny galdyryň !**

*Sekizinji bap*

## ÝALŇYŞLYGY ÝEŇILLIK BILEN DÜZEDIP BOLJAK ÝALY EDIŇ

Golaýda meniň sallah dostum kyrk ýaşynda öýlendi. Onuň alan gelni ýaňkyny şu ýaşdan soň, häzirki zaman tanslary boýunça birnäçe sapak almaklyga yrypdyr. «Maňa şeýle sapak almagyň gerekligini, gerek däldigini hudaý bilýär — diýip, ol maňa şunuň bilen baglanyşykly wakalary aýdyp başlady— Haçanda nämä ukyplydygymy görkezmekçi bolup tans oýnap görsem men mundan ýigrimi ýyl öňki ýaly, tans oýnap bilýän ekenim. Birinji çagyran tans mugallymam, megerem, dogrusyny aýtdy öýdýän. Onuň aýtmagyna görä, men hemme zady ýalňyş edýän borlym, ýaňky maňa ähli bilýänlerimi undup, täzeden öwrenip başlamaklygy ündeýär. Ol meni aljyraňly ýagdaýa saldy. Men-de sapak almaga höwes bolmady, şonuň üçinem ol mugallyma bilen hoşlaşdym.Ikinji mugallymanyň dogrusyny aýtmadyk bolmagy mümkin, ýöne, ol meniň göwnümden turdy. Ýaňky birneme köneçeräk tans

edýändigimi, ýöne bu ugurdan düşünjämiň gowudygyny, şonuň üçinem käbir täze elementleri öwrensem boljakdygyny perwaýsyzlyk bilen aýdyp goýberdi. Birinji mugallyma ýalňyşlyklarymy aýtmak bilen meni tansdan sowaşdyrdy, ikinji bolsa tersine. Ol meniň dogry edip bilýän zatlarymy mahabatlandyryp, ýalňyşlyklarymy ýönekeýje edip görkezdi. Ol maňa: «Sizde ritmi tebigy taýdan duýmak ukyby bar. Dogaňyzda tansçy bolup doglupsyňyz» diýýärdi. Häzir sowukganlylyk bilen pikirlenen mahalym, özümiň öňem ortaçarak tansçydygymy geljekde-de şunlugyma galjakdygymy boýnuma alýaryn. Herhal, ýüregimiň jümmüşinde onuň aýdan sözleri galypdyr hem-de şonuňkynyň dogry bolmagyny köňlüm küýseýär. Elbetde, men onuň şeýle diýenligi üçin hakyny töledim, ýöne şu meseläni gozgamak gerekmi? Gepiň gysgasy, ol maňa ritmi tebigy taýdan duýmak ukybymyň bardygyny aýtmadyk bolsa, häzirkim ýaly öňkümden gowy tans edip bilmezdim. Ol meni janlandyrdy, köňlümde ynam döretdi, kämilleşmek islegimiň döremegine sebäp boldy. Eger-de çagaňyzyň, adamyňyzyň ýa-da gullukçyňyzyň käbir meseleler babatda samsykdygyny, ýa-da kütekdigini, onuň ol we beýleki işlere düýbünden ukybynyň ýokdugyny, şol işleri juda ýalňyş ýerine ýetirýändigini aýtsaňyz, onda ony kämilleşmäge bolan höwesden mahrum edäýmegiňiz mümkindir, ýöne munuň ters usulyny ulanyp görüň: öwgä sahy boluň, siziň öňüňizdäki gürrüňdeşiňiziň öňünde müşgül zat ýok ýaly duýgy dörediň, ol özüniň ukybyna ynanylýandygyny duýsun, siziň hem sözleriňiziň kömegi bilen özünde ol, ýa-da beýleki işe doly ukyp bar hasap etsin, şeýden halatyňyzda ol uzak gijeläp üstünlik gazanmagyň aladasyny eder, bilimini artdyrar, ukybyny

ösdürer, tejribe toplar. Louell Tomas hem şeýle usuly ulanar eken. Maňa ynanyň, ynsan argatnaşyklary meselesinde ol örän eser adam. Ol göwnüňi galkyndyrýar, öz güýjüne ynam döredip, kalbyňa batyrgaýlyk salýar hem-de höwes atyna ataryar. Ine, size bir mysal. Golaýda hepdäniň ahy- ryny Tomas ikimiz aýallarymyz bilen bile geçirdik. Şenbe agşamy meni oduň başynda brij (kart oýna) oýnamaga çagyrdylar. Men nire, brij nire?! Bolmaz! Gitmen! Oýnap bilmeseň nähili gitjek?! Ol oýny oýnap bilmesem, düşmesem, nähili baraýyn?! Ol meniň üçin boýdan-başa syr ahyryn. Ýok! Ýok! Mümkin däl «Haý, senem-ä, Deýl, bu ýerde hiç hili çylşyrymly zat ýok — diýip, Louell sözüni dowam etdi — Näme, sen kart tanaňokmy? Tanaýan bolsaň, galan zat ýadyňa we ýüze çykan ýagdaýa baha berip bilşiňe bagly. Siz ýas hakynda bir bap ýazypdyňyzam. Brij oýny özüňiziň ýadyňyzy barlamaga sebäp bolar. Bu siziň gowy görýän zadyňyz ahyryn». Özümi dürsemäge ýetişmänkäm, ömrümde birinji gezek brij oýnamak üçin stol başyna geçdim. Şeýtmegime sebäp bolan zat hamana, meniň bu oýna tebigy ukybym barmyşyn, onsoňam mende oýnuň kyn däldigi barada duýgy döretdiler.Brij oýny hakyndaky gürrüň maňa Eli Kalbertsony ýatlatdy. Kalbertsonyň ady brij oýnalýan ýerde örän meşhur bolmaly, sebäbi onuň bu oýun barada ýazan kitaplary onlarça dile terjime edilip, millionlarça tiraj bilen çap edildi. «Eger-de bir ýaş gelin seniň şu ugurdan ukybyň bar diýmedik bolsa, men hiç haçan briji hünär edinmezdim» diýip, ol maňa gürrüň berdi. Kalbertson 1922-nji ýylda Amerika gelip, nirä hem bolsa bir ýere filosofiýa we sosiologiýa boýunça mugallym bolup işe girmek üçin näçe jan etse-de, ol başa barmaýar. Soňra ol kömür satmaga synanyşyk edýär we ýene

şowsuzlyga uçraýar. Onuň kofe satmaga eden synanyşygy hem önküler dek bişow tamamlanýar.Şeýle-de bolsa, çagalara brij öwretmek onuň ýeke gezegem kellesine gelmändir. Ýaňky karty-ha bir erbet oýnapdyr, üstesine-de gaty ýüregedüşgünç adam bolupdyr. Ol örän köp sowal berer ekeni we tamamlanan oýny analiz etmeklige kejeneklik bilen gaýta-gaýta dolanypdyr. Şonuň üçinem onuň bilen brij oýnasy gelýän bolmandyr. Ine, onsoň ýaňky günleriň bir güni Jozefina Dillona gabat gelýär. Brij oýny boýunça mugallyma bolan bu gelni söýýär hem-de oňa öýlenýär. Ol Kalbertsonyň kartlaryny jikme-jik öwrenýänligini nazara alyp, ýaňkynyň bu mesele babatda ýokary derejedäki genidigini hem onuň ýeriniň brij oýnalýan: stoluň başyndadygyny ynandyrypdyr. Bu sözler onuň göwnüni galkyndyrypdyr. Diňe şu galkynyşyň, ýeke-täk şonuň briji hünär edinmegine sebäp bolandygyny Kalbertson maňa aýtdy.

Şunlukda, eger siz göwne degmän, öýkeletmän, kemsindirmän adamlara täsir etmekçi bolýan bolsaňyz sekizinji düzgüni berjaý ediň:

**Höweslendirmäni saýlap alyň. Düzedilenini kem görmeýän ýalňyşlygyňyzy düzetmekden aňsat zat ýok ýaly duýgy dörediň; adamlary höweslendirmekçi bolýan zadyňyz, olar üçin aňsat ýaly görünsin.**

*Dokuzynjy bap*

# SENIŇ ISLEÝÄN ZADYŇY ETMÄGE, ADAMLARYŇ HÖWESEK BOLMAGYNY NENEŇSI GAZANMALY

1915-nji ýylda Amerikany gorky gaplap alypdy indi iki ýyl bäri Ýewropa halklary biri-birini gyrýardy. Munuň ýaly giň gerimli ganly çaknyşygy adamzat taryhynyň ýyl ýazgylaryndan-da hiç haçan okan ýokdur. Urşy ýatyryp, parahatçylyk gazanyp bolarmy? Muny bilýän ýokdy ýöne Wudro Wilson muňa synanyp görjek bolýardy. Ol özüniň şahsy wekilini parahatçylyk ilçisi — iberip, Ýewropanyň uruşýan ýurtlarynyň ýolbaşçylary bilen maslahatlaşjak bolýardy. Parahatçylygyň tarapdary bolan döwlet sekretary Uilýam Jennings Braýan Ýewropa gitmäge biçak höwesekdi. Ol bu işi amala aşyrmak bilen—ynsan öňünde ullakan hyzmat bitirerin hem-de öz adyny ebedileşdirerin öýdýärdi. Ýöne Wilson ilçi edip başga adamy — özüniň ýakyn dosty polkownik Hauzy belledi. Braýan üçin ýaramaz bu habary, onuň göwnüne degmän aýtmaklygam Hauza tabşyryldy. Öz gündeliginde Hauz şeýle ýazypdyr:«Parahatçylyk ilçisi häküminde Ýewropa meniň gitmelidigimi eşidende, Braýanyň gynandygy äşgär bildirdi. Ol bu ýumşy bitirmäge özi giderin öýdendigini aýtdy... Prezidentiň pikiri boýunça, beýle işi resmi adama tabşyrmak paýhassyzlyk boljak sebäbi Braýanyň gitmegi köpüň ünsüni özüne çekjek hem-de näme üçin ol ýere gitdikä diýip, onuň bilen adamlar gyzyklanjak diýip, men jogap berdim...» Siz bu sözleriň aňyrsynda näme gizlenendigi bilýärsiňizmi? Hakykatda Hauz Braýana: munuň ýaly ýumşa giderden, siz has wajyp adam

diýdi. Braýan muňa kanagatlanypdyr. Durmuş tejribesi esasynda akyllanan hem ugurtapyjy polkownik Hauz, adam aragatnaşyklarynyň iň wajyp ugurlarynyň birini ulanyp: öz isleýän zadyny özgäniň etmäge höwesek bolmagyny gazanypdyr. Wudro Wilson hatda Unlýam Jibbe Mak-Aduy öz kabinetiniň çleni bolmaga çagyranda-da şu usuly ulanypdyr. Bu onuň kimdir birine goýup biläýjek iň ýokary sarpasy bolsa-da, herhal Wilson ony özge adam özüni iki esse ähmiýetli duýar ýaly derejede teklip edipdir. Mak-Adu bu barada şeýle gürrüň berýär: «Ol (Wilson) öz kabinetini düzýändigini hem-de maliýe ministri bolmaga razylyk bersem, örän hoşal boljakdygyny aýtdy. Onuň ajaýyp gürleşiş täri bardy — bu ullakan, hormatly wezipäni kabul etmek bilen, hamana men oňa ýardam edýän ýaly duýgy döretmegi başarýardy». Gynansak-da Wilson şu sypaýyçylyklylygyny birsydyrgyn saklamaýardy. Eger-de ol hemişe şeýle eden bolsa, taryhyň ugry başgaçarak bolardy. Mysal üçin, ol Birleşen Ştatlary Milletler Ligasynyň sostawyna birleşdirmek barada özbaşdak karara gelmek bile, senatda hem respublikan partiýada nägilelik döretdi. Wilson Elihýu Ruty, Hýuzi, Genri Kebota Lojy, ýa-da respublikan partiýadan bolan görnükli adamlardan kimdir birini özi bilen parahatçylykly konferensiýa alyp gitmekden ýüz dönderdi. Bulara derek ol öz partiýasyndan, hiç bir meselede tapawutlanmaýan adamlary ol ýere alyp gitdi. Şeýle hem respublikanlar babatda perwaýsyzlyk edip, Milletler Ligasyny döretmek ideýasyna olary hem özi bilen deň derejede şärik etmedi, ýaňkylara bu işe dahylly bolmaga rugsat bermedi. Adam aragatnaşyklarynyň prinsiplerini şeýle gödek äsgermezçilik edenliginiň netijesinde, Wilson öz jemgyýetdäki derejesini pese gaçyrdy, wezipesinden

aýryldy, nähoşlady, ömrüni gysgaltdy, ABŞ-yň Milletler Ligasyna girmezligine sebäp boldy hem-de bütin dünýäniň taryhyny üýtgetdi. «Dabldeý peýj» diýen belli neşirýat hemişe: «Siziň eden teklipleriňizi ýerine ýetirmäge adamlaryň höwesek bolmagyny gazanyň» diýen düzgün boýunça hereket edipdir. O.Genriniň aýtmagyna görä, firma şu düzgüni şeýleki ussatlyk bilen ulanmany başarypdyr: neşirçiler haýsydyr bir hekaýany kabul etmedik halatlarynda-da olar şol eseriň mertebesini örän mähribanlyk bilen ykrar edipdirler. Eseri yzyna gaýtarylan awtor «Dabldeý peýjden» çykanda, eserini kabul eden başga bir neşirýatdan gaýdandakydan özüni has gowy hem ruhybelent duýupdyr.Ýüzünden geçip bilmeýän dostlary, haýsydyr bir zat sebäpli borçly adamlary çykyş edip bermegi teklip eden halatynda, mejbury ýagdaýda şol teklipden ýüz döndermeli bolýan bir adamy men tanaýaryn. Ýöne ol bu işi ussatlyk bilen edýär. Ýumşy bitirilmedik adamlar, onuň ýanynda ýumşy bitençe kanagatlanmak bilen gidýärler. Ol muny neneňsi başarýar? Ol diňe gaty işlidigini, wagtynyň ýoklugyny we başga sebäpleri aýtmak bilen oňmaýar. Hawa, ol öňi bilen edilen çakylyk üçin minnetdarlyk bildirip, oňa gidip bilmejekligine gynanýandygyny aýdýar. Soňra bolsa öz ýerine başga bir adamy teklip edýär. Başga sözler bilen aýtsak, ol ýumşy bitmedik adama öýkelemäge wagt berenok. Ol bada-bat öz gürrüňdeşini ýumşuny bitiräýmegi mümkin bolan başga orator barada pikirlenmäge mejbur edýär. Mysal üçin ol: «Näme üçin siz çykyş etdirmek üçin «Bruklin igl» gazetiniň redaktory, meniň dostum Kliwlend Rojersi çagyrmaly däl? Ýa-da: näme üçin siz Gaý Hikoky çagyrmaga synanyşyk edip görmeli däl? Ol on bäş ýyllap Parijde ýaşady. Ýewropada habarçy bolup işlän

döwri barada ol ärän gyzykly wakalary gürrüň berip bilerdi. Belki siz Liwngston , Longfella ýüz tutup görersiňiz? Onuň Hindistandaky iri ýyrtyjylary awlamak barada ajaýyp kinofilmleri bar» Nýu-Ýorkdaky «J.A.Uont organizeýşen» diýen häzirki zaman iri tipografiýanyň ýolbaşçysy J.A.Uonta mehanikleriň biriniň öz işine bolan garaýşyny üýtgetmek gerek bolupdyr. Onlarça çap ediji we beýleki maşynlary gije-gündiziň dowamynda bökdençsiz işletmek ýaňky mehanigiň borjuna girýän eken. Ol işiniň köplüginden iş gününiň uzynlygyndan yzygiderli şikaýat edip, özüne kömekçi berilmegini talap edipdir. J.Uont ýaňkynyň göwnüne degmän, şikaýatlaryndan dynmagyň ugruna çykypdyr. Uont oňa kömekçi bermezden ,iş gününi gysgaltmazdan, edýän işiniň mukdaryny azaltmazdan ýaňky mehanigiň razy hem göwnühoş bolmagyny gazanypdyr. Ol muny nädip beýle edip bildikä? Mehanige özbaşdak kabinet beripdir, onuň gapysynada ýaňkynyň adyny we «hyzmat ediji bölümiň müdiri» diýen täze wezipesini ýazdyrypdyr. Indi ol haýsydyr bir Tomuň, Dikiň, ýa-da Garriniň diýenine «hoş» diýip duran remontçy däldi. Indi ol bölüm müdiridi. Ol özüniň şahsy ähmiýetini hem mertebesini duýdy, ony ykrar etdiler. Ýaňky şondan soň keýpihon işläpdir we şikaýat etmesini goýupdyr. Çaga ýalylykmy? Mümkin. Haçanda: Napoleon öz goşunyny«Beýik goşun» diýip atlandyranda, generallarynyň on sekizisine «Fransiýanyň marşaly» diýen çini berende, «Hormatly legion» ordenini döredip, bir ýarym müň soldatyna haç paýlanda, şonda oňa-da ýokarky sözleri aýdýardylar. Söweşde taplanan tejribeli esgerlerine «oýunjak» paýlandygy üçin Napoleony tankyt edýärdiler. Muňa ol: «Oýunjak adamlara diýenimi etdirýär» diýip jogap berer eken. Hormatly atlary

dakmak we beýik ygtyýarly etmek usuly Napoleon üçin üstünlikli işläpdir, ol siziň üçinem edil şunuň ýaly üstünlikli işlär. Nýu-Ýork ştatynyň Skarsdeýl diýen ýerinden bolan Jent hanym bilen baglanyşykly öňde getiren mysalymyzam şuny tassyklaýar. Ot eken ýerjagaşynda oýnap, oty depeleýän çagajyklar ony biynjalyk edipdir. Jent hanym çagalara ýalbar-ýakar edibem, sögübem görüpdir, emma peýda bermändir. Şonda ol başga bir usuly ulanypdyr. Garagollaryň ýolbaşçysyna hormatly at dakyp, oňa-da hiç kimi ot ekilen ýere goýbermezligi tabşyrypdyr. Şondan soň ýagdaý gülala-güllük bolupdyr. Onuň «hormatly at» dakan oglanjygy goňşy howluda ot ýakyp, demir çybygyny gyzarýança gyzdyryp, kimde-kim otly meýdança giräýse, simi şonuň endamyna basjak diýip haýbat atypdyr. Ynsan tebigaty şeýledir.

Şunlukda, eger siz göwne degmän, öýkeletmän, kemsindirmän kimdir birine täsir etmekçi bolýan bolsaňyz, dokuzynjy düzgüni berjaý ediň:

**Adamlaryň siziň diýeniňizi etmäge höwes etmegini gazanyň.**

## *N e t i j e:*

## Berjaý eden halatyňda öýkeletmän, göwne degmän adama täsir edip bolýan dokuz düzgün

**1-nji düzgün.** Gürrüňdeşiňiziň mertebesini ýürekden ykrar ediň, gürrüňi öwgüden başlaň.

**2-nji düzgün.** Özgeleriň ýalňyşyny gönümel aýtmaň, ony ýaňzytmagyň üsti bilen aýtmagyň tärini tapyň.

**3-nji düzgün.** Ilki öz ýalňyşlyklaryňyz hakynda gürrüň edip gürrüňdeşiňizi soňra tankyt ediň.

**4-nji düzgün**. Gürrüňdeşiňize nämedir bir zady buýurma derek, oňa sowal beriň.

**5-nji düzgün.** Adamlara öz mertebesini halas etmäge mümkinçilik beriň.

**6-njy düzgün**. Adamlaryň örän kiçijik şowlulyklary üçin hem makullaýjy sözler aýdyň, olaryň her bir üstünliklerini guwanç bilen belläň. Beren bahaňyz ak ýürekden bolsun, öwgäde jomart boluň

**7-nji düzgün**. Adamlaryň şol kybap boljak bolup jan ederi ýaly, olaryň abraýyny galdyryň.

**8-nji düzgün.** Höweslendirmäni saýlap alyň. Düzedilenini kem görmeýän ýalňyşlygyňyzy düzetmekden aňsat zat ýok ýaly duýgy drorediň; adamlary höweslendirmekçi bolýan zadyňyz, olar üçin aňsat ýaly görünsin.

**9-njy düzgün.** Adamlaryň siziň diýeniňizi etmäge höwes etmegini gazanyň.

# Bäşinji bölüm

## JADYLAÝJY TÄSIR EDIP, GEŇ GALDYRYJY NETIJE BEREN HATLAR

Siziň häzir näme hakda pikir edýänligiňizi bilýänligime jedel etmäge-de taýyn. Megerem, siz öz-özüňize şu aşakdaky ýalyrak bir zatlar diýýän bolmaly: «Jadylaýjy täsir edip, geňgaldyryjy netije beren hatlar! Patarraky! Adam bary öz harydyny geçirmek üçin her hili gürrüň tapjak!» Şeýle pikir edýän bolsaňyzam, men sizi günälämok. Eger on bäş ýyl mundan öň şeýle kitaby okan bolsam, meger, meniň özümem şunuň ýaly pikir ederdim. Siz şübheli garamaga endik edipsiňiz öýdýän? Zyýany ýok, men şübhe bilen garaýan adamlary oňat görýän. Özümiň ilkinji ýigrimi ýaşymy Missuride geçirdim, şonuň üçinem her bir zadyň subutnamasyny gözleýän adamlar maňa ýaraýar. Ynsanýetiň pikirlenişiniň kämilleşmeginiň hemmesine diýen ýaly sebäp bolandyklary üçin, Foma ynamsyz diýip şübheli garaýan adamlara, jedelleşýänlere, subutnama talap edýänlere biz bergidardyrys; Dogrymyzdan geleliň, «Jadylaýjy täsir edip, geň galdyryjy netije beren hatlar» diýen sözbaşymyz hakykata laýyk gelýärmi? Eger çynymyzy aýtsak, onda laýyk gelenok. Halys ýürekden boýun alsak, munuň özi bilgeşleýinden hakykaty kiçeltmekdir. Şu bapda getirilýän hatlaryň käbiriniň beren netijesiniň hatda gudrat hökmünde görlen wagtam bolupdyr. Kim oňa beýle baha berdikä? KenR. Daýk, ol haryt ýerleşdirmek boýunça Amerikada iň belli adamlaryň biridir. Ol «Jons-Menwill» kompaniýasynyň haryt satýan bölümine ýolbaşçylyk edýärdi, häzir bolsa: «Kolgeýt —

Palmoliw Pit» kompaniýasynyň reklama bölümine ýolbaşçylyk edýär, şol bir wagtda-da reklama berijileriň prawleniýesiniň Milli assosiasiýasynyň başlygy bolýar. Daýkyň aýtmagyna görä, söwdagärlerden informasiýa sorap ýazan hatlaryna, adatça, hat iberilenleriň çendan bäş-sekiz prosenti jogap berer eken. Eger olar iberilýän hatlaryň on bäş prosentine jogap gaýtaraýsalar, men ony adatdan daşary waka hökmünde görerdim, jogap hatlarynyň sany ýüz tutanlarymyň ýigrimi prosentine ýetäýse, men ony gudrat hasaplardym diýip, ol aýdýar. Daýkyň iberen hatlarynyň birine — ony biz şu bapda getireris — hat ýollanan adamlaryň kyrk iki ýarym prosenti jogap beripdir. Başga sözler bilen aýtsak, ol hatyň beren netijesi gudrat hasap edilýän sandan iki essedenem gowrak boludyr. Gülmäge alňasamaň. Gürrüňi edilýän hat kadadan çykmak, ýa-da bir tötänleýin şow işi bolmandyr. Başga-da köp hatlar şuňa meňzeş netijeler beripdir.Ol muny neneňsi başarypdyr? Ken Daýkyň hut özüniň düşündirişini getireýin: «Meniň hatlarymyň täsiriniň juda täsinlik bilen ösmegi, Karnegiň oratorçylyk sungaty we adam aragatnaşyklarynyň meseleleri baradaky kurslaryna gatnap başlanymdan soň başlandy. Men işe öňki çemeleşiş usulymyň düýbünden nädogrudygyny duýdum-da şu kitapda beýan edilýän tärleri iş ýüzünde ulanmaga çalyşdym; munuň özi hem meniň hatlarymyň netijeliligini artdyrdy, informasiýa sorap ýazýan hatlaryma berilýän jogabyň mukdary 500—800 prosent ösdi. Ine, şol ýatlanylýan hat. Bu hatyň ony alan adama oňaýly täsir edýänliginiň syry şundan ybarat: hatyň awtory haty ýollan adamyndan azajyk kömek soraýar. Şol soralýan kömek hem haty okaýan adama şahsy ähmiýetlidigini duýmaga mümkinçilik döredýär.Hata meniň hususy düşündirişim ýaý

içinde getirilýär.

Jenap Jon Olanka.

Blankwill, Arizona.

Hormatly jenap Blank!

Kiçeňräk kynçylykdan baş alyp çykmaga, Siz maňa kömek edip bilmezmisiňiz? Bolup geçýän zatlary açyk göz öňüne getirmäge çalşyň. Arizonaly tokaý önümlerini satýan söwdagäri göz önüne getiriň. Ol özüne ýolbaşçylyk edýän «Jono Menwill» kompaniýasynyň işgärindan hat alypdyr. Hatyňam birinji setirinde ýaňky Nýu-Ýorkda ýaşaýan köp aýlykly administrator kyn ýagdaýdan çykalga gözläp, oňa ýüz tutýar. Arizonaly söwdagäriň şeýleräk bir zat diýäýmeginiň mümkinligi aňymda ýaňlanýar! «Baý-bo-ow, bu Nýu-Ýorkly kişiniň başyna iş düşüpdir-ow, ýöne ol kömek sorap kime ýüz tutmalydygyny bilipdir. Men hemişe rehimdarlyk bilen adamlara kömek etmäge çalyşýaryn. Hany, göreli, muňa näme bolduka?» Biziň söwdagärlerimiziň jaý basyrmak üçin satýan agaçlarynyň mukdaryny köpeltmäge kömek etmek üçin iň wajyp zat iki arada hemişelik göni hat aragatnaşygyny ýola goýmakdan ybaratdygyny, munuň ähli çykdaýjysyny hem biziň firmamyzyň öz üstüne almalydygyny geçen ýyl kompaniýamyza ynandyrmagy başardym. Arizonaly söwdegär, megerem, şeýle diýer: «Elbetde, munuň üçin olar tölemeli. Olar girdejiniň köp bölegini alýarlar; men zordan süýegimi süýreýän, kärendäniň hakyny zordan töleýän mahalym, olar millionlap pul gazanýarlar... Hany göreli, bu adamynyň başyna düşen kynçylyk nämeden ybaratka?» Ýaňy-ýakynda men şu çärä gatnaşýan söwdagärlere 1600 anketa iberdim. Haçanda olardan ýüzlerçe makullaýjy hat alamda hem olaryň bu işi örän

peýdaly hasaplaýandyklaryny eşidenimde, elbetde, göwmüm hoş boldy. Golaýda biz şonuň esasynda göni hat aragatnaşygynyň täze planyny işläp düzdük, ol Size has-da ýarar diýen ynamym bar.Ýöne şu gün ir bilen biziň prawleniýämiziň başlygy geçen ýylky plan boýunça hasabatymy meniň bilen maslahatlaşyp otyrka, başlyklaryň adaty endigi boýunça — muny iş ýüzünde ulanmagyň bize nähili netije berýändigini menden sorady. Tebigy ýagdaýda men Size ýüz tutup, şu sowala jogap bermekde maňa kömek etmegiňizi haýyş etmeli bolýaryn. «Men size ýüz tutup, şu sowala jogap bermekde maňa kömek etmegiňizi haýyş etmeli bolýaryn» diýen sözlem örän oňatja. Nýu-ýorkly ketde kişi dogrusyny aýdýar, ol öz firmasynyň arizonaly agentine çyny bilen dogruçyl hem laýyk baha berýär. Üns beriň, Ken Daýk öz kompaniýasynyň niçiksi ähmiýetlidigi baradaky gürrüňler üçin wagt ýitirenok. Munuň ýerine ol hat ýazan adamyna näderejede bil baglamaly bolandygyny görkezýär. Ken Daýk şu agentiň kömegi bolmasa, «Jons-Menwill» kompaniýasynyň prawleniýesiniň başlygynyň öňünde hasabat bermäge-de mümkinçiliginiň ýoklugyny boýun alýar. Ynsana mahsus häsiýetleriň hiç biri ýat bolmadyk arizonaly söwdagäre beýle gürrüňiň ýarajakdygy tebigydyr). Meniň isleýän zadym, Siz: hatyň ýany bilen iberilýän poçta otkrytkasyna poçta boýunça gönümel hat aragatnaşyk usulynyň, Siziň pikiriňizçe, pol düşemek we üçek ýapmak üçin näçe zakaz almaga kömek edendigini ýazyň we onuň (edilen işiň umumy bahasyna esaslanyp) näçe dollar we sente durýandygynyň mysaly bahasyny mümkingadar takyk hasaplap maňa habar ediň. Siziň mylakatlylyk bilen aýdylan maglumatlara iberenligiňiz üçin,

men Sizden örän hoşal we minnetdar bolaryn. Çyn ýürekden Size wepadar Ken R. Daýk:Haryt ýerleşdiriji bölümiň müdiri(Onuň iň soňky abzasda pyşyrdap diýen ýaly «men diýşine we sesiniň ýetdiginden «Siz» diýip gygyryşyna üns beriň. Onuň «Sizden örän hoşal we minnetdar bolaryn» diýip, öwgüni gysganmaýanlygyna-da nazar aýlaň) ýönekeý hat, şeýle dälmi? Hat iberilenden hat ibereniň azajyk kömek soranlygy, onuň ýerine ýetirilmegi bolsa, ýaňkynyň şahsy ähmiýetini duýmaga kömek etjekligi, bu hatyň «gudrat» derejesine ýetmegini gazanypdyr. Şeýle psihologiki tär azbest üçek satýanlygyňa, ýa-da Forduň maşynynda Ýewropada syýahat edip ýörenligiňe garamazdan, üstünlik getirer. Muny mysal bilen delillendireliň. Bir gezek Gomer Kroý bilen Fransiýanyň içki oblastlarynyň birinden maşynly barýarkak azaşdyk. «U» kysymly köne maşynymyzy saklap, golaýdaky uly şähere nädip ýetip bileris diýip topar bolup duran daýhanlardan soradyk. Biziň sowalymyz olara haýran ediji täsir etdi. Agaç paşmakly ýaňky daýhanlar ähli amerikalylary baý hasap edýän ekenler. Ol ýerlerde awtomobil seýrek, adatdan daşary seýrek zat hasap edilýän eken. Fransiýada awtomobilli syýahat edip ýören amerikalylar! Biz şübhesiz millionerler bolmaly. Hatda Genri Forduň garyndaşlary bolmagymyzam mümkin. Şuňa garamazdan, biziň bilmeýän käbir zatlarymyz olar üçin mälim eken. Biziň olaryňka garanda pulumyz köpdi, ýöne golaýdaky şähere nähili gitmelidigini soramak üçin, şlýapamyzy çykaryp, olaryň ýanyna barmaly bolduk. Bu olarda şahsy ähmiýetlilik duýgusyny döretdi. Ýaňkylaryň hemmesi birden gürläp başlady. Munuň ýaly seýrek mümkinçilige begenen bir kişi bolsa, özgelere dymmagy buýurdy. Onuň ýeke özi bize ýol

görkezmegiň keýpini görmek isleýärdi.Şeýle tejribäni siziň özüňizem geçirip görüň. Haçanda indiki gezek nätanyş şähere düşen mahalyňyz, sosial we ykdysady taýdan özüňizden pesde durýan adamy saklaň-da: «Kiçiräk kynçylykdan çykmaga Siz maňa kömek etseňizläň? Pylan ýere nähili barmalydygyny aýdyp bilmezmisiňiz?» diýip soraň. Benjamin Franklin ýowuz duşmanlaryny hemişelik dosta öwürmek üçin şu täri ulanar eken. Ol ýaş ýigit mahaly ähli ýygnap-ýygşyran zadyny kiçeňräk çaphana kärhanasyny edinmek üçin harçlapdyr, Ýaňky Filadelfiýanyň baş mejlisiniň sekretary wezipesine saýlanmagy hem başarypdyr. Täze ýer onuň resmi materiýallaryň zakazyny çap etmegini üpjün edipdir. Bu iş oňa oňat girdeji beripdir, şonuň üçinem Ben ony hemişe özüniň ýerine ýetirmegini isläpdir ýene öňde garşylyk howatyry peýda bolupdyr. Mejlisdäki gaty baý hem talantly adamlaryň biri Franklini näme üçindir erbet ýigrenipdir. Ol diňe bir ýigreneni bilenem oňman, ony köpçülikde tankydam edipdir. Bu ýöne-möne howatyrly bolman, biçak howatyrly bolupdyr. Şonuň üçinem Franklin ýaňky adamyň özüni oňat görmegini gazanmak isläpdir.Ýöne, nädip? — ine, mesele şunda eken. Öz duşmanyna hyzmat edip gazansynmy? ÝOK, beýtse, onda şübhe oýanmagy mümkin, belki-de, öňküdenem beter ýigrener. Franklin beýle duzaga düşerden has akylly, has çakgan bolupdyr. Şonuň üçinem ol bu zatlaryň tersine hereket edipdir. Ol duşmanynyň özüne hyzmat etmegini haýyş edipdir. Franklin ondan on dollar karz soramandyr Ýok ÝOk! Ol öz garşydaşyna ýarajak — ýaňkynyň şöhratparazlyk duýgusyna täsir etjek we ol adamyň ähmiýetliligini ykrar etmek bilen, Frankliniň onuň bilimine we mertebesine gözigidijiligini duýdurýan haýyş tapyp ýüz

tutupdyr.Ynha, bu taryhyň jemleýji bölegi şeýle, men ony Frankliniň aýdyşy ýaly beýan edeýin. «Onuň kitaphanasynda örän seýrek we gaty gyzykly kitabyň barlygyny eşidip, men oňa hat iberdim. Hatymda-da şol kitaby okamak isleýändigimi aýdyp, onuň mylakatlylyk bildirmegini we şol kitaby birnäçe günlük okamaga bermegini haýyş etdim. Ýaňky kitaby bada-bat iberipdir, men ony bir hepde töweregi geçensoň, ýanynyň haty bilen eýesine gowşurdym. Hatymda bolsa eden hyzmaty üçin oňa halys ýürekden minnetdarlyk bildirdim. Haçanda şondan soňky gezek biz mejlisler zalynda duşuşanymyzda, ol hemişe hiç haçan etmeýän zadyny edip, meniň bilen gürrüň açdy, özem örän mylakatly gürleşdi; soňra-da ähli ýagdaýlarda maňa ýaraýjak zatdyr öýden meselelerinde özüniň hyzmata taýynlygyny görkezdi, şunluk bilen ikimiz aýrylmaz dost bolduk ötägitdik, biziň dostlugymyz tä ol aradan çykýança dowam etdi». Ben Frankliniň öleli bäri ýüz elli ýyldanam köpräk wagt geçipdir, ýöne onuň ulanan: özge adamdan kömek soramak baradaky psihologiki täri şu günlerem hereketini dowam etdirýär. Mysal üçin, meniň diňleýjilerimiň biri Aloert B. Amsel ony örän şowly ulanypdyr Amsel suw prowody we jaý ýyladyjy enjamlary satmak bilen meşgullanypdyr. Ol-köp ýyllaryň dowamynda haýsydyr bir bruklinli suwprowody işlerini ýerine ýetirýän kärendeçini özüne müşderi edinjek bolup jan edipdir. Sebäbi ol adatdan daşary iri işleri ýerine ýetiripdir hem-de il içinde oňat abraýdan peýdalanypdyr. Ýöne ilki başdan Amseliň işi şowlamandyr. Ol kärendeçi azgepli, özüniň gerekligine guwanýan özbolușly adamlaryň hilinden bolup, gapysyndan baranyň ýüzüni alyp, ony aljyradyp goýberýän eken. Amsel heran haçan ýaňkynyň kontorajygynyň

gapysyny açanda, ernine ullakan sigar gysdyryp oturan ol adam: «Bu gün maňa hiç zat gerek däl! Biderek ýere meniň hem öz wagtyňyzy güýmemäň! Arabaňyzy daşda tigirläň!» diýip, Amseliň ýüzüni alyp goýberipdir. Bir gezek Amsel ýaňkynyň ugruny tapmagyň täze usulyny gözläpdir. Ol usul ara düşen sowuklygy ýyladyp, gödek kişini mylaýym dosta öwürmeli hem-de köp girdeji getirjek zakazlara ýol açmaly eken. Edil şol döwürde-de Amseliň firmasy Kuins-wildijden (Long-aýlend) täze dükan satyn alyp, ol ýerde filialyny açmak üçin gepleşikler geçirip ýörenmiş agzalan raýonda ýaňky kärendeçiniň gaty köp müşderisi ýaşansoň, ol şol raýona diýseň belet eken. Şonuň üçinem Amsel bu gezek onuň ýanyna baranda: «Jenap S..., men bu gezek siziň ýanyňyza haýsydyr bir zat satmaga gelemok. Maňa bir meselede kömek bermegiňizi haýyş etmek üçin geldim. Bir minut wagtyňyzy meniň üçin sarp edip, haýyşymy diňläp bilmezmisiňiz?» diýipdir. «Hümm... ýagşy— Ol ernindäki sigaryny bir erninden beýlekä geçiripdir— aýdyp oturyň, size näme kömek gerek?». «Meniň firmam Kuins-willijden öz filialyny açmakçy bolýar— diýip, Amsel düşündiripdir — Siz şol ýerleriň ýagdaýyny her bir adamdan gowy bilýärsiňiz. Şonuň üçinem biziň etmekçi bolýan şu işimize neneňsi garaýanlygyňyzy bilmekçi bolýarys. Şol ýerden filial açsak, dogry bolarmyka?» Täze bir ýagdaý emele gelipdir! Birnäçe ýyllaryň dowamynda söwda agentlerine gödek daraşmak bilen, olara arabalaryny daşda tigirlemegi höküm etmek arkaly öz şahsy ähmiýetliligini duýup ýören kärendeçi ýumşapdyr. Sebäbi bu gezekki ýanyna gelen agent, gaty iri konserniň agenti bolsa-da, ondan maslahat soramaga gelipdir. Ol öz firmasynyň nähiliräk ädim ädende gowy boljakdygy barada onuň pikirini

bilmek isleýär. Kärendeçi stuly süýşürip «Oturyň!» diýipdir, soňra ol bir sagadyň dowamynda Kuins-willijden suw prowodynyň enjamlarynyň ýörite bazaryny açmagyň artykmaçlyklary barada, söwdanyň şowly boljakdygy hakda Amsele düşündiriş beripdir. Ol dükan açmak üçin saýlanan ýeri oňlamak bilenem oňman, gozganmaýan emlägi almagyň, enjamlarynyň zapasyny skladda saklamagyň we söwdany gurnamagyň ýollary barada umumyrak äheňde öz pikirini aýdypdyr suw prowodynyň enjamlarynyň lomaý söwdasy bilen meşgullanýan konserniň wekiline işi nähili alyp barmalydygyny düşündirmek bilen, ol öz şahsy ähmiýetliligine guwanypdyr. Soňra ol özara dostlukly gürrüňe geçiripdir. Maşgala durmuşy, bu meselede ýüze çykýan kynçylyklar, öýdäki dawa-jenjelleri hakda-da aýdyp beripdir. «Şol agşam onuň ýanyndan gaýdanymda—Amsel gürrüňini dowam edýär —uly möçberdäki ilkinji zakaz meniň jübümdedi munuň üstesine-de, geljekki berk dostlugyň düýbi tutulypdy. Öň özüme gödek daraşyp, üstüme gygyrýan adam bilen indi golf oýnaýaryn. Onuň maňa bolan garaýşyndaky bu üýtgeşiklik, ondan kömek soranymdan soň başlandy. Sebäbi Mýoniň oňa ýüz tutmagy ýaňka şahsy ähmiýetini duýmaga kömek etdi». Geliň, Ken Daýkyň başga-da bir hatyna seredip geçeliň. Üns berseňiz, bu ýerde-de onuň «maňa kömek etseňizläň» diýen psihologiki usuly ussatlyk bilen ulanyşyny görersiňiz. Informasiýa ibermeklerini haýyş edip ýazýan hatlaryna arhitektorlaryň, kärendeçileriň, işewür toparlaryň wekilleriniň jogap berşi, birnäçe ýyl mundan öň Daýky umytsyzlyk derejesine ýetiripdir. Şol günler onuň injenerlere, arhitektorlara iberýän hatlaryna berilýän jogabyň bir

prosentden geçýän mahaly hem örän seýrek bolupdyr. Eger jogap berýänleriň sany iki prosente çenli köpelse, ol işiň gidişini ýagşy hasap etjek eken, üç prosent dagy bolaýsa, ony ajaýyp hasaplajakmyş. On prosent bolsa nähili? On bolsa-ha gudrat hasap etjek eken. Yna, şu aşakda getirjek hatymyza berlen jogabyň mukdary elli prosente ýetipdir... Ol «gudratdanam» bäş esse ýokary netije beripdir. Üstesine-de berlen jogaplaryň nähilidigini bir bilsediňiz. Her jogap iki-üç sahypadan ybarat! Özem dostlukly maslahatlardan dos-doly, aragatnaşyk saklamaga ilgeziklikdenem püre-pür! Ine, ol hat. Bu ýerdäki psihologiki täre, hatda sözleriň ulanylyşyna — olaryň ýokarda getirilen hatdaka menzeşräkligine-de üns beriň. Haty okan mahalyňyz setirleriň arasyndan hem many aljak boluň, ony alan adamyň duýgularyny analizlemäge çalşyň. Hatyň gudratdanam bäş esse ýokary netije berenliginiň sebäbini çen edip bilmäge synanyň.

«Jons-Menwill»,

22 Ist. 40-njy Strit.

Nýu-Ýork Jenap Jon Doua 617, Dou-strit.

Douwill, Nýu-Jersi. _

Hormatly jenap Dou!

Siz maňa kiçeňräk kynçylykly ýagdaýdan baş alyp çykmaga kömek edip bilmezmisiňiz? Jaýlary remont etmek we üýtgedip gurmak işinde ulanmak üçin biziň firmamyzyň ähli gurluşyk materiýallary baradaky doly maglumaty özünde jemleýän kataloga arhitektorlaryň örän mätäçlik çekýändigini bir ýyl töweregi mundan öň öz kompaniýamyza ynandyrmak maňa başartdy. Şonuň netijesinde hatyň ýany bilen iberilýän, özem şu görnüşdäki ilkinji katalog dünýä indi, ýene häzir biziň

kataloglarymyzyň zapasy gutaryp barýar. Haçanda men muny prawleniýämiziň başlygyna duýduranymda, ol (başlyklaryň adaty endigi boýunça) katalogyň öz niýetlenen işini bitirendigi barada ynandyryjy subutnama getirsem, katalogyň täzeden neşir edilmegine garşy bolmajakdygyny aýtdy ine, şu ýagdaý sebäpli, men size kömek sorap ýüz tutmaly boldum. Siziň bilen bir hatarda, ýurduň dürli künjeginde ýaşaýan arhitektorlaryň kyrk dokuzysyna biziň sudýamyz bolmaklaryny haýyş edip, hat iberdim. Siziň üçin bu meseläni ep--esli ýeňilleşdirjek bolup, hatymyň arkasyna birnäçe ýönekeý sowallar ýazyşdyrdym. Eger Siz şol sowallara jogap berseňiz hem-de öz etmek islän bellikleriňizi edip, hat bilen bile iberilýän markaly bukja jogap hatyny salyp maňa ýollasaňyz, ony Siziň maňa eden hususy kömegiňiz diýip düşünerin. Bu hatyň Sizi hiç bir meselede borçly etmeýändigini ýazyp oturmak artykmaç bolsa gerek. Siziň tejribäňiz hem maslahatlaryňyz esasynda gowulanan katalogyň täzeden neşir edilmegini, ýa-da onuň neşirini togtatmak meselesini çözmegi Size tabşyrýaryn. Her neneňsi bolsa-da, Siziň kömegiňiz üçin juda minnetdar boljaklygyma ynanyň. Size hoşallyk bildirýärin, çyn ýürekden Size wepadar Ken R. Daýk:Haryt ýerleşdiriji bölümiň müdiri. Ýene bir zady duýdurmak isleýärin. Käbir adamlaryň bu haty okap, bu psihologiki usuly mehaniki suratda ulanmaga synanyşjakdygyny tejribäm boýunça bilýärin. Olar hat iberen adamlarynyň şahsy ähmiýetliligini çyn ýürekden ykrar etmek arkaly oýarman, ikiýüzlülik we ýaranjanlyk arkaly oýarjak bolarlar. Beýle etseň, ol netije bermez. Biziň hemmämiziň ykrar edilmäge we düşünilmägi teşnedigimizi hem ony gazanmak üçin mümkin bolan zatlary etjekdigimizi ýadyňyzda saklaň.

Şeýle hem hiç bir adamyň aldanmak islemeýändigini bilip goýuň. Howaýy ýaranjaňlyk isleýänem ýokdur.

Maňa gaýtalamaga rugsat ediň: şu kitapda beýan edilen garaýyşlar, tärler, usullar diňe çyn ýürekden edilen halatynda netije berer. Men tilsim öwretjek bolamak. Men täze durmuş obrazy hakynda gürrüň edýärin.

## A l t y n j y  b ö l ü m

# BERJAÝ EDEN HALATYŇDA, MAŞGALA DURMUŞYŇ HAS BAGTYÝAR BOLMAGYNA MÜMKINÇILIK DÖRETJEK ÝEDI DÜZGÜN

*Birinji bap*

## ÄR-AÝAL! BAGTYŇYZA BORAN ÝAGDYRMAGYŇ IŇ AŇSAT USULY

Ýetmiş bäş ýyl mundan öň, Napoleon Bonapartyň ýegeni, Fransiýanyň imperatory Napoleon III dünýäde iň owadan aýaly — grafinýa Tebskaýani, Maýa Ýewgeniýa Ignasiýa Awgustinade Montihony söýüpdir we oňa öýlenipdir. Ýaňkynyň maslahatçylary onuň hiç kime näbelli ispan grafynyň gyzydygyny aýtsalaram. «Bolanda näme? — diýip, Napoleon garşy çykypdyr— Onuň näzikligi, ýaşlygy, husny jemalynyň gözelligi Napoleon III-i aýdyp-diýip bolmajak derejede maýyl edipdir. Imperatoryň täji-tagtyň üstünde joşgun bilen: «Men

maňa näbelli, ýene söýýän hem sylaýan aýalyma öýlenmegi dogry hasaplaýaryn» diýmegi bütin jemagatda närazylyk döredipdir. Napoleonyň we onuň gelniniň saglygy, baýlygy, häkmürowanlygy, şöhraty, gözelligi, söýgüsi, birek-biregi gowy görmek duýgulary, garaz, bagtly bolar ýaly hemme alamatlary bolupdyr. Nikanyň keramatly odunyň beýle ýagty saçan gezegi, belki-de, öň bolanam däldir.Ýöne, haýp, keramatly ýalyn tiz köreklenip hem sönüp başlapdyr, howur öçüpdir, diňe ýylpyldaýan közjagazlar galypdyr. Napoleon Ýewgeniýany imperator aýal edip biljek eken, ýöne onuň söýgüsiniň güýjem, tagtynyň hökmürowanlygam, asyl ajaýyp Fransiýadaky hiç bir zadam Ýewgeniýany ärine müňkürlik etmekden el çekdirip bilmändir. Gabanjaňlyk zerarly ýüze çykan müňkürlikden ýaňa janyna jaý tapmadyk bu gelin, imperatoryň buýrugyna bakman, ony hemişe yzarlap başlapdyr. Napoleon III döwlet işleri bilen meşgullanýan wagtlary hem onuň kabinetine giripdir. Wajyp gepleşiklerini bölüpdir. Bir aýal bilen duşuşaýmasyn diýen gorky bilen, ärini hiç haçan ýeke goýmazlyga çalşypdyr.Ýygy--ýygydan aýal doganynyň ýanyna gidip, äriniň üstünden arz edipdir; nägilelik bildiripdir, aglapdyr, iňirdäpdir we haýbat atypdyr. Adamsynyň kabinetine kürsäp girip, gygyrypdyr, göwnüne degipdir. On iki sany ajaýyp köşgüň eýesi, Fransiýanyň imperatory— Napoleon ýalňyz galara ýer, gizlenere deşik tapmandyr. Bu zatlary etmek bilen Ýewgeniýa näme gazandy? Ine şuny. Men E.A.Raýnhartyň «Napoleon we Ýewgeniýa. Bir imperiýanyň tragikomediýasy» diýen biçak gyzykly kitabyndan mysal getirmekçi bolýaryn. «Şu ýagdaýda iş baryp şuňa diredi: Napoleon ýumşak şlýapasyny gözüne çenli çümdirerdi-de, iň bir ynamdar dostuny ýoldaş edinip,

böwürdäki kiçeňräk gapydan ýygy-ýygydan gizlin halda çykyp giderdi. Ol hakykatdanam garaşyp oturan haýsydyr bir ajaýyp zenanyň ýanyna gidermidi, ýa-da öňki wagtlardaky ýaly, uly şäheriň içinde gezelenç edip, imperatorlaryň diňe ertekilerde eşidýän köçelerinden geçip barşyna, elden gideren mümkinçiliklerine ahmyr edermidi?». Igenjeňligi zerarly Ýewgeniýanyň gazanan zady ine, şu. Dogry, ol Fransiýanyň tagtynda oturdy. Onuň dünýäde iň owadan aýaldygy hem dogrudy. Ýöne onuň imperator aýallygam, gözelligem söýgini aýap saklap bilmedi, söýgi onuň igenjeňliginiň awuly tüssesine boglup galdy. Ýewgeniýa hem bir çakky injildäki Iow ýaly: «Iň bir erbet gorkýan zadym başymdan indi» diýip, ýangynly boýun almak galypdyr. Başyndan indimikä beri? Gabanjaňlygydyr igenjenligi bilen bu, garyp aýal özi-özüni şu güne duçar etdi. Dowzahyň melgunlarynyň söýgini hara döndermek üçin öňde-soňda oýlap tapan hilegärlikleriniň iň erbedi—söýginiň ýalňyşman merkini berýäni—igençdir. Bu tär hiç haçan ýüňsakgal edenok. Ol göýä kepjebaş ýylan çakan deý, hemişe zäherleýär, hemişe-de öldürýär. Graf Tolstoýyň aýaly bu ýagdaýy duýanda, eýýäm giç eken. Ol ölmezinin öň ýanynda: «Siziň kakaňyzyň ölmüne sebäp bolan men» diýip, gyzlarynyň öňünde boýun alypdyr. Gyzlary oňa hiç zat diýmändir. Ikisem aglapdyr. Olar ejeleriniň aýdan zadynyň dogrulygyny bilýän ekenler. Olar ejeleriniň kakalaryny tükeniksiz zeýrençleri, yzyüzülmez tankydy gutarnyksyz igenji bilen öldürenini, aýtmasa-da bilipdirler. Şeýle-de bolsa, graf Tolstoý bilen onuň aýalynyň bagtly bolmagy üçin dokuzlary düzüw bolupdyr. Tolstoý ähli döwürleriň iň bir şöhratly ýazyjysy bolan. Onuň döreden iki eseri — «Uruş we parahatçylyk» we «Anna

Karenina» — biziň planetamyzyň edebiýat äleminde üýtgewsiz ýyldyz kimin hemişe ýalkym saçar. Tolstoý şeýleki bir şöhratly bolan; onuň muşdaklary ýazyjynyň gije-gündiz yzyna düşüp, her aýdan sözüni ýazyp alypdyrlar. «Men ýatmaga gitsem gerek» diýen ýaly, üýtgeşik many aňlatmaýan sözlerine çenli ýazypdyrlar. Indi rus häkimiýeti onuň eserleriniň doly ýygyndysyny çykarýar. Ýüz tomdan ybarat boljak bu ýygynda onuň haçandyr bir wagt ýazan her sözi girer. Mundan başga-da, Tolstoýdyr onuň aýalynyň mülki, jemgyýetde abraýly orny, çagalary bolupdyr. Hiç bir nika şularyňkydan gowy mümkinçilikli ýerde gül açan däldir, bularyň ilkibaşdaky bagtyýarlygy uzaga çekerden has aýdyň, has eşretli bolupdyr. Şonuň üçinem olaryň ikisem dyzlaryna çöküp, bu sapaly günleri uzaga çekdirmegi hudaýdan dilär ekenler. Soňra täsin ýagdaý ýüze çykypdyr. Tolstoý kem-kemden üýtgäp, düýbünden başga adama öwrülipdir. Ol döreden ajaýyp kitaplaryndan utanyp başlapdyr we urşy, gedaýçylygy ýok etmegi hem parahatçylygy wagz edýän publisistik makalalar ýazmaklyga özüni bagyşlapdyr. Ýaşlygynda adamyň edip biljek ähli günälerini edenligini — hatda adamam öldürendigini — bir gezek boýun alan bu adam, Isa pygamberiň taglymatyna jikme-jik wepaly bolmaga synanyşyk edipdir. Ol özüne degişli bolan ýeriň baryny paýlap beripdir, garyplaryň ýaşaýşy ýaly ýaşap, meýdanda işläpdir, odun aýrypdyr, bede taýýarlapdyr, özüne köwüş tikinipdir, jaýyny süpüripdir, çanakda nahar edinipdir we duşmanlaryny söýmäge çalşypdyr. Lew Tolstoýyň ömrüniň tragediýa bolmagyna sebäpkär bolan onuň aýalydyr. Ýazyjynyň aýaly bolelinligi söýüpdir, Tolstoý bolsa ýigrenipdir. Aýaly hormata hem şöhrata teşne bolupdyr, adamsy bolsa, bu zatlary

biderek hasap edipdir. Aýaly pula, baýlyga çapypdyr, Tolstoý bolsa, baýlyk edinmeklige hem hususy eýeçilige günä hökmünde garapdyr. Neşirçilere galam haky tölemezden öz eserlerini çap etmäge rugsat edenligi üçin, aýaly oňa köp ýyllaryň dowamynda igenipdir, sögüpdir, galmagal turuzypdyr. Sebäbi ol äriniň kitaplary üçin pul almak isläpdir. Haçanda äri garşy çykanda, aýalynyň kakyny tutupdyr: içi tirýekli çüýşejigi agzyna salyp, özüni öldürjekligine ant içip, poluň üstünde togalanypdyr, «guýa özümi oklaryn» diýip, haýbat atypdyr. Olaryň ömründe bolup geçen bir wakany hut adamzat taryhyndaky iň bir tolgundyryjy ýagdaý hökmünde göz öňüne getirýärin diýsemem boljak. Öňem belleýşim ýaly, olar durmuş guranlarynda, iň bir bagtyýar maşgala bolupdyrlar. Kyrk sekiz ýyl geçenden soň bolsa, äri aýalyna zordan çydap bilipdir. Kämahal, agşamlaryna gam-gussadan ýaňa surnugyp, ýürekdeşlige, köňül isleglerine düşünilmegine teşne bu garry aýal: äriniň öňünde dyza çöküp, onuň elli ýyl mundan öň özüne bagyşlap gündeligine ýazan söýgüden doly ajaýyp setirlerini sesli okap bermegini haýyş edipdir. Haçanda ol şol bagtly hem dolanmajak günler hakynda okanda, olaryň ikisi hem aglapdyr. Durmuş hakykaty ol ikisiniň öňki arzuw eden durmuşlaryndan gaty tapawutly bolup çykypdyr! Ahyrda , Tolstoý segsen iki ýaşynda, maşgala tragediýasyna çydap bilmän, 1910-njy ýylyň garly oktýabr gijesinde — tüm ýaly, sowuk gijede — nirä gitjegini hem bilmän, öz aýalyndan gaçypdyr. On bir günden soň kiçijik demirýol stansiýasynda Tolstoý öýkeni sowuklap ölüpdir. Onuň ölmezinden öňki haýyşy: ýanyna aýalyny goýbermezlik bolupdyr. Grafinýa Tolstoýanyň igenjeňligi, arza-şikaýaty hem-de galmagallary, ine şunuň ýaly gymmat düşdi.

Okyjy, ähtimal, aýalyň nägilelikleriniň ýerlikli esasy bardyr hasap etmegi mümkin. Mümkin, ýöne onuň biziň gürrüňimize degişli ýeri ýok. Mesele bir zada gelip direýär: onuň tükeniksiz igençleri derdini ýeňledipmi, ýa-da, onuň şeýle-de agyr ýagdaýyny has basmarlapmy? Tolstoýyň aýaly iňňän köp wagtdan soň: «Men dogrudanam samsyk bolupdyryn öýdýän» diýen netijä gelipdir. Awram Linkolnyň durmuşynyň iň agyr hesreti hem onuň ýassykdaşy bilen baglydyr pikir ediň: onuň öldürilmegi bilen däl-de, ýassykdaşy bilen. But atandan soň Linkoln öldürilendigini aňynda aýlamaga-da ýetişmändir, ýöne ýigrimi üç ýylyň dowamynda — ýoldaşy, ýurist Gerndonyň ýazyşyna görä: hut her gün diýen ýaly maşgala bisazlygynyň ezýetini çekipdir. «Maşgala bisazlygy, şowsuzlygy?» Bu örän sypaýçylykly aýdylan sözler. Missis Linkoln çärýek asyryň dowamynda diýen ýaly adamsyna iňirdäp, igenip azar ýamanyny beripdir. Oňa aýaly tükeniksiz nägilelik bildiripdir, «Meniň günüm göwnüme görä bolanok» diýip, ony ýadawsyz igeläpdir. Linkoln küýkerip, gowuşgynsyz ýörär eken. Ol indeýler ýaly ädim ädende dyzlaryny epmändir. Hanym oňa ýöräňde ziňkildäp däl-de, örän sypaýy gadam urmalydygyny irmän sargapdyr. «Özüňi epeý sakla» diýip, igenipdir hem ýörän wagty ilki aýagynyň burnuny ýere basmagy talap edipdir. Hanym oňa Leksingtondaky pansionda madam Manteliň özüne öwreden bu sapagyny ärine öwretjek bolupdyr. Onuň har gulaklary aýalyna ýaramaýardy. Hanym hatda: «burnuň oňurgaly, gelşiksiz, aşaky dodagyň keselliňki ýaly ýuka hem öňe çykyp dur , aýaklaryň, elleriň gedensiz, kelläň kiçijik» diýibem, adamsyna igenýärdi. Awraam Linkoln we Meri Todd Linkoln ähli babatda: alan terbiýesi boýunça-da, gelip çykyşlary, hyjuw-

joşgunlylygy, höwes-meýilleri hem dünýägaraýyşlary babatda-da bir-birine büs-bütin gapma-garşydylar. Olaryň hemişe birek-birege myrryhy atlanýardy. Dünýäden öten senator, biziň döwrümiziň görnükli Linkoln öwrenijisi Albert J.Bewerij:«Hanym Linkolnyň gulagyny deşip gelýän şaňňy sesini köçäniň beýle tarapyndanam eşitmek bolýardy, olara golaý ýaşaýanlaryň bary onuň hemişe turuzýan gopgunlaryna beletdiler. Köplenç halatda bolsa, hanymyň kakynly galmagaly çekip-çydap bolmajak derejä ýetýärdi» diýip ýazypdyr. Ynha, şeýle ýagdaýlaryň biri öýleniş toýlaryndan köp wagt geçmänkä, Linkolndyr aýaly, wraç äri ýogalyp, jaýyny kireýine bermäge mejbur bolan Jeýkop Erlilere — Springfilde göçüp barýarlar. Günleriň birinde är-aýal Linkolnlar ertirlik edinip otyrka Linkoln aýalynyň göwnüne ýaramaýan bir zat edipdir. Onuň näme edendigini indiden soň huday biläýmese bendesi bilibilmez. Hawa, onsoň hanym Linkolnyň jyny atlanyp, käsesindäki gyzgyn kofäni adamsynyň ýüzüne serpip goýberipdir. Özi-de muny keseki adamlaryň ýanynda oturan wagty şeýdipdir. Kemsidilen Linkoln aýalyna bir sözem diýmän, hanym Erli gelip öl polotense bilen ýüzüni, üst-başyny süpürýänçä, sessiz-üýnsüz ýuwaşja oturypdyr. Hanym Linkolnyň juda paýhassyz gabanjaňlygy zerarly bolup ýörşi, biçak gazaplylygy akyla sygmajak derejede geň bolupdyr welin, adamsyny köpüň arasynda it masgarasy edýän aýylganç «oýunlary» barasyndaky ýazgyny ýetmiş bäş ýyldan soň okanyňda-da, huşuň uçup agzyňy öweldip galanyňy duýmaýarsyň, ahyry hanym aklyndan azaşýar. Ol barada aýdyp bolaýjak iň mährem söz şu bolsa gerek: hanym Linkolnyň şeýle häsiýeti, megerem, onda döräp ugran akyl azaşmasynyň

netijesi bolsa gerek. Aýalynyň irginsiz igençleri, berýän azarlary, dälilik hetdine ýetirjek jenjelleri Linkolny özgerdipmi? Hawa, bir meselede özgerdipdir. Bu ýagdaý onuň aýalyna bolan garaýşyny üýtgedipdir. Onuň bilen nikalaşanyna ökünipdir, aýalynyň baran ýerine barmajak bolupdyr. Springfilde on bir aklawjy ýaşapdyr, ýöne olaryň bary ol ýerde iş bilen üpjün däl eken. Şonuň üçin-de aklawjylar sud ýa Dewid Dewisiň graflygyň dürli ilatly punktlarynda geçirýän sud mejlislerine gatnaşmak üçin onuň yzyna düşüp, ol, ýa-da, beýleki şäherjiklere atly gider ekenler. Şeýlelik bilen-de sekizinji sud okrugyna girýän ýerli sudlarda olar özlerine iş tapypdyrlar. Beýleki aklawjylar her hepdäniň şenbe güni Springfilde dolanyp, dynç günlerini maşgalalary bilen geçirmegiň ugruny tapypdyrlar. Ýöne Linkoln weli beýtmändir. Ol öýüne gitmäge gorkupdyr, baharyňam, güýzüňem üç aýyny, jemi alty aýlap Springfilde golaýlaman, gününi başga ýerlerde geçiripdir. Ol her ýyl şeýle eder eken. Köplenç bolýan şäherjikleriniň myhmanhanalaryndaky ýaşaýyş şertleri juda ýaramaz bolupdyr. Şeýle-de bolsa, Linkoln öz öýünde bolup, missis Linkolnyň tükeniksiz igenjini çekenden, kakynly jenjelini eşideninden bu ýeriniň ähli oňaýsyzlygyna döz geleni eý görüpdir. Öz ýanýoldaşlaryna garaýyşlary şeýle bolansoň, Missis Linkoln, imperator aýal Ýewgeniýa we grafinýa Tolstoýa şeýle ýagdaýa duçar bolupdyrlar. Şeýle hüý--häsiýetleri olaryň durmuşyna awy gatypdyr, özleri üçin iň gymmatly adam bolan ärleriniňem bagryny ýakypdyrlar. Nýu-Ýork sudunda maşgalanyň içki gatnaşyklary boýunça onbir ýyl işlän we erkek adamlaryň öýlerini terk edip gitmegi boýunça müňlerçe ýagdaýy seljeren Bessi Hamburger, «Erkekleriň

öýden gitmeginiň esasy sebäpleriniň biri aýallaryň iňreligi» diýýär. Ýa-da «Boston post» gazeti: «Öz ýanýoldaşynyň kem-kemden gabryny gazan we ony barha çuňaldan aýal ýeke-ikiden has köpdür» diýip, ýazýar.

Şeýlelikde, eger-de iki başyňyz jem bolup bagtyýar ömrüňizi uzaltmakçy bolsaňyz birinji düzgüni berjaý ediň!

**Hergiz, hergiz igeniji bolmaň!!!**

*Ikinji bap*

## SÖÝ WE ILE-DE ÝAŞAMAGA MAÝ BER

Dizraeli: «Ömrümde köp ýalňyşlyk etmegim mümkindir, ýöne hiç haçan söýşüp öýlenmen» diýipdir. Ol şeýle-de edipdir: otuz bäş ýaşyna çenli sallah gezýär, soňra özünden on bäş ýaş uly, elli gyşyň gary saçyna ak sepen dul aýala söz aýdýar; Bu ýerde söýgi boldumyka? Asla ýok! Ol aýal onuň özüni söýmeýänini, diňe puly üçin öýlenýänini bilipdir! Şonuň üçinem ol aýal ýaňkynyň öňünde bir şert goýýar: ýagny, Dizraeliň hüý-häsiýetini öwrenmegi üçin bir ýyl puryja bermegini soraýar. Şol pursat gutarandan soňra-da ol oňa durmuşa çykypdyr. Bu juda tukat hem ownukçyllyk ýaly bolup görünýär, şeýle gerek? Her nähili geňem bolsa, Dizraeliň bu nikasy ýüregedüşgünç hem hapysa gürrüňleriň döremegine sebäp bolup geçen maşgala durmuşlarynyň içinde, iň ajaýyp şowlusy bolup çykdy. Dizraeliň nazary eglenen baý zenany ýaşam, görmegeýem, artykmaç akyllam däldi. Gürrüňdeşlikde ol edebiýat hem taryh

babatda juda gömükligini äşgär edýän gülkünç ýalňyşlyklary goýberýärdi. Mysal üçin ol: «Greklerdir rimlileriň haýsysynyň soň dünýä inenini bilmeýärdi». Ol geýim saýlamak babatda täsin galdyrýanam bolsa öýi mebel bilen bezemek babatda duran ýeridi. Ýene maşgala meselesindäki häsiýetiniň belli bahasy ýokdy — erkek adama hyzmat etmegiň ussadydy. Ol öz akyl-paýhasyny Dizraeliň garşysyna goýmaýardy. Haçanda ol ýiti akylly gersoginýalar bilen birnäçe sagada çekýän çekeleşikli hem surnukdyryjy çaknyşyklardan ýadap gelende, Meri-Enniň ugursyz ýaňramalary onuň ýadawlygyny aýyrýardy. Öýi onuň uly höwes bilen dynç alýan hem-de Meri-Enniň yhlasynyň hözirini görýän ýeridi. Gartaşyp barýan aýaly bilen geçiren sagatlary onuň ömrüniň iň bagtyýar pursatlary bolupdy. Meri-Enn onuň dostudy, syrdaşy we maslahatçysydy. Her gün agşamara ol obşinalar palatasynda gündiz bolan zatlary aýalyna, gürrüň bermek üçin öýüne alňasaýardy. Haýsy bir işe ýapyşsa, ol özüniň işiniň şowsuzlyga duçar boljagyna asla ynanmaýan, Meri-Enniň goldawyny duýýardy. Bu örän möhüm goltgudy. Meri-Enn otuz ýyllap diňe Dizraeli diýip, diňe şonuň üçin ýaşady. Hatda ol baýlygyna-da onuň diňe adamsyny galkyndyrýandygy üçin sarpa goýýardy. Bu hyzmatlaryny ýapyşdyrmak üçin ol öz aýalyny gahryman edindi. Dizraeli aýaly ölenden soň, graflyk derejesine ýetdi. Ýöne ol entek hiç bir derejesiz ýönekeý adamka öz aýalyny periler gatlagynyň hataryna geçirmeklige Korolewa Wiktoriýany yrypdy. Şeýlelikde ol aýal 1868-nji ýylda Bikonsfildiň wikontessasy diýen derejäni alypdy. Aýaly köpçülikde näçe samsyklaç, ýa--da, ýeňilkelle bolup görünse-de ol ony hiç haçan ýazgarmaýardy. Ol oňa ýekeje gezek-de igenmändi, eger-de

kimdir biri aýalynyň üstünden gülmekçi bolaýsa dagy, ol gazap bilen onuň garşysyna çykýardy, aýalyny goraýardy. Meri-Enn kämil adam bolmasa-da, otuz ýylyň dowamynda adamsy barada öwgüli sözleri ýadawsyz aýdyp gezipdir, oňa guwanypdyr. Bu ýagdaý nämä getiripdir? Dizraeli: «Biz otuz ýyl bile ýaşadyk, ol ýanymdaka meniň hiç haçan içim gysmazdy» — diýýär. (Herniçik bolsa-da, käbir adam taryhy bilmeýänligi üçin Meri-Enni akmak hasaplapdyr). Öz gezeginde, Dizraeli-de Meri-Enniň özi üçin iň gymmatly adam bolandygyny hiç haçan gizlemändir. Ýeri, onsoň netije nähili bolupdyr? Meri-Enn öz maşgalalarynyň, dostlarynyň ýanynda: «Adamymyň mähremligi bilen meniň durmuşym tükeniksiz bagt bilen beslendi» — diýip, häli-şindi gaýtalapdyr. Olar özaralarynda kämahal bälçireşipdirler. Dizraeli: «Biler bolsaň, men saňa puluň üçin öýlendim» diýer eken. Meri-Enn bolsa ýylgyryp: «Hawa eger-de sen täzeden öýlenmeli bolaýsaň onda indi meni söýüp öýlenerdiň, dogry dälmi?» diýip jogap berer eken. Dizraeli onuň bilen ylalaşypdyr. Hawa, Meri-Enn kämil aýal däldi. Ýöne, Dizraeli iňňän akylly adam bolup, aýalynyň daşyny dolan onuň gowy adam derejesinde görülmegine ýardam edipdir. Genri Jeýms: «Eger-de şeýtmek bize isledigimizçe bagtly bolmaga zelel bermeýän bolsa, biziň özge adamlar bilen aragatnaşykdaky ilkinji öwrenmeli zadymyz, ol olara bagtly bolmaga päsgel bermezlikdir —sebäbi olar şony isleýär» diýip, nygtapdyr. Bu sözler şeýle bir wajyp bolansoň ony gaýtalamak möhüm: «Eger-de şeýtmek bize isledigimizçe bagtly bolmaga zelel bermeýän bolsa, biziň özge adamlar bilen aragatnaşykdaky ilkinji öwrenmeli zadymyz, ol olara bagtly bolmaga päsgel bermezlikdir— sebäbi olar şony isleýär».Ýa-da,

Leland Foster Wud özüniň: «Bir maşgalada önüp-ösýäris» atly kitabynda: «Şowly nika — mynasyp adamy tapmak başarnygyndan-da has uly bir zatdyr, bu özüň hem şeýle adam bolmaga ukyply bolmakdyr diýip, ýazýar.

Şeýlelikde, eger-de siz maşgala durmuşyňyzy bagtyýarlykda saklajak bolsaňyz ikinji düzgüni berjaý ediň:

**Ýanýoldaşyňyzy özgertjek bolmaga synanmaň.**

*Üçünji bap*

## ŞEÝLE HEREKET ETSEŇIZ, NIKAŇYZY BOZMAK ÜÇIN RINO GITMELI BOLARSYŇYZ

Beýik Gladston Dizraeliniň jemgyýetçilik durmuşynda iň ganym bäsdeşi bolupdyr. Bu iki döwlet işgäriniň pikiri imperiýany dolandyrmak bilen baglanyşykly ähli jedelli meselede çapraz gelipdir ýöne olarda bir umumylyk bolan: olaryň şahsy durmuşlary iňňän bagtyýar bolupdyr.

Uilýam we Ketrin Gladstonlar elli dokuz ýyl, ýagny altmyş ýyla golaý bile bir jan-bir ten bolup wepaly durmuş sürüpdirler. Angliýanyň premýer ministirleriniň içinde iň sarpalysy Gladstonyň ýanýoldaşynyň elinden tutup puhary pejiň öňünde hiňlenjiräp tane edişini göz öňüne getirmek meniň hoşuma gelýär ýeňi ýoluk ärdir dogumly aýal — Şatlyk-gamymyz bir hamu-hyýal.

Jemgyýetçilik işlerinde gazaply garşydaş bolan Gladston öz öýündäkilere hiç haçan käýinmändir. Ir bilen ertirlik naharyny

edinmäge ýokarydan düşende, maşgalalarynyň hemmesiniň ýatandygyny gören wagtynda, ol özüniň nägileligini mylakatlylyk bilen duýdurmagyň tärini tapypdyr. Ol bütin jaýy ýaňlandyryp tukat aýdyma gygyrmak bilen, bütin Angliýanyň ähli aladasy başyndaky adamyň aşakda, ýalňyzlykda ertirlik naharyna garaşýandygyny özüniňkilere duýdurypdyr. Adamlara iňňän sypaýyçylykly hem ünsli garan. Gladston maşgalasynyň içinde-de hiç haçan käýinmändir.

Ýekaterinanyň hem edil şeýle häsiýeti bolupdyr. Ol dünýäde iň uly imperiýalaryň birini dolandyrypdyr. Raýatlarynyň millionlarçasynyň ömrüne we ölmüne erk edipdir. Syýasat babatda özüni köplenç zalymlarça  görkezip, manysyz uruşlary geçiripdir we garşydaşlarynyň onlarçasyny ölüme (atuwa) höküm edipdir. Şeýle-de bolsa, aşpeziň, bişiren etiniň ýanýanyny gören wagty, ýaňky sesini çykarmandyr. Ol ýylgyrjaklap nahary işdä bilen iýipdir. Şeýle häsiýet ortaça Amerikan erkek adamyna-da zelel etmezdi.

Betbagt nikalaryň sebäpleri baradaky mesele boýunça Amerikada meşhur bolan Doroti Diks baglaşylýan nikalaryň deň ýarysyndan köpüsini şowsuz hasaplaýar. Ýene bir zat oňa mälim: Rinoda bozulýan nikalaryň köpüsiniň esasy sebäbi gerekmejek, ýüregedüşgünç iňrelikdir, käýinçmiş.

Çagalara  käýemek küýüňize geldimi... Men size käýemäň diýer öýdýäňizmi? Men beýle diýmen. Ine,size aýtjak zadym: çagalara käýýäp başlamazyňyzdan öňürti, amerikan jurnalistkasynyň klassyky eserleriniň biri bolan «ata ökünjini» okaň. Ilkibaşda ol «Poplz houm jornel» jurnalynda baş makala hökmünde çykdy. Awtoryň rugsady bilen, biz ony ”Rideris daýjest» jurnalynda gysgaldylyp çykarylyşy ýaly ýagdaýynda

size ýetirýäris. «ata ökünji» — bu kalpda hyjuw-joşgunyň täsiri bilen ýazylan çaklaňja eserleriň biri bolup, ol köpsanly okyjylaryň ýürek taryna kakýar, şonuň üçin-de bu dürli neşirlerde yzygyderli çap edilip durulýar. On bäş ýyl töweregi mundan ozal «ata ökünji» ilkinji gezek çap bolup çykaly bäri, awtor U. Liwingston Larnediň ýazyşy ýaly, bu eser «ýüzlerçe jurnalda we atly neşirýatlarda, şeýle hem ýurduň ähli ýerindäki gazetlerde çap edildi. Şeýle hem ol köp daşary ýurt dillerinde giňden çap edilýär. Meniň hut «ýüz müňlerçe adama ony mekdeplerde, ybadathanalarda hem leksiýa kafedralarynda okamaga rugsat berdim. Ol dürli radioprogrammalarda sanýetmez gezek berildi. Geňem bolsa ony kollejleriň gündelik neşirleridir orta mekdepleriň jurnallarynda peýdalandylar. Kämahal çaklaňja eserler iňňän uly meşhurlyk gazanýarlar. Şu makala-da şeksiz şolaryň biridir».

*U. LIWINGSTON LARNED*

## ATA ÖKÜNJI

«Gulak as, oglum, men bu sözleri sen süýji ukuda ýatan wagtyň aýdýaryn: sen çepiksije eliňi ýassyjagyň aşagynda goýupsyň, mymyjak mele saçlaryň bolsa çygjaran maňlaýyňa ýelmeşipdir. Men bir özüm seniň ýatan otagyňa daraklygyma basyp girdim. Birnäçe minut mundan ozal, kitaphanada gazet okap otyrkam biçak gaty ökünç aladasy meniň üstüme labyryny atdy. Häzir günämi boýun alyp seniň krowadyň ýanyna geldim..

Gör, men nämäň pikirini etdim, oglum. Men gaharymy senden çykarjak bolan ekenim. Mekdebe gitjek bolup geýnip durkaň, öl polotensany ýaňy ýüzüňe ýetiren wagtyň, men sana gaty käýýedim. Köwşüňi arassalamanyň üçinem ýüzüňi aldym. Eşikleriňden bir zady ýere taşlan gezegiňem üstüne herrelipdim. Çaý dökeniň üçin, çörege mesgäni juda köp çalyp, açgözlük bilen iýýäniň üçin, tirsegiňi stola diräniň sebäpli, ertirlik naharyň başynda-da men saňa igendim. Onsoň sen-ä oýnamaga ugradyň, menem otla ýetişjek bolup alňasadym, sen şonda maňa tarap öwrüldiň-de, eliňi bulaýlap: «Sag bol, kaka!» diýdiň, men weli ýüz-gözümi çytyp: «Egniňi gysma!» diýip gygyrdym.

Soňra, günüň ahyrynda, bary ýene täzeden başlandy. Ýol bilen öýe barýarkam, seniň dyzanaklap şar oýnaýanyňy gördüm. Joraplaryňam deşilen eken. «Jorabyň bahasy gymmat — ony der döküp öz gazanjyňa satyn almaly bolaýsaň, onda ony aýap geýerdiň!» diýip, hüňürdäp, öňüme salyp alyp gaýdanymda, men seni ýoldaşlaryň arasynda kemsitdim. Bir pikir et, oglum, bu zatlar atanyň ogla diýjek sözümidir!?».

Ýadyňdamy, bir gezek sen kitaphana girdiň, ol ýerde men gazet okap otyrdym, sen çekinýärdiň, ýygrylýardyň. Men okap oturan gazetimiň üstaşyry gözümi alardyp seretmek bilen maňa päsgel berenligiňi aňdyrdym, sen ýaýdanyp, iç işikde saklandyň. Menem: «Saňa näme gerek?» diýip, azmly soradym.

Sen hiç zat diýmediň-de, maňa tarap topulyp, boýnumdan gujakladyň-da ogşadyň. Seniň eljagazlaryň hudaýyň ýüregine guýan mähri bilen, hatda, meniň saňa ýowuz daramagym zerarly-da öçmedik mähir bilen boýnuma oraşypdy. Soňra aýajyklaryňy basgançaklara basyp ýokary çykyp gitdiň.

Hawa, oglum, ana, şondan soň, elimdäki gazet syrylyp ýere gaçdy-da, meniň kalbymy eýmenç ýürekgysdyryjy gorky eýeledi. Ýaramaz gylyk meni nä güne salypdyr? Kiçijik oglanlygyň üçin meniň saňa bar eden sowgadym — gaharlanmak, igenmek boldy. Men seni gowy göremokdym diýip bilmen, gep başga zatda, men çagadan has köp zada garaşypdyryn, seni hem özüm ýaly etjek bolupdyryn.

Seniň hüý-häsiýetiňde weli ajapdan-ajap zatlar, ýürekdeşlik gaty köp. Seniň kiçijik ýüregiň baýyrlaryň aňyrsyndan dogup gelýän şapak ýaly, uly hem tämiz. Ýatmaga gitmeziň öň ýany meni gujaklamak hem ogşamak üçin topulaňda bu zatlara gowy göz ýetirdim. Men garaňkyda utançly halda seniň krowadyň ýanyna gelip dyzyma çökdüm! Bu gün başga hiç zadyň ähmiýeti ýok, oglum.

Elbetde, bu günäni ýuwan kişi bolmak. Oýanan wagtyň saňa bu zatlary gürrüň bersem, düşünmejegiňi bilýän. Ýöne men ertirden başlap hakyky ata bolaryn! Men indi seniň bilen agzybir boljak, sen ejir çekseň bile çekerin, begenen ýeriňde-de begenerin. Nähili gaharym gelse-de indi dilimi dişlärin. Men hemişe doga sanan ýaly: «Ol entek çaga, kiçijik oglan ahyry» diýen sözleri gaýtalaryn.

Dogrusy, seni öz aňymda uly adam hökmunde görüpdirin. Ýöne, häzir krowadyňda süýji ukuda ýatyrkaň görenimde, seniň entek çagadygyňa düşündim. Sen dek düýnem ejeň elinde, başyňy onuň egnine ýaplapjyk durdun ahyry. Men senden juda köp zady, uçursyz köp zady talap edipdirin

Şeýlelikde, eger-de siz maşgala durmuşyňyzy bagtyýar etmekçi bolsaňyz üçünji düzgüni berjaý ediň !

**Käýinmäň, tankytlamaň**

hyyal2017@gmail.com

*Dördünji bap*

## HEMMELERI ÇALT BAGTLY ETMEGIŇ TÄRI

Los-anjelosdaky maşgala gatnaşyklary institutynyň direktory Pol Popenou: «Erkek adamlaryň köpüsi özlerine aýal saýlap-seçenlerinde öý bikesini däl-de, özleriniň şöhradyna şöhrat goşjak, ilden artykmaçdyklaryny nygtamaga ýardam etjek görmegeýleri gözleýärler. aýdaly, şeýle görmegeý zenany— kanselýarynyň müdirini bir gezek hödür-kereme, nahara çagyrypdyrlar. Şeýle ýagdaýda ol aýalyň mürehet edende haçandyr bir wagt ýadynda galan «häzirki zamaň filosofiýasynyň esasy ugurlary baradaky» leksiýadan bölekleri aýdyp bermegi, hatda, iýen-içen zatlary üçin özüniň pul tölejek bolmagy-da gaty mümkindir. Netijede, soňra ony nahara çagyran bolmaz. Ýokary bilimi bolmadyk maşinistka zenan nahara çagyrylan bolsa büs-bütin onuň tersine bolar: ol jadylaýjy nazary bilen ýoldaşyny bendi eder, üstesine-de mylaýymlyk bilen: «Indi özüňiz barada-da bir zatlar gürrüň berseňiz-le» diýer; ýeri onsoň onuň netijesi nähili bolar? Ol erkek adam öz dostlaryna: «Ol gyz aňrybaş görmegeý-ä däl welin, şonuň ýaly mylakatly maşgala heniz duş gelemok» diýip, gürrüň berer.

Erkek adamlar aýal gyzlaryň sypaýy, görmegeý görünmäge, gelşikli geýinmäge çalyşýandyklaryny özleriniň aňýandyklaryny hem olaryň bu häsiýetini hormatlaýandyklaryny bildirmelidirler. Erkek adamlar — eger olar irde-giçde öz-özlerine hasabat berýän bolsalar — aýallaryň egin-eşik barada gaty çuňňur gyzyklanýandyklaryny

unudýandyklaryny duýarlar.

Bir mysal, eger-de bir aýaldyr erkek köçede, bagda bir aýal-erkege duş geläýse, aýalyň erkek adamyň boý-syratyna syn edenine seýrek duş gelersiňiz ol hökman aýal adamynyň nähili geýinenini göz eleginden geçirer.

Meň mamam birnäçe ýyl mundan ozal 98 ýaşynda aradan çykdy. Ölmeziniň sähelçe öň ýany, oňa ýetmiş bäş ýyl öň aldyrylan suratyny görkezdiler. Onuň nury «öçüşen gözleri suraty gowy saýgaryp bilmän, ýaňky şeýle sowal berdi: «Men bu suratda haýsy köýnekde?». Siz bir pikir ediň ölüm ýassygynda ýatan, ýüz ýyla basalykly ömür ýoluny geçip surnugan, akyl- huşy gaçyşan, hatda, öz bagryndan öndüren gyzlaryny-da kynlyk bilen tanaýan kempir ýetmiş bäş ýyl mundan ozal nähili köýnekdedigi bilen gyzyklanypdyr. Bu sowaly berende, men onuň krowadynyň ýanyndadym. Onuň bolşy mende ýatdan çykmajak täsir galdyrdy.

Bu setirleri okan erkek adamlaryň biri-de bäş ýyl mundan ozal nähili geýim geýendigini ýadyna salyp bilmez, ony ýadyna salmak asla olaryň pikirinde-de ýok. Ýöne aýallar beýle däl, biz — amerikaly erkekler ony mertlerçe boýun almalydyrys. Pereňlileriň ýokary gatlakdan bolan oglanlaryna aýal-gyzlaryň köýnegine we şlýapasyna gözüniň gidýändigini bir agşamyň dowamynda telim gezek aýtmagy öwredýärler. Näme, elli million pereňli ýalňyşýandyr öýdýärsiňizmi? Mümkin däl.

Kesip alan gazet bölеklerimiň içinde hakykatda bolmadyk, ýöne örän dogry zat barada gürrüň berýän bir rowaýat bar, şonuň üçin men ony gaýtalamakçy.

Bir daýhanyň aýaly uzak gün işläp aryp gelen adamsynyň öňüne bir goltuk bede dökendigi barada ol rowaýatda gürrüň

berilýär. Äri ondan: «Sen däliräp dagy eden-ä dälsiň?» diýip, soranda, aýaly: «Seniň muňa üns beräýjegiňi men nireden bileýin? Men seniň üçin indi ýigrimi ýyl bäri nahar bişirip berýän, ýöne şunça wagtyň içinde ýekeje gezegem, maňa bede iýmeýändigiňi ýaňzytmadyň!» — diýipdir.

Moskwanyň we Peterburgyň barjymly rus aristokratiýasynyň bir gowy gylygy bolupdyr. Patyşa Russiýasynyň ýokary gatlak jemgyýetinde, däbe görä, gowy naharlananlaryndan soň, nahar taýýarlan aşpezleri ýygnap, olara tagamly nahar üçin minnetdarlyk sözlerini aýdýar ekenler. Näme üçin siz hem öz aýalyňyzyň şeýdip göwnüni awlamaly däl? Indiki gezek aýalyňyz jüýje gowurar berer welin, oňa hoşamaý sözler aýdyň. Özüňiziň bede däl-de, örän lezzetli tagam iýýändigiňiz üçin aýalyňyzyň gadyryny bilýändigiňizi oňa ýaňzydyň. Ýa-da tehasly Gwinanyň aýdyşy ýaly: «Kiçijik gyza şowhunly el çarpyşyk guraň».

Siz minnetdarlygyňyzy bildirmekçi bolanyňyzda, özüňiziň bagtly durmuşyňyzda aýalyňyzyň ummasyz goşandynyň bardygyny oňa duýdurmakdan çekinmäň. Angliýanyň taryhynda Dizraeli iňňän uly döwlet işgäri bolupdyr, şeýle-de bolsa, ol biziň bilşimiz ýaly, «ýassykdaşynyň öňünde uly borçludygyny» bütin dünýä mälim etmekden utanmandyr.

Golaýda bir jurnaly agdaryşdyryp otyrkam. Eddi Kantordan alnan interwýudan böleklere gabat geldim: «Dünýäde birine bergidar bolsam, özgelere garanyňda aýalyma iňňän köp borçludyryn. Men oglanjykkam ol meniň iň gowy ýoldaşymdy, ol meniň dogry ýoldan gitmegime kömek etdi. Öýlenenimden soň ol pulumy garşy-garşy dolanşyga girizip, her bir dollarymy tygşytly saklady. Ol maňa baýlyk toplady. Biziň bäş sany gül

ýaly çagamyz bar. Ol öýde meniň üçin hemişe ynjalykly-eşretli ýagdaý döretdi. Eger-de men bir derejä ýeten bolsam, hemmesi aýalymyň tagallasy bilendir».

Golliwudda nika uly töwekgellik hasap edilýär. Hatda onuň garamatyny Londonyň Loýda strahowaniýe jemgyetide boýnuna alyp bilmeýär, şol ýerde toý tutan iňňän bagtyýar jübütleriň biri Baksterleriň maşgalasydyr. Ön Uinifred Baraý diýlip atlandyrylan Bakster hanym — durmuşa çykandan soň şöhrat gazanan artistlik kärinden el çekýär. Ýöne, hanym: bu eden hereketim bagtymyza badak atdy diýip, hiç haçan ýaňzytmandyr. Uorner Bakster: «Ol sahnadaky üstünlikleri üçin eşidýän el çarpyşmalaryndan kesildi, ýöne oňa guwanýandygyma, el çarpýandygyňa onuň şek-şübhesiz gözüniň ýetmegi üçin, elimden gelenini etmäge çalyşdym. Eger-de aýal adam öz bagtyny adamsyndan tapmaly bolsa, ol şol bagty adamsynyň yhlasyndan, höwrügmesinden hem ýürekdeşliginden tapmalydyr. Haçanda yhlas, höwrügmek hem ýürekdeşlik hakyky bolanda, ol erkek adamynyň-da bagty ahyryn»,

Hawa, ol şeýle.

Şonuň üçin-de, eger siz maşgala durmuşyňyzy bagtyýar saklajak bolsaňyz iň möhüm düzgünleriň biri bolan dördünji düzgüni berjaý ediň:

**Birek-birege tüýs ýürekden minnetdarlygyňyzy aýdyň.**

*Bäşinji bap*

## BU, AÝAL-GYZLAR ÜÇIN BIÇAK MÖHÜMDIR

Gül gadym zamanlardan bäri yşk-söýgiň alamaty saýylýar. Güller aýratyn-da öz möwsüminde gymmat bolmaýar, her köçäniň çatrygynda diýen ýaly satylýar ýöne käbir erkek adamyň sary nerkes çemeni öýüne seýrek getirişini göreniňde, misli olar hem orhideýler ýaly gymmatdyr-ow, ýa-da, dumanly daglaryň uçut kemerlerinde bitýän edelweýs gülleri ýaly ýetmesi-tapmasy kyndyr-ow diýip pikir edýärsiň.

Sähelçe güli sowgat etmek üçin aýalyň keselhana girmegine garaşmalymy? Näme üçin ertir-agşam oňa birnäçe bägül getirip bermeli däl, hä? Siz synap görmekligi gowy görýänsiňiz. Hany şunam bir synap görüň hem nämeleriň bolýanyna syn kylyň.

Brodweýde işiniň başyndan agdyklygyna garamazdan, Jorj M. Koen ejesi dünýäden ötýänçä, oňa günde iki gezek jaň edipdir. Siz näme ol ejesine her gezek üýtgeşik, heýjana salýan täzelik aýdandyr öýdýäňizmi? ýok, uly bolmadyk bu ünsüň manysy başga zatda. Ol siziň adamyny gowy görýändigiňizi, onuň aladasyny edýändigiňizi, oňa bir ýagşylyk edesiňiziň gelýändigini, onuň durmuşynyň bagtyýarlygyna, rowaçlygyna tüýs ýürekden guwanýandygyňyzy aňladýar.

Aýallar belli senelere — doglan günlere, baýramçylyklara iňňän uly ähmiýet berýärler, ýöne onuň näme üçinligi weli aýallaryň hemişelik açylmadyk syry bolup galýar. Aram adamlar köp senäni ýatlaman bütin ömrüni ötürip biler: ýöne olaryň käbirini hökman bellemek gerekdir: olar 1492-nji hem-de 1776-njy ýyllar (1492-nji ýyl Hristofor Kolumbyň

Amerikany açan ýyly; 1776-njy ýylyň 4-nji iýuly Angliýanyň koloniýalygyndan bölünip, ABŞ-yň döredilýänligi barada garaşsyzlyk Deklarasiýasynyň kabul edilen güni) aýalyň doglan güni, nikalaşylan ýyl we gün. Juda bolmasa, ilkinji iki senäni bellemese-de bolar, ýöne soňkular weli hökmandyr!

Kyrk müň är-aýal dawasyna sereden we iki müň maşgalany ýaraşdyran çikagoly sudýa Jozef Sabbat şeýle diýýär: «Maşgala bisazlygyna köplenç ýagdaýda uşak zatlar sebäp bolýar. Erkek adamyň her gün irden işe ugranda hoşlaşyp elini bulaýlamasy ýaly ýönekeýje zat hem köp sanly maşgalalaryň aýrylyşmazlygynyň öňüni alyp bilerdi».

Robert Brauning öz keýwanysy Elizabet Barret Brauning bilen iň rahat, dawa-jenjelsiz ömür süren adamlaryň biri bolan bolsa gerek. Robert Brauning öz söýgi-yhlasyny uşak sowgat-peşgeş hem üns bilen bildirenlerden bolmandyr. Ol näsag aýalynyň ýadawsyz aladasyny edipdir, onuň aýaly öz uýalaryna bir gezek şeýle hat ýazypdyr: «Indi dogrudanam, men hakyky perişde bolaýmaýyn diýip, oýlanyp başlaýan».

Erkek adamlaryň juda köpüsi uly bolmadyk bu gündelik üns-aladalara kembaha garaýarlar. «Piktoriel rewýu» jurnalynda çykan makalasynda Geýnor Meddoks şeýle ýazýar: «Amerikan maşgalasy, hakykatdanam, birnäçe täze nogsanlara mätäç. Mysal üçin, ýatan düşeginde ertirlik edinmäge tarhan bolmak, aýallaryň köpsanly näzik kemçilikleriniň biridir. Muňa mümkinçiligi bolan aýallaryň sany köp boldugyça, kem däldir. Aýal üçin düşekdäki ertirlik, erkek kişi üçin hususy klub ýalyrakdyr.

Gepiň tümmek ýeri, nika-maşgala diýen zat oýun-oýunjak iş däldir. Şony şeýle hasap edýän maşgalanyň, ýagny, är-aýalyň

dat gününe. Edna Sent-Winset Milleý gysgajyk goşgusynda bu pikiri:

Söýgim sönüp süllermedi meň gülüm,

Yşk ody kem-kem öçdi, dat günüm! — diýip, jemleýär.

Bu setirler ýatda saklamaga mynasyp setirler. Rinoda Sudlar hepdede alty gün maşgalalary aýrylyşdyrýarlar, özi-de her on nikalaşandan biri aýrylyşýar. Şol aýrylyşýanlaryň içinde siziň pikiriňizçe näçesi ýerlikli sebäbe görä şeýle betbagtçylyga uçraýarka? Şonuň iňňän azdygyna meniň gaty gowy gözüm ýetýär. Egerde ol garabagt är-aýallaryň getirýän delillerini günüň-gününe diňlemäge siziň mümkinçiligiňiz bolan bolsady, onda siz olaryň yşky-söýgüsiniň «kem-kemden öçendigine» düşünerdiňiz.

Indi siz galam ýonýan çakgyňyzy çykaryň-da, indiki sözleri özüňize kesip alyň. Ony şlýapaňyzyň içine, ýa-da, günde öňünde sakalyňyzy syrýan aýnaňyzyň ýüzüne ýelmäp goýuň:

«Bu ýoldan men diňe bir gezek geçerin. Goý, men häziriň özünde kimem bolsa bir ynsan nesli üçin, haýsydyr bir ýagşylyk, ýa-da gowy iş edeýin. Men bu niýetimi gaýra goýmaýyn, ýa-da bolan mümkinçiligi elden gidermäýin, sebäbi men bu ýoldan gaýdyp hiç haçan geçmerin».

Şeýlelikde, eger-de siz maşgala durmuşyňyzdaky bagtyýarlygy saklajak bolsaňyz, bäşinji düzgüni berjaý ediň:

**Görer göze ähmiýetsiz ýaly zatlary-da gözden salmaň, birek-biregiň göwnüni göteriň.**

hyyal2017@gmail.com

*Altynjy bap*

# EGER SIZIŇ BAGTYÝAR BOLASYŇYZ GELÝÄN BOLSA, ŞU DÜZGÜNE GELEŇSIZ GARAMAŇ.

Uolger Damroş bir mahallar prezidentlige kandidat bolan, beýik amerikan dilewary Jeýms J. Bleýniň gyzyna öýlenipdir.

Olar köp ýyl mundaň ozal Şotlandiýada Endrýu Karnegiň öýünde duşuşanlary bäri, Damroşlaryň durmuşy iňňän bagtyýar bolupdyr.

Olaryň nähili syry bardy?

Missis Damroş: «Men toýdan soňky mylakatly gatnaşygy ýanýoldaş gözlemek seresaplylygy bilen bir hatarda goýýaryn. Eger-de ýaş gelinler keseki adamlar bilen mylakatly boluşlary ýaly öz ärleri bilen-de mylakatly bolaýsadylar! Iňre aýaldan her erkek adam gaçar» diýýär.

Söýginiň başyna ýetýän iň agyr kesel gödeklikdir. Muny hemme bilýär, şeýle-de bolsa, biz keseki adamlar bilen öz golaýlarymyza garanda, has sypaýçylykly, mylakatly gepleşýäris.

Biz megerem keseki adamyň sözüni: «Eý hudaý, siz ýene-de şol köneki ertekiňizi otaryp başlamakçymy!» diýip, bölmäge het edip bilmesek gerek. Biz öz dostlarymyzyň hatyny hiç haçan açmasak gerek, ýa-da olaryň syrlaryny biljek bolup timisgenip ýörmesek gerek. Biz diňe öz maşgala çlenlerimiziň, ýagny iň golaý hem gymmatly adamlarymyzyň sähel säwlikleri üçin göwnüne degmäge het edýäris.

Ýene-de Doroti Diksiň sözlerini getireýin: «Bize göwnedegiji hem ýüregiňi agyrdýan ýaramaz sözleri aýdýan diňe öz

öýmüzdäkilerdir. Bu geň galmaly hakykatdyr»

Genri Kleý Rizner: «Mylakatlylyk — ol kalbymyzdaky şeýle duýgy bolup, onuň barlygynda gapynyň döwükligine däl-de, döwük gapyly howlynyň içindäki güllere «seredilýär» diýip, nygtaýar.

Är-aýalyň özara mylakatly bolmagy, edil motora ýagyň gerekligi ýalydyr.

«Ertirlik naharyň başyndaky häkimiň» obrazyny döredip, okyjylaryň söýgüsini gazanan ýazyjy Oliwer Uendell Holms, kim bolanam bolsa bolandyr weli öýünde häkim bolan däldir. Ol örän hoşamaý hem özüne bäs gelýän adam bolupdyr, nähili ýaramaz ýagdaýa düşsede, gaýgy-hasratyny öz öýündäkilere duýdurmazlyga çalşypdyr. «Şeýle ýagdaýyň hasratyny ýeke özüm çekenimem ýeterlik, derdiňi özgelere ýetirmek nämä gerek» diýipdir.

Oliwer Uendell Holms şeýdipdir, ýeri sada adamlar barada näme aýdyp bolar? Gullugynda işi şowuna däl, bir bähbitli işi elden gideren, ýa-da başlykdan käýinç alan nädýär? Onuň kellesi gaty agyrýar, ýa-da 17 sagat 15 minutda ugraýan otla ýetişmändir diýeli. Ol näme edýär? Bar gaharyny maşgalasyndan çykarmak üçin öýüne ýetmäge howlugýar!

Gollandiýada öýe girmezden ozal, köwşi bosaganyň daşynda goýýarlar. Dogrusy, öýmüze girmezimizden öň, gündizki işde bolan dert-aladalaryň baryny kelleden çykaryp taşlamagy gollandlardan öwrenmegimiz gerek.

Bir mahal Uilýam Jeýms «Adam şowa körlüginiň käbir alamatlary barada» atly eser ýazypdyr. Ony golaýyňyzdaky kitaphana ýörite gidip okamagyňyz gerek. Jeýms: «Bu traktatda gürrüňi ediljek adamyň şowa körlügi — ol şeýle kesel bolup,

janly jandarlara we özümizden tapawutly bolan adamlara bolan garaýşymyzda biziň barymyzyň uçran derdimizdir» diýip ýazýar.

«Hemmämiziň uçran şowa körlük derdimiz». Biziň köpümiz müşderilerimiz bilen, ýa-da işdeş ýoldaşlarymyz bilen kesgitli gürleşmäge het edip bilmeris, ýöne aýalymyzyň üstüne gygyrmakdan welin saklanmarys. Aslyýetinde, bagtyýarlyk üçin maşgala agzybirligi işdäki gatnaşyklardan has möhüm ahyryn.

Maşgala meselesinde bagty çüwen ýönekeý adam, ýalňyzlykda ýaşaýan parasatly geniden has bagtlydyr. Beýik rus ýazyjysy Turgenew bütin sowatly dünýäde ykrar edilen, hormatlanan adam. Her niçik-de bolsa, ol: «Eger-de nirededir bir ýerde bir zenan meniň nahara gije galmazlygym barada biynjaklyk bolsady, şonda men talantymdan we bar kitaplarymdan el çekerdim» diýipdir.

Her niçik bolanda-da, nikada bagtyýar bolmaga nähili mümkinçilik bar? Öň ýatlap geçişimiz ýaly, Doroti Diks nikalaryň ýarpydan köpüsi şowsuz bolýar diýip hasaplasa, doktor Pol Popenu başgaça pikirde. Ol: «Adamyň baş goşmagy mümkin bolan kärlerinde gazanyp biljek üstünliginden nikada üstünlik gazanmaga mümkinçiligi uludyr. Iýmit söwdasyna baş goşan adamlaryň ýetmiş prosenti şowsuzlyga sezewar bolýar. Goş birikdirýän erkekdir aýallaryň weli ýetmiş prosentiniň tutan işi (nikasy) şowly bolýar.

Doroti Diks bularyň baryny şeýle jemleýär. «Nika bilen deňeşdireniňde, dünýä inmek biziň durmuşymyzyň bir pursadydyr, dünýäden ötmek bolsa — hemmeler üçin adaty ahwalatdyr».

Erkek adamyň işinde, ýa-da hünärinde üstünlik gazanjak bolup jan edişi ýaly, maşgala durmuşynda-da yhlaslylyk görkezmeýändigine aýallaryň biri-de hiç haçan düşünmez.

Ýöne, göwnühoş aýal we parahat, bagtyýar maşgala durmuşy adam üçin million dollardan gymmatly ahyryn, şeýle-de bolsa ýüzlerçe erkek adamdan biride, maşgala durmuşynyň üstünlikli-şowly bolmagyny üpjün etmek barada çyňlakaý alada edip, oňa ähli yhlasyny siňdirmeýär. Ol ömründäki iň bir wajyp zady öz akymyna goýberip, emele gelen ýagdaýa görä, utýar, ýa-da utulýar. Ärleriniň näme üçin sypaýyçylykly, mylaýym bolaslary gelmeýänine aýallar hiç haçan düşünip bilmeýärler, gödek daraşandan mylakatly bolmak olar üçin has bähbitli boljak ahyryn. Eger aýalyna mylaýymlyk bilen ýüzlense, onuň elinden gelen zady etjegini, her neneňsi mätäçlige döz geljegini her bir erkek adam bilýär. Erkek adam golum-ganatym diýse, aýalynyň köpüjegini yrýa etmejegini bilýär. Eger-de erkek kişi aýalyna: geçen ýylky köýnegiňde sen biçak görmegeý görünýäň diýäýse, onuň ol köýnegi Parijiň iň soňky biçüwinde tikilen hiç bir köýnege çalyşmajakdygyny, her bir erkek adam gowy bilýär. Her bir erkek adam: eger aýalynyň gözünden öpäýse, onuň ýaryganat ýaly köp-köp zady görmedik-siräp gözüni ýumjagy, egerde yhlas bilen dodagyndan öpäýse, onuň balyk ýaly lal-jime öwürüljegini gowy bilýär.

Adamsynyň özi baradaky şu zatlary bilýändigine ähli aýal düşünýär, sebäbi onuň göwün-maksadyna ýetmegi üçin aýalyna nähili çemeleşmelidigi baradaky jikme-jik maglumatlar bilen ärini aýalyň özi üpjün edipdi ahyryn.

Erkek adamlaryň aýalynyň isleýşi ýaly göwnüni görüp, oňa

az-kem ýaranjaňlyk edenlerinden, aýallary bilen käýişip, tagamsyz nahar iýmäge, der döküp gazanan puluny keýwanysyna ýele-yga sowduryp üstesine-de oňa täze köýnek, awtomobil, lagl-merjen äbermäge kaýyldygyny gören ýerinde aýallar olara käýinjeginem, gaharlanjagynam bilmeýärler.

**Şunlukda, eger siz maşgalaňyzyň bagtly durmuşyny saklajak bolsaňyz, altynjy düzgüni berjaý ediň:**

**Hoşamaý boluň!**

***Ýedinji bap***

## ÄR-AÝAL GATNAŞYKLARY MESELELERINDE SOWATSYZ BOLMAŇ !

Sosial gigiýenalar Býurosynyň Baş Sekretary Ketrin Biment Dewis bir mahal ärli aýallaryň müňlerçesini jyns gatnaşygy meselesi boýunça sowallara aç-açan jogap bermäge razy etdi. Munuň netijesi iňňän täsin boldy. Ol amerikalylaryň ýarsynyň jyns gatnaşygyndan kanagatlanmaýandygyny äşgär etdi. Ärli aýallaryň müňlerçesinden alnan jogaplary üns berip öwreneňden soň, doktor Dewis Birleşen Ştatlarda maşgalalaryň aýrylyşmagynyň esasy sebäp-leriniň biri pynhan işlerde är-aýalyň bir-birege laýyk gelmezligi diýen netijä geldi we bu pikiri bilen metbugatda çykyş etdi.

J. W.Gamiltonyň geçiren synaglary ol netijäniň dogrulygyny tassyklaýar. Doktor Gamilton dört ýylyň dowamynda ýüz erkek adamyň we ýüz aýalyň maşgala durmuşyny öwrenipdir. Doktor

şol erkekdir aýallara aýry-aýrylykda maşgala durmuşlaryna degişli dört ýüz çemesi sowal beripdir, olaryň kynçylyk çekýän meselelerini jikme-jik ara alyp maslahatlaşypdyr. Şeýlelikde, bu barlag dört ýyl wagt alypdyr. Doktor Gamiltonyň işi sosiologiýa babatda şeýle bir möhüm hasaplanyp, ony öňdebaryjy filan-trop toparlary maliýeleşdiripdir. Bu barlagyň netijeleri bilen siz J. W. Gamiltonyň we Kennet Makgoueniň «Nikalar näme üçin şowsuz?» atly kitabyndan tanşyp bilersiňiz.

Şowsuzlygyň sebäbi nämedekä? «Diňe özüne juda göwni ýetýän köne pikirli psihiatr jyns gatnaşyklarynyň näsazlygy, maşgalalaryň oňşuksyzlygynyň esasy sebäbi däl diýip güwä geçip biler — diýip doktor Gamilton aýdýar —Eger-de är-aýal jyns gatnaşyklaryndan razy bolsa, olar beýleki oňşuksyzlyklary döredýän zatlary köplenç halatda owarram ederdi»

Los-anjelosdaky maşgala gatnaşyklary institutynyň ýolbaşçysy hökmünde doktor Pol Popenou nikalaşanlaryň müňlerçesiniň ýagdaýy bilen her taraplaýyn tanşypdyr; ol maşgala durmuşynyň meseleleri boýunça iň uly amerikan spesialistleriniň biri. Doktor Popeneuyň pikirine görä maşgalalaryň aýrylyşmasy, adatça dört sebäbe görä bolýar. Ol şol sebäpleri şeýle tertipde goýýar:

1. Jyns gatnaşyklarynyň bisazlygy.
2. Dynç alyş wagtyny geçirmekde pikirleriň çapraz gelmegi.
3. Pul-harajat kynçylyklary.
4. Psihiki, fiziki, ýa-da emosional taýdan kemçilikleriň ýüze çykmagy,

Pikir beriň, jyns gatnaşygy meselesi birinji orunda, geňem bolsa, pul-harajat kynçylyklary diňe üçünji orunda gelýär.

Nika bozmak işleri boýunça spesialistleriň ählisi jyns sazlygy nika rowaçlygynyň iň zerur şertidigini nygtaýarlar. Mysal üçin, maşgalanyň içki gatnaşyk işleri boýunça sinsinatdaky suduň çleni, müňlerçe maşgala hasraty baradaky gürrüňleri diňlän adam bolan Gofman, birnäçe ýyl mundan ozal şeýle diýdi: «aýrylyşýanlaryň ondan dokuzysy jyns gatnaşyklary zerarly dörän näsazlyk sebäpli bolýar»

Meşhur psiholog Jon B.Uotsoň «Hemmeleriň ykrar edişi ýaly, jyns gatnaşygy adamyň durmuşynda iň möhüm zatdyr. Hut şunuň üçin köp ýagdaýda erkekdir aýalyň maşgala bagtynyň heläkçilige sezewar bolýandygy hemmelere mälimdir» — diýip, ýazýar.

Meniň kurslarymyň diňleýjileriniň öňünde çykyş eden tejribeli wraçlar-da munuň hakykatdygyny tassykladylar. XX asyrda, öz ygtyýarymyzda şu meselä degişli gerekli kitaplaryň köp mukdary barka we biziň hemmämiziň bilimli adamlardygymyz wagtynda, bu esasy hem tebigy duýga garaýşymyzda biziň nadanlyk etmegimiz zerarly nikalaryň bozulyp, adamlaryň durmuşynyň betbagtlyga uçramagy, gynançly ýagdaý on sekiz ýyllap ybadathanada dini hyzmatkär bolan Oliwer.M wagyz-nesihatçynyň münberini taşlap Nýu-Ýorkdaky maşgala durmuşy meseleleri boýunça konsultasiýa gullugyna ýolbaşçylyk geçýär. Köp ýaşlara nika gyýmaga gatnaşan, bu ruhany şeýle gürrüň berýär:

«Meniň ruhany bolup işlän ýyllarymdaky tejribäm: nikalaşýan köp jübütleriň päkize göwün ýüwürtmelirine, gowy arzuw-isleglerine garamazdan, öňdäki maşgala durmuşynda, ýagny, är-aýal gatnaşyklary meselelerinde sowatsyzdyklaryna göz ýetirmäga ýardam etdi».

## Är-aýal gatnaşyklary meselelerinde sowatsyzlyk!

Soňra ol sözüni şeýle dowam edýär: «Haçanda, biz iňňän çylşyrymly iş bolan nika gatnaşyklaryny düzgünleşdirmegi özbaşyna goýberenimizde, aýrylyşýanlaryň sanynyň bary-ýogy on alty prosent bolýanyna haýranlar galýarsyň akyla gelmejek köp sandaky erkek we aýallar aýrylyşmadyk-da bolsalar, hakykatynda bile ýaşamaýarlar: olar jemgyýetiň şu nogsanyny gizläp, özlerini pida edip ýaşaýarlar.

Soňra doktor Batterfild şeýle diýýär; «Nikalaşanlaryň saý-sebäpden bagtly bolaýýany selçeňdir: ol akylly-başly, döredijilikli çemeleşmäniň netijesidir, ýagny, maşgala meselesiniň paýhasly oýlanyşykly planlaşdyrylmagynyň netijesidir».

Ýaş adamlara planlaşdyrmak meselesinde kömek etmek üçin doktor Batterfild öz nikalaşdyrýan ýaşlarynyň gelejekki planlaryny özi bilen aç-açan maslahatlaşmaklaryny köp ýyllap yhlas edip gazanýar. Şol gürrüňçilikleriň esasynda ol şeýle netije çykarýar: «nika ylalaşygyna gelenleriň iňňän köpüsi är-aýal gatnaşyklary meselesinde sowatsyz eken».

Doktor Batterfild: «Jyns gatnaşyklary är-aýalyň arasynda kanagatlanma döredýän köpsanly ýagdaýlaryň diňe biridir, ýöne şol kadaly bolmasa, başga hiç bir zat kadaly bolup bilmez» — diýýär.

Onuň kadaly bolmagy üçin näme etmeli? «Jyns gatnaşyklarynyň kadasyz ýagdaýynda, (men doktor Batterfildiň sözlerini getirmegimi dowam edýärin) utanjyrap dymmagyň deregine şu meselä iki tarapyň-da nähili dahylynyň

bardygyny dogruçyl hem çekinmän aýtmaly, maslahatlaşmaly. Şeýle başarnygy ele almagyň gowy täri şu tema degişli örän degerli hem sypaýy ýazylan kitaplary okamakdyr. Men özümiň «Nika hem jyns gatnaşyklarynyň sazlygy» atly broşýurama goşant hökmünde hemişe birnäçe kitaplary saklaýaryn.

Meniň pikirimçe, bize düşnükli hem tapyp bolaýjak kitaplaryň üçüsi giň okyjylar köpçüligi üçin has peýdaly bolsa gerek. Ine olar: Izabel Hatton «Är-aýalyň jyns gatnaşyklary» Maks Eksner «Är-aýal durmuşynyň jyns gatnaşyk tarapy» we Elena Raýt «Nikada jyns gatnaşygynyň roly».

Jyns gatnaşygyny kitapdan öwrenmelimi? Näme üçin öwrenmeli dälmiş? Birnäçe ýyl mundan ozal Kolumbiýa uniwersiteti amertkanyň sosial gigiýenalar assosiasiýasy bilen bilelikde kollejleriň studentleriniň jyns hem-de är-aýal problemalaryny ara alyp maslahatlaşmak üçin atly mugallymlary çagyrdy. Şol maslahatda doktor Pol Popenou şeýle diýdi: «aýrylyşýanlaryň sany azalýar. Onuň esasy sebäpleriniň biri, adamlaryň jyns gatnaşyklary we är-aýal meselelerine bagyşlanan abraýly kitaplary köp okaýanlygydyr».

Şonuň üçin-de bu bölümi jemlemezden öň bu çynlakaý meseläni ylmy taýdan esasly hem aç-açan beýan edýän şu aşakdaky kitaplaryň atlaryny agzamagy öz göwnüme laýyk bilýän.

Medisinanyň doktory Teodor Hendrik Wan de Welde «Nusga alarlyk nika». Görnükli wraçlar bu kitaby nika hem jyns gatnaşyklary meseleleri barada iň gowy kitaplaryň biri hökmünde okamagy maslahat berýärler,

Meri Uer Dinnet «Durmuşyň jyns gatnaşyk tarapy». Bu

ýaşlara niýetlenen düşündirişli kitapdyr.

Medisinanyň doktory M.J.Ekonf «Är-aýal durmuşynyň jyns gatnaşyk tarapy». Mundan: är-aýalyň arasyndaky jyns gatnaşyk meseleleriniň çynlakaý, sypaýy beýanyny taparsyňyz.

Meri S.Stoups «Är-aýalyň söýgüsi». Bu kitapda är-aýal gatnaşyklary barada aç-açan gürrüň edilýär.

Ernest R.Grouws, Gledis X. Grouws «Är-aýalyň durmuşynda jyns gatnaşygy». Kitap agzalan mesele boýunça giňişleýin maglumat berýär.

Ernest R. Grouws «Nika taýýarlanmak».

1933-nji ýylyň iýun nomerinde «amerikan magazin» jurnaly Emmeta Kroziýeriň «Nika näme üçin bozulýar?» atly makalasyny çap etdi. Şol makaladan alnyp düzülen sowallary aşakda getirýäris. Belki bu sowallara jogap bermegi müwessa bilersiňiz. Sowallara tassyklaýjy jogap beren halatyňyzda özüňize on baldan baha goýup bilersiňiz.

## ERKEK ADAMLAR ÜÇIN

**1.** Aýalyňyza öňküleriňiz ýaly yhlaslymy, wagtal-wagtal oňa gül getirip berýäňizmi, onuň doglan gününi, öýlenen günüňizi, ýylyňyzy ýatlap durýaňyzmy, oňa oslagsyz bir hoşamaýlyk, garaşman durka mylakatlylyk edýäňizmi?

**2.** Keseki adamlaryň bar mahalynda ony ýazgarmakdan, tankytlamakdan hemişe saklanýarsyňyzmy?

**3.** Öý hojalygyny ýöretmeklige gerek bolan harajatdan daşgary, öz hususy geregi üçin harçlamaga pul berýärsiňizmi?

**4.** Aýallara mahsus bolan keýpsizlik bolýar. Şeýle halatda ondaky özgerişlige düşünjek bolýarsyňyzmy, ýadaw gaharly

hem az zady göwnüne alýan mahallary, onuň göwnüni götermäge çalyşýarsyňyzmy?

**5.** Boş wagtyňyzyň iň bolmanda ýarpysyny aýalyňyz bilen geçirýärsiňizmi?

**6.** Deňeşdirmek aýalyňyzyň zyýanyna bolan mahaly, onuň nahar bişirişini, öý hojalygyny ýöredişini ejeňiziň, ýa-da haýsydyr bir Billa Jonsuň aýalynyň şol işleri berjaý edişi bilen deňeşdirmän durmaga güýç-gaýratyňyz ýetýärmi?

**7.** Aýalyňyzyň intellektual durmuşyna, deň-duşlaryna, gatnaşyk edýänlerine, okaýan kitaplaryna, jemgyýetçilik problemalaryna garaýşyna göze-para bildirip duran gyzyklanma bilen garaýarsyňyzmy?

**8.** Aýalyňyzyň özge erkek kişiler bilen tans etmegine, olar bilen dostlukly aragatnaşykda bolmagyna gabanmazdan rugsat etmäge ukyplymysyňyz?

**9.** Aýalyňyzy öwmäge we oňa guwançly sözleri aýtmaga bolan her bir mümkinçilikden peýdalanýarsyňyzmy?

**10.** Iligiňizi tikmek, jorabyňyzy ýamamak we geýim-gejimiňizi arassalaýja ibermek ýaly uşak hyzmatyňyzy edeni üçin aýalyňyza minnetdarlyk bildirýäňizmi?

## AÝALLAR ÜÇIN

**1.** Adamyňyza gulluk işinda doly erkinlik berýärsiňizmi, onuň kärdeşlerini, sekretar saýlaýşyny we gündelik iş tertibini tankytlamakdan saklanýarsyňyzmy?

**2.** Öýüňiziň tertipli hem göze ýakymly bolmagy üçin eliňizden geleni edýärsiňizmi?

**3**. Adamyňyz saçak başyna geçip oturanda näme beriljegini öňünden bilmez ýaly, öýde dürli-dümen nahar bişirýärsiňizmi?

**4.** Onuň bilen maslahatlaşar ýaly, oňa öz maslahatyňyz bilen kömek eder ýaly derejede adamyňyzyň işleýän işinden baş çykarýarsyňyzmy?

**5.**Adamyňyzy goýberen ýalňyşlyklary üçin tankytlaman, ýa-da ony işi has şowuna adamlara deňäp kemsitmän, etde-gütdeligi mertlik hem göwnaçyklyk bilen çekmäge ukyplymysyňyz ?

**6**. Onuň ejesi hem beýleki hossarlary bilen, agzybir ýaşamak üçin aýratyn tagalla edýärsiňizmi?

**7.** Adamyňyzyň göwnüňe ýaraýan reňkdäki hem biçüwdäki geýimleri geýinýärsiňizmi?

**8.** Pikirleriňiz sähelçe çapraz düşende, agzybirligiň hatyrasyna eglişik edýäňizmi?

**9.** Adamyňyz boş wagtyny siz bilen geçirer ýaly, onuň gowy görýän oýunlaryny öwrenmäge çalyşýarsyňyzmy?

**10.** Adamyňyzyň size bolan intellektual gyzyklanmasyny saklamak üçin gündelik wakalar, täze kitaplar we täze ideýalar bilen gyzyklanýarsyňyzmy?

Şeýlelikde, «Nädip maşgala durmuşyny has bagtyýar etmeli» diýen ýedinji düzgün şundan ybarat:

Är-aýal durmuşynyň jyns gatnaşyklary baradaky gowy kitaplary okaň.

# *NETIJE*

**Berjaý etseňiz, siziň maşgala durmuşyňyzy bagtly etmäge mümkinçilik berjek ýedi düzgün.**

**1- düzgün.** Hergiz igeniji bolmaň.

**2- düzgün.** Ýanýoldaşyňyzy özgertjek bolmaga synanmaň.

**3. düzgün**. Käýinmäň, tankytlamaň.

**4- düzgün.** Birek-birege tüýs ýürekden minnetdarlygyňyzy aýdyň.

**5- düzgüň.** Görer göze ähmiýetsiz ýaly zatlary-da gözden salmaň, birek-biregiň göwnüni göteriň.

**6- düzgün.** Hoşamaý boluň.

**7-düzgün.** Är-aýal durmuşynyň jyns gatnaşyklary baradaky gowy kitaplary okaň.

**B A G T L Y  B O L U Ň !**

hyyal2017@gmail.com

# MAZMUNY

Bagtly bolmagyň syryny öwredýän adam.........................................1

Meşhurlyga tarap iň gysga ýol............................................................ 8

Şu kitap näme üçin we nähili ýazyldy............................................25

## B i r i n j i   b ö l ü m

### *ADAMLAR BILEN GATNAŞYGYŇ ESASY TÄRLERI*

**Ibap** «Eger bal iýesiň gelýän bolsa, arynyň öýüni ýykma»...34

**II bap** Adamlar bilen aragatnaşyk sungatynyň uly syry.........49

**IV bap** «Kimde-kim şuny başarsa, dünýä emrini ýöreder, başarmadyklar bolsa, ýalňyz galar».................................................63

Şu kitapdan has köp peýda almak üçin dokuz maslahat...........82

Şu kitapdan has köp peýda almak üçin.............................................87

## I k i n ji   b ö l ü m

### *BERJAÝ EDEN HALATYŇDA, ADAMLARA ÝAGŞY GÖRÜNMÄGE MÜMKINÇILIK BERÝÄN ALTY DÜZGÜN*

**I bap** Şeýtseňiz, sizi hemme ýerde güler ýüz bilen garşylarlar…………………………………………………………….........88

**II b a p** Gowy täsir galdyrmagyň ýönekeý usuly......................103

Rojdestwoda ýylgyryşyň bahasy...................................................111

**III bap** “Eger siz şu maslahata eýermeseňiz, onda size şowsuzlyk garaşýar!....................................................................112

**IV b a p** Gowy gürrüňdeş bolmagyň ýeňil usuly.......................119

**V b a p** Adamlary nähili gyzyklandyrmaly.................................132

**VI b a p** Adamlary bada-bat özüňe çekmegiň usuly..............137

## Ü ç ü n j i b ö l ü m

### *ADAMLARY ÖZ NUKDAÝNAZARYŇA IMRINDIRMEK ÜÇIN BERJAÝ ETMELI ON IKI DÜZGÜN*

**I bap** Jedelde üstün çykmak bolmaýar.......................................155

**II b a p** Duşman gazanmagyň gutulgysyz usuly we mundan gaça durmagyň ýollary.....................................................................163

**III b a p** Eger ýalňyşan bolsaňyz,ony boýnuňyza alyň..... 178

**IV bap** Adamyň aňyna göni ýol....................................................186

**V bap** Sokratyň syry.........................................................................199

**VI bap** Şikaýatlar derňelende, halas ediji çykalga..................205

**VII bap** Hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň täri...............................213

**IIX bap** Siz üçin gudrat döretjek tär............................................222

**IX bap** Her kimiň isleýän zady......................................................227

**X bap** Hemmeleriň göwnünden turýan çagyryş.........................235

**XI bap** Kinoda radioda şeýdýärler, onda näme üçin siz şoňa öýkünmeýärsiňiz?.............................................................................243

**XII bap** Eger başga hiç zat täsir etmese, şuny synag ediň......248

## Dördünji bölüm

## *BERJAÝ EDEN HALATYŇDA, GÖWNÜNE DEGMÄN, ÖÝKELETMÄN ADAMA TÄSIR EDIP BOLÝAN DOKUZ DÜZGÜN*

**I bap** Adamyň kemçiligini aýtmaga mejbury bolan halatyňyzda ony nämeden başlan gowy........................................253

**II bap** Özüňi ýigrendirmän, tankyt etmegiň täri........................261

**III bap** Ilki öz ýalňyşlaryňyz hakynda gürrüň ediň..................263

**IV bap** Buýruk berilmegini halaýan ýok.......................................268

**V bap** Geliň, adamlara öz mertebesini halas etmäge mümkinçilik bereliň…………………………………………….…….269

**VI bap** Adamlary üstünlik gazanmaga nädip ruhlandyrmaly………………………………………………….……….274

**VII bap** Adamlaryň abraýyny galdyryň........................................279

**IIX bap** Ýalňyşlygy ýeňillik bilen düzedip boljak ýaly ediň...................................................................................................283

**IX bap** Seniň isleýän zadyňy etmäge, adamlaryň höwesek bolmagyny neneňsi gazanmaly...................................................287

## Bäşinji bölüm

***JADYLAÝJY TÄSIR EDIP, GEŇ GALDYRYJY NETIJE BEREN HATLAR***.....293

## Altynjy bölüm

### *BERJAÝ EDEN HALATYŇDA, MAŞGALA DURMUŞYŇ HAS BAGTYÝAR BOLMAGYNA MÜMKINÇILIK DÖRETJEK ÝEDI DÜZGÜN*

**I bap** Är-aýal bagtyňyza boran ýagdyrmagyň iň aňsat usuly.....304

**II bap** Söý we ile-de ýaşamaga maý ber.....312

**III bap** Şeýle hereket etseňiz, nikaňyzy bozmak üçin rino gitmeli bolarsyňyz.....315

Ata ökünji.....317

**IV bap** Hemmeleri çalt bagtly etmegiň täri.....320

**V bap** Bu, aýal-gyzlar üçin biçak möhümdir.....324

**VI bap** Eger siziň bagtyýar bolasyňyz gelýän bolsa, şu düzgüne geleňsiz garamaň.....327

**VII bap** Är-aýal gatnaşyklary meselelerinde sowatsyz bolmaň !.....334

Netije.....339